TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**Abu Nasr Muhammet bin Abdyljepbar Utby**

# SOLTAN MAHMYT GAZNALYNYŇ TARYHY

ابو نصر محمد بن عبد الجبارالعتبى

# تاريخ سلطان محمود الغزنوى

**Arapçadan terjime eden
we çapa taýýarlan
Atamyrat Saryýew**

AŞGABAT MIRAS 2005

**UOK 950**
**U79**

**U79 Utby M.**
Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 – 344 sah.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**B. Gurbanow,** *taryh ylymlarynyň kandidaty*

*Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen ilkinji gezek türkmen dilinde neşir edilýän X-XI asyrlaryň sepgidinde ýaşap geçen taryhçy alym Muhammet Utbynyň «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy» atly kitaby türkmenleriň taryhyny öwrenmekde ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanýar. Ömrüniň agramly bölegini türkmen hökümdary soltan Mahmyt Gaznalynyň hemaýatkärliginde geçiren Muhammet Utby bu türkmen hökümdarynyň ýörişlerine, söweşlerine taryhçy hökmünde gatnaşandygy has-da gyzyklydyr. Ol birnäçe wagtlap soltan Mahmyt Gaznalynyň kätibi bolup işlän we eserde beýan edýän wakalaryň köpüsine gözli şaýat bolan şahsdyr.*

**TMMMM №26**

**TDKP №1** **2005** **KBK63.3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Muhammet Utby, 2005 ý.
Saryýew A., terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Ilkinji we Ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda neşir edilýär.***

## GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-***

***babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr***». Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## BISMILLÄHI-R-RAHMAN-R-RAHYM

## GIRIŞ

Özüniň gudraty bilen aýan hem jomart, aýatlary bilen uly, ägirtligi bilen başarjaň Taňry taryplanmaga mynasypdyr. Hiç bir ýeňiji Onuň garşysyna çykyp, üstün bolup bilmez. Hiç bir güýç eýesi Ony heläk etmegi başarmaz. Kuwwatly adam, eger Ol islemese, ýerinden gozganmagyň hötdesinden gelmez. Hemme zadyň takdyry ýeke Özüniň erkinde bolan Taňry hökümleri hemişe ýeke özi çykarýar. Onuň güýç-kuwwaty we ululygy çäksizdir. Allatagalanyň gözel atlary bar. Ýeriň we asmanyň ýaradylyşy Onuň gudratyna delildir. Ilkibaşda mekan hem, wagt hem, ymaratlar hem, perişdeler hem, ynsan hem ýokdy. Bu ýoklugyň içinde Onuň ýeke özi bardy.

... Onsoň beýik mertebeli Taňry barlyklary ýaratmak isledi. Ýaradana bu döredijilik işinde geňeşçi hem, kömekçi hem ýokdy. Oňa ýardam bermek asla gerek däl. Çünki, Älemleriň hökümdaryna bir zady ýaratmaklyk üçin: «Bol» diýip aýtmaklygy ýeterlik. Ol zat şol demde özüniň suraty hem möçberi bilen peýda bolýar. Haktagalanyň her bir ýaradan zady şäriksiz hem kömekçisiz döretmegi başarýandygyna her bir ýaradylan zat delildir. Hiç ölmeýän baky diri Taňry zatlary pikirlenmezden we görmezden ýaradýar. Ýagşy-ýaman gudrat elinde bolan Hudaýyň her zada güýji ýetijidir. Asmanlary diregsiz

durýan edip galdyryp goýan Beýik Taňry ilki bilen garaňkylygy we nury, soňra adamlaryň, haýwanlaryň, guşlaryň... karar tapmaklary, dynç almaklary, öz rysgallaryny tapmaklary üçin, peýdalanmaklary üçin ýeri ýaratdy we ony düşek ýaly edip ýazyp goýdy. Ol daglary ýeriň myhy etdi, daglardan akýan çeşmeleri çykardy, derýalaryň hem ýagmyrlaryň artykmaç suwlaryny deňiz-derýalara guýdurdy we deňizleri söwdagärleriň gämilerde ýüzmekleri hem olary oba-şäherleriň adamlarynyň mätäç bolýan harytlaryny getirmek ýaly bähbitlerde peýdalanmaklary üçin ýaramly etdi. Ol deňizleriň düýbünde merjenleri, dürleri gizledi. Ol suwlary şor, süýji tagamly edip ýaratdy. Ol duzy eti duzlamak, nahara atmak üçin we merjenleri bezeg üçin niýetledi.

Beýik Taňry öz ýaradan zatlarynyň arasyndan adamzada uly artykmaçlyk eçildi. Ol adamy özüniň ýerdäki orunbasary etdi we adam zürýatlarynyň işlerini ugrukdyrdy. Çünki, Allatagala adamy perişdelerden ýagşy tanaýardy. Perişdeler Oňa: «Eýse Sen ýeriň üstünde bozuk işleri etjek we nähak ganlary dökjek kimsäni ýerde Özüňe orunbasar bellejek bolýarsyňmy? Biz Seniň öwgiňi, tarypyňy we päklik bilen ýatlanmagyňy bir kemsiz berjaý ederis» diýdiler. Beýik Taňry olara: «Men Adam barada siziň bilmeýän zatlaryňyzy bilýärin» diýdi.[1] Ol adam zürýatlaryna özüniň ylmy ledundan (gaýyp ylmyndan) parasatlyk berip, olary bozuk işleri etmeklikden hüşgär etdi. Ol adamlary ýagşy iş üçin sogap berjekdigi bilen begendirdi we bozuk iş üçin azap berjekdigi bilen gorkuzdy. Ol olara günä işleri etmezligi buýurdy. Ol öz sözüni gudratlar görkezmek bilen delillendirdi. Soňra Ol adamlara ajaýyp keramatlar we anyk deliller bilen pygamberleri (goý, beýik Taňrynyň olaryň hemmesine alkyşy bolsun!) iberdi. Olar adamlary Taňrynyň ýeke-täkligine ündäp, Allatagalany taryplamaga hem Onuň

päklik waspyny etmeklige çagyrdylar we adamlaryň kalplaryndan şübheleri gidirmek bilen, nebislerini köşeşdirip, olaryň gümanda bolmaklaryny aýyrmaklyga ýardam berdiler. Pygamberler Taňrynyň sözüne görä öz şerigatlaryny düzdüler. Adamlar köp gezek dogry ýoldan azaşdylar. Olara yzly-yzyna pygamberler gönderildi. Şeýle ýagdaý Pygamber alaýhyssalamyň nobaty gelýänçä dowam edip geldi. Beýik Taňry ony öz erkini adamlaryň aňyna ornatmak üçin ündewçi belledi. Taňry onuň ymmatyny ymmatlaryň ýagşysy, sözlerini sözleriň adalatlysy, musulman milletini orta barmak millet, kyblalaryny gaýym kybla, sünnetlerini durnukly sünnet we kitaplaryny hormatly kitap etdi. Ol musulmanlardan kim ýeke Taňryny inkär etmeklikden kalbyny päklese, onda onuň üçin Özüniň rehimdar hökümdar boljakdygyny we olara sogap berjekdigini wada berdi.

Beýik Taňrynyň dosty Muhammet iň belent mertebelidir we Ol iň dogry sözlüdir. Allatagala hökümdarlaryň hem hökümdarydyr. Ol: «Biz siziň kyblaňyzy uly hormatly edişimiz ýaly siziň özüňizi hem orta barmak ymmat etdik. Biz muny kyýamat gününde Muhammet pygamberiň size güwä bolmagy, siziň bolsa adamlara güwä bolmagyňyz üçin etdik»[2] diýdi. Ol beýik Taňrynyň erk-ygtyýaryna görä özüniň şerigatyny düzdi. Onuň şerigaty adalatlydyr we delilleri ygtybarlydyr. Ol beýleki pygamberleriň şerigatlary bilen deňeşdirilende göýä Aýyň ýagtysynyň ýyldyzlaryň şöhlesinden tapawutlanyşy ýalydyr.

Beýik Taňry: «Men bu gün diniňizi size kämil edip berdim, nygmatlarymy size rysgal etdim we size dinlerden yslam dinini mynasyp tapdym»[3] diýdi. Bu aýatdaky sözüň kämilligi yslamyň mazmunynyň adalatlylyga dogry gelýändigi, ondan öňki kemçilikleriň düzedilip, ýetmezçilikleriň üstüniň dolduralýandygy bilen baglanyşyklydyr. Taňrynyň bendesine bu yhlasy Oňa şükür etmeklige borçly edýär. Taňrynyň her işi onuň ýeňijidigi

we üstün çykyjydygy sebäpli taryplanmaga mynasypdyr. Gözüň gören zadyny we gulagyň eşiden zadyny dil wasp edýär. Pygamber alaýhyssalam özünden soň ymmatyna Taňrynyň kitabyny we özüniň sünnetini miras galdyrdy. Bu iki zat musulmanlar gadamlaryny ýalňyş basmazlyklary, arzuwlarynyň bozuk zatlaryň höwesinde bolmazlyklary, kalplarynyň ýumşak bolmaklygy, şübheli zatlardan ýüz döndermekleri üçin gollanmadyr. Kim bu iki zada berk ýapyşsa, onda ol ýalňyş ädim etmez. Kim ol ikisine iman getirse, ol dünýä, bu dünýä üstünlik gazanar.

Kim bu iki zada yhlas bilen ýapyşmasa, ol dogry ýoldan çykar. Aýat: «Olar azgynçylygy dogry ýoluň öwezine satyn alanlardyr. Olaryň bu söwdasy oňmady. Çünki, olar dogry ýolda däldiler»[4].

Beýik Taňrynyň resuly Muhammet alaýhyssalama, onuň asylly nesil-neberesine we sahabalaryna alkyş bolsun! Pygamber alaýhyssalam adamlary «Halas bolmaklyga geliň!» diýip, namaza çagyrdy we olary ýeke Taňra tagat etmeklige ündedi. Ol kyýamat güni imanlylara Allatagaladan şepagat sorajakdygyny wada berdi.

Mülk we din iki sany ukuda ýatan zatdyr. Din esasdyr we mülk sakçydyr. Esasy bolmadyk her bir zat el hünäriniň işidir. Sakçysy bolmadyk her bir zat heläkçilige sezewardyr.

Soltan beýik Taňrynyň ýerdäki saýasydyr we ol Onuň halkyna bellän wekilidir. Ol Taňrynyň hakynyň berjaý edilmegine ýardam beriji ynamdar adamsydyr. Soltanyň ýardam bermegi bilen Taňrynyň syýasatyna kämil amal edilýär. Ol özüniň wezipeli adamlaryny we garamaýak halkyny Taňrynyň dogry ýoluna ugrukdyrýar. Ol özüniň haýbaty bilen wakalary asylly işlere gönükdirýär we ol maksada laýyk bolmadyk gozgalaňlary basyp ýatyrýar. Ol öz raýatyny bela-beterlerden we her hili

bozuklyklardan goraýar. Eger soltan bolmadyk bolsa, onda ýurtda tertip-nyzam bolmazdy. Wezir-wekil hem, garamaýak hem deň derejede bolardy, ýurtda bulaşyklyk dörärdi, tolgunyşyklar bolup geçerdi, adamlar biri-birine sütem görkezerdiler. Ýaramaz adamlar ýagşy adamlara öz täsirlerini ýetirerdiler. Adamlara şeýtan al salardy.

Omar bin Hattapdan (goý, beýik Taňry ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edilen: «Soltanyň ýurduny azgynlyklardan aman saklamagynyň sogaby ony Gurhan bilen saklamakdan uludyr» diýen hadys bu mazmuna delildir. Soltan özüniň adalatly syýasaty bilen köp adamlary kyýamat azabyny çekmek howpundan we bozuk kişileriň olara berjek azaryndan çetleşdirýär. Ol Taňrynyň kitabynda aýdylan zatlar barada oýlanmak bilen we özüniň akyly bilen ýurduň möhüm işleriniň aladasyny edýär we özünde asylly ahlaklary terbiýeleýär. Ol özüni ahlakly saklamak bilen raýatyndan hem ahlakly bolmaklygy talap edýär we ilatyň ýaramaz adatlara endik etmeginiň öňüni alýar. Soltan raýatyny dogry ýola gönükdirmekde atyň jylawyny tutup duran kişiniň mysaly ýalydyr.

Omar bin Hattabyň (goý, beýik Taňry ondan razy bolsun!) adyndan rowaýat edilip ýokarda getirilen hadys Allatagalanyň: «Elbetde, imansyzlaryň kalbyndaky sizden gorkusy siziň Taňrydan gorkuşyňyzdan güýçlüdir. Munuň beýle bolmagy olaryň şerigat ylmyny bilmeýänligindedir»[5] diýen sözünden gelip çykýar.

Halky imana getirmekde gylyç hökümdaryň ýaragydyr, Gurhan bolsa bu nukdaýnazardan sowatly adamlaryň ýaragydyr. Çünki, hökümdar adamlaryň Taňrynyň buýrugyny berjaý etmeklerine, Onuň gadagan eden işlerinden saklanmaklaryna ýardam beriji serişde hökmünde gylyjy, alymlar bolsa, Gurhanyň hökümlerini ulanmaklygy laýyk görýär. Bu ýerde iki

sany dürli serişde ýüze çykýar. Olaryň biri gylyjyň güýji bilen boýun egdirmekdir, beýlekisi bolsa, Gurhanyň aýatlary bilen edep bermekdir. Meniň kalbym bu ýagdaýyň düşündirilişinde Gurhanyň: «Biz öz pygamberlerimizi anyk deliller bilen iberdik. Biz olar bilen kitap we terezi gönderdik. Biz muny: «Adamlar biri-birine adalatly bolsunlar» diýip, şeýle etdik. Biz ýerde demri ýaratdyk. «Demirden adamlar peýdalanarlar. Alla-tagala demirden ýasalan ýaraglar bilen Özüne we pygamberine Özüni görmezden ýardam beren adamyň gadyryny biler» diýen maksat tutduk. «Taňry çäksiz güýçlüdir we Ol her bir işde üstün çykyjydyr»[6] diýen aýatyna meýil edýär. Kitabyň, tereziniň (adalatyň) we gylyjyň bu nukdaýnazardan dürli mazmunlaryny bir mana getirmek maksady bilen men birnäçe tefsir alymlaryna sowal berdim. Emma men olardan bu sowala özümi kanagatlandyryjy jogap alyp bilmedim. Onsoň men bu sowalyň çözgüdi barada pikirlenip başladym. Ahyry men şerigatyň kanunlaryny we dini dessurlary pirleriň sözleri bilen düşündirýän bir kitaby tapdym. Ol kitap hemme parzlary öz içine alýar. Onda şerigat kanunlarynyň bozulmagyna, gamçy urmaklyga, sütem görkezmäge şerigatyň düzgünlerini inkär etmeklige, duşmançylyk etmeklige, adalatly bolmaklyga, bedeniň bähbitlerine, nebsiň agyzdyryklanmagyna we rysgalyň görnüşlerine degişli meselelere garalyp geçilýär.

Asmanyň ýagmyr ýagdyrmagynyň we Ýeriň önüm öndürmeginiň sebäbi bilen çykan rysgallary adalatly ülüşlere bölmeklik baradaky alymlaryň çözgüdi üstüne zat goşmazdan kitaplarda getirilýän kesgitnamalara gabat gelýär. Adamlar öz durmuşlarynda bu kesgitnamalardaky adalatly çözgütleri üpjün etmeklik üçin ýarag ulanmaklyga mätäç bolýarlar. Adalatlylygy şu ýol bilen üpjün etmeklige bolsa «mizan» («adalat terezisi») diýilýär. Gapma-garşylyklar sebäpli sütem etmeklik döremez

ýaly mizandan peýdalanylýar. Ýurtda tertip-nyzam bolmadyk ýagdaýynda adamlar biri-birine heläkçilik getirýärler we olaryň ýaşaýşy sütem çekilýän durmuşa aýlanýar. Bu many beýik Taňrynyň: «Beýik Taňry asmany Ýeriň üstünde belent göterdi we Ol adamlaryň arasynda adalat terezisini goýdy. Siz terezide hetden aşmaň. Siz terezini adyllyk bilen tutuň we terezide çekilýän zady kem etmäň»[7] diýen sözi delildir. Bu ýagdaý beýik Taňry asmany adamlaryň dänäniň, otlaryň dürli görnüşlerinden rysgallaryny we iýmitlerini öndürmegine şärik edenligi üçin şeýledir. Bendeleriň mätäç bolýan iýmitlerini peýdalanmagynda ynsaplylyk zerur bolýar. Bu ynsaplylygy üpjün etmeklikde ýarag ulanmaklyga mätäçlik çekilýär. Köpçüligiň hakyny näհaklyk bilen öz eline jemleýän adamlaryň garşysyna göreşmeklikde ulanylýan serişdäniň biri bolsa gylyçdyr. Onuň ýaly adamlaryň garşysyna güýç ulanmaklyk we olardan ar almaklyk gylyjyň wezipesidir. Beýik Taňry ony «Al-bäs-aş-şedid» diýip atlandyrdy. Ol köp manysy bar bolan sözüň mazmunyny gysgaldyp, bu sözde jemledi. Şeýlelikde, soltanyň Taňrynyň adamlara bellenen ýerdäki wekilidigini we Taňrynyň hakynyň üpjün edilmeginde Onuň ynamly ýardamçysydygy aýan boldy. Şonuň üçin Taňry onuň gerdenine gylyjy bilen tertip-düzgüne gözegçilik etmekligi tabşyrdy. Ol hökümeti edara etmeklige, mertebelenmäge mynasypdyr we Beýik Taňrynyň dergähinde hem hormat-sylaga eýedir. Çünki, soltan döwletinde yslama ýardam berýär we musulmanlary öz hemaýatynda saklaýar. Ol Taňrynyň duşmanlarynyň garşysyna söweşýär we dinden dänenleriň syýasatyndan şerigaty aman saklaýar, şeýle hem musulmanlaryň maşgalasyny, maldyr baýlygyny hannaslardan goraýar we adamlaryň kalbyny nadanlykdan saplaýar.

## ABYLKASYM BIN NASYREDDIN ABU MANSUR SÖBÜKTEGINIŇ WE GÜNDOGARYŇ ŞASY, DÜNÝÄNIŇ KALBY, DÖWLETIŇ SAG ELI WE MILLETIŇ YNAMY SOLTAN MAHMYT GAZNALYNYŇ WASPYNYŇ BEÝANY

Yslam raýaty Bedr söweşinden bäri dini göni tutýan, dini ylymlara oňat düşünýän, raýatyna mylaýym, raýatynyň aýbyny ýaşyrýan, päk ýürekli, wepalylygy kämil, sahylyk bilen eli giňden açyk, diriliginde ymmata köp peýdalar getiren, baýlygy köp, kuwwaty uly, ýatkeşligi zor, başarjaň, haram zatlardan saklanyjy, mertebesi beýik, harby ukyby we ýaragy kämil, mülki we hökümeti bilen ýokary derejelere göterilen, raýatyna ýardam beriji, gylyjy we kanunlary bilen haýbatly, yslama goldaw beriji, Taňra başga zatlary şärik edýänleri inkär ediji, bozuklygyň duşmany, gazanjyny, mirasyny we gözel ahlagyny yslamyň bähbitleri üçin orta goýan soltan Mahmytdan başga bir emiri gören däldir. Ol dördünji yklymy — üçünji yklymdan bäşinji yklyma çenli we bu yklyma serhetdeş bolan ýerleri tertip-nyzama salmak üçin öz mülküne birikdirdi. Onuň ýurdy giň boldy. Ol öz döwletiniň raýatyna hemaýat etmek bilen hökümdarlyk etdi. Onuň ýurduna bolan söýgüsi beýikdir we raýaty zamananyň howp-hatarlaryndan amandyr. Dünýäniň patyşalary onuň döwletiniň kuwwatyna we onuň erkine boýun

boldular. Olar onuň uly haýbatyndan çekindiler we onuň öz ýurtlaryna dökülmeginden heder etdiler.

Beýik Taňry onuň döwletini dowamly etdi. Mahmydyň dili oglanlygyndan Gurhan okamaklyk bilen açyldy. Ol Taňrynyň ýadyny köp etdi. Onuň gowy görýän oýny gylyç bilen naýza boldy. Ol deň-duşlary bilen harby oýunlary köp oýnady we her bir oýunda olardan özüniň başarjaňlygy bilen tapawutlandy, bilmeýän zadyny tä bilýänçä hiç rahatlyk tapyp bilmedi, gynançly ýagdaýa ýüregi bilen gynandy we beýik işleri etmeklige höwesek boldy.

Emir Mazy (goý, beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) dünýäni bu oglunyň gözi bilen görýärdi, gulagy bilen eşidýärdi, dili bilen gepleýärdi. Ol dünýäniň lezzetini Mahmydy gowy görmekligiň üsti bilen duýýardy we ony öz ýanynda saklap, onuň ruhy howasyny gowulaşdyrýardy hem ony peýdaly işlere ugrukdyrýardy. Bu işler özüniň netijelerini berip başlady. Mahmydyň ady göterilip ugrady. Ol hakynda kämillik ýaşyna ýetýänçä aýdylan sözler ýüzleýdir we olar ýokarda getirilen jümlelerden ybaratdyr.

Mahmyt ýaşlygyndan düşbidi we deň-duşlaryndan özüniň mylaýymlygy bilen tapawutlanýardy. Onuň abraýy bir dereje-den beýleki derejä göterilip, Horasanyň goşunlaryna ýolbaş-çylyk etdi we ady uzak gözýetimlere ýaýrady. Horasanda we Yrakda onuň güýç-kuwwaty, batyrlygy, haýbaty, asyllylygy we akyllylygy taryp edilýärdi. Bu onuň ýaşlyk agajynyň şahasy berkän mahalyndaky işleriniň rowaç almagy hakyndaky tarypydyr.

Ol on bäş ýaşyndan başlap goşuna ýolbaşçylyk edip ug-rady. Onuň mülküne Horasanyň hemmesi — Zebulystan, Nimruz, Gur daglary, onda ýerleşýän galalar, Sind, onuň suw howuzlary, Multan, onuň töweregi, Hindistanyň Tawanmyl

welaýaty degişlidi. Ol Fenege gaýdyp gelýärkä, Tawanmyly basyp alyp, harabalyga dönderdi we ony toprak bilen deňledi, ilatyny ýesir aldy we gul edip satdy. Mahmyt soňra bu töweregiň galalaryny eýeledi we butlaryň öýlerine derek yslamyň metjitlerini saldyrdy. Ol bu ýerde yslamy ornaşdyrdy. Onuň uly haýbatyndan çagalara çenli ähli adamlar howsala düşdüler. Olar onuň raýatyna geçdiler.

Aşjag Sülemi şeýle aýtdy:

Eý, Muhammediň inisi! Duşmanyň yzarladyň,
garaňka ýagty berip.
Rehim etdiň gorkana,
gorkmadyga urduň gylyjyň, depesinden inderip.

Allatagala oňa ylymdan, mylaýymlykdan, haýbatdan, bedeniň kuwwatlylygyndan  we ýeňişden ýeterlik paýy berdi. Ol sabyrly we kanagatly adamdy. Onuň öz nebsine erk edişini «Onuň haýbatyndan ösüp duran ýel ösmegini goýýar» diýip deňeşdirilýärdi. Munuň ýaly habar heniz başga patyşalar barada eşidilmändi. Mümkin, gadymy rowaýatlarda onuň taýdaşy mysal getirilýän bolaýmasa, onuň meňzeşi ýokdur. Men bu kitabymyň üsti bilen soltan hakynda geljek nesillere şaýat bolar ýaly hakykaty beýan etmek isleýärin.

Yslam döwletlerinde ygtybarly kitaplaryň ýaýramagy bu soltanyň hökümdarlyk eden döwründe has giň gerim aldy. Soltan bu işe uly ýardam berdi. Öňki öten şalaryň hiç biri onuň ýaly ylma yhlasly bolmadylar. Onuň özi hem, kakasy hem bu ugurda jan çekdiler. Beýik Taňry oňa asylly ahlagy we adalatly syýasaty rysgal edip berdi. Erdeşir öz zamanynda we Mansur öz soltanlygynda örän adyldylar. Mahmyt Gaznalynyň haýbatyny aňlatmak üçin şeýle deňeşdirme mysal getirilýär: «Ol

gije ýatanda çekirtgeler çyrlamaga gorkýarlar». Onuň adalatlylygynyň deňeşdirmesi barada bolsa, «Ol suw bilen ot ýaly gapma-garşylykly zatlary adyllyk bilen ylalaşdyrýar» diýilýär.

Mahmyt ýaşlyk döwründe öwrenen ylymlarynyň miwesinden peýdalanyp, syýasata meşgul boldy we hökümdarlygy adalatly alyp barmaklygy özüne parz iş hasaplady. Beýik Taňry Söbüktegine ýiti gylyçly, ýyrtyjy bürgüdiňki ýaly bakyşly gerçek ogul we egsilmez rysgal eçildi. Allatagala Mahmytda bagtyýarlygyň hemme görnüşlerini jemledi we oňa hökümdarlyk etmegiň serişdelerini eçildi. Ol mülkünde wezirlik etmek üçin we ýurduň işlerini dolandyrmaga ýardam bermekligi üçin mertebeli şyh Şemselkufat Abylkasym Ahmet bin Hüseýni wezipä belledi. Elbetde, beýik Taňrynyň sahylyk nazary bilen garan adamsy adamlary dogry ýola gönükdirmäge çalşar.

Edebiýatçy alymlar we kätipler öz döwürleriniň wakalaryny we zamananyň ahwalyny beýan edip köp eser döretdiler. Abu Yshak Ybraýym bin Hilal Saby «At-täj fi ahbari Deýlem» diýen meşhur kitaby ýazdy. Onuň sözleri ünsüňi özüne çekiji, manysy bolsa takyk. Onda wakalar dilewarlyk bilen beýan edilýär. Ýazar: «Eger ýurtda abadançylyk durnukly bolsa, onda döwletiň ömri dowamly bolýar. Munuň tersine, eger içerki ýagdaý durnuksyz bolsa, onda döwletiň kuwwaty tiz pese gaçýar we onuň ömri gysga bolýar» diýip belleýär. Döwletiň kuwwaty hökümdaryň taryplanmaga mynasyp bolan şahsy başarjaňlygyna baglydyr. Ine, şeýle tebigaty bar bolan hökümdarlar edebiýatçylaryň galama ýapyşyp, olaryň ömür beýany barada eserleri döretmeklerine sebäp bolýarlar. Onuň ýaly hökümdarlaryň biri bolsa soltan Mahmytdyr. Abu Nuwasyň: «Biz seniň ýanyňa ýaraşyk baglaşmak üçin geldik. Elbetde, seniň tarypyň biziň wasp edişimizden artykmaçdyr» diýip, onuň ýanyna

«ötünç soramak üçin geldik» diýen sözi onuň waspynda ulanarlykdyr.

Men bu döwleti dolandyrmak ilki paýyna düşen adamyň eden işleriniň käbirini kesgitledim. Ol özüniň şahsy ukyby bilen döwletiň dolandyrylşyny ýola goýup, ýurduň hoş habarlaryndan lezzet aldy. Meniň kitabym bu döwletiň emir Mazynyň (goý, beýik Taňry ony öz dergähinde hormatly etsin!) tagta geçen döwrüniň wakalaryndan başlap[8], tä Abu Aly Muhammet bin Ybraýym bin Simjuryň mertebesiniň göterilmegine we Horasanda Simjurynyň tagtynyň synmagyna çenli wakalary hem öz içine alýar. Ol emir Razy Abylkasym Nuh bin Mansuryň (goý, beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) ýardam bermegi bilen döwletiň syýasy işlerini we ony dolandyrmaklygy goluna aldy. Beýik Taňry onuň hökümdarlyk baradaky dilegini kabul etmeklik bilen oňa mähribanlyk etdi. Mahmyt özüniň bu niýetini amala aşyrdy we tagta çykmaklygy başardy. Ol ýurtdaky türki kowumlaryň agzybirligini gazandy we olary howp-hatarlardan, ezilmeklikden saklap, ata-babalaryndan miras gelýän mal-mülklerini gorady we kowumdaşlarynyň abraýynyň ýitip gitmezligine ýardam berdi.

Söbükteginden soňra tagt onuň ogly – döwletiň kasamy, milletiň ynamdar adamsy bolan soltan Mahmyt Gaznalynyň eline geçdi. Ol döwletiň işlerini tertip-nyzama saldy we köpçüligiň aladasyny etdi. Soltan kowumdaş taýpalar bilen agzybirligi üpjün etdi we olary öz döwletiniň bähbitlerine hyzmat etmeklige gönükdirdi. Emma etraplaryň häkimleri onuň hökmirowanlygyny kabul etmekden heniz ýüz dönderýärdiler. Men soltanyň köşgüniň beýik derwezesiniň öňünde şahyrlaryň ýurtda bolup geçýän wakalary beýan edip düzen kasydalaryny okamak üçin dyknyşyp durandyklaryny gördüm. Olar Rudakynyň, Hysrowynyň we Deşteginiň döreden goşgularyny

dilewarlyk bilen aýdýardylar. Ol goşgular jana lezzet beriji we ussatlyk bilen düzülendi. Olaryň çeper bolmagy ruhy kanagatlanma duýgusyny oýarýardy. Horasanyň şahyrlary onuň ýurduny taryplaýardylar. Men bu beýti okadym:

Köşge baryp, gol gowşuryp, etsem onuň hyzmatyn,
Taryplasam emiriň, bereketli nygmatyn.

Döwletiň sag goly, milletiň ynamy bolan emir Abu Ahmet bin Muhammet beýti halady. Meniň emiri taryplap ýazan arap dilindäki kitabym Yragyň adamlarynda gyzyklanma döretdi. Olar ony höwes bilen okadylar. Bu kitap öýlerinde hem, saparda hem olaryň ýoldaşy boldy. Olar bu kitapdan beýik Taňrynyň orunlary çalşyrmakda, işleri bir ýagdaýdan başga ýagdaýa üýtgetmekde gudratynyň ajaýypdygyny bilýärler. Men emir Mazynyň (goý, beýik Taňry ony hormatlasyn!) tarypyny etmeklik bilen bu işe başladym. Onuň hökümdarlygy emir Abylkasym Nuh bin Mansury goldamagy bilen tamam boldy. Emir Mazynyň döwleti syndy we Abu Aly bin Simjury tagta geçdi. Simjur oňa boýun bolmady we onuň elinden tagtyny aldy. Ol hile gurnap, ony köşgünden çykardy. Ol ony, onuň türki nökerlerini gödeklik bilen gynady, olary galyndy iýmitler bilen naharlady we onuň ýurdunyň baýlygyny hem basyp alan zatlaryny özüne aldy. Ol tä soltan Ýemindöwläniň Hindistandaky we türkleriň ýurdunda bolup geçen wakalaryna çenli yzlyyzyna ýeňiş gazandy. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny beýik Taňrynyň özi ýagşy bilýändir. Beýik Taňry her bir ýeňşiň eýesidir. Ol maksada ýetişdirijidir. Maksat tutmaklygyň özi hem beýik Taňrynyň erk-ygtyýaryndadyr.

## EMIR ABU MANSUR SÖBÜKTEGINIŇ (GOÝ, BEÝIK TAŇRY OŇA REHIMDARLYK ETSIN!) HÖKÜMDARLYK EDEN WAGTYNYŇ WE ONUŇ DÖWLETINIŇ BEÝANY

Bu emir (goý, beýik Taňry onuň ruhuny hormatlasyn!) gaharjaň, batyr ýürekli, güýçli, asylly ahlakly, kanagatly, janypkeş we parasatly adamdy. Bu gylyklary onuň halalhon adamdygyna delildir.

Abylhüseýin Japar bin Muhammet şeýle hekaýany gürrüň berdi. Ol kuwwatly emir Mansur bin Nuhuň hökümdarlyk eden döwründe Abu Yshak Teginiň birnäçe esgerleri Horasanyň goşunbaşysynyň leşgeri bilen Buhara geldi. Şol wagt Söbüktegin belent mertebeli uly hajypdy we emiriň işlerini alyp barýardy. Ol gözsüz batyrlygy, baýlygy we söweşjeň ruhy bilen döwletiň sütünidi, düşbüdi we onda uly güýç-gaýrat bardy. Abu Yshak ony Gaznanyň emiri edip, atasynyň ornuna belledi. Ol özüniň ýolbaşçylyk edýän goşunlary bilen söweşlere çykardy. Onuň nökerleriň arasynda sylag-hormaty uludy. Ol Gazna gidenden soň, Abu Yshak uzak ýaşamady we dünýäden ötdi. Onuň dogan-garyndaşlaryndan we neberesinden ornuna bellär ýaly hiç adam galmandygy sebäpli, atasynyň ýaranlary gozgalaň tapdylar. Onuň adamlaryny kimiň özüne kabul edip, hökümdarlyk etjekdigi baradaky mesele ýüze çykdy we olar täze emiri saýlamakda oňuşmadylar. Olaryň närazy bolanlary

sözlerini jemläp, Söbüktegini emir saýlamaklyga ylalaşdylar, onuň erkine boýun bolýandyklaryny ykrar etdiler we olar oňa iman bilen kasam etdiler. Ol bularyň teklibini päk ýürek bilen kabul etdi. Onuň bu karary ynamlydy, uly ähmiýete eýedi we taryplanmaga mynasypdy. Söbüktegin Hindistanyň bir çetini çapgylap durdy. Ol kapyrlaryň garşysyna bu urşy din üçin alyp barýardy we galalary zabt edip eýeleýärdi. Emiriň maksady bu ýurdy kapyrlardan halas etmekdi. Onuň gylyjy yslamy kabul edenleriň başlaryndan inmeýärdi. Ol yslama girmedikler we ony inkär edýänler bilen söweşýärdi. Goşuny bilen hindileriň arasynda çaknyşma bolup geçdi. Hindiler güýçlerini jemlediler we biri-birine ýardam berdiler. Emir öňe gitmeklik üçin elinden gelenini etdi. Uruş güýçlendi.

Söbüktegin özüne atasyndan miras galan we gaplaňyň derisinden tikilen könelişen eşik geýýärdi. Emir töwereginde yslamy kabul etmedik welaýatlara daramak barada aýgytly karara geldi. Ol özüniň aç nebsini we aç garnyny yslama ýardam bermek bilen kanagatlandyrýardy. Bu maksat üçin aşagyndaky ulagyny zalymlyk bilen debsileýärdi. Ýaranlaryny hem ýoldaşlaryny parahatçylygyň we rahatlygyň lezzetine meýil etdirýärdi. Omar bin Atnaba Ensary: «Sen meniň doganoglanymsyň we sen meniň atamyň ornunasyň. Meniň babam dabarany peýda getirýän nyrh ýaly görerdi. Ol maňa mekruh zatlardan çetde durmaklygy nesihat etdi we gahrymançylykly iş etmekligi wesýet berdi. Eger seniň kalbyň gozgalaň tapsa, oturan ýeriň gozganar» diýdi.

Hamdulla (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) maňa şeýle gürrüň berdi: «Bu köpçüligiň içinde onuň duşmanlary hem bardy. Men käbir wakalarda olaryň arasyna bardym. Birnäçe göripler onuň ýoldaşlarydy. Biz az sanlydyk. Olaryň bolsa köp sanly goşuny bardy. Bu uruş uzaga çekdi. Adamlar

güýçden gaçdylar. Biziň öňümizde diňe gylyçlar görünýärdi. Biz yzymyzda diňe kelleleri we çöli görýärdik. Olar onuň üstüne çozdular we menden bularyň maksatlarynyň nämedigini soradylar. Men olary görüp tanadym. Çünki, men olar bilen söhbetdeş bolupdym. Häzir bolsa kysmat şunuň ýaly boldy. Ikimiziň aramyzda adalat ýatyr. Allatagala kime ýagşylyk etse, san taýdan egsik bolsalar hem ýeňiş şonuň tarapynda bolar we azlyk köplügi yzyna serpikdirer. Men birnäçe günden bäri olaryň her birine başdan-aýak üns berip, ýaltanman-ýadaman seredýärdim. Biz bu wagt bolsa gylyçlaryň, oklaryň içinde dirilik bilen ölümiň arasyndadyk. Adamlaryň her biri Beýik Taňrynyň ýardamyndan umudygärdiler we ýeňiş hantamadylar. Kapyrlary Beýik Taňry azap bilen gurşap aldy. Olar yzlaryna gaçdylar we kowgy bilen öz aralaryndaky dyknyşygyň içinde galdylar. Men bir gün onuň buýruk beren wagtynda ýagşy günlerini ýatlaýandygyny eşitdim. Ol emirlikde eliniň gysgalmagyndan emirligi giňeltmek ugrundaky dawa-jenjeller sebäpli halynyň agyrlygyny aýtdy. Emir haly boýunça hem, maly boýunça hem, ýoldaşlarynyň hiç birinden kem däldi. Şeýle hem bolsa baş bolmaklykda olaryň ýardamyna mätäçdi. Çünki, ol ýoldaşlarynyň we nökerleriniň hakyny bermeli bolýardy. Emir hepdede bir gezek ýaranlaryny myhmançylyga çagyrýardy we galan hazynadan olara çykdaýjy edýärdi. Ol şonuň üçin emirligiň çäklerini giňeltmäge mätäçdi. Ine, hökümdarlygy kämil etmegiň sebäbi şeýledir». Bir goşguda şeýle aýdylýar:

Öňe düşmek isledi, nebsin ýüpe baglady,
Gadamyny tizledi, duşak salyp saklady,
Salyp ýördi yzyna, raýyna hiç bakmady.

Giňiş boldy günsaýyn, bu emiriň döwleti,
Ymaratlar köpelip, ösdi ýurduň kuwwaty,

Memleketi baýady, artdy isleg-hajaty,
Gün geldikçe emiriň göterildi haýbaty,
Gaty howsala düşdi, her goňşy welaýaty,
Tapdy ýakyndan goldaw ezilen yslam ilaty.

Onuň ilkinji basybalyjykly ýörişi Bust welaýatyna tarap boldy. Begtuzunyň Busty Emir Toganyň elinden basyp almagy muňa sebäp boldy. Ol uruş edip, Begtuzuny bu ýerden çykardy we ony talady. Begtuzun emir Mazynyň ýanyna aman diläp geldi. Ol oňa munuň öwezine mal tölemekligi, oglanlaryny girew goýmaklygy, onuň erkine boýun bolmaklygy, özüniň oňa hyzmat etjekdigi we gerek bolan wagtynda mal kömegini berjekdigi barada kasam etdi. Emir onuň bu sözüni kabul etdi we ony hem Berezbaýtuzy Bustuň derwezesiniň öňünde uly goşuny bilen dyza çökerdi. Iki goşun tolkun atyp durdy. Emir Mazy goşunyň ortasyndan atyny debsiläp geçdi we şähere tarap ugrady. Goşun onuň yzyna düşdi. Olar şähere girdiler. Şäheriň köçeleri esgerlerden ýaňa hyryn-dykyn boldy. Olar ýeňlen goşuny şäherden çykardylar. Iki goşun aýrylyşdy. Ýeňlen goşun baýyrlyklara we jülgelere siňip gitdi. Togan şol ýerde karar tapdy. Ol emiriň ýagşylygyndan minnetdar boldy. Emma Toganyň ýüreginde wadasyny berjaý etmezlik meýli bardy. Emir ondan wadasyny berjaý etmekligi talap etdi. Olar bu sapar sährada duşuşdylar. Iki goşun sährany dolduryp durdy. Emir onuň wadasyny berjaý etmekden boýun towlaýandygyny bildi we oňa närazylygyny bildirdi. Togan gylyjyny çykaryp, emiriň elinden saldy. Emir onuň hyýanatçylygyny görüp, galkan bilen onuň gylyjyny saklady. Togan ikinji sapar gylyjyny emiriň egninden goýberdi. Emir gylyjyň öňüne ýene galkan tutdy. Iki goşun garym-gatym boldy. Emir ýoldaşlarynyň we nökerleriniň ýanyna ýakynlaşdy. Ol bu ýalançynyň goşunynyň yzyndan

kowalady we ony dagatdy. Begtuzun bilen Togan Kerman we Sistan welaýatlaryna tarap gaçdylar. Olaryň hiç biri yzyna dolanmak islemedi. Çünki, bu ikisi indi emir bilen duşuşmakdan gorkýardylar.

«Tejnis» («Meňzetme») kitabynyň ýazary şahyr Abylfath Aly bin Muhammet Busty Kätip (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) Begtuzunyň mürzesidi. Ol Begtuzun bilen söhbetdeş bolmakdan irdi we ol ikisiniň sözi azaşdy. Emir oňa howandarlyk edip, öz ýanyna gelmeklige yşarat berdi. Ol şonuň üçin onuň ýanyna geldi. Emir oňa hormat-sylag etdi. Çünki, emir bu şahyryň dabarasyny öňden eşidýärdi we onuň ylmyna, dilewarlygyna, goldawyna hem durmuş tejribesine mätäçdi. Men Abylfath, (goý beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) bilen gepleşenimde, ol şeýle gürrüň berdi: «Emir Mazy hyzmatym üçin köp hormatlap, meni özüniň möhüm işlerine ynamly geňeşçi etdi we maňa diwanyň syrlaryny ynandy. Begtuzun zäherli ýylan ýalydy we ol göripdi. Bir gün men emiriň ýanyna bardym. Men oňa: «Meniň ýaly şu şahyrçylyk käriniň adamlary size ýerlerde köp peýda getirip biler. Siz maňa ýurduň çet ýerlerindäki welaýatlaryň birinde ýaşamagy rugsat beriň?!» diýdim. Ol maňa rugsat berdi we Ruhhaj welaýatyna gitmekligimi teklip etdi. Ol maňa çagyran wagty gelmekligimi tabşyrdy.

Men şol ýere tarap ugradym. Meniň kelläme ol ýere baryp galama ýapyşmaklyk pikiri geldi. Şol wagt bahar paslydy. Men uzak ýol ýöredim. Gije ýolda ýatdym. Säher bilen turdum, namaz okadym, seźde etdim we dileg etdim. Men bir obanyň ýakynyna gelen ekenim. Gün dogdy we onuň şöhleleri äleme ýaýyldy. Meniň öňümde dür-merjenler sepilen haly ýaly, görnüşde gözüňi gamaşdyryjy meýdan açyldy. Ertiriň päk şemaly müşküň ysy ýaly hoşboý ysy getirdi. Bu ýer meniň göwnüme

ýarady. Men göýä özümi jennete giren ýaly gördüm. Bu ýerde edebiýat barada kitap ýazmaklyk pikirine geldim. Men onuň ilkinji setirini şygyr bilen başladym:

Eger salamat bolsa, ömrüň beladan seniň,
Tutup wagtyň gadryny, gymmatyn bil her günüň.

Men ol ýerde alty aý boldum we onda durmuşyň naz-nygmatynyň lezzetini gördüm. Onsoň maňa emirden çagyryş haty geldi. Men onuň ýanyna gitdim. Ol ýeriň tebigatynyň täsiri ölüme çenli kalbymda ýagşy ýatlama bolup galdy.

Emiriň meni öz ýanyna çagyrmaklygy onuň asyllylygyna, onuň ylma we edebiýata ýykgyn edýändigininiň delilidir. Beýik Taňry oňa uly derejäni berdi».

Abylfath goşgy hem düzýärdi, kyssa hem ýazýardy. Ol emiriň gylyjyny we döwletini manyly hem çeper sözleri bilen wasp edýärdi. Bu şahyr emiriň ýeňişlerini we mertebesini äleme ýaýdy. Soňra ol soltan Ýemineddöwläniň hyzmatyna durdy. Abylfath onuň birnäçe ýeňişleri barada eser döretdi. Ykbal ony bu soltana hyzmat etmekden aýyrdy we ol bu ýurtda öldi. Oňa zamananyň ýardamyny tapmaklyk miýesser edip, soltany taryplady.

Kusdar şäheri bölünip aýrylmak üçin gozgalaň etdi. Galanyň içindäkiler, töweregindäkiler we etrapdakylar bu gozgalaňa goşuldylar. Onuň baýyrlary-da, daglary-da barmasy kyn ýerde ýerleşýärdi. Olar bu welaýatyň merkezden uzaklygyna, ýollaryň geçmesi kynlygyna, bu ýere girelgäniň darlygyna we ol ýere girmekligiň kynlygyna bil bagladylar.

Emma emir duýdansyz bularyň garaşmaýan ýerinden bardy. Ol gowaklary ýaňlandyrmazdan, atlaryny gözleriniň göreji ýaly gorap, duýdansyz geldi we olaryň üstüne heniz öýlerin-

dekäler birden hüjüm etdi we Kusdary eýeledi. Bir dana sözde aýdylyşy ýaly: «Nahara howlugyp duran adamlar heniz gazany atarmankalar, ol gelip, olaryň söwüş goýnuny aldy». Başga bir sözde aýdylyşy ýaly: «Öý eýesi ker bolansoň, howludaky itler myhman öýüň ortasyna baranda üýrdüler».

Emiriň adyna münberlerden hutba okaldy. Ol ylymlary öwrendi. Ol şundan soň hem Hindistanyň çäklerini eýelemegi dowam etdi. Emir olary yslama salmak üçin ýöriş edýärdi. Ol beýik daglarda ýerleşýän galalary basyp aldy we ol ýerleriň baýlygyny öz mülküne geçirip, hemmesine eýeçilik etdi. Ýöne, ol bu ýurda içgin aralaşmady. Ol Hindistanyň daglaryny öwrenenden soň, basyp alan galalaryndan çykyp, ol galalaryň töweregine döküldi we ol ýerleri öz mülküne howlukman birikdirdi. Goraýjylardan galalar zabt edilip alnanda iki tarap ýitgi köp çekdi. Emma ýeňiş zabt edýänleriň tarapynda boldy. Emiriň gözüne bu ýer dar we az göründi. Onuň özüniň hem, onuň neberesiniň hem, goşunbaşylarynyň hem kalby gozgalaň tapdy. Olaryň göwnüne agyr pilleri ýeňil zat bolup göründi. Emir yslamyň depelenendigi üçin we haram zady halal hasaplandyklary üçin olardan ar almak isleýärdi. Aýat: «Olar beýik Taňrynyň keramatly nuruny dilleri bilen öçürmek isleýärler. Allatagala bu islegi kabul etmez. Kapyrlar hakykatyň ýagtylygyny halamasalar hem Taňry ony olara aýan etmek isleýär».[9] Emir özüne degişli welaýat bolan Lamganyň ýakynyndan geçýänçä ýöredi. Ol öz güýjüne ynam edýärdi. Duşmanyň kellesinde şeýtan ýumurtgalady we ýumurtgasyny basdy. Ol onuň beýnisinde bişip garaldy. Ol diňe emir hakynda pikirlenýärdi we onuň bilen hasaplaşmak isleýärdi. Emir duşmanyň bu ýere gelendigi baradaky habary eşitdi we ýurduna duşmanyň girmegine böwet goýmak üçin ýaranlaryny jemledi. Ol yslam raýatyndan hem uly goşun ýygnady we goşuny iki welaýatyň arasyna alyp bardy.

Döwletiň sag goly, milletiň ynamy bolan soltan Mahmyt Gaznaly Gaznadan goşuny bilen gazawata çykdy. Ol ýolbars, ýyrtyjy bürgüt, jan alyjy Ezraýyl ýalydy, kynçylyklardan gorkmaýardy, özüniň kemsitmeklerine ýol bermeýärdi, özüni aklaýan ýaraşykdan başga ýaraşyk islemeýärdi we diňe şerigatda rugsat berlen göreşi alyp barýardy.

Bu söweşde taraplaryň ikisi hem mertlik bilen birnäçe gün söweşdiler. Olaryň hiç biri ýeňiş gazanyp bilmän durdular we biri-biriniň hüjümlerini gaýtardylar. Söweş meýdanynda kapyrlaryň ýakynynda bir dag geçelgesi bardy. Oňa «Guzak» geçelgesi diýip at berilýärdi. Ol kapyrlaryň tarapynda peselýärdi. Olar onuň golaýynda tekiz ýerde düşläpdiler. Käbir jülgeden akyp gelýän çeşmäniň suwunyň durulygy şerigatyň hakykatynyň päkligi ýalydy. Onuň waspy şu deňeşdirmä mynasypdyr: ol hapany kabul etmeýärdi we bulanmaýardy. Oňa bir hapa zady atsaň, asman garalýardy, onsoň dürli belalar peýda bolýardy. Dagyň depesi garaňkyraýardy, asmandan güýçli sowuk peýda bolýardy. Adamlaryň gözüne gyzyl ölüm we uly azap görünýärdi. Emir oňa nejasat taşlamaklygy buýurdy. Oňa nejasat atdylar. Bu niýeti bozuk kapyrlaryň üstüne göýä kyýamat indi we depelerinde üznüksiz gök gürledi, olara tarap örän güýçli ýel ösdi, asman üstlerine gaçdy we güýçli sowuk geldi. Güýçli ýel olary sykaja saldy. Olaryň ýollary garaňky boldy we olara gaçybatalga tapylmady. Men şu goşgyny düzdüm:

Gara bulut inip görünmedi ýollary, olar gorkdular gaty.
Ölümden öň ölme boýun boldular, söweşde görüp gudraty.
Duşman üstüne dag daşlaryn inderdi, gördi olar kyýamaty.
Olja alyp emir pile ýükledi, çaksyz köp bu olja gymmaty.
Ýaraşyga geldi duşman, kabul edip, tutdy emir adalaty.
Duşman aman sorady, soltan bagyşlady,
olar boldy ymmaty.

Ol döwletiň sag goly, hem milletiň
ynamy, beýik şan-hormaty.
Soltan ýeňdi söweşde, örän uly boldy bu ýeňşiň ähmiýeti.
Bil baglady Taňra soltan,
ýardam berdi bol eçildi nazu-nygmaty.
Söweş meýdany dar boldy,
çarpaýa galdy her bir esgeriň aty.
Salgyt saldy soltan ýaga, bu öňden gelýän her ýeňiji adaty.
Ýalbardylar, emir aýtdy:
«Biliň, şeýle bir Taňryň kuwwaty!».
Boýun egdi Hindistan,
birikdirdi mülküne, giň boldy döwleti.
Din ugrunda söweşdi, gylyjy bilen dine saldy dürli milleti.
Adyn eşidip gorkdular, ösdi bu emiriň mertebesi-haýbaty.
Kapyrlar tutdy Guzak geçelgesin,
soltan çekmedi hiç minneti.
Iki goşun çaknyşdy, üstün boldy bu soltanyň harby sungaty.
Geçelgäni eýeledi, kapyr goşun ýan berdi, gaçdy gurbaty.
Sowuk şemal ösdi duşmana, doňdy olar gatap galdy suraty.
Çeşme suwy örän dury bu ýerde, halamaýar nejasaty.
Bulanmaýar hiç bir mahal,
päklik bilen ýatladyp dur şerigaty.
Ýöne welin atylaýsa bir hapa bulaşdyrýar tebigaty.
Beýik daglar, baýyrlar iner duşmana, şeýle onuň alamaty.
Gyzyl ölüm geler ýaga, gözi bilen görer ol hakykaty.
Çeşmä hapa atmagy buýurdy emir,
oňa bolsun Hak rehmeti.
Bozuk kapyrlaryň üstünde gök gürledi, indi asman apaty.
Asman gaçdy, geldi göýä olara Taňryň Ahyreti.
Tapmadylar gaçybatalga, öldüler hemmesi çekip heläketi.

Garaklary gapyldy, ýol tapmady hiç biri,
ötdi kapyr mütdeti.
Köwlediler pilleriň gözün,
zaýa boldy baýlygy hem nygmaty.
Adam üste adam ýöredi, basa-baslyk ýatlatdy kyýamaty.
Gylyç-naýza oýnady, aýylganç bir waka bu söweşiň suraty.
Köpi öldi, azy galdy bu söweşiň şeýle ajy hakykaty.
Eger Taňry ýok etmegi islese,
çäksiz güýji, çäksiz kuwwaty.
Islänine Ol rysgal eçilýär, islemediginden alýar döwleti.
Kimi horluga salýar, kime Ol mertebe bilen berýär zynaty.
Kimi Ol gylja gyzykdyrýar, emir edip berýär uly haýbaty.
Döwletiň sag goly, milletiň ynamy aldy şeýle hormaty.
Müňläp pullar bar, elli başdan
piller bar, hiç egsilmez bereketi.
Galalary, şäherleri aldy ol, eýeledi köp memleketi.
Oňa salgyt salmady kabul etse kim yslam bilen şerigaty.
Aýşy-eşret sürüp ýaşady, hiç çekmedi,
soltandan ol minneti.
Wadasyna wepaly boldy soltan, göni tutdy ol adalaty.
Piller bilen gorap durdy ol, bolsa haýsy ülke yslam ymmaty.
Kim yslamy kabul etmese, emir üstüne bardy debsäp aty.
Gazap bilen görkezdi azap oňa, şeýle kapyrlara adaty.
Kim yslamy kabul etdi, soň dändi ondan,
üzdi jandan umydy.
Emir Hindi sary ýöredi, özünden öňde gezdi ady haýbaty.
Ahlaksyz adamlary saldy düzgüne, ornaşdyrdy şerigaty.
Wezir-wekil, nökerler halky bilen emir etdi ýagşy söhbeti.
Düzgün-tertip bozany saldy zyndana, tutdy kanun-adalaty.
Ýigrendi çyndan ýalançyny, yzarlady gybat bilen töhmeti.
Beýik Taňry guýdy onuň kalbyna adalat soramak tebigaty.

Köp soltan çalyşdy, gezek geldi dowam etmek adalaty.
Başda öz ýurduny ele almak bozuklykdan
päklemek boldy niýeti.
Gyljyn çaldy, ýaranlaryn ýygnady, bir zarbada aldy döwleti.
Beýik Taňra bil baglady, ýardam tapdy,
gurdy täze hökümeti.
Batyr ýürek söweş sary ymtyldy, ol ýeňişden aldy lezzeti.
Hindistana bardy, garşy durup bilmedi
duşman güýji-kuwwaty.
Ýaragy örän zarplydyr onuň, goşunynyň tizdir hereketi.
Ol Lamgana tarap atlandy, bu galanyň diwary beýik gaty.
Ol ganly söweş bilen aldy galany, görkezip harby sungaty.
Oda berdi, ýykdy kapyrlaryň ybadat öýüni, uşatdy buty.
Dikdi onda yslam baýdagyn, ýaýratdy, ornaşdyrdy şerigaty.
Bozuklar, otparazlar gorkup ölümden, soradylar şepagaty.
Möminler rahatlyk tapdy, uly boldy yslamyň hözür-rehneti.
Emiriň, adamlaryň eli giňedi, artdy ýurduň bereketi.
Näzi-nygmat bol boldy, bagtyýar
durmuşdan her kişi aldy lezzeti.
Ýeňişleriň netijesi ajaýyp boldy, galdy yslam ähmiýeti.
Ýurduň dabarasy dag aşdy, alyslarda edildi oň söhbeti.
Wezir-wekil, garamaýak –hemmä ýaraýar ýurduň
bu syýasaty.
Ýurduň eşretli güzerany –Taňrynyň halka eçilen sungaty.
Her halda Taňra bardyr şükrümiz,
Oňa etmeris biz şikaýaty.
Taňryň erki-kanun, emiriň kanuny –
Onuň ýerde adalaty.
Elbetde, beýik Taňrynyň özi has ýagşy
bilýändir her bir hakykaty!

## EMIR ABYLKASYM NUH BIN MANSURYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ BEÝANY

Emir Abylkasym Nuh bin Mansur 365-nji hijri (976-njy milady) ýylynda tagta çykdy. Onuň dost-ýarlary we wezir-wekiller täze hökümdaryň kasam kabul etmegi mynasybetli köşge jemlendiler. Kasamdan soňra patyşalyk mülküniň möç-beri kesgitlenildi we onuň hüşür-zekaty çykaryldy. Abylfazl Balgamy we Abu Japar Utby – bu ikisi samanlylar döwletiniň wezirliginde ýolbaşçy wezipelere bellenildi, ýurduň işlerini tertip-düzgünde saklamak bu iki şahsyň jogapkär wezipesi edildi. Şol wagt Abylhüseýin Muhammet bin Mansur bin Ybra-ýym bin Simjur Nyşapurdaky goşunlaryň ýolbaşçysydy. Hö-kümdar oňa mähribanlyk etdi we ony öňki wezipesinde galdyrdy.

Bu mejlisde döwletiň sütünleri bolup duran başga şahslaryň işlerine garalyp geçildi. Wezirlige ýolbaşçylyk etmeklik wezi-pesi Abylhüseýin Utba (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk et-sin!) ynanyldy. Ol özüniň ýaşlygyna garamazdan işine ykjamdy. Onuň ýumşak tebigaty işini başarnykly alyp barmaklyga päs-gelçilik döretmeýärdi, tersine bu häsiýet oňa ýardam berýärdi. Men şu goşgyny okadym:

Emir Aduddöwläniň hökümdarlyk edýän döwleti.
Kuwwatlandy, owazasy ýaň berdi, ösdi haýbaty.

Ol milletiň täji, akly kämil, uly güýji-gaýraty.
Agras babasyna[10] eýermek onuň barça päli-niýeti.
Çünki, babasy bu gylykdan tapdy abraý-hezzeti.
Işe erjellik bilen ýapyşýar ol, egsilmeýär kuwwaty.
Ýadamazak, armazak, sahylyk bir häsiýeti.
Ahmet Horezmi aýtdy: «Başarjaňlyk oň tebigaty.
Ýylda bir gezek haja gitmek endik eden adaty.
Pygamberiň gabryna togap etmek oň zyýaraty».

Horasanly Munjadry aýtdy: «Men bir gün emir Nuh bin Mansuryň ýanyna geldim. Ol menden şyh Abylhüseýin Ubeýdylla bin Ahmediň saglygy we onuň işleriniň ýagdaýy barada sorady. Men emire onuň ýagdaýy barada aýdyp berdim, soňra oňa Abylhüseýiniň iberen tezkiresini gowşurdym. Şeýle hem men oňa Yrakdan peşgeş iberilen müň sany köýnegi tabşyrdym. Ol köýnekleriň ýüz bäş sanysy emir Abylkasym bin Mansura we bäş ýüz sanysy bolsa şyh Abylhüseýin Ubeýdylla bin Ahmede peşgeş üçin niýetlenilipdi. Emir köýnekleri hajyp Abylapbas Taşa geçirdi. Ol tezkiräni okady. Onda emiriň waspy edilýärdi. Tezkire emiriň galagoply ýüregini köşeşdirdi. Ol maňa: «Eger sen Ibn Utbyny salamatlykda görseň, onda oňa meniň «Işleriňi tertibe sal» diýen sözümi ýetir. Men indiki gezek bu ýere gaýdyp gelýänçäm, Jeýhunyň kenarynda ýerleşýän goşunlary güýçlendirerin. Çünki, olar söweşlerden soň güýçden gaçdylar» diýdi. Soňra men onuň bilen hoşlaşdym we bu ýerden gitdim.

Haj möwsümi ýakyn geldi. Hajylar ýola düşdüler. Meniň yzymdan emiriň ilçisi geldi we ol maňa emiriň çagyrýandygyny habar berdi. Men onuň ýanyna gitdim. Ol meni öz ýany bilen Buhara alyp gitdi».

Zamananyň şahyrlarynyň köpüsi Abylhüseýin Utbynyň hoşgylaw adam bolandygyny ýatlap geçýärler. Ol şahyrçylyk bilen hem meşgul bolýardy. Abu Talyp Magmuny onuň emiri wasp edip ýazan şeýle goşgusyny mysal getirýär:

Eger diýseler, siz ynanmaň:
«Utby[11] gark boldy käýinç emgegine».
Bu söz hakykata dogry däl,
yhlasly hyzmat guýlan ýüregine.
Galam alyp beýan etse ol,
kükreginden çogup çykýan sözleri,
Käýinermi eýse emir, päk ýürekli bu wepadar wezirine?

Onuň emir hakynda başga bir sözi:

Nuh bin Mansuryň gylyjy taýýar mydam gynynda.
Utby goldar goldaýjy emiri her bir gününde.
Eger emir buýruk berse, jany onuň elinde.
Käýinç eýesi däldir, il aýtsa hem dilinde.

Onuň sözünden ýene bir mysal:

Bir gezek men Utba neberesinden bir ýigide käýindim.
Bu käýinjimiň ol ýigide peýda berendigin bildim.
Käýinç bolýar ikiuçly: Ol peýda, ýa-da zyýan getirýär.
Onsoň: «Zyýan Dowzah, peýda Jennet»
diýen pikire geldim.

Abylhasan Alawy Razynyň sözi:

Zamana göýä täçdir, emir bolsa biliň onuň dürdänesi.
Mülk zamananyň elidir, emir bolsa altyn ýüzügi eliň.

Derýa-deňiz, gury ýer, janly-jansyz zatlar hem jahan.
Aýlanyp dur hyzmatynda Taňrynyň, aýlanşy dek
ýer üstünde ýeliň.

* * *

Abylapbas Taş – çyn hajypdyr, ol mertebeli.
Kabulhana işleriniň eýesidir onuň eli.
Uzakdan-golaýdan gelen myhmany kabul edýär,
Iýim-içim, sylag-hormat işlerin ol etmeli.
Hüşür-zekat ýygnamak işine hem ýetmeli.
Emir bilen, wezir-wekil bilen awa gitmeli.

* * *

Abylhüseýin Utby – ol döwletiň baş weziri.
Girdeýji, çykdaýjy gapylaryň hasap müdiri.
Döwlet işin ýat bekledi, ökdeledi kärine,
Ol samanly döwletinde abraý alanlaň biri.

Abu Japar Utbynyň terbiýelän ýaşlarynyň biri Abylapbas Taşdyr.

Utby Abylapbas Taşy Emir sedit (Mynasyp emir) Abu Salyhyň ýanyna onuň hyzmatyny etmek üçin iberdi. Çünki, Abu Japar onuň ahlagyndan, başarjaňlygyndan we düşbüliginden razydy. Abylhüseýin bir dawada özüne ýol görkezendigi üçin oňa sögdi we emire ýamanlap, ony Reýe geçirmekligi gazandy. Abylapbas Taş güýç ýygnaýança garaşyk edip, bu ýerde özüni başarjaňlyk bilen alyp bardy. Olaryň ikisi hem biri-biriniň garşysyna iş alyp bardylar. Bu işi ikisiniň hiç birine hem ýeňil

düşmedi. Emma Abylhüseýin emiriň ýanyndan köp wagt işländiginden we abraýyndan peýdalandy.

Abylhasan Faýyk Hassa uzak wagtlap Emir sedidiň hyzmatynda durupdy. Ol onuň ýakyn adamlarynyň hasabyna giripdi we ol onuň hemaýatyndan peýdalanýardy. Ol emiriň gurnaýan söhbetdeşliklerine gatnaşýardy.

Horasandaky goşunlara Aly Abylhasan Muhammet bin Ybraýym bin Simjur ýolbaşçylyk edýärdi.

Bularyň her birini emir goldaýardy. Olar serhetde goýlupdy. Olara köpçülige syýasat geçýärdiler we biri-birine göripçilik edýärdiler. Göripçilik olary hile ulanmaga çenli alyp barýardy. Bu waka Sistanda bolup geçipdi. Halap bin Ahmet Emir seditden üstün geldi. Bu ýagdaý wakanyň sebäbi boldy. Tahyr bin Hüseýin emiriň garyndaşydy we ol emir haja gidensoň onuň yzynda işleri alyp barýardy. Bu waka 354-nji hijri (965-nji milady) ýylynda bolup geçdi. Emir özüniň malyndan we köp sanly goşunyndan başarjaňlyk bilen peýdalandy. Ol esgerleriň kalplaryny özüne meýil etdirdi we bu welaýatyň adamlaryndan ýardam tapdy. Onuň üçin bu wakada ýeňşi gazanmaklyga gowy şertler döredi. Onuň bu zähmeti biderek gitmedi. Ol duşmany gaýtarmak üçin we bu ýurtda öz hökümdarlygyny ornaşdyrmak üçin nökerlerini söweş etmeklige ündedi. Tahyr köp sanly goşunyň ýardam bermegi bilen ýeňiş gazanyp, Espizara çenli bolan ýerleri eýeledi we Halabyň goşunlarynyň öňüne böwet goýmaklygy karar etdi. Halap bin Mansur özüniň arka tarapyndan arkaýyn bolandygy sebäpli hüjüme geçdi we duşmany Sistana tarap yza çekilmeklige mejbur etdi. Tahyr onuň garşysyna çykmaklyk üçin tarapdarlaryndan kömek sorady we söweşe taýýarlanmak üçin goşunlaryny alyp, Sistana gaýtdy. Ol bu ýere gelenden soň dünýäden ötdi. Onuň ornuna ogly Hüseýin bin Tahyr geçdi we ol onuň mirasyna eýelik etdi. Ha-

lap ony bu ýerde gabady we onuň bilen söweşdi. Bu iki goşunyň arasyndaky uruş uzaga çekdi. Hüseýin kömek sorap, Buhara hat iberdi. Onuň eşretli durmuşy tagt dawasynyň bulam-bujarlygyna aýlandy. Emir Nuh bin Mansur onuň bu haýyşyny kanagatlandyrdy we ol onuň ökünjini kabul etdi. Emir ony öz ýakyn adamlarynyň biri etdi we ony kynçylyklardan halas etdi.

Aly bin Halap bin Ahmet Sistanda ornaşdy. Ol bu ýerde köp wagtlap otyrdy we ol ýeriň işlerini alyp bardy. Soňra ol mülküniň çäklerini giňeltdi. Ol basyp alan ýerleriniň baýlygyny eline aldy we adamlaryny öz hyzmatyna tabyn etdi.

Hüseýin bin Tahyr we görnükli adamlar Horasanda oňa garşylyk görkezdiler. Ol Erk galasynda ony gabady. Ol ikisiniň arasynda söweş uzaga çekdi. Olaryň hiç biri üstünlik gazanyp bilmedi. Abylhüseýin Utby Halabyň goşunynyň sanyny köpeltdi. Ol Hüseýin bin Tahyry ele saldy we onuň gol-aýagyna gandal urdy. Bu uruşda Hüseýin bin Mäligiň iki dogany Keýdaşyň we Bekdaşyň goşunlary hem bardy. Olar hem bu döwletiň ogullarynyň garşysyna gozgalaň turuzdylar. Olaryň gozgalaňy hem dowamly boldy. Olar ellerinden gideren baýlyklaryny gaýdyp almak üçin uruşýardylar.

## HUSAMEDDÖWLE ABYLAPBAS TAŞ HAJYBYŇ NYŞAPURA ÝÖRISINIŇ BEÝANY

Abylapbas Taş goşuna ýolbaşçylyk edip, söweş pilleri bilen Buharadan Nyşapura tarap ýöriş etdi. Onuň bu ýörişiniň maksady ýurduň uzak-ýakyn welaýatlarynda tertip-nyzamy ýola salmakdan we Faýyk Hassa, Nasr bin Nyzar Şeraba hem Beni Mämlä ýardam bermekden we olardan howp-hatary sowmakdan ybaratdy. Ol bu ýörişini görnükli adamlaryň, wezir-wekilleriň ýardam bermegi bilen geçirýärdi. Oňa mal-baýlykdan, ýaragdan we nökerlerden islän mukdaryny almaklyk hödürlenipdi.

Ol Nyşapura 371-nji hijri (982-nji milady) ýylynda gelip ýetdi. Onuň goşuny gören gözleri howsala saldy we haýbaty köp adamlary gorka düşürdi. Abylapbas Taşyň goşuny çar tarapdaky ýurtlara hem howsala aralaşdyrdy. Çünki, bu serkerde işlerini berk düzgün talap etmek bilen tertibe salypdy. Ol köpçülik babatda ýumşak syýasat alyp barmak bilen, olara baş boldy we şol günlerde Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmkiri hökümetden çetleşdirdi. Fahreddöwle Abylhüseýin Nuweýýäni Nyşapura iberdi. Muweýýed ad-döwle bilen ol ikisiniň arasynda agzalalyk peýda boldy. Muňa Aduddöwle Abu Şujagyň Fahreddöwläniň garşysyna çykmagy sebäp boldy. Ol onuň doganydy. Onuň kakasy Rukneddöwle welaýaty bu ikisine miras galdyrypdy. Ol bu ikisiniň her biri bilen şertnama baglaşyp-

dy. Muny Abu Yshak Saby özüniň «Täji» atly meşhur kitabynda ýatlap geçýär. Ol onuň arkasyna aýlanyp, esgerlerini ondan ýüz döndermeklige meýillendirdi we onuň garşysyna dürli hilegärlikleri gurnady. Bu sebäpden nökerleri oňa garşy baş göterdiler. Onuň özi bolsa bu wagt Hemedandady. Ol bu ikisiniň arasynda ilkinji ädimlerini ätdi. Onuň uly goşunynda tertip-nyzam gowşady. Olar aman sorap Aduddöwläniň ýanyna gaçyp bardylar we ondan öňki işleri üçin ötünç soradylar. Ol bularyň gelmegine begendi. Çünki, olar oňa dönüklik etdipdiler we olar indi onuňkydy. Onuň doganoglanynyň ogly Bagtyýar garyndaşlyk gatnaşygyny kesdi, ol olara Deýlemiň ýolunda garşylyk görkezdi we özünden gorkup burnuna ýel alan düýe ýaly bolup, dagyň jülgesine siňip, kürtleriň we araplaryň tarapyna gaçdy, soňra ýurda gizlin girdi. Ol Gürgende Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgire sataşdy. Bagtyýar kakasyndan aman sorady, ol oňa aman berdi, gaçybatalga bilen üpjün etdi we ony öz hemaýatyna aldy. Ol oňa göwnüniň isläninden hem artykmaç mümkinçilik döretdi we ony öz eýeçilik edýän mülküne çenli şärik etdi. Kakasy ony hyýanat etjeklerden we durmuşyny bozjak bolýanlardan gorap saklady. Adudedöwle bu zatlary eşidip, ony özüne gaýdyp bermekligi sorady we munuň öwezine oňa köp mal we giň ýer bermekligi şert etdi. Ol gowy we kyn ýagdaýlaryň ikisinde päk ýürek bilen gatnaşyk etmeklik üçin şertnama baglaşmagy teklip etdi. Ol ony: «Olar oňa rehimli we wepaly bolar» diýen umyt bilen gaýtardy.

Abu Şujag oňa kömek üçin elini uzadandan soň, öz doganyna hat iberdi. Ol Reýden çykyp, Deýlemiň, araplaryň hem türkleriň goşunlary bilen Gürgene tarap ýola düşdi we ýolda Espizara hüjüm etip, bu ýerde ýeňiş gazanyp, ony dyza çökerdi. Soňra bu welaýaty Tabarystan ýurduna gaýtardy we Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgir ol ýere howlugyp, esgerlerini jem-

ledi. Haçan ol ikisi sataşanlarynda iki goşun çaknyşdy. Bu söweş gün dogandan, tä gün batynça dowam etdi. Toprak söweşijileriň ganyndan gyzyl reňke öwrüldi. Soňra ol atly esgerlere tarap ýüzlendi, ençemesini atlaryndan agdaryp olary güýçden gaçyrdy we hatarlarynyň arasyny böwüsdi.

Şemsilmagaly özüniň hazynalary saklanýan galalarynyň birine tarap çekildi, galadaky baýlyklaryny alyp, bu ýerden çykdy we Nyşapura tarap ýöredi. Ol oňa baryp ýetende, onuň yzyndan Fahreddöwle ýetdi. Ol ikisi bu ýerde duşuşdylar. Iki goşundan bir goşun düzdüler we olar dürli ýolda adamlaryny gözegçilik etmek üçin goýdular. Olar emir Abylkasym Nuh bin Mansura we Horasana hat iberip, onda özleriniň ýagdaýyny we onuň döwletine meýillidiklerini ýazdylar. Olar diňe onuň özlerine kömegi we goldaw bolan ýagdaýynda ýeňiş gazanyp biljekdiklerini beýan etdiler. Bu ikisi Abylapbas Taşa hem hat iberdiler. Abylapbas Taş olary öz ýurtlaryna gaýtarmaklygy ýüregine düwdi we bu ikisini adata görä kabul etdi. Ol bu ikisiniň gitmeklerini aýgytly talap etdi. Abylapbas Taş ýola düşüp, Nyşapurdan Gürgene tarap ugrady. Bu ýerde Muweýýeddöwle Buweýýa emir Şemsilmagalydan hökümeti bölüp almak üçin otyrdy. Ol Kumysa we Reýe Faýykdan öňürti giripdi. Faýyk hem bu ýerleri bölüp almagy isleýärdi. Ýöne, ýurduň habarlary onuň kalbyna howsala salýardy. Şonuň üçin ol goşunlaryny iki tarapdan ugradypdy, ony atly goşun bilen iki tarapdan gabawa salypdy.Ol goşunynyň her toparyny bir tarapda ulanmak we ýeňişiň öň ýanynda iki topary birleşdirmek isleýärdi. Oňa ýeňiş gazanmak üçin aýgytly we ätiýaçly hüjüm etmek gerekdi.

Husameddöwle Taş bu esgerler bilen Jürjanyň derwezesine tarap ýüzlendi. Ol ýerde Şemsilmagaly we Fahreddöwle şäheriň daşynda düşlediler. Muweýýeddöwle hem ol ýerdedi. Ol öň

gazylyp goýlan garymyň töwereginde düşläp, ony gaýtadan gazdyrdy we şäheriň içine girer ýaly deşik goýdy, şäheriň diwaryny berkitdi, onuň üstünde adamlar ýörär ýaly ýoda ýasady, iki aýa ýeterlik ýarag, iýmit jemledi. Onuň pikrine görä ätiýaçlyk iýmit gabawa düşülen ýagdaýda hem duşmana durnukly gaýtawul bermeklige mümkinçilik döretmelidi. Iki goşun biri-biriniň üstüne çozýardy. Fahreddöwle Muweýýededöwläniň goşunlarynyň serkerdesi Aly bin Kämäniň çep tarapynda ýerleşdi. Ol bolýan ýerini üýtgetdi we Astrabada gitdi. Adamlar biri-birine gylyç salyşdylar we olar ony kömeksiz goýdular. Şeýlelikde, ol goşunyndan bir tarapa bölünip aýryldy we bu topar talaňçylyk edýänlere hem Horasanyň galtamanlaryna barayp goşuldy. Ol topar bu ýerden gitdi we Abylapbas Taşyň goşunyna gelip goşuldy. Bu goşun Horezmiň asylly we mergen ýigitlerinden jemlenen goşundy. Olar uruş uçguny syçranda serhetde diňe batyr we garadan gaýtmaz ýigitleri goýardylar.

Müneçjim Abylfazl Herewiniň tassyklamagyna görä, Muweýýededöwle Myrryh aşak düşýänçä sabyrlylyk bilen garaşdy. Üç 371-nji hijri (982-nji milady) ýylynyň oraza aýynyň ýedisinde Sogap güni, goşuny we onuň dogany dürli halkdan ýygnalan goşun bolandygy sebäpli gozgalaň turuzdylar. Horasanyň ilaty: «Urşuň golaýda gutarjakdygynyň garşysyna gozgalaň edýärler» diýip düşündiler. Bölek-bölek goşun toparlaryny, tutuş goşunlary görenlerinde bolsa, olar bulary: «Urşa mejbur edilenler» diýip kabul etdiler. Hakykatda bu iş uly gahrymançylykly işdi. Deýlemliler gije garymlaryň deşiklerinden daşary çykýardylar we duşmany çapawullaýardylar. Uruş ody tutaşdy. Adamlar: «Muweýýededöwle Faýykdan gaçdy we Faýyk onuň mal-mülküni aldy, ol oňa garşy mekirlik we hile ulandy» diýip gürrüň edýärdiler. Deýlemliler hüjüme geçdiler, olar yzyna gaçdylar. Husameddöwle Taş we Fahr ad-döwle çalasyn gylyçlary-

ny işledýän esgerleriň we garateginlileriň ortasyndadylar. Bularyň goşuny ýeňildi. Mülk bölündi. Fahreddöwle esgerleriň köpüsiniň heläk bolup, mertebesiniň peselmeginden howp etdi. Ol hemmetaraplaýyn tama etdi. Goşun yzyna gaýtdy. Ýer pilleriň aýak astynda titredi. Ol goşuny saklamaga buýruk berdi. Emma goşuny saklamak oňa başartmady. Ol öz başyny gutardy, söweş meýdanyny terk etdi, ýaraglar, harby esbaplar olja galdy. Ol şol gidişine Nyşapura baryp, şähere gije girdi we Buhara bu wakany beýan edip hat iberdi. Oňa Buharadan umytlandyryjy jogap geldi. Ol töwereklere gyssagly kömek sorap hat iberdi.

Maňa Nahaly şahyr Muweýýededdöwle barada şeýle goşgy okady:

«Samanlylaryň senden başgasy bir bölek et»
diýip güldüler.
Buharadan gelenler saňa dönüklik etdiler, haýyn boldular.
Nahaly tankyt edýär, dönükler seni kyn güne saldylar.
Ol dönükler Şemsilmagala tarap geçdiler, onda galdylar.
Jürjan halky soňky günlerde
gorkudan ýaňa oňa tabyn boldular.

Onuň kasydalaryndan:

Iki sany zat bar adamda, ýatlamaga laýyk ol ikisi.
Birinjisi ylym atly nygmatdyr, sahylykdyr beýlekisi.
Eý, bagtyýar patyşa! Bu iki nygmaty, gymmatly baýlyk bil.
Ykbal iki zat berýär: garrylyk soňkusy, ýigitlik ilkinjisi.

Abylhasan Jöwheri (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) olja alnan ägirt pil barada şeýle kasydany düzdi:

Wezire[12] aýt: «Ol asylly bolsun,
paýyş sözleri aýdyp sögmesin.
Beýik mertebäni islese, ol raýatyň göwnüne hiç degmesin.
Rahatlygy buluda ýetse hem sahylykdan
özge ýagyn ýagmasyn.
Mertebe agajy beýik össe,
şahasyn gödeklige egmesin.
Ýesiriň depesinde ýaragyň oýnap, gyrmyzy gany çogmasyn.
Duşmanyny dogry ýola ündese, oňa zulmy hetden agmasyn.
Düşbi ýigide göriplik edip,
ol ýolun tapmazdan öň bogmasyn.
Ýoly gysyp, ýolagça azar berip, ondan uly pajy sagmasyn.
Sowukda garybyň ýapynjasyn alyp, ony aýaza daňmasyn.
Ýyldyrym dek bolsa haýbaty, azar berip,
ejiz göwnün döwmesin.
Özüni ulumsy tutup, egnine tekepbirlik donun geýmesin.
Dellal bolup iki arada, parahorluk bilen tagam iýmesin.
Bozuk ahlak aždarhadyr,
agzyndan çykan otdan hiç kim köýmesin.
Tansçy gyz dek ýaňagy gasyn atyp,
ökünç tagamyndan doýmasyn.
Çatrykda ýolun bilmän, özge ýola gadamyn ol goýmasyn.
Yhlas edip döken ýaşy ýagşylykdan özge zada diňmesin.
Herekete bereket,
ol hereketsiz: «Bereketim ýok» diýmesin.
Azaşany dogry ýola salsyn, goý,
ol dowzaha düşüp köýmesin.
Hoşamaýlyk bolsun ýoldaşy, süýji sözi ýürekleri baglasyn.
Iki gözi ötüp barýan myhmandyr,
myhman onuň aýbyn ýaýmasyn.
Iki gulak söz girelgesi, gybat däl-de ýagşy sözi diňlesin.

Daş dursun göripden, töhmetçiden,
ol beýle adamy hiç söýmesin.
«Men hökümdar» diýip,
sütem baryn görkezip adamlary ezmesin.
Ryzkyndan hazyna dolsa, sadaka berip,
mätäç göwnün awlasyn.
Dünýä, göýä günälä urulýan gamçy, ol nähak kişä inmesin.
Degende aryn köýdürmesin,
degmedige nähak ýerden degmesin.
Nebis derýasy joşup,
kanagat howzunyň erňeginden agmasyn.
Nebis sili gelip, köňül bossanyny weýran etmäge eňmesin.
Kişini pes görüp, beýik saýyp özün,
göwün aýnasyn döwmesin.
Şalyk tagta eýe bolup, mümkin däl zadyň
arzuwynda köýmesin.
Uzak zady ýakyn bilsin, geler bir gün,
heder etmegin goýmasyn.
Ynsan ömri gysga, ahyrýet şaýyndan
özge düwünçek düwmesin.
Ol şaýyň hemmesi bar Gurhanda,
ony okasyn ýa-da diňlesin.
Hindistan uruşdy, ahyr ýaraşdy,
zyňyp ulumsylyk düwmesin.
Wezire aýt: «Hyzmatyňa bir pil geldi,
güjeňläp äpet göwresin.
Taňrytagala jemledi bu pilde ýagşy gylyklaryň hemmesin.
Piliň dabarasy dag aşdy, onsoň wezir ony neneň söýmesin?
Ýeke weziriň däl, uly-kiçi adamlaryň gazandy ol söýgüsin.
Bu pil adam ýaly dile düşýär,
soltan niçik oňa guwanmasyn?

Niçik ýagşy bolar gazansa Taňrynyň
bendesi onuň söýgüsin.
Ölüň jismi sowasa hem,
ruhuna Taňryň rehmeti sowamasyn!

Jürjan derýasynyň kenarynda köp uruşlar bolup geçdi. Bu ýerden söweşler Jürjanyň ähli topragyna ýaýrady. Bu uruşlar köp adamlaryň ömür tanapyny üzdi. Jürjanyň köçelerinde, Dinar dagynda gandöküşikli çaknyşmalar göýä bir çeşmäniň başga çeşmä goşulyp derýany emele getirişi ýaly, bir söweş beýleki söweşe goşulyp, uly urşa öwrüldi. Bu urşuň uçguny sähra düşdi.

Abylhüseýin Utby Horasanyň etraplaryny eýeledi. Ol bu ýeriň ilatyny söweşmäge aýaga galdyrdy we olaryň güýçlerini bir ýere jemledi. Wezir söweş esbaplaryny götermek üçin at, düýeleri ýygnap, bu goşuny Merwe tarap gönükdirdi. Ol Horasanyň adamlarynda asylly duýgulary oýardy, olaryň dagynyk güýçlerini bir bütewi kuwwata aýlandyryp, gowuşgynsyzlygyny aradan aýyrdy we olary söweşe taýýarlamak hem bu güýji bir maksada gönükdirmek bilen ýurduň kuwwatyny aýak üstüne galdyrdy. Abylhüseýin Utby öňde durýan jogapkärçilikli wezipäniň hötdesinden gelmek üçin türgenleşme geçip ugrady.

Razy[13] wezirlik donuny çykaryp, döwlet gullugyny galam kesbine çalyşdy we bu asylly işini serdarlaryň ömürbeýanyny wasp etmeklige gönükdirdi. Onuň wezirlik donuny çykarmaklygy we ony ýazyjylyga çalyşmaklygy durnukly karardy. Ol bu galam kesbine meşgul bolmaklygy bilen ömrüniň ahyrky günlerine çenli aýrylyşmady. Munuň şeýle bolmagynyň sebäbi, Abylhasan bin Simjur öz mertebesini hile gurnamaklyk bilen depeländiginden we ony wezipesinden aýrandygy üçin Faýygyň üstünden şikaýat edipdi. Ol Faýygyň hyýanatçylykly etmişi

sebäpli güýçden gaçypdy. Faýyk ony yzarlaýardy we onuň özüne boýun bolmaklygyny talap edýärdi. Netijede, Simjuryň hyzmatkärleri onuň garşysyna gödeklik we goh bilen baş göterdiler. Olar ondan özlerini azat etmekligini talap etdiler. Faýyk olaryň arasyna agzalalyk saldy we olary Simjury öldürmeklige meýillendirdi. Olar ony öldürmeklik üçin Buharada jemlendiler.

Abylhüseýin olaryň gurnan bu pirimini duýup, öz janyndan gorkdy we bularyň üstünden emir Raza özüniň düşen ýagdaýy, hyýanatçylyk bilen yzarlanýandygy barada şikaýat etdi. Emir onuň ýanyna serkerdelerden goşup iberdi. Ol ýerde bir howlyny kireýine aldylar. Abylhüseýin goraglydygyna garamazdan barybir gorkýardy we özüne hemaýat berýänlerden hem howatyr edýärdi. Çünki, onuň hyzmatkärleri ýabany haýwanlar ýaly wagşy bolup gidipdiler we onuň yzynda ýyrtyjy guş ýaly ganatlaryny ýaýyp ylgaşýardylar. Olar gylyç-naýzalaryny oňa urmak üçin taýýar bolup durdular we ony bölek-büçek etmäge häzirdiler. Ol özüniň janpenalaryndan hem heder edýärdi. Olar ony ykbalyň ugruna goragsyz taşladylar we onuň aladasyny etmediler. Abylhüseýin göýä ýyrtyjy haýwanyň penjesine oklanan ejiz haýwan ýaly boldy we söweşde ýeňleniň gany sarkdyrylyp, köçä taşlanşy dek ýagdaýa düşdi. Oňa dirilige tarap ýol galmandy. Onuň töweregini bulam-bujarlyk tümlügi gurşap aldy. Soňra oňa tarap säheriň jana lezzet beriji mylaýym şemaly ösdi. Bu hoş habary bagban eşitdi we ol ony buşlamak üçin onuň ýanyna howlukdy. Ony bu dirilik uçguny howsala saldy, onuň demi gysyldy. Ol soltanyň köşgüne tarap şatlyk duýgusy bilen howlukmaç ýöredi, örän tolgundy we saglygyny ýitirdi. Köşk tebipleri onuň sagalmagy üçin köp jan çekip, ahyry onuň dermanyny tapdylar. Taňrynyň emri bilen onuň ömür tanapy kesilmedi. Ol takdyryň uly ýoluna düşüp ýöredi. Onuň üçin howp-hatar sowuldy. Beýik Taňry öz jomartlygy bilen onuň

dirilige teşne bolan janyny umyt suwy bilen gandyrdy. Onuň dirilik alamaty bolmadyk jany ýaşaýşyň giň ýoluna düşdi. Taňry oňa özüniň rehmet jaýynyň gapysyny uludan açdy. Abu Japar Ilhany goşgysyny aýtdy:

Eý, Abylhüseýin! Ykbal gaty ýalňyşdy,
goýup çeşmede seni.
Suwsamasam suw uzatdyň maňa,
suwsanymda suwsuz goýduň meni.

Şahyrlaryň biri Abylhüseýiniň mazaryna dostlary bilen baranda şeýle aýtdy:

Seniň düşen keç ykbalyň dostuňy uly gynanja saldy.
Gazansaň hem mertebäni, Taňry ony seniň eliňden aldy.

Şemsilmagaly, Husameddöwle we Fahreddöwle Nyşapurda Abylhüseýiniň kömegine we bu ýerde onuň täsiriniň ýaýramagyna garaşýardylar. Maňa daýym Abu Nasr Utby, (goý, beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) şeýle gürrüň berdi: Ol[14] Nyşapuryň aragatnaşyk gullugyndady. Meni günüň ahyrynda Abylapbas Taş çagyrdy. Men onuň ýanyna baranymda üç kişiniň[15] täzeden harby hereketleri alyp barmak barada jedelleşýändiklerini gördüm. Meniň barmagym bilen olar bu maslahatyny kesdiler we Olar bu ýagdaý barada meniň pikirimi soradylar. Men olara entek beýle işden saklanmaklaryny, kömege garaşmaklaryny we urşa taýýarlanmalydyklaryny maslahat berdim. Meniň ýanyma Şemsilmagaly geldi. Ol: «Sen bu ýagdaý barada emire hat ýaz. Çünki, uruş olaryň arasynda dowam edýär. Uruş bir gezek ýeňil geçse, beýleki gezek agyr geçýär. Uruşda kim

aýgytly hüjüm etse, şol ýeňiş gazanýar. Üstünlik bolsa soňra arkaýynçylyga ýol bermeklik bilen puja çykýar» diýip aýtdy.

Abylhüseýin bin Simjur Sistany taşlap, Horasana gitdi. Ol goşunlaryny Gürgenden hem çykardy. Abylhasan oňa Kuhystana baryp goranmaklygy, işleriňi dürs alyp barmaklygy, döwletiň ogullaryna boýun bolmaklygy tabşyrdy, soňra ogly Abu Alynyň raýatynda durup, Sistana gaýdyp barmaklyk barada ýazdy. Ol ony Badgysa we Reýgençe hökümdar belledi. Ol bu ýerleri oňa päk ýürekden hyzmat edendigi üçin goşmaça bölüp berdi.

Abylapbas Taş Buharada ornaşdy. Abu Aly Hunlu amatly ýagdaýdan peýdalanyp, Horasany Taşyň hem ony goraýjylaryň elinden aldy, Faýygy Taşyň garşysyna çykmak üçin we oňa boýun egmezlik üçin iberdi. Ol işleriň wagtyndan ir ýa-da giç geçirilip, puç bolaýmagyndan gorkýardy.

Abylapbas Taş Merwe gaýtdy. Ol Buharadan bu ýere gelip ýetmezden öň, Muzanyny wezirlikden boşatdy. Onuň ornuna mundan öň kethudalyk edýän mütewelli Abu Muhammet Abdyrahman Parsyny belledi. Onuň Abu Ala we Faýyga ýykgyn edýänligi mälimdi. Ol heniz Merwde wagty Faýyga ýakynjaňlyk edýärdi we Abdyrahmanyň hyzmatyndan Abdylla bin Uzaýryň hyzmatyna geçipdi. Bu Uzaýr bolsa Utbalaryň neberesine azar berýärdi, olary ýigrenýärdi, olara duşmançylyk edýärdi we olara dişini gyjaýardy. Ol wezirlik işini Abylapbas Taşy goşun başlyklygyndan çetleşdirmekden we goşuny Abylhasan bin Simjur Abylhüseýin Utbynyň närazylygyna garamazdan onuň ýanyna ibermeklikden başlady. Ol şeýle etmek bilen işleri dogry gurnamak we düzetmek isleýärdi. Bu işler onuň esasy kararydy. Ol Nusaý we Abywert etraplarynyň işlerini öz jogapkärçiliginden aýyrmaklyk we ony başga birine tabşyrmaklyk barada hat bilen soltana ýüzlendi we bu iki welaýata hemaýat etmekligi ondan sorady. Onuň bu teklibi kabul edildi we

bu iki etrabyň jogapkärçiligi onuň boýnundan aýryldy. Abylapbas Taşyň ygtyýarynda hajyplyk galdyryldy.

Abylapbas Taş haty alanda özüne şeriň we hilegärçiligiň gurnalandygyny aňdy. Ol betbagtçylygyň we bet işiň wezirden gelip çykýandygyny bildi. Meseläniň beýle goýulmagy, onuň başarjak işidi, beýik mertebä çykan adamyň kemsitmesidi we onuň çözgüdidi. Nökerler, wezir-wekiller, serkerdeler bu habara haýran galdylar. Ol bulary hatyň mazmuny bilen, soltana boýun bolmak adatynyň bardygy bilen, onuň nesihatyna eýerýändigi bilen, döwletine yhlaslydygy bilen, oňa öň hem, soň hem ýagşylygy üçin minnetdardygy bilen, onuň sözlerini oňlaýandygy bilen tanyşdyrdy. Olar Buhara eden hyzmatlarynyň hormatyna weziriň kararynyň güýjüni ýatyrmaklygy sorap hat iberdiler. Ibn Uzaýr onuň haýyşyny berjaý etmeklikden ýüz dönderdi. Ol olaryň hatyna bu hereketiň hyýanatçylygy, mekir-hiläni, salgyma kowalaşmagy ortadan aýyrmaklyk maksady bilen edilýändigi barada jogap iberdi. Olar hatyň jogabyny bilenlerinden soň, Abylapbasa Taşa boýun bolmaklygyň maksada laýykdygyna göz ýetirdiler, onuň hyzmatyna durdular, onuň erkini berjaý etdiler.

## FAHREDDÖWLÄNIŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ WE HUSAMEDDÖWLE ABYLAPBAS TAŞYŇ ÖMRÜNIŇ AHYRKY GÜNLERINIŇ BEÝANY

Abylapbas Taş ömrüniň ahyrynda Buhara bardy. Muweýýededöwle ony gowy görýärdi. Uruş gutarmazdan öň Muweýýededöwläniň dogany Aduddöwläniň ölümi barada habar geldi. Olar bu habary ony kepene salynýança aýan etmediler. Bu döwletiň wezir-wekilleri onuň ornuna adam bellemekligi maslahat etdiler. Ysmaýyl bin Abbad bu nebereden emirlige Fahreddöwleden mynasyp başga bir adamyň ýokdugyny, onuň syýasaty gowy bilýändigini, ýaşynyň hem laýykdygyny aýdyp, ony Aduddöwläniň ornuna hödürledi. Bu habar ýurduň çar tarapyna tizlik bilen ýaýrady. Fahreddöwläniň iki dogany Abylapbas Hysrow we Firuz bin Rukneddöwle onuň hyzmatynda päk ýürekden durjakdyklaryna kasam etdiler we onuň hökümdar bolmagy bilen ylalaşdylar. Ol bu ikisini Nyşapura, Abylapbas Taşy bolsa Gürgene iberdi. Ol bu ýerden Horasanyň hem işlerine gözegçilik etmeli edildi. Abylfawarisiň leşgerleri Kirmana gitdi, Faýyk Balha gaýdyp geldi, Abu Aly Hyratda düşledi. Ibn Uzaýr ýumşak we parahat häsiýetli Abylhüseýni Gürgene gitmeklige yrdy. Ol adatça özüne teklip edilen zada birbada razy bolsa-da, on ädim etmänkä bu kararyna ökünerdi. Abylhüseýn Gürgene gitmeklik Abylapbas Taşa kesgitlenendigi ýadyna düşüp, bu teklipden ýüz dönderdi. Abu Aly Muhammet

bin Isa Damagany baş wezirlige bellenildi. Bu waka 377-nji hijri (987-nji milady) ýylyň jumadylahyr (dört tirkeşigiň soňky) aýynda bolup geçdi. Ibn Uzaýr Horezme ugradyldy. Abu Aly işlerini berjaý etmeklige yhlas etdi we işlerini adalatlylyk bilen ýerine ýetirdi. Ol welaýatlaryň arasynyň ýapyk bolmazlygy, beýik wezipedäki adamlaryň özlerine haýbat atmazlygy, türkleriň birehimligi, wezirleriň özlerine hajatlary üçin höküm etmekligi, olaryň özlerini işden çetleşdirmegi, syýasatyň oýunjagy bolmak ýaly işleriň garşysyna göreşip ýadady. Ol döwletiň gerçek ogly Abu Nasr bin Abu Zeýdiň wezir-wekiller tarapyndan güýçli kemsidilmegini hem ýazgarýardy, ony sözi bilen hem, işleri bilen hem goldaýardy we onuň işlerini, pikirlerini dogry hasaplaýardy. Soňra ol Abu Alyny öz wezipesine geçirdi we oňa diwandan iş berdi. Abylhasan bin Simjur bu işleri oňlady. Emma ony emire ýamanladylar we oňa hyýanat etdiler. Ol emiriň aýagyna ýykyldy we şol ýerde hem bu ýagty jahan bilen hoşlaşdy. Onuň ölümini jesedi öýüne eltilýänçä gizlinlikde sakladylar, soňra onuň ölümi baradaky habary ýaýratdylar. Ogly Abu Aly onuň öýüne, doganlaryna, goşunyna ýolbaşçylyk etmekligi miras aldy. Ol bu ýitginiň öwezini özüniň ýumşak syýasaty, gözel ahlagy, ökde hökümdarlygy, dogany Abylkasyma boýun bolmaklygy we başga doganlaryny oňa boýun etmekligi bilen doldurdy.

Abu Aly Hyradyň Faýyk üçin niýetlenendigini eşitdi. Ol Hyrada gitmekligi maksat edindi. Ol oňa halamaýan zady barada ýazdy. Soňra ol Hyradyň Faýygyňky bolmagyna, özüniň bolsa Nyşapurdaky goşuna baş bolmaklygyna razylaşdy. Ol ikisiniň her biri öz ýaranlaryny welaýatlarynda wezipelere bellediler. Bu ikisine adata görä goşuna baş bellenendikleri mynasybetli Buharadan sylag-peşgeş iberildi. Abu Aly bu dabara özi üçin edilýändir öýtdi. Emma olar ýoluň orta biline baranlarynda

merkezi döwletiň ilçisi ugruny Faýyga tarap ýöneltdi. Abu Aly bu ýerde özüne al salandyklaryny we hyýanatçylyk edilendigini bilip galdy. Olar bu niýetlerini ýaşyrypdylar. Olaryň köňlünde betniýetleri bardy we maksatlary syrlarynyň wagtyndan öň açylmagyndan häzir bolmakdy. Haçanda Faýyk Hyratdan çykanda Abu Aly Nyşapurdan atylan ok ýaly bolup okdurylyp, bu iki şäheriň arasynda Buşanj diýen ýerde onuň üstüne döküldi. Abu Aly şeýlelikde özi üçin gurnalan hyýanatçylykdan sowuldy we bu hiläniň haçandan bäri gelýändigini bildi. Bu hiläniň güýji heniz dowam edýärdi. Ol özüniň zyndana taşlanmalydygy baradaky kararyň özüni ejizletmek üçin gurnalandygyny we işlerini puja çykarmak üçin edilendigini bildi. Oňa her tarapdan biabraýlyk getirmek isleýärdiler. Olar onuň garşysyna gurlan hiläni berjaý etmek üçin köp yhlas edipdiler, oňa ykjam taýýarlanypdylar, onuň esgerleriniň arasyna howsala salypdylar we ony heläk etmek isläpdiler. Hyýanatçylar bu söweşde ýeňildiler we Merwerruda tarap yza çekildiler. Abu Aly goşunynyň bir bölegi bilen olaryň yzyndan kowdy. Ony Merwerrudyň köprüsiniň ýanynda sakladylar. Olar söweşe taýýarlandylar we güýçlerini jemlediler. Ol bular bilen esgerleriniň bir bölegini ýesir alýança uruşdy we ýesirleri alyp Buhara gitdi. Abu Aly atasynyň işini dowam etdirmek üçin, öňki şan-şöhratyny dikeltmek, tarapdarlarynyň sanyny artdyrmaklyk üçin Buharadan Merwe gaýdyp geldi. Razy gylyjyny gynyndan çykaryp oňa ýardam berdi, ony goşunyň ýolbaşçylygyna belledi. Jogapkärçiligi oňa tabşyrdy, oňa Nyşapur, Hyrat we Kuhystan welaýatlarynyň hökümdarlygyny ynandy. Ol oňa Ymeddöwle («Döwletiň sütüni») diýen lakamy dakdy we onuň ygtyýaryna birnäçe serkerdeleri berdi. Ymeddöwle öz işine turuwbaşdan girişip, şan-şöhratyny artdyrdy we güýjüni iki esse artdyryp, «Emirleriň

emiri» diýen lakama mynasyp boldy. Abu Bekr Horezmi ony şeýle taryplady:

Uzak ýoluň tozany hem ysy adamlaryň üstüne oturdy.
Amanat zat tasdan heläk bolupdy, köp adama gaýgy getirdi.
Ony görüp jemalyna ýesir boldum, kalbyma gowga ýetirdi.
Kejebe ýykyldy, gyzyň ýüzi açyldy, ýüzün tutup oturdy.
Enekesi ylgap geldi, aljyrady, ugrun ýitirdi.
Soradym men: «Kimkä bu gözel
gyzyň ýary?». Enekesi gep urdy:
«Emirleriň emiri ol: Taňry onuň mertebesini göterdi.
Mülkün-baýlygyn ýetik berdi,
onuň kalbyn ýagşylyga iterdi.
Dostuna mähriban, duşmanyna haýbaty
ýolbarsdan hem beterdi.
Manysy ýiti, gysga sözleri ol her geplände orta atardy.
Ýüpek düşekçede ýatsa hem,
mydam adalaty düzüw tutardy.
Ula uly ýaly, kiçä kiçi ýaly, ýüzlenip habar gatardy.
Oky-ýaýy gezelip dur duşmana, atsa biläý ömri gutardy.
Naýzasy taýýar bolup dur,
çekse süýnüp duşman sary ýeterdi.
Bürgüt ýaly gözi ýiti, çüňki mäkäm, awun tutar hem üterdi.
Agyz bekläp, beýni bilen açardy, säherlikde daňy atardy.
Goýun-düýe, dänesi köp, artygyny başgalara ol satardy.
Taňra taryp, Muhammede alkyş aýdyp,
ol nebsin basa tutardy.
Eger bu dünýä mämesi bolsa,
süýdün deň paýlap halka ýetirdi.
Aýa bäsleşýär, ýyldyz şöhlesi deňinde ölügsije ýiterdi.

Bu emiriň näçe waspyn etsem şonça
kem boldy, kemter gutardy».

Abylfazl Hemedany onuň ýanyna Merwe geldi we ony taryplap goşgy okady.

Ol Horasany eýeledi we bu ýurt oňa boýun egdi.

Razy oňa wezir-wekillerinden bolan göriplerden habardar bolmagyny ýatladyp hat ýazdy. Ol onuň goşunyň hajatlaryny bitirmek üçin köp wagtyny sarp edýändigini munuň sebäbi hökmünde gördi.

Abu Aly Nesefi döwletiň diwan işgärlerindendi. Onuň eli döwlet hazynasyna, hat-da Horasanyň hazynasyna hem uzaýardy we hazynany ussatlyk bilen sagýardy. Ol öz işini başga birine ýöňkeýärdi, soňra dawa turuzýardy. Ol ahyrynda bu ýaramaz gylygy bilen öldi. Ol Şyhabeddöwle («Döwletiň uçguny») we Zahyreddagwa («Çagyryşyň ýardamçysy») lakamy bilen meşhur bolan Türküstandaky Harun bin Ilek Bugra han bilen Horasany we Mawerannahry özara paýlaşmak üçin Aly Razynyň Buhara hökümdar bolan döwründe gizlinlikde hat alyşdy. Aýdylyşyna görä:

Muhammediň gylyçlaryn gynlaryndan
ýalpyldadyp çykardylar.
Şol gylyçlar bilen Muhammediň neberesin dyza çökerdiler!

Ol ýüzlenmäni we çagyryşyň şygaryny onuň tassyknamasyna görä kabul etdi. Ol «Allahu ekber» («Alla beýikdir») diýen tarypnamany öňe sürmek bilen öz raýatyny söweşe çagyrdy. Onuň raýaty Mawerannahryň dehkanlaryndan ybaratdy. Ol häzirki döwletiň hökümdarlyk edýän günlerinde bulara umyt

uçgunyny düşüripdi we olaryň kalbyna hökümeti täzelemek meýlini salypdy. Olar özleriniň birleşmek meýilleriniň durnuklydygyny we aýtgytlydygyny tassyklap Bugra han bilen üznüksiz hat alyşdylar. Ol bu döwletiň serhedindäki her bir zada bürgüt ýaly gözegçilik edip başlady, oňa yzly-yzlyna ýörişler etdi, Ispijaba goşun çekip geldi. Buharada Ynç Hajyp wezipe talap edip gozgalaň etdi. Ol Bugra han bilen uruşmak üçin duşuşdy. Iki ýyldyz ýagtylyk saçdy. Bugra han ony goşunyň beýleki başçylary, nökerleri bilen ýesir aldy. Onuň ýurduň başga welaýatlaryny hem eýelemek höwesi güýçlüdi.

## FAÝYGYŇ HÖKMÜROWANLYGYNYŇ SOŇUNYŇ BEÝANY

Faýyk ütülen towuk ýaly haldady, goşuny bolsa dagamagyň öň ýanyndady. Ol Merwerrutda mesgen tutdy. Esgerleriniň arasynda onuň uruşda basylandygy baradaky gürrüňler ýaýrapdy. Söweşde onuň goşuny bölünipdi we esgerleriniň bir bölegi ýesir düşüpdi. Faýyk goşunynyň galan bölegini jemledi we jan çekip söweşdi. Ol maslahatlaşmazdan we töwerege gözegçilik etmezden Buhara tarap ýöremek isledi. Ol Buhara ýakyn gelende, sähra giňişliginde Ynç Hajyp, Begtuzun Hajyp we atasynyň orunbasarlary onuň üstüne çozdular. Bu çaknyşma güýç taýdan deň bolmadyk söweşe aýlandy. Olar dişlerini gyjap ýapyşdylar. Ol gorkudan ýaňa çar tarapa at saldy. Olar onuň goşunyny derbi-dagyn etdiler, esgerlerini ýesir aldylar we olara zulum görkezdiler. Faýyk goşunynyň heläk bolandygyny bilip, özüni halas etmek üçin Balha tarap gaçdy. Ol bu ýerde bir näçe gün boldy, soňra Termeze gitdi. Ol Bugra hana özüniň ruhunyň gaçandygyny, tiz wagtda kömek bermegini sorap hat iberdi. Abylhars Ahmet bin Ferifuny oňa göripçilik edip Buharadan Jüzjana bardy we onuň kasdyna çykdy. Ol uly goşun ýygnady we bu goşun bilen Jüzjandan onuň gözlegine ugrady. Ol hyzmatkärlerini oňa baş etdi. Ol Arslanşir Salar ady bilen tanalýardy. Onuň ygtyýarynda bäş ýüz sany türk we arap bardy. Olar onuň üstüne bürgütleriň asmandan ownuk guşlaryň üstüne

okdurylşy ýaly topuldylar, ony böleklere bölüp, tüýtmelediler, ölüleriň jesetlerini ýatyrylan palaç ýaly söweş meýdanyna serdiler. Olar köp olja aldylar. Soňra olar Balha gitdiler. Ol wagt Balhda saganyýanlaryň şasy Tahyr bin Fazl hökümdarlyk edýärdi. Ol hökümdarlygy Abylmuzapbar Muhammet bin Ahmediň elinden alypdy. Ol Horasanyň mertebeli, ylymly, dury pikirli, şahyrçylyga ýykgyn edýän häkimleriniň biridi. Ol gorkup Faýykdan kömek sorapdy. Tahyr bin Fazl gizlinlikde Faýygyň Balhdaky ýaranlaryndan peýdalandy. Olar hökümdarlykdan tama etmek bilen onuň tarapyna döndüler, ony goramak, onuň üstünligini paýlaşmak üçin duşman bilen çaknyşmak üçin, onuň bilen göreşmek üçin geldiler. Araplaryň käbiri Tahyr bin Fazlyň ornuny eýelemek isleýärdi, onuň kellesini egninden kesmeklige howlugýardy, ony öldürmeklik üçin öňe atylýardy. Olaryň ýaranlarynyň käbirleri ýeriň asty bilen yzyna gaçdylar. Ynç Hajybyň nökerleriniň bir topary ýesir edilip, türkleriň ýurduna äkidildi. Mawerannahrda ganly wakalar bolup geçdi, munuň netijesinde onuň kuwwaty pese gaçdy, döwletiň kanunlary bozuldy, binalary weýran boldy. Emir Razynyň bu ýagdaýa ýüregi gyýyldy. Döwletiň sütünleri ýykylmaga ýakyn howpa düşdi. Ýurduň içinde betbagtçylyk höküm sürdi. Bu derdi bejermeklige ýurduň içindäki bulam-bujarlyk päsgelçilik berýärdi we bu ýagdaý ýurduň galan güýçlerini hem heläk edýärdi. Onsoň ol Faýyga ýüz tutdy. Faýyk Buhara geldi. Faýyk Buharanyň giňişliklerinde özüni arkaýynçylyga salyp ýöredi. Ol bu ýeriň baýlygyny az görüp, Samarkanda tarap atlandy. Ony Bugra hanyň habarlary gorkuzmady.

Bugra hanyň Şihabeddöwle («Döwletiň uçguny») we Zahyreddagwa («Söweje çagyryjy») diýen lakamlary bardy. Oňa göýä guşlaryň ganaty berilen ýaly tiz hereket edýärdi. Ol rahatlanmagy we gözüni ýummagy bilmeýärdi. Bugra han tiz wagtda Faýygyň ýanyna ýetdi. Faýyk onuň bilen çaknyşyp, ýeňildi, soňra yzyna

aýlanyp, öz ýaranlaryny gylyjyň astynda goýdy we olary ölüm howpuna saldy. Ol ýeňilendigini anyk bilip, Samanlylar nebe-resiniň mülküne eýe bolmak üçin Bugra han bilen gizlinlikde şertnama baglaşmagy ýüregine düwdi. Onuň bu işi bitirer ýaly adamsy hem ýokdy, ony bu işden saklajak adam hem ýokdy. Onuň sowgat berer ýaly nygmaty hem ýokdy, öňe tutar ýaly hormaty hem ýokdy. Ol şu bolşy bilen yzky aýagynda durup ýöreýän it ýaly bolup, Buharanyň ýollaryndan ýöräp gitdi. Bu ýeňilen soltan hile gurmak üçin gorky bilen ýöreýärdi. Onuň özüni alyp barşy masgara bolanlaryň hereketi ýalydy. Ol öz ykbalyndan närazydy, ýurdundan aýrylandygy we girelge tapmaýandygy sebäpli göwni çökgündi.

## BUGRA HANYŇ BUHARA GELMEGINIŇ, EMIR RAZYNYŇ BUHARADAN GITMEGINIŇ WE SOŇRA BUGRA HANYŇ BU ÝERDEN GITMEGINIŇ BEÝANY

Bugra han Buhara gelip girdi. Faýyk ony köp märeke, dabara we tagzym bilen ýoluna çykyp garşylady. Ol beýle etmek bilen göýä ikisiniň öňden bäri biri-birine hormat goýýan kişidigini we göýä bir adam ýalydygyny görkezmek isleýärdi. Garşylamak dabarasy tamam bolandan soňra Faýyk oňa ýurduň beýik mertebeli myhmany hökmünde Balha tarap ýöremeklige rugsat berdi. Ol Termeziň üsti bilen ýöredi. Ol Balha adam iberip, olaryň ýolda ätiýaçly bolmaklygyny tabşyrdy. Bugra han özüniň mal-mülküni we işlerini tertip-nyzama saldy.

Emir Razy bu amatly pursatdan peýdalanyp derýadan Amula tarap ötdi. Ol Bugra hanyň Buhara gelmeziniň öň ýanynda özüniň wezir-wekillerini, hajyplaryny we hyzmatkärlerini alyp bu ýerden çykyp gaýdypdy. Emir Razy Abu Aly Balgamynyň wezirligine daýanýardy. Emirligiň çar-töwerekden duşmanlary köpelipdi. Wezir bu ýagdaýda emirligiň işlerini tertip-nyzamda saklamakdan ejiz gelipdi. Çünki, onuň içerki ýagdaýy hem, daşarky ýagdaýy hem durnukly däldi. Onuň baýlygy hem ýagdaýlydy. Emirlikden gidýän adamlaryň san-sajagy ýokdy. Abdylla bin Uzaýr wezirlikden boşandan soň ylalaşman Horezme çykyp gidipdi. Emir Razy ony beýik wezipä bellemek niýetiniň bardygyny we oňa bu işi ynanmaklyga mynasyp-

dygyny habar berýän hat ýazmaklygy buýurdy. Ol hatda onuň wezirligi alyp barmagynyň ýurt üçin möhümdigini, onuň döwletiň öňünde öňki görkezen hyzmatlarynyň beýikdigini, ýurduň şu wagtky agyr günlerinde onuň bu kärde işlemeklige razy bolmaklygynyň uly goldaw boljakdygyny nygtady. Emma Emir Razynyň özi şer getiriji ýyldyzlaryň biridi. Onuň betniýetligigi Mawerannahryň beýik mertebeli adamlaryny türkleriň ýurdundaky Abu Aly Muhammet bin Simjur bilen hat alyşmagyna iteripdi. Simjur Ymadeddöwle («Döwletiň daýanjy») diýen lakama mynasyp bolupdy. Ýurt oňa göýä hozy gabygynyň gorap saklaýşy ýaly daýanýardy. Ol ýurdy ýumurtga ýaly döwmän, aýap saklamak bilen, ýurda ýardam berýärdi, ýurduň bähbitleri üçin asylly işleri durmuşa geçirýärdi. Ol ýurduna wepalydy we yhlasly hyzmat etmek bilen ony töwerekden gysylmakdan we içerki agzalalyklardan alyp çykypdy, Horasanyň baýlyk-malynyň elden gitmeginiň öňüni alypdy, ýurduň kuwwatynyň göterilmegi ugrunda köp çäreleri geçiripdi we birnäçe aýlap ýurduň geljekdäki işlerini kesgitläpdi. Soňra Nyşapurdan Sarahsa gitdi, bu ýerden bolsa Merwe bardy. Ol Merwde birnäçe aýlap saklandy. Bugra han bu wagtyň içinde halkyň goldawyna garaşyp, ahyry Jeýhunyň kenaryna çenli bolan ýerleriň adamlaryndan ýardam tapdy.

Emir Raza degişli ýerler diňe Mawerannahr bolup galypdy. Ol bu iki welaýaty birikdirdi, özüniň tarapdarlarynyň goldawy bilen ýurduň bezegine aýlandy. Ol ýurduň iki göreji ýalydy. Adamlar oňa arzyny aýdýardylar. Samanlylaryň merkezi döwleti göýä öz mütdetini ötüren ýalydy. Onuň bu üstünlikleri wezirlikden aýrylandan soň geldi. Soltan Amulda karar tapandan soň, oňa gizlinlikde hat iberipdi. Ol wezipäni taşlandan soň, bela-beter hem ony taşlady. Oňa özüniň ýolbaşçylyk ukybyny ýekelikde ýüze çykarmaklyga amatly pursat döräpdi. Oňa döw-

letiň bähbidine çapýan adamlary yzyna eýertmeklik başardypdy. Ol ata-babalarynyň döwletini özüne boýun egdiripdi. Onuň çagyryşlary özüniň degerli netijelerini beripdi. Netijede ýurt bir durnukly ýagdaýa düşüpdi. Ol töweregine ýaranlaryny we ýardam beriji adamlary jemlese hem diňe beýik Taňrydan umyt edýärdi we diňe Oňa eden ýazygy üçin ökünýärdi. Bugra hanyň Buhara hüjüm etmezinden öň oňa kömek sorap ýazan haty gelip gowuşypdy. Hatda goşunlary jemlemek we olary bir ugra ugrukdyrmak barada aýdylýardy. Bu hatlar birnäçe sanydyr. Men olary Abu Aly Damgana beýan etmek üçin sakladym. Döwlet onuň direg bermegine mätäçdi. Ol döwletiň başyny silkeýänleriň kasdyna çykypdy we atasynyň hem onuň goşunyndaky başga serkerdeleriň sözlän sözlerini sözleýärdi. Ol bu işler bilen çäklenipdi. Ol Emirilmöminin («Möminleriň emiri») diýen lakamy alýança hiç köşeşip bilmedi. Ol samanlylar neberesine eýe boldy. Emir Razy onuň bu mertebesini ykrar etdi we münberlerden onuň adyna hutba okalmagyny oňlady. Bir gün Emir Razy özüniň hyzmatyny hödürläp, onuň ýanyna ilçi iberdi. Ol zamanasynyň Aristoteli hökmünde tanalýardy. Ol Amulda mesgen tutup, bu ýurda köp yhlas etdi. Onuň dabarasy ýurduň çäklerinden daşary ýaýrady. Ol: «Eý, emir! Bu soltan bu gün sen näme buýursaň, şony berjaý eder. Emma bu günüň yzynda ertir hem bardyr. Sen özüňe bu ýagdaýdan ýagşy göreniňi we öz aklyňa laýyk bileniňi saýlap al» diýdi. Bu sözden emiriň gözi hanasyndan çykara, kalby eremäge ýakyn geldi. Onuň kalby gataldy we ol hiç bir zady oňa wada berip bilmedi. Emir Razy oňa biderek azar berendigi üçin ökündi, onuň beren ýardamyny ykrar etdi. Onuň adyna münberlerden hutba okalmagyny buýurdy, oňa ýagşylyk etdi. Ol oňa beren sütemlerinden toba etdi. Elbetde, beýik Taňry bendelerine sütem görkeziji däldir.

## BUGRA HANYŇ BUHARADAN GITMEGINIŇ WE EMIR RAZYNYŇ BUHARA GELMEGINIŇ BEÝANY

Emir Razy Bugra hany Buharadan çykarmaklyga razylaşdy. Ol ilkibada oňa gaýdyp barmaga ikirjeňlendi, soňra esgerlerini alyp, ol ýere ugrady. Oguz türkleri ony Buhara ýetmänkä ýoklamagy ýüreklerine düwdüler. Olar onuň yzyny ýolbars ýaly bolup, yzarlap gitdiler. Emir Razy ýolda agyr keselledi. Ol ölüm käsesinden şerbet içmekligiň ýakyn gelendigini duýdy, bu sebäpden Buharanyň ýoluny geçmeklige howlugyp, çalt ýöredi we oguzlara ýetdirmän Buhara sag-aman gelip girdi. Adamlar onuň mülküne gaýdyp gelmegini biri-birine buşladylar. Onuň ornuna gaýdyp gelmegine Buhara, Samarkant, bu ikisine golaý ýerler, ýurduň beýleki welaýatlary begendiler. Abu Aly onuň işini adalatly alyp barýandygyny görüp, özüniň betniýetlerini amala aşyrmakdan ýüz dönderdi, ony öldürmek baradaky kalbynyň ýigrenjini köşeşdirip, hile ulanmaklygy ýüregine düwdi. Ol Bugra hanyň Buhara hüjüm etmekligi karar edýänçä garaşmaklygy niýet edindi we özüniň Horasanda häkim bolan wagtyndaky adat edilişi ýaly onuň bilen we onuň goşunyndaky ýaranlary bilen hat alşyp durdy. Onuň ýaranlary mülki deň paýlaşmak şertine razy däldiler. Onuň bu pirimi başa barmady we onuň harby ýöriş etmek baradaky bu hyýaly olara garaňky bolup göründi. Onuň täleý käsesinden içen şerbeti isleg-arzuwynyň tersine bolup çykdy. Ol özüniň pirimi barada ýaran-

laryna geňeş saldy. Olar oňa emiriň ýakynlygyny gazanmaklygyny, onuň ynamyna girmekligi, häzirlikçe hile gurmaklygy bes etmekligi, ýekelikde hereket etmezligi, onuň erkiniň garşysyna gitmezligi maslahat berdiler. Ol mundan soň emire wepalylygyny görkezen kişi bolup gezdi, oňa ýagşy halat-serpaýlar we peşgeş-sowgatlar etdi, onuň kalbyny özüne çekmäge synanyşdy. Emma onuň täleý käsesinden içen şerbeti göwnüniň islän netijesini bermedi:

Emir Razy özüniň Abu Ala hilesi dek hile saldy.
Çagyrdy ol Faýygy, ol ýeňijiniň gapysyn kakyp geldi.
Emir delilleri ýüzüne basdy, Faýygyň ýüzi gyzardy, soldy.
Razy oňa söweşmegi teklip etdi, Faýyk muňa razy boldy.
Iki goşun düze çykdy, tüýdük-deprek ýaňyn çaldy.
Söweş başlap, gylyç-naýza işledi,
bedew atlar çarpaýa galdy.
Uruş gaty ganly boldy, köp maslyk meýdana doldy.
Faýygyň goşuny ýan berdi, emir ýeňiş baýdagyn ele aldy.
Faýyk ýeňildi, bar pikir-hyýaly halaslyk umydy boldy.
Öz başyn sag-salamat gutarmak üçin çar tarapa at saldy.
Gaçyp geçdi ençe ýoly, Emir ýetip,
atdan ýykdy, ýere çaldy.
Ýesir düşdi Faýyk,
boýnuna gulluk tanapy pugtadan saraldy.
Atyň yzyna tirkäp ony, Abu Alynyň gapysyna süýreldi.
Abu Alydan hemaýat sorady, kemsinmekden ýüzi garaldy.
Abu Aly ony hyzmatyna buýurdy, içi armandan doldy.

Ol keç ykbalynyň özüne görkezýän kemsitmelerine sabyrlylyk bilen çekip-çydady we Abu Alynyň hyzmatynda wepalylyk hem yhlas bilen durdy. Bir gün onuň alaçsyzlykdan gam-

gynlyk alamaty siňen ýüzüne säheriň umytlandyryjy mylaýym şemaly çaýdy. Ol bu ýerden Nyşapura gitdi. Onuň heniz hem kalbynda ar almak pikiri möwç urýardy. Ol ruhdan düşmeýärdi. Emir Razy we Abu Aly onuň içiniň düzelmeginden umydyny üzdi. Ol bu ikisinden adalaty talap etdigiçe, onuň bulara bolan ynamsyzlygy güýçlendi. Olaryň arasyndaky duşmançylyk ýitileşdi. Olaryň işlerini tertip-düzgüne salmaklyk emir Abu Mansur Söbükteginiň jogapkärçiligine ýüklenildi. Ol Hindistana beýik Taňrynyň sogabyny gazanmak ugrunda ýörişler etmeklige ähli güýji-kuwwaty bilen berilipdi. Bu emir Hindistany yslam ýoluna girizmekden Allatagala ýakynlyk tapmak maksadyny yzarlaýardy we ol egri ýoldaky adamlary Taňrynyň dürs ýoluna dogrulamak bilen ondan sogap hantamady. Ol bu ýurtda özüniň hökümdarlygyny ýöretdi we bu ýurtda öz pikirine raýdaşlyk bildirenleri sütemden, azapdan azat etdi.

Fahreddöwle ýyldyrym ýaly bolup, gözýetimiň iki tarapyny ganaty bilen baglap, howlukmaçlyk bilen Nyşapurdan Gürgene gaýtdy. Ony bu ýerde esgerler tagzym edip, boýun egip garşyladylar. Olar oňa maýyl bolmak meýilleriniň yhlaslydygyna we dostlukly garaýyşlarynyň çyn ýürekdendigine kasam etdiler. Olar ony atasyndan miras galan tagta oturtdylar. Onuň agasy bu welaýatyň işlerini tertip-nyzama salypdy. Beýik Taňry islänine şunuň ýaly edip mülk berýär we ol islendik adamsyndan mülküni yzyna gaýdyp alýar. Allatagala öz islän zadyny edip başaryjydyr.

Abylapbas Taş «Iki döwletiň şyhy» diýen lakam bilen meşhur bolan Abu Sagyt Şebibini Simjuryň garşysyna öjükdirdi we ony Fahreddöwlä ilçi edip iberdi. Ol birnäçe müň arap we türk atly esgerleriniň ruhy düşünjesini özgertdi, soňra Nyşapura geldi. Oňa bu ýerde Abylapbas Taşyň ussady Abu Muhammet Abdylla bin Abdyrazzak goşuldy. Ol Abylapbas Taşyň Abyl-

hasan bin Simjuryň garşysyna birleşmegine we güýçlerini bir ýere jemlemegine goldaw berdi. Abylapbas Taş Nyşapura gidip düşledi. Ondan öňürti bu ýere Abylhasan gelipdi, ony öňürti eýeläpdi we ornaşypdy. Ol bu ýerde Taşyň gelmegine atlylary bilen garaşýardy. Olar ellerini birleşdirdiler we şertnama baglaşdylar, soňra Nyşapuryň günbatar derwezesine baryp çadyr dikdiler. Ýerli ilat Abylhasan bilen birnäçe günläp çaknyşdy. Ol bu şäheri gala hökmünde berkitme edip peýdalandy we ýol-ýodalara gözegçilik etdi. Ol derwezäni daraltdy we ony berk gorady. Nejebi we Deýlemi halas eden türk esgerleri Abylapbas Taşa gelip goşuldylar. Abylapbas Taş olary uly goşunbaşylaryň biri bolan Firuzan bin Hüseýine eltdi. Abylhüseýin bin Simjur dag ötelgesini saklap uruşmak bilen olary dyza çökermekligiň mümkinligine göz ýetirip, gije şäheri terk etdi we Kuhystana tarap ýöredi. Ol ýeňilmek uýatyny kemsidilmek eşigi bilen örtdi. Abylapbas Taşyň esgerleri olaryň gorkup bir çete çekilendiklerini eşitdiler. Olar Simjuryň goýup giden köp ýüklerini olja edindiler. Abylapbas Taş Nyşapura girdi. Ol şäheriň gündogar tarapynda ýerleşýän düşelgesine ötdi. Abu Mansur Sagalyby bu wakany şeýle wasp etdi:

Zäherini gizläp, gülümjiräp ýürekleri awlan goşunbaşy.
Simjur ogly haýasyzlyk bilen ala saldy Abylapbas Taşy.
Gyş geçdi ýigrenç bilen, bahar geldi,
bir mylaýym sypap başy,
Betpäl Simjur ogly geçdi,
geldi Taş ogly, päk onuň içi-daşy.

Taşa ony dyzyna çökermek zerurdy. Ol özüniň Buhara ýykgyn edýändigini, bu wezipäniň jogapkärçiligini öz boýnundan düşürilmegini haýyş edip, hat iberdi we özüniň Buharanyň

erkine boýundygyny aýtdy. Ol özüniň nebsiniň ugruna hereket edip, döwlete eýe bolmak isleýärdi. Bu bolsa döwlet üçin söweşmekligini oňa wajyp edýärdi. Şonuň üçin oňa onuň ýagşy we ýaman işlerini iki elinde saklamak möhümdi. Onuň ýagşy günleri göýä dirilik ýaly, ýaman günleri bolsa, göýä ölüm ýalydyr. Men bir dostuma Ibn Mugteziň iki sany öli günleri üçin düzülen iki zat baradaky ýaşlygymda eşiden beýtimi aýdyp bererdim. Ol iki sany zat ýitirilenden soňra, iki gözden näçe ganly gözýaş dökseň hem, ol ikisiniň ondan bir hakyny hem berjaý edip bolmaz. Ol iki zat: ýaşlygy ýitirmek we söýgüliňden aýrylmakdyr. Wagtyň hökümi we ýagdaý bu iki zat üçin iki sany öli ýalydyr. Hüseýin bin Aly Merwerrudy aýtdy:

Elbetde, iki zatda özüňi saklamaklyk kyn bolýar gylawsyz,
Aýal özüne çekiji güýmenje,
ýaşlyk geçýän döwür ol jylawsyz.

Ibn Uzaýr utbylar neberesi bilen duşmançylygyny erjellik bilen dowam etdi. Ol emir Raza we onuň ejesine olary satyp başlady. Onuň ejesi patyşalyk mülküne kepilçilik edýärdi.

Taş Deýlemde goranýardy we Abylhüseýin bin Simjuryň işini hem ahmal etmeýärdi. Ol onuň baýamagyny we Buharanyň işlerini tertip-nyzama salmagyny isleýärdi, howlukmazlygy, ondan goldaw almaklygy, kuwwatlanandan soňra onuň üstüne wagşy haýwanlar ýaly topulmaklygy göz öňünde tutýardy. Häzirlikçe ol ejizligiň salan ýaralaryny bejermek üçin goranmaklygy, amatly pursata çenli garaşmaklygy, şeýle pursat gelen wagtynda aýgytly zarba urmaklygy ýüregine düwýärdi.

Abylhüseýin bin Simjur Parsdaky Abylfawarys bin Aduddöwlä hat ýazdy. Ol iki müňe ýakyn atly esgerleri bilen oňa tarap ýardam beriji elini uzatdy. Faýyk hem özüniň ýörite

ygtyýarly gulamlary bilen oňa goşuldy. Bularyň hemmesi at-ýarag bilen üpjün edildi we Abylapbas Taşyň üstüne gönükdirildi. Ýeriň ýüzi goşundan doldy. Ýurduň demirgazygy we günortasy bulara dar bolup göründi. Olar Nyşapura ýakyn gelenlerinde zabt edip almasy kyn bolan galany gabamak, şäheri eýelemek, goşunyň güýjüniň başarjaňlygy, biri-biriňe ýardam bermek barada olaryň arasynda agzalalyk döredi. Abylapbas Taş olaryň Abdylla bin Abdyrazzak, Abu Sagyt Şebibi, onuň gulamlary bilen ýöriş etmeklige garşy boldy. Olaryň arasyndaky çaknyşma gün dogandan tä ol gyýtak göz ýaly bolýança dowam etdi. Hüjümler olaryň güýjüni böleklere böldi we kuwwatyny gaçyrdy. Olaryň bu duran ýerlerinden tä Sarahsa çenli açlyk höküm sürýärdi. Açlyk bu ýerleriň çäginden hem daşary çykdy we olaryň kalplaryna howp saldy. Köpçülik bu söweş meýdanynyň basa-baslygyndan halas bolmak üçin giňiş meýdana çykanyny kem görmedi. Abylapbas Taş günüň ahyrynda uruşyň soňuna çykmaklyga mümkinçilik berjek hüjüm etdi. Bu hüjüm söweşiň ahyry boldy. Abylhasan we onuň ogly Abu Aly güýçli we niýeti durnukly bolan garşydaşa sataşdy. Olar oklara galkan tutup gaýtardylar, hüjümi ýiti gylyçlary işletmek bilen yzyna serpikdirdiler, olary özleriniň ilki duran ýerine çenli yza çekilmäge mejbur etdiler.

Deýlemli esgerler Faýygyň tarapynda saplary bulaşýança söweşdiler. Soňra alňasaklyga düşdüler, gylyçlaryň depelerinden inmek howpundan gorkup, aman soradylar we ýesir düşdüler. Olary Horasana, Buhara alyp gitdiler we tä ölümlerine çenli ýatar ýaly edip, zyndanlara taşladylar.

## ABYLAPBAS TAŞYŇ GÜRGENE GITMEKLIGINIŇ WE ABYLHÜSEÝIN BIN SIMJURYŇ GOŞUNLARA BAŞ BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Abylapbas Taş Gürgene tarap gitdi. Fahreddöwle Reýe tarap ugramak bilen ony Reýden bölüp aýyrdy we ony ilatyndan, esgerlerinden boşatdy. Ol emirligiň jaýyny oňat öý goşlary bilen, abat hazynalary bilen, altyn-kümüşleri bilen talap gitdi we elli müň dinary, iki million bäş ýüz müň dirhemi, gymmat bahaly geýimleri, gymmat bahaly daşlary, atlary, gatyrlary, mallary, ýaraglary göterip Kuhystana, Abeskuna, Astrabada baryp girdi. Bu baýlygyň galalary salmaga we wezir-wekillere bermelisinden galanyny Abylapbas Taş goşunyň ýolbaşçylaryna we esgerlere paýlap bermekligi buýurdy. Olar Horasanda ýagdaýy iň gowulardan boldular, bol-telkilikde, naz-nygmat içinde ýaşadylar. Fahreddöwle baýlygy köpeltmek üçin Tabarystandan bu ýere ýükleri getirýärdi. Ol esgerleriniň we beýleki adamlarynyň ýagdaýyny gowy halda saklamak isleýärdi, musulman doganynyň gowy ýaşamagyna göripçilik etmeýärdi, ýoldaşyna mülküň zadyny gysganmaýardy, olara ýagşylyk etmäge çalyşýardy, olara dözmezçilik edýärdi, olar bilen içgin gatnaşmaga we olara jomartlyk etmäge ymtylýardy, şeýle hem Horasany eýelemekde geňeşçi bolanlara mähribanlyk edýärdi. Olar öňküleriň tersine oňa Horasanda ýaraşyk we parahatçylyk ýoluny saýladylar. Ol bir gün: «Abylapbasyň hukuk üstüne hu-

kugy bardyr. Eger onuň bilen beýik Taňrynyň maňa rysgal edip beren şu mülküni paýlaşmaly bolsam, onda men şu köýnegiň bagjygyny hem paýlaşmaly bolardym. Çünki, ol meniň şu mertebäm onuň şärikligi bilen gazanylan zatdyr» diýdi. Ol özünden öň onuň emirlik ornuna ýüreginden gyýylýandygyny, ony aşa gowy görýändigini, ýat ýurtda bolsa hem, oňa ýardam berýändigini aýtdy. Onuň iki dogany Aduddöwle we Muweýýeddöwle Abylapbasy köp baýlyk bilen onuň ýanyna Horasana iberipdiler. Olar soltan üçin beýle baýlygy ýylda gönderýärdiler. Bu baýlyk birinjiden soltan üçin, ikinjiden dürli reňkdäki geýimler, dürli harytlary Yraga iberilmek üçin niýetlenilýärdi. Ondan tama eder ýaly ýagdaý, aýdar ýaly söz galmaýardy.

Abylhüseýin bin Simjur Abylapbas Taşa köp maslahatlar berdi we oňa wepaly hyzmat etdi. Abylapbas Taş Gürgende üç ýyl otyrdy. Ol soltanyň hyzmatynda yhlas bilen durup, göripçilik alamatlaryny ýüze çykarmady, onuň hökümdarlyk hakyny inkär etmedi, Horasandan çykyp gitmedi we onuň erkine boýun sunup, hökümdarlyk mülküne wepalylyk bilen gözegçilik etdi. Ol Abu Sagyt Şebibini Fahreddöwläniň Horasana gaýdyp gelmegine ýardam bermek üçin iberdi we ony kürtleriň üstüne ýörişe ibermek üçin goşun taýýarlady. Abylapbas Taş iki müňe ýakyn batyr esgerlerden ýygyn düzdi. Soňra gatnaşyk açmak üçin Nasr bin Hasan bin Firuzana hat iberdi. Onuň özi Kumysda ornaşdy. Ol özleriniň onuň ýurdy bilen haryt çykarmak, haryt getirmek ýaly söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak meýilleriniň bardygyny tassyklady. Abylapbas Taş bu pikirini Husameddöwläniň erkine laýyklykda amala aşyrmak isleýärdi. Onuň edýän hereketi Husameddöwläniň erk-ygtyýaryna görädi.

Ol Abu Sagyt Şebibä bolsa bu işe girişmekligi tabşyrdy. Şebibi Firuzana we onuň esgerlerine peşgeş-sowgat etmek üçin köp zady göterip Gürgenden Kumysa tarap ýola düşdi. Nasr

myhmanlaryň öňünden çykyp garşylamak üçin ibn Hazramyny goşun bilen olara tarap ugratdy. Emma Nasryň kalbyna bet-hyýal geldi we bulary talamak isledi. Olar myhmanlaryň çepinden-sagyndan gylyçlaryny ýalaňaçlap garşylap, olary ýesir aldylar we ýesirleri ýeriň aşagyndaky zyndana taşladylar. Zyndanyň içinde kömür ýakdylar we onuň deşiklerini ýapdylar. Esirler zyndanyň howasynyň gyzmagyndan we onuň içine kömürturşy gazynyň ýaýramagyndan demigip öldüler. Olar sowgat üçin iberilen zatlary, at-ýaraglary özlerine aldylar we bu hyýanatçylykly etmişleri bilen göwünlerini hoşladylar. Olardan birnäçe diri galanlaryny bolsa, Reýe tarap kowup goýberdiler. Olar Fahreddöwläniň ýanyna gelip, bu hyýanatçylykly wakany oňa beýan etdiler. Ol ony Husameddöwlä habar berdi. Husameddöwle bu waka gaty gynanyp, Fahreddöwlä goşuny ýörişe taýýarlamagy buýurdy. Fahreddöwle goşun bilen Astrabada ugrady. Abylapbas Taş hem Astrabada tarap howlukdy. Ol Hazarhanda çadyr dikdi. Bu iki goşunyň maksady duşmany gabamakdan we ony gysaja salmakdan ybaratdy. Olar ondan ar almak isleýärdiler we gözläp, onuň yzyndan gelipdiler.

Nasr olara boýun bolmak bilen başyny halas etmek isledi. Ol bulardan gorkup, özüne rehim edilmegini sorady. Soňra iki goşunyň başçylaryna ötünç sorap hat ýazdy. Nasr bu eden günä işine ökünýändigini, Husameddöwläniň özüne rehim etmegini we bagyşlamagyny haýyş etdi.

Fahreddöwle onuň ýaşlygyny we garyndaşlygyny göz öňünde tutup, onuň bu haýyşyny kabul etmäge meýil etdi. Abylapbas Taş Horasanyň işlerini tertip-nyzama salmak üçin Gürgene gaýtdy. Fahreddöwle doganynyň ogly gideninden soň, özüni ýeke çykan ýaly duýdy. Onuň ýoklugynda abraýy pese gaçdy. Onuň bilen goşunbaşylar bäsleşdiler. Onuň ýanynda batyr esgerleri bar bolan kürtleriň goşunynyň goşunbaşysy Bedran

bin Hasnaweýh galdy. Bedran bin Hasnaweýh ýyrtyjy haýwan ýaly goşunlary bilen Huzystanyň köp bölegini eýeleýänçä söweşdi we oňa köp ýardam berdi. Abylapbas Taş Firuzan bin Hüseýin bilen Basranyň ýanynda duşdy. Ol ony ýok etmek isleýärdi we ondan öz esgerlerine eden «myhmanparazlygy» üçin ar almaklygy ýüregine düwýärdi. Firuzan Musa derýasyndan ötüp, bu ýerde Bahaeddöwläniň Basranyň ilatyndan bolan esgerlerinden goşup goşun düzdi we köp goşun jemledi. Ol ýollarda köp adamlary goýdy. Ahwazyň hemme adamlaryny ýollara çykardylar. Ýollar adamlardan ýaňa dykyn aldy. Ol adamlaryň arasyna girmek bilen gizlendi. Olar onuň yzlaryny bozdular. Onuň goşunlary Mosuldan Basra tarap süýşüp ugrady. Abylapbas Taşyň ýaranlary ibn Firuzanyň güýjüni-kuwwatyny we adamlarynyň köplügini görüp, yzyna aýlandylar. Ibn Bedran olara ýakyn geldi, olaryň aňtaw güýçleri oňa böwet bolup geldiler. Ol bulardan gorandy we bu böwedi böwüsjek bolup, güýçden gaçdy. Bu ýagdaý bulam-bujarlyga getirdi. Olaryň ýeňilmegi tä Fahreddöwläniň ýanyna barýançalar dowam etdi. Ol bu wagt Ahwazyň bazaryndady. Oňa bu ýerde ýagdaýlarynyň teňdiginden şikaýat etdiler. Olar özleriniň adatlaryna görä mal talap etmeklik üçin ýygnandylar we onuň daşyna üýşdüler. Olaryň ruhy tarapdan howlary basylypdy we ahlaklary bozulypdy. Fahreddöwle bu ýerden Hemedana gaýtdy. Ol ýaraşyga razy boldy. Soňra Hemedandan Reýe bardy. Bu waka 377-nji hijri (988-nji milady) ýylynda bolup geçdi. Bu ýylda Jürjany garahassalyk keseli gurşap aldy. Ol Jürjanyň çäklerinden daşary ýaýrady. Abylapbas Taşyň ýaranlary, goşun ýolbaşçylary we tanymal adamlary heläk boldular. Şu ýylda Abylapbas Taş hem öldi. Haçan onuň ölümi Jürjanyň ilatyna aýan bolanda, olaryň hemmesi bir adam ýaly bolup onuň ýaranlarynyň üstüne bardylar, olary öýlerde, hüjrelerde gabadylar. Olardan uly kiçi,

sylagly-sylagsyz adamlaryň hemmesi ýurduň işini tertip-düzgüne salmaklaryny, adalatlylygy ýola goýmaklygy, günäkärlere berk jeza bermekligi talap etdiler. Esgerleriň ýüzünde howsala alamaty peýda boldy. Olar tutuşan kömrüň ody ýaly bu uçgunyň üstüne ylalaşyk suwuny guýmak bilen öçürmekligi makul gördüler.

Adamlar öňde duran işleri takyklamak, olary ýaýbaňlandyrmak we olary ökdelik bilen alyp barmak üçin ýaramly bolan emiri saýlamaklygyň maslahatyny şäheriň çetinde geçirmekligi maslahat bildiler. Olar öňki emiriň aýal doganynyň ogly Abu Ahmedi emir saýlamaklyga ylalaşdylar we oňa wepalylyk kasamyny etmekligi talap etdiler. Öňki emiriň hazynasyndan çykan maly-mülki we hüşür-zekatdan ýygnalan serişdäni onuň ygtyýaryna geçirdiler. Adamlaryň gahar-gazaby köşeşdi, gowgalary ýatyşdy. Hökümdarlar yzly-yzyna çalyşdylar, olar Horasanyň aýallarynyň uýat ýerlerine bihaýalyk bilen ellerini uzatdylar. Bu ýagdaý adamlary olaryň garşysyna göterdi. Adamlar olardan gönelmeklerini talap etdiler. Olar atlaryna atlanyp, ähli güýçlerini Bekrabada tarap gönükdirdiler. Gagaramaýak adamlar olaryň ýurdy tozdurmaklygynyň we görkezýän sütemleriniň garşysyna gozgalaň turuzdylar. Olar goşunyň üstüne hüjüm etdiler. Wezir-wekiller boýunsyz kelle, goşarsyz el ýaly boldular. Olar bu giňişligi ölüleriň maslyklaryndan düşediler, ol ýere gan çaýkadylar, köşgi, galany zabt etdiler. Olar hökümdarlyk edýän gatlagyň adamlarynyň üstüne çozdular. Beýle ganly waka Ýezit bin Muhallabyň döwründen bäri gaýtalanmandy. Bu gatlak Jürjanyň ýaşulularyny adamlaryň üstüne aman soradyp we ýaraşyk baglaşmak isleýändiklerini beýan edip iberdiler. Olar beýik Taňryny kömege çagyrdylar we adamlary bularyň üstüne täzeden çozmaklykdan sakladylar. Ýurtda turan gozgalaň köşeşdi. Esgerleriň arasynda emir saýlamaklykda agzalalyk döredi. Goşunbaşylar, ýörite ygtyýarly gulamlaryň serkerdeleri

Horasana meýil etdiler. Köşk gullukçylary Fahreddöwläni goldadylar we onuň hyzmatyna bardylar. Ol ussat Abu Alynyň bu işe mynasypdygyny ýatlatdy. Abu Aly bu işi kabul etdi we Nyşapura tarap Abu Aly bin Simjur bilen birleşmek üçin ýola düşdi. Ol bu wagt atasynyň ornuna goşunyň eýesidi. Ussat Abu Aly köşk gullukçylary bilen onuň ýanyna geldi. Simjur bilen olara erkinlik berdi, soňra olar bilen Reýe tarap ýöredi. Fahreddöwle olary köşge gaýtaryp getirmekligi buýurdy. Ol bulara hormat-sylag etdi. Fahreddöwle bularyň mertebesini Abylapbas Taşyň hormaty üçin saklaýardy.

Jürjan şunuň ýaly gowgaly günleri başyndan geçirdi. Ussat Abu Aly adamlara gözegçilik etmek gullugyny ýola goýdy. Ol Gürgene hüjüm eden adamlardan köpüsini bir günüň içinde öldürdi, üç müňe golaý adamy dara çekdi we öz syýasatyny durmuşa ornaşdyryp başlady. Onuň haýbaty gün geldikçe göterildi, işleri ýola düşdi we ýagdaý durnukly boldy. Onuň hökümdarlyk eden günlerinde Jürjan bozuklykdan we bet işlerden päklendi.

## ABYLHASAN BIN SIMJURYŇ GOŞUNA BAŞ BOLMAGYNDAN TÄ ONUŇ IŞLERINE OGLY ABU ALYNYŇ EÝELIK ETMEGINE ÇENLI BOLUP GEÇEN WAKALARYŇ BEÝANY

Abu Aly atasy Simjura Abu Nasr Parsyny orunbasar hökmünde iberdi. Ol oňa Faýygyň edýändigi, döwlete eýe bolmak üçin kast edýändigi, onuň garşysyna köp ýörişler etmegi, ýurduň bähbidine ymtylmaýangygy, utanç-haýadan aýrylyp, günä işlerden saklanmaýandygy barada hat bilen ýüzlendi. Beýle etmek bilen ol Simjury onuň garşysyna goýmak isleýärdi. Simjur bu sözden soň Faýygy öz ýanyna çagyrmakdan we onuň ýardamyna daýanmakdan el çekip, Razy bilen duşuşmak, onuň bilen görüşmek, onuň pikirini we maslahatyny diňlemeklik üçin Mawerannahra tarap howlukdy. Razy bolsa Keş obasyna gelip düşledi we ol ýerde çadyr dikdi.

Emir Söbüktegin hem bu ýere gelip ýetişdi. Olar bu ýerde söweş ýaraglaryny, atlaryny we esgerlerini ykjam taýýarlap duşuşdylar. Razy ýaşlygy sebäpli emir Söbüktegine uly hormat goýýardy we düzgün boýunça oňa tagzym edýärdi. Onuň ýardam we üns bermekliginiň päk ýürekden bolandygy sebäpli, ondan emiriň göwni suw içipdi we oňa geçirimlilik edipdi. Atlar biri-birine goşuldy, esgerleriň saplary garylyşdy. Onuň gözi Razynyň ýüzüne düşdi. Ol heniz gelip ýetmänkä onuň

ýüzünden gorky alamatyny okady. Razy mülküniň ykbaly barada howsala düşýärdi.

Razy onuň bilen hormat-tagzym edip görüşdi. Heniz owazasy eşidilmedik ajaýyp bir dabara bolup geçdi. Emir Razy onuň bu ýere gelmegi mynasybetli kabul edişligi ýokary derejede gurnamaklygy we bu dabara wezir-wekillerini` hem gatnaşmagyny buýurdy. Ol oňa özüne Faýygyň we Abu Alynyň kast edýändiginden şikaýat etdi. Olaryň bu hyýanatçylygyna garşy uruş etmekligiň maksada laýykdygyny aýtdy. Şeýle hem özüniň oňa gulluk etmeginiň päk ýürekdendigini ýaňzytdy we ondan özüne ýurduna gidip, ol ýerden goşun jemlemekligi üçin we bu güýji olaryň garşysyna gönükdirmekligi üçin rugsat sorady. Çünki, Buharada adamlar tolgunýardylar. Oňa rugsatdyr ygtyýar berildi we çyn ýürekden goldaljakdygy barada wada edildi. Şundan soň olaryň her biri öz orunlaryna gaýdyp bardylar we işlerini düzetmäge girişdiler. Abu Aly hem bu şertnamadan soň söweşe taýýarlanyp ugrady. Ol öz ýaranlary bilen geňeşip, onuň öňe çykjak we yza gaýtjak ýoluna böwet goýdy. Olar oňa bu işde onuň penjesinden sypmak üçin çalt hereket etmekligi maslahat berdiler. Ol bu işiň üstünliginiň gaýmagynyň Fahreddöwle bilen şertnama baglaşmaklykdadygyny we äht edişmeklikdedigini laýyk bildi. Olar onuň gapdalynda bolmak bilen kyn boljak günlerine çenli güýç toplamaklygy makul gördüler. Abu Aly onuň ýanyna Abu Japar bin Zülkarneýni iberdi. Ol Fahreddöwle bilen Horasanda dostlaşypdy. Abu Japar bu ýerde oňa güýçlerini birleşdirmekde köp ýardam beripdi. Abu Japar onuň ýanyna baryp, onuň bilen dostlukly gatnaşyklary barada söhbet etdi. Soňra ol «Biziň ýaly dostlar el-ele berip, biri-birine hemaýat berseler, onda olaryň başarmajak işi bolmaz. Munuň özi hurma söwdagäriniň kärini

taşlap, dosty bilen ýurdundan göçüşiniň mysaly ýalydyr» diýdi. Ol: «Hurmany Mekgeden Medinä göçürmekligiň hajaty ýok. Ol Medinede hem bar. Emma onuň Pygamber alaýhyssalama ýardam bermeklik üçin göçenligi bolsa maksada laýykdyr. Bu ýagdaý olaryň arasyndaky dostlugy ýygjamlaşdyrýar we olaryň kuwwatyny artdyrýar» diýdi. Olaryň arasyndaky gürrüň göwnaçyklyk bilen dowam etdi. Soňra olar kätibi çagyryp, dostlukly gatnaşyk barada şertnamany baglaşdylar.

Jürjanyň häkimi Mamun bin Muhammediň we Horezmşa[16] Abu Abdylla Razynyň Amula ýöriş eden günleri Razy bilen ýakynlaşmak üçin köp yhlas etdiler. Ol ikisi bu wagt oňa köp mal we adam bermeklik bilen ýardam berdiler. Razy beren kömekleri üçin bu ikisinden hoşal boldy we olaryň hyzmatlaryny hem kömeklerini yzyna gaýtarmaklygy ýüregine düwdi. Ol Mamun bin Muhammede Nusaýy, Horezmşaga Abywerdi berdi we olaryň her biri bilen bu ýerleriň işlerini alyp barmaklyk barada aýratynlykda şertnama baglaşdy. Olaryň her bir özlerini tertip-nyzam bilen alyp barmaklyga päsgel berýän her bir kişiniň garşysyna berk gaýtawul berdiler. Abu Aly Nusaýda Mamun bin Muhammet bilen dostlukly gatnaşyk saklamaklyga köp yhlas etdi. Bu gatnaşyk ikisiniň arasynda öňden bäri gelýärdi. Olar birleşmäge meýil bildirip, Horezmşa Abu Abdyllaga hyýanat etdiler. Abu Abdylla Nusaýy olardan gorady. Çünki, bu şäher onuň dogany Abu Ybraýymyň hökümdarlygyna degişli welaýatdady. Bu ýerde düşlemeklik onuň täsirini aýyrmazdan mümkin däldi. Ol bu işi oňa geňeşmezden doganynyň ýaranlaryny kowmaklygy buýurdy. Horezmşa bu pursatdan peýdalanyp, eden işine şat boldy.

Bu wagt emir Söbükteginiň raýaty Gaznada güýç toplaýardy. Ol uly goşun jemledi, ätiýaçlygy elden bermän durdy.

Onuň goşunynyň öňüni piller çekýärdi, özi piliň üstüne münüp oturýardy. Ol pilleri hindi şalary bilen eden söweşlerinde olja alypdy.

Razy Jüzjana tarap ötdi. Ol emir Abylharys Faryguny bilen birleşip, emir Söbüktegin gelip ýetişmezden öň bu ýerde düşledi. Ýurduň goşunlaryna wekilçilik edýän dürli derejedäki harby adamlar we dürli mezhepdäki köp garamaýak halk bu ýere jemlendiler. Abu Aly we Faýyk Nyşapurdan Hyrada tarap atlandy. Olaryň ýanynda Ilmengu gulam hem goşuny bilen bardy. Ol bu ikisiniň janpenasydy. Olar töwerekdäki ýerleriň, Merwerrudyň, Badgysyň ýaşaýjylaryny özleriniň daşyny goramaklary üçin topladylar. Razy emir Söbükteginiň ugratmagy bilen Bag etrabyna ýetýänçä ýöredi.

Bu wagt Abu Aly emir Söbüktegine onuň atasy bilen dostlukly we ýygjam gatnaşyklary, ol gatnaşyklaryň ikisiniň birleşmegine alyp barandygy, gatnaşyklaryň uzak wagta çenli dowam edendigi, ol ikisiniň bilelikde söweşlere gatnaşandyklary barada ýatladyp bir hat iberdi. Abu Aly bu hatda emir Razy bilen özüniň arasynda ortada kepil bolup durmagyny, emir Razynyň kalbyndaky gahary köşeşdirmekligi, onuň gazabyny öçürmekligi, özüni gaçgaklykdan gutaryp, ýurduna eltmekligini sorady.

Emir Söbüktegin onuň bu haýyşyny kabul etdi. Ol Razydan oňa rehim etmekligini teklip etdi. Razy onuň bu teklibini oňlady we ony kabul etdi. Ol aradan göripçilik keselini aýyrmaklygy, garamaýak halky köşeşdirmekligi, gan döküşikligiň öňüni almaklygy makul gördi. Emir Söbüktegin bu teklibini ýerlikli deliller bilen tasa getirdi. Onuň sözi Raza güýçli täsirini ýetirdi. Emir Söbüktegin ony ýaraşyga gelmekligi razy etdi. Çünki, bu emir adatça gozgalaňlary ýigrenýärdi we göripçilik etmegi halamaýardy. Ol birnäçe mejlislerde Razydan dilden we hat üsti

bilen geçirimlilik etmegini sorady. Ol şeýle hem beýik Taňrydan özüniň gudratly rehimdarlygy bilen Razynyň köňlüne geçirimlilik, ýumşaklyk salmaklygy diledi we Raza beýle hereketiň asylly işdigini düşündirdi. Razy Abu Alynyň etmişleri üçin bäş million jerime tölemekligini şert goýup, bu ýaraşyga ylalaşdy. Emir Söbüktegin ýaraşyk barada gepleşikde gelnen netijeleri beýan edip, Abu Ala hat ýazdy. Onuň özi jerimäniň ýediden iki bölegini ýardam hökmünde taýýarlady, şeýle hem onuň ýaranlaryna, goşunyň uly wezipeli serkerdelerine bu jerimäni öz aralarynda ülüşlere bölüp, tölemekligi we Abu Alynyň salamat galmaklygyna ýardam etmekligi maslahat berdi. Bu ýagdaý onuň ýaşlygy we ýeňlesligi sebäpli ýüze çykypdy, ol hötjetliginiň öwezine jerime tölemeli bolupdy. Ol ýaraşygyň şertlerine ylalaşdy. Kürtleriň bir taýpasy gozgalaň turzypdy. Olar emir Söbükteginiň düşelgesine geldiler we gulamyny ogurladylar. Olar hüşgär bolmadylar. Emir Söbükteginiň ilçisi bularyň bu işini duýdy. Olar bu gulam üçin pul hantama boldular. Abylfazl Zyýady Abu Alynyň wekilleriniň biridi. Ol: «Seniň wekiliň nähili uly ýalňyş goýberýär! Seniň hojaýynyň bolsa, ýaraşmaklyga jan edýär» diýdi. Olar ýaraşyga yhlas etmek üçin adamlaryň ykbalyny gerdenlerine göterip çykmasy kyn bolan gaýalara dyrmaşdylar.

Bu habar emir Söbükteginiň gulagyna gelip ýetdi. Ol gazap bilen gözlege çykyp, olaryň ýeňse tarapyndan geldi we bulary mynjyratmaklygy ýüregine düwdi. Emma beýik Taňry onuň kalbyna ýagşylyk etmeklik niýetini saldy. Ol Abu Ala: «Sen gylyjyňy çal, naýzaň ujuny ýitelt. Men seniň ýanyňa ýaragyňy söweşe taýýarlamaklyk, gadamyňy kuwwatlandyrmak we goşunyň nyzamy bilen açyk meýdanda tanyşmaklyk maksady bilen geldim» diýdi.

Bu waka 384-nji hijri (998-nji milady) ýylynda[17] oraza aýynyň içinde Hoşgüni bolup geçdi. Ol çapyksuwarlary we pyýada esgerleri tertip-nyzama saldy, goşunyň sag hem çep ganatlaryny ykjamlady, saplaryň öňünde pilleri goýdy. Olar daşyndan göýä dagyň uly bir bölegi ýaly bolup görünýärdi. Razy onuň ogly Mahmyt bilen goşunyň ortasynda söweşjeň esgerleriň arasynda durdy.

Sapa duran bu goşunyň uly haýbaty köpleri howpa saldy.
Söweşiň öň ýanynda batyr ýigidiň ruhy has belende galdy.
Göýä ýer-dag titräp, gök ýyrtyldy,
ýyldyz ýer üstüne gaçyp geldi.
Gün tutuldy, gündiz-gijä öwrüldi, garaňkylyk älemi aldy.

Abu Aly emir Söbükteginiň göreldesine eýerip goşuny nyzama duruzdy. Ol Faýygy goşunyň çep ganatynda, dogany Abylkasym bin Simjury we Ilmenguny sag ganatynda goýdy, ortasyny wepaly we ynamdar serkerdelerini goýup berkitdi. Bu goşunyň waspy älemgoşaryň ýagtysy dek dürli reňkde öwüşgin berýän tawuslar ýaly tarypa eýedi. Älemgoşara günüň şöhlesi düşüp, ýeleklerindäki gözler ýylpyldady. Iki topar herekete geldi. Faýygyň topary Razynyň çep ganatyna tarap ugrady. Goşunyň öňi öňe tarap süýşdi. Abylkasym bin Simjur hem garşydaşyna tarap şonça ýöredi. Beýleki tarap hem şunuň ýaly hereket etdi. Ol ibn Şemsilmagaly bin Wuşmgiriň üstüne Abu Alynyň goşunynyň kalbyndan (ortasyndan) hüjüm etdi. Ony öz ornuna ymtylýandyr öýtdüler. Ol iki sapyň arasyna baryp ýetdi we arkasyny galkan tutup gorap, emir Razynyň duran ýerine bardy. Ol halas bolmaklyga çalşyp söweşdi we emiriň öňüne baryp durdy. Abu Alynyň tarapdarlary goranyp onuň ýoluny kesdiler.

Şol wagt emir Mahmyt Abu Alynyň goşunynyň kalbyna hüjüm etdi. Ol öz agramy bilen onuň egnini ýere gysdy. Bu söweşde turan tozan gözýetimiň öňüni baglady. Abu Alynyň ýaranlaryndan söweşer ýaly hiç kim galmady. Olar derbi-dagyn edildi. Goşun oňa hyýanat etdi, olaryň uly topary goşundan bölünip aýrylyp, yzyna gaçdy Bu ýagdaý onuň ýeňilmegine alyp bardy. Olar dar jülgede basa-baslyga düşdüler. Emir Mahmyt olaryň gerdenine awuly zarba urdy. Bu bosgun hiç tarapa aýlanyp bilmedi. Olar gylyçdyr naýzalaryň astyna düşdüler. Mahmydyň esgerleri köp emlägi olja aldylar. Olar bu uruşda agyr ýitgileri çekdiler. Diri galanlar ýaraşyk baglaşmagy soradylar. Abu Aly derbi-dagyn edilen goşunyň galan bölegini alyp, Nyşapura tarap yza çekildi. Abu Alynyň goşunynyň ýeňlişe sezewar bolandygy baradaky habar bu ýere ýaýrady. Ol goşunynyň böleklerini jemlemeklige taýýarlandy. Razy çadyr dikindi. Iki emir Söbüktegin we Mahmyt Hyradyň daşynda düşlediler. Emir Razy Söbüktegine «Nasyreddöwle», onuň mirasdüşeri Mahmyda Seýfeddöwle hem Waryseddöwle diýen lakamlary dakdy we Abu Alynyň ornuna goşunlara Mahmydy serkerde edip belledi. Mahmyt özüniň goşuny bilen Nyşapura tarap ýöredi. Adamlar özlerini buýsançly duýdular we ýürekler şatlykdan doldy. Abylfath Busty kätip aýtdy:

Söweşde ýeňip, ol «Döwlet gylyjy»
lakamyna mynasyp boldy.
Onuň dek ýardamçy ýok,
goldawyndan ýurdy aýak üstüne galdy.

Beýik Taňry oňa mülk berýänçä onuň Seýfeddöwle (Döwletiň gylyjy) lakamy ýörgünli boldy. Soňra Allatagala oňa paty-

şalyk mülküni bagyşlady we ol «Ýemineddöwle we eminel-mille» lakamy bilen äleme meşhur boldy.

Soňra olar Nyşapuryň bir ýerinden başga ýerine göçdüler. Abu Aly özleriniň biri-birleriniň habarlaryny eşidip, gijelerine ýatmady. Ol bu ýerden Gürgene gitdi. Ol Fahreddöwlä biri-biriňe kömek bermek baradaky özara düzülen şertnamany ýatladyp, oňa hökümdarlyk barada öz maksadyny we ýurtdan özüne ýer bölünip berilmelidigini beýan edip hat ýazdy. Abu Aly Abu Nasr hajyby özüniň doly ygtyýarly wekili edip belledi we özüniň düşen ýagdaýyny, ruhy we maliýe kömegine mätäçdigini aýtmak üçin iberdi. Abu Aly öňki bereketli günlerini yzyna dolap getirmek isleýärdi. Ol wekiline iki müň dirheme günlükçileri hakyna tutmagy, esgerlerine hak tölemeklikligi we bu çykdajylary Jürjanyň girdejilerinden almaklygy buýurdy.

Faýyk bahar gelýänçä gyşyň öler-ölmez ýuwundysy bilen oňňut etdi. Razy ony emir Söbükteginiň gatnaşmagynda ruhy tarapdan ejizledipdi. Seýfeddöwle Abdylla bin Uzaýr bilen ilki Nyşapura, soňra Tusa bardy. Ol Abu Aly bilen Faýygyň özlerini alyp barşyna gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Seýfeddöwle Mahmydyň hökümdarlygynyň täsiri ýüze çykyp ugrady. Ol özüne edilýän tagzym-hormatyň we hyzmatyň ýylysyny duýup, şek-şübhäni kalbyndan aýyrdy. Abdylla orunbasarlyk ganatlaryny ýaýyp gijäniň garaňkylygynda Merwe tarap adalat ýollary bilen özüni aýaman, töhmet atyna ýazgarmak gamçysyny urmak bilen guş ýaly uçup ýöredi. Razy Seýfeddöwläniň girdejilerini päklik bilen hasaba aldy. Ol girdeýjilerden ýurduň ýagdaýyny gowulaşdyrmak üçin, onuň eşretli güni üçin çykdajylar etdi. Soňra ogly bilen Merwe göçüp, ogly bilen bilelikde wezirligi ýöretdi. Soňra olar Buhara gidip, ol ýerde ornaşdylar.

Emir Söbüktegin we Seýfeddöwle Nyşapura baranlarynda bu ýerde adalat düşekçesini ýazdylar, howpsuzlyk sütünini ýokary galdyrdylar, öňden gelýän ýagşy adatlary oňladylar we köpçüligiň bähbidini goradylar. Adamlaryň kalplaryny şatlyk gurşap aldy, dogruçyllyk höküm sürdi, ýollar talaňçylyklardan aman boldy. Mähribanlyk kerweni sag-aman bu ýere gelip gowuşdy.

Soňra emir Söbüktegin Hyrada gitmekligi ýüregine düwdi. Ol ýola düşdi. Seýfeddöwle goşuna we köpçülige baş bolup, Nyşapurda galdy.

Abu Aly esgerlerini saklamak üçin özüne ýardam hökmünde Reýden getirilýän baýlygy artdyrmak meýlini etdi. Abu Nasr hajyp oňa: «Men seniň bu haýyşyňy teklip etdim. Fahreddöwläniň oňa jogaby şeýle boldy: «Döwletiň mysaly uly çeşme ýalydyr. Onuň käbir gözleri dykylýar we suwlary kesilýär. Adamlar bolsa, onuň näçe gözüniň bardygyny we çeşmäniň näçe şaha bölünýändigini bilmeýärler. Men bolsa hazynanyň baýlygyny tutuş Horasanyň hajatyna ýetirmeli. Biz diňe ol hajaty ýüzleý üpjün edip bilýäris. Şonuň üçin seniň bu haýyşyňy bitirmäge bizde mümkinçilik ýok» diýen haty iberdi.

Abu Aly onuň bu jogabyndan soň özüni ýerden çykan ýaly duýdy. Ol Faýyk we goşunbaşylar bilen işini dogry gurnamak barada maslahatlaşdy. Olaryň pikirleri biri-birine gapma-garşy geldi. Çünki, olaryň her biri işleriniň geljekdäki ýagdaýyny dürli görnüşde göz öňüne getirýärdi. Olaryň käbiri Raza tagzym edýändikleri, ýurduň bähbitlerini goramaklyga taýýardyklary, ýöne kömege mätäç bolup ýaşaýandyklary barada hat üsti bilen ýüzlenmekligi maslahat berdi. Faýyk Seýfeddöwle bilen söweşmekligi, onuň garşysyna çykmaklygy, toparlara bölünip amatly pursatdan peýdalanmaklygy, atasy bilen oglunyň arasyna agzalalyk salmaklygy teklip etdi. Ol bu ýagdaýyň ataly-ogluň güýjüni ga-

çyrjakdygyny we özlerine amatly pursat döretjekdigini aýtdy. Onuň bu teklibini köpçülik oňlady. Çünki, olaryň pikiri watana, ol ýeriň adamlary bilen söweşmeklige gönükdirilendi we onuň teklibi bilen deň gelýärdi. Olar onuň teklibine görä hereket etmeklige ylalaşdylar. Olar toparlara bölündiler, Abu Ala kömeklerini teklip etdiler. Şol wagt Ysmaýyl bin Abbadyň bu ýere gelendigi baradaky habar ýaýrady. Ol öň Abu Ala ýaraşyk baglaşmaga kömek edipdi. Ol Fahreddöwle bilen gatnaşygy gowulaşdyrmaga ýardam beripdi. Abu Aly onuň bilen duşuşmagy, oňa ýagdaýyny düşündirmekligi we ondan bu iş üçin ýardam bermekligini soramaklygy ýüregine düwdi. Emma ol bu dünýäden ötdi. Döwrüň şahyrlary onuň ölümine gynanyp mersiýe ýazdylar.

Abu Muhammet Hazyp aýtdy:

Eý soltanym, tarypyňy wasp edip,
hakyn ýerne salyp bilmedim.
Ölüm janyň alsa hem mertebäň galdy,
bu dünýä sen biderek gelmediň.
Seniň ölmüň aglatdy meni,
gynanjymdan ýas gününi bagladym.
Alymlaryň, şalaryň,
hemme adamlaryň ýürek-bagryn dagladyň.
Ezraýyl alyp gitdi janyň,
men yzyňda delmuradym, agladym.
Süleýman öldi, jynlar dagady, göribiň geçisin çagladyň.[18]

Abu Sagyt Rüstemi Yspyhany aýtdy:

Abbad ogly mylaýymdy, alçakdy, sahydy, mertebesi uly.
Taňrymyz gerekleýär munuň ýaly ahlagy gözel, ýagşy guly.

Abu Isa Münejjim aýtdy:

Alla kessin! Abbat ogly wezirden soň
siz bagtyýar bolmarsyňyz.
Siziň biriňiz bize wezir bolsaňyz, ornun tutup bilmersiňiz.

Abylapbas Zabýy aýtdy:

Eý, gapy, hany nirede seniň tutyň, tuty tutujylaryň seniň.
Näme üçin saklamadyň Ezraýyly janyn alanda bu ynsanyň?
Öldi ol, topraga siňdi jismi, ruhy göwreden aýryldy onuň.

Abylfath Busty kätip aýtdy:

Ötdi dünýäň eýesi, onuň dek sahy galmady ýeriň ýüzünde.
Ony elden aldyrdyk, aý şöhlesi tutuldy şol günüň özünde.

Abu Mansur Sagalyby aýtdy:

Hakykatda sen eýesi dünýäniň,
Ölseň hem meniň bagtyýar soltanym!

Haýa şerimi ýok Abu Ýahýanyň,
Ýer ýüzün almak-maksady onuň.

Almasa hem dünýäni eziz janyň,
Ahyretde hemra bolar imanyň.

385-nji (hijri (995-nji milady) ýylynyň rabygul owwal aýynyň içinde Abu Aly Gürgenden Juweýne tarap gitdi. Faýyk

oňa Isfaraýyna tarap, tä, Nyşapuryň çäklerine ýetýänçä gitmekligi teklip etdi. Bu ikisi urşa taýýarlandylar we Nyşapuryň çäklerine golaý geldiler.

Bu ikisiniň habary Fahreddöwläniň gulagyna baryp ýetdi. Ol emir Söbüktegine olaryň öňünden çykmaklyk barada hat iberdi we olaryň gelmegine garaşyp şäheriň daşynda çadyr dikdi. Bu ikisi howlugyp ýörediler we bu ýere gelip ýetdiler. Iki goşun Fahreddöwlä heniz kömek gelip ýetmenkä çaknyşdy. Uruş ody tutaşdy. Fahreddöwläniň ýeke özi bu ikisiniň garşysyna uruşýardy. Ol bu gadyr bilmez mahluklar bilen ykjam durup söweşdi. Söweş meýdany ölüleriň gyrmyzy ganyna boýaldy. Adamlar pilleriň aýak astyna düşdüler. Piller saplaryň sütünidi. Abu Alynyň ýaranlary gorky-ürküni unudyp, hüjüm etdiler. Olar biri-birlerini halas bolmaklyga çagyrdylar. Olaryň hemmesi bu çagyryşa ylalaşyp, hüjüme geçdiler.

Seýfeddöwle uly goşuny bilen emir Söbükteginiň düşlän ýerine gelip, onuň goşunyna birikdi. Seýfeddöwle göripleri amana getirmek üçin haýbat geýimini geýmek bilen, gozgalaňçylaryň boýnuna jeza tanapyny salmak we olary güýç bilen boýun egdirmegi ýüregine düwdi. Ol bu maksadyň agyrlygy sebäpli hindilerden we öz goşunyndan bolan asgynjaklary yza galdyrdy.

Bu wagt Abu Alynyň kalbynda özbaşdak bolmak we şertnama baglaşmak uçgunynyň tamasy tutaşdy. Emma beýik Taňry ykbalyň çözgüdini düýbünden başga tarapa aýlap, onuň bu tamasyny köki bilen kalbyndan sogurdy. Oňa heniz ol Nyşapurdaka iki emiriň yzyna eýermeklikligiň maksada laýykdygy duýdurylypdy we ol ikisiniň üsti bilen baýlyk gazanmagyň hem ikisiniň ýardamyndan peýdalanmagyň möhümdigi aýdylypdy. Emma Abu Aly başga ýol bilen gidipdi, aňy kütelen

kişiniň etmiş ýaly hereket edipdi we özüni erjellik bilen olardan daşlaşdyrypdy. Ol öz maksadynyň berjek ters netijesini öňünden görüp bilmändi. Ýakyn adamlarynda oňa bolan ynamsyzlyk döräp başlapdy. Onuň hazynasy boşdy we onda esgerlerini saklamak üçin serişde ýokdy. Ol esgerlerini netijesiz işe çagyrmak bilen goşunyň üstüne başaryp bolmajak wezipäni ýükleýärdi. Abu Aly Buhara özüniň eden jenaýatlaryndan ötünç sorap we ötünjini kabul etmekligi haýyş edip hat ýazdy. Ol emir Söbüktegine hem hat iberip, onda emir Seýfeddöwle bilen dowam edip gelen oňşuksyzlygyň sebäbini Faýygyň we beýleki harby ýolbaşçylaryň üstüne ýükledi, olary Jürjanyň Horasandan bölünip aýrylmagynda günäkärläp aýyplady. Ol öz maksadyny amala aşyrmaklyk üçin her hili pyssy-pyjurlyga ýüz urmakdan gaýtjak däldi. Nebsi ony Horasana alyp geldi. Ol ondan turzan gozgalaňy üçin ötünç sorady. Razydan ýalňyşlyklaryny we ötegeçmelerini bagyşlamagyny haýyş etdi. Emma ol hatynda kalbynda hyýanatçylykly tamakinçiligiň joş berýändigi barada hiç bir zat ýaňzytmady.

Emir Söbüktegin onuň hatlaryny ýurduň welaýatlarynda ondan aýrylyşanlara we onuň garşysyna gozgalaň turzan serkerdelere, esgerlere iberdi. Ol Abu Nasr bin Abu Zeýdi goşun bilen emir Halap bin Ahmediň üstüne Sistana, şeýle hem Jüzjanyň häkimi Abu Hars Fariguna goşun iberdi, emir Raza taýýar bolup durmaklygy we pursata garaşmaklygy tabşyrdy. Ol Horasanyň dürli ýerlerindäki goşunbaşylara çalt hereket etmekligi we özüne çar tarapdan ýardam bermeklikleri barada hat ýazdy. Emir Söbüktegin uly goşun jemledi. Onuň üsti bilen asmandan guş uçup geçip bilmedi. Bu goşunyň üstüne ok atsaň ýere düşjek däldi. Goşun töwerek-daşyň ýollaryny baglady.

Faýyk Tusa tarap yza çekildi. Ol emir Söbüktegine ýalynjaňlyk edip, birleşmekden we ýaraşyk şertnamasyny baglaşmakdan hantama bolup, hat iberdi. Ol beýle etmekden özüniň hilegärlik bilen basan aýak yzlaryny bozmak we hakyky ýüzüni gizlemek maksadyny yzarlaýardy. Emirleriň biri Tusuň emiregi Abu Ala boýun bolmaklyk, durnuklylyk, ylalaşmaklyk we dönüklik etmekligiň arasynda ikirjeňläp durdy. Bu iki emiriň biri Abu Alynyň ýanyna barmakçy bolýardy, beýlekisi bolsa näme etmelidiginden baş çykaryp bilmän otyrdy. Abu Aly ol ikisiniň üstüne özüne meýil etdirmek üçin we olary ýol urdurmaklykdan habardar etmeklik üçin Abylkasym fakyhy iberdi. Abylkasym fakyh ol ikisini aýak üstüne galdyrdy, olar bilen äht baglaşdy. Ol Abu Ala bu ikisiniň çalt birleşengigi barada hat ýazdy. Abu Aly ýola düşdi. Ýolda oňa Faýyk we Tabyran etrabynyň emiregi sataşdy. Bularyň özleri birleşmeklige we bilelikde söweşmeklige bolan meýil bilen ylalaşdy. Olar päk ýürek bilen biri-birini goldamaklyga we daýanç bolmaklyga gepleşdiler. Olar Andarahyň ýanynda düşlemekligi ýüreklerine düwdüler we ol ýerde çadyrlaryny dikdiler.

Abylkasym Abu Alynyň doganydy. Abylkasym onuň Hyrada tarap yza çekilmegini oňlady, ýöne işiniň ygtyýaryny Ilmengu gulama tabşyrmaklygyny halamady. Ol başga ýerde Abu Alynyň ady bilen gepleýärdi, onuň ýanynda bolsa, her bir işiň hökümini bilelikde çözýärdi. Bu gulam işleriň çözgüdinde haýal-ýagallyk edýärdi. Ol Nyşapura çozmaklyga ugralanda howlukmady.

Emir Söbüktegin atly goşuny Abu Alynyň garşysyna iberdi. Ol ony Tusuň daşynda dyza çökermek isledi. Atly we pyýada ýigitler çaknyşdylar. Olar uzakly gün söweşdiler. Gözýetimi garaňky baglandan soňra, olar düşelgelerine dolandylar. Abu

Aly harby ýolbaşçylar bilen urşy dowam etdirmegiň ýollary barada geňeşdi. Oňa Tusuň emiregi goşun bölümleriniň arasynda agzalalyk döremeginden hüşgär bolmaklygy we emir Söbükteginden durnuklylyk bilen üstün bolmaklygy maslahat berdi. Ol suw hem azyk bilen üpjünçilige aýratyn üns bermelidigini nygtady we öz esgerleriniň daşyna tuslylaryň pyýada goşunyny erjel we ýyrtyjy haýwanlar ýaly esgerlerini gorag goýup, gijäni geçirmeklige ündedi, şeýle hem gowuşgynsyzlygy aradan aýyrmaklyk bilen şowsuzlygyň öňüni almaklygy we goşuny bölek-bölek toparlara bölmekligi tabşyrdy. Tusuň emiregi şeýle ýagdaýda goşunyň aňly-başly, güýçli we tizlik bilen söweşjekdigini aýtdy. Onuň bu pikirini eşidenler närazylyk bildirdiler. Olar: «Biziň umydymyz adamlary olaryň garşysyna aýaga galdyrmakdan, wagt utmakdan ybarat. Biz erjellik bilen gaýtawul bermekligi wagt süýndürmeklik bilen, hüjüm etmeklige sabyrlylyk bilen çalyşýarys. Biz ölüme tarap ýöreýäris, olara hem ölüm käsesinden şerbet dadyp görmekliklerini maslahat berýäris» diýdiler. Şeýlelikde, olar belli bir çözgüde gelip bilmediler.

Ir bilen gün şapagy gyzaran wagtynda emir Söbüktegin we Abu Aly goşunlaryny jemlediler we söweşe ýolladylar. Emir Söbükteginiň goşuny her sapynda müň adamdan nyzama düzülendi. Olaryň öňüni piller çekip barýardy. Hatarlaryň arasyndaky boşluklary ýeňil ýaraglanan esgerler doldurýardy. Saplar biri-birine gelşik berýärdi. Abu Alynyň goşunynyň çep ganatyndan tozan göterilmeýärdi. Obanyň içinden onuň sag ganatynyň yzyndan emir Seýfeddöwle uly goşun bilen hüjüm etdi. Olaryň aýaklary titredi. Olar Abu Alynyň goşunynyň kalbynyň emir Söbükteginiň goşunynyň kalbyna hüjüm edendigini gördüler. Bu ýagdaý olara emir Seýfeddöwläniň hüjümini yzyna

serpikdirmäge mümkinçilik berdi. Ýöne olar goşunyň sapyny bozdular we dyknyşyga düşdüler. Emir Söbüktegin özüne hüjüm edenleriň daşyny gabamak üçin hereket etdi. Onuň ýörite ygtyýarly gulamlary bu hüjümi gaýtardylar. Olar yzyna tarap aýlandylar. Seýfeddöwle bularyň yzyndan öňe okduryldy. Netijede, olar iki emiriň esgerleriniň arasynda doly gabawa düşdüler. Iki tarapdan olary gylyçlar çapdy. Iki goşunyň esgerleri garym-gatym boldy. Piller holtumlary bilen çapyksuwarlary çekip alyp başladylar we olary ölüleriň arasyna bulap urdular. Seýfeddöwle bu bulaşyklyga gelip ýetdi. Ol bulara gylyç urgularynyň ýagşyny ýagdyrdy. Eger Rüstem Zal öz döwründe beýle wakany eşiden bolsa, munuň ýaly batyryň hyzmatynda durmak bilen gylyç oýnamagyň tärlerini öwrenerdi we özüniň şunuň ýaly adama hyzmata durandygy bilen öwnerdi!

Gabalanlar tozanyň astynda dirilik bilen ölümiň arasyna düşdüler, olaryň ruhlary agzalalyk külüne garyşdy. Atlar gana bulaşan esgerleri görüp we ýaralylaryň iňňildisini eşidip, çarpaýa galdylar.

Emir Seýfeddöwle diri galan duşmanyň söbügine düşdi, olaryň üstüne batyrgaýlyk bilen hüjüm etdi. Şeýle hem olaryň dagyň jülgesine siňip gitmekliginiň öňüni aldy. Ýesir düşenleriň arasynda Abu Aly Bugra hajyp, Begtegin Fergany, Arslanbeg, Abu Aly bin Tuştegin, Emasar bin Sajaf Ruzaljikli, Leşgeristan bin Abu Japar Deýlemi bardy. Bular Abu Alynyň görnükli harby adamlarydy. Olar goşunyň sütünleridi, ýardam beriji gollarydy.

Abu Aly we Faýyk bu ýerden gaçdylar we olar Kelat galasynda düşlemekligi ýüreklerine düwdüler. Bu beýik galanyň üstünden çapgyn ýeller ösýärdi we gözüňi açmaga päsgel berýärdi. Bu ikisine Tusuň emiregi we söweş meýdanyndan diri

sypanlar gelip birikdiler. Abu Aly Nyşapuryň derwezesiniň ýanynda olja alan pilini hem bu ýere alyp gaýdypdy. Emir Söbüktegin pil gaýtaryp berilse, olara rehim etjekdigini ýatladyp hat ýazdy. Hat olara baryp gowuşdy. Olar bu işi etmeklige Abu Alydan rugsat soradylar we ondan soň özlerini halas etmekligini haýyş etdiler. Ol pili yzyna gaýtarmaklygy Tusuň emiregine tabşyrdy. Abu Aly we Faýyk Abywerde tarap ýola düşdüler. Tusuň emiregi pili emir Söbüktegine ugratdy. Şeýle hem ol oňa bu ýerde ýeke özüniň galandygyny we onuň hyzmatyna durmaklyga taýýardygyny ýatladyp hat ýazdy. Şeýlelikde, ol öz janyny saklady we Abu Ala ýakynlykdan daşlaşdy.

Bu wakany beýan edip, Abylfath kätip aýtdy:

Başarjaň hem batyr är hökmünde bakardym men Abu Ala.
Soltana baş göterdi, ýeňildi, gaçyp bardy bir gala.
Gorkdy ol bu ýerde hem durmaga, gaçdy soltandan ol-a.

Abu Aly we Faýyk Abywerde tarap gitdi. Abu Aly bu ýerden Nusaýa gitmekligi ýüregine düwdi. Emma Faýyk ony Sarahsa tarap gitmeklige yrdy. Ykbal Abu Alyny, onuň ýanyndaky gulamlary kyn güne saldy. Faýyk onuň hyzmatynda durmaklykdan boýun towlady we ol ondan aýrylyşyp gitmekligi maksat edindi. Abu Aly oňa: «Men nähili ýagdaýa düşsem hem senden aýrylyşmaryn. Biz kyn günde hem, aňsat günde hem bilelikde çykalga tapmalydyrys. Biz bu pikir çölünden dogry ýola çykarjak pursat atyny biri-birimize daýanyp münmelidiris. Sen işleri dogry ýola goýmalysyň. Men seniň pikiriňe eýerýärin. Ine, indi bolsa men seniň yzyňda durun» diýdi. Ol ikisi ylalaşdylar we Sarahsa tarap ýörediler, ol ýerden bolsa Merwe gitdiler.

Emir Söbüktegin ol ikisiniň Abywerde tarap gidendikleriniň habaryny eşitdi we olaryň yzyny yzarlap ýola düşdi. Emir Söbüktegin Nyşapuryň işlerini alyp barar ýaly orunbasar belledi we oňa Nyşapur bilen Abywerdiň işleriniň üstüne Merwiň işlerini hem ýola goýmaklygy tabşyrdy. Soňra ol geçmesi kyn bolan çöli kesip geçip Amula bardy.

Abu Aly wezirleri Abylhüseýin Muhammet bin Kusaýry we Faýyk bin Abdyrahman bin Ahmet fakyhy Razydan özüniň we dostlarynyň hukuklaryny talap etmeklik üçin Buhara iberdi. Emma ol Abylhüseýin bin Kusaýry yzynda işden çetleşdirdi. Ol Abu Ala Jürjaniýýa özüni bellemekligini umyt edip hat ýazdy. Abu Aly onuň bu haýyşyny yzyna gaýtardy. Ol Abdyrahman bin Ahmedi tutmaklygy we zyndana taşlamaklygy buýurdy. Buharadan käbir wezipeli adamlary hat bilen Mamun bin Muhammediň üstüne we Jürjaniýýa hojaýynlary bilen iş hasabyny geçirmek üçin iberdi.

Faýyk onuň wekilini närazylyk bilen kabul etdi. Ol derýanyň aňyrsyna ötmekligi ýüregine düwüp, Ilekden gaçybatalga isledi, ony başyna düşen ýagdaýdan çykmaklyk üçin kömege çagyrdy we Abu Ala hem ýardam bermegini, onuň birleşmegini sorady. Onuň maksady Abu Alyny ikisiniň arasyndaky goşun bölümi bilen Jürjaniýýa ugratmakdan, oňa ýardam bermekden we güýçlerini bir ýere jemlemekden ybaratdy. Olar iki bolup, bu döwletiň garşysyna gurnan işlerini dowam etmek isleýärdiler.

Abu Aly öz ýardamyny geljekdäki işlere siňdirmekligi, ýakyn işlerden çetde saklanmaklygy saýlap aldy. Ol häzirlikçe bu ýüki gerdeninden düşürdi ýüpüni we ýüküni ýygnap goýdy. Ol bu ýüki beýik Taňrynyň razylygy üçin götermändi. Allatagala onuň bu işini puja çykardy, Faýyk ikisiniň düşelgesini aýyrdy.

Faýyk Ilekden ýagşylyk hantama bolup, derýadan aňry ötdi. Begtuzun hajyp Buharadan çykyp, onuň yzyny yzarlady. Ol ikisi Nesefiň çäklerinde sataşdylar we çaknyşdylar. Olaryň ikisi hem söweşip güýçden gaçdylar. Faýyk Ilekden ötünç sorady. Ol ony kabul etdi we onuň howpsuzlygyny üpjün etdi. Ilek ony maksat edinen ýoluna ugratdy.

Abu Aly bolsa ýoluny ýalňyşdy. Ol eden jenaýatlarynyň agramyny gerdeninde göterip, ýagşy pursatlaryň özünden ötendiginden ökünip, ýol ýöredi. Şeýle günleriň ötmegi bilen onuň kuwwatly eliniň güýji gaçdy. Ol keç ykbalyndan närazy bolup, gamgynlyk ýoluna düşdi.

Abu Hatym Hunaýfy aýtdy:

Taňry bendesine ýagşylygy islese, akyl berer, aň berer.
Şeýle bende bet işlerden çetde durar,
halallykda günün görer.
Ol bendesin synamaklyk islese,
nadan eder, aklyn kem berer.
Ol synagdan geçmese, keç ykbalyndan
nalap gezer, gamgyn ýörer.

Abu Aly Jürjaniýýa tarap ýöredi. Ol bu ýerden Hazaraspa aşmak isleýärdi. Hazarasp Horezmiň günbatarynda ýerleşýän bir obady. Ony bu ýere Horezmşa iberdi. Ol Horezmşadan ötünç sorady. Abu Aly iki müňe ýakyn esgeri bilen bu oba gelip ýetdi.

Maňa Abu Alynyň ynamdar adamlarynyň biri Abu Aly Hyşamy şeýle gürrüň berdi: «Men onuň wekili bolup, Horezmşa Abu Abdyllanyň ýanyna bardym. Ol maňa Abu Ala nesihat hökmünde ibn Mugtezziň şu setirlerini aýtdy:

Duşmanyň ýok etmezden işe başlama,
pursat gelse çyk hakyndan.
Sen duşmanyň gapysyndan ilki
barmasaň, ol öň geler gapyňdan.
Soň ökünersiň muňa, peýda bolmaz,
mekirdir ýagy seniň çakyňdan.

Men bu sözi Abu Ala aýdyp berdim».

Bu waka onuň Abu Abdylla bilen duşmagyndan öň bolup geçdi. Abu Abdylla oňa ýagşylyk edipdi. Ol wagt Abu Aly bir gala baryp düşläpdi. Abu Aly öňünde betbagtçylygyň bardygyny bilmeýärdi. Ol her bir işiň, her etmişiň muzdunyň bardygy, muzduň tiz bolsa hem, haýal bolsa hem beriljekdigi, ol muzduň gowulyk, ýa-da ýamanlyk hökmünde geljekdigi barada oýlanmaýardy. Şol gije garawullar betbagtlygyň boljakdygyndan bihabardylar. Beýleki adamlaryň gözlerine uky gelipdi. Asmanda ýyldyzlar petreşip durdy. Uzakdan deprekdir surnaýyň sesi eşidildi, atlar kişňediler. Abu Alynyň söweşmek we maksadyny amala aşyrmak üçin düşlän galasynyň daşyny öz esgerleri gabadylar. Olar duşmançylyk oduny ýakdylar. Abu Alynyň janpena gulamlary ony goramak üçin ykjamlandylar. Şol wagt Horezmşanyň wekili peýda boldy. Ol ondan: «Sen bu ýere näme üçin geldiň?» diýip sorady. Ol: «Meni Horezmşa bu ýere iberdi. Ol maňa seni alyp gelmekligi buýurdy» diýdi. Soňra ol Abu Ala mylaýymlyk bilen tagzym etdi. Aýdylyşyna görä:

Kiçi göwünlik kalbyň gozgalaňyn ýatyrýar.
Ol hötjetlikden düzelmäge peýdasyn ýetirýär.
Ol bedenlerden lellimlik gylygyn ýitirýär.
Ol hormaty galdyrýar, hem mertebäni getirýär.

Abu Aly Horezmşanyň ýanyna ýetmeklige howlukdy. Olar uzak ýol ýöräp, derýadan aňry ötdüler. Bu waka 386-njy hijri (996-njy milady) ýylynyň oraza aýynyň içinde Ruhgününiň gününiň säherinde bolup geçdi. Horezmşa oňa birnäçe galanyň ykbalyny ynandy we işini akylly-başly alyp barmaklygy tabşyrdy. Ol ýaranlaryna we serkerdelere talaby güýçlendirdi. Ol duşmanynyň görnükli adamlaryny we daýanç bolup duran sütünlerini ýesir aldy. Onuň goşunbaşysy Ilmengu han tarapdarlary bilen ujyz sypdy we ol Jürjaniýýa tarap gitdi. Hazaraspda düşlän serkerdeleri we goşun bölümlerini Ynjyň huny üçin ar almaklyga çagyryldy. Bularyň elinden ujyz sypanlar ýurduň içine dagadylar. Olaryň galanlaryny kemsitmek bilen tussag etdiler. Olar Jürjaniýýanyň häkimi Mamun bin Muhammet beýik Taňrynyň erki bilen halas edýänçä zyndanda ýatdylar. Ol Abu Alynyň habaryny eşitdi. Ol Horezmşanyň ony goldandygy, Abu Alynyň etmişleri barada eşidip ynjalyksyzlandy, kalbyna gazap uçguny düşdi, işlerini tertibe salýança ukudan galdy. Kömeksiz galanlara ýardam edip uly goşun iberdi. Ol bu hereketiniň üsti bilen olaryň agyr işlerini ýeňilleşdirmek maksadyny yzarlaýardy, howply meýilleriniň daşyna galkyndyryjy howuz salmak isleýärdi.

Olaryň arasy bilen Abu Alynyň ýörite ygtyýarly adamlarynyň biri Ilmengu barýardy. Olaryň kalbynda göripçilik at salýardy. Keç ykbal olary kyn günlere düşüripdi. Olar göýä dowzah oduna barýan ýalydylar. Olar Horezmşanyň şäheri bolan Käse baryp, ony boýunturugyň boýnuň daşyny gurşap alşy ýaly gabadylar, ähli tarapdan urşa başladylar, şäheriň adamlaryny derbi-dagyn edýänçäler söweşdiler, diri galanlary ýesir aldylar we şäheri weýran etdiler. Şäherliler Horezmşany olaryň ellerine berdiler. Olar Abu Alyny tutdular, onuň aýaklaryna

gandal urdular. Abu Alynyň we Horezmşanyň eşretli güni kemsitmä aýlandy. Olar bularyň ikisini hem ýesir aldylar. Beýle işi etmeklik beýik Taňra kyn däldi. Olar Abu Alyny we Abu Abdyllany Jürjaniýýa tarap alyp gitdiler. Bu ikisi ar-namysyň astynda galdylar. Ýolda bulara Mamun bin Muhammet sataşdy. Ol Abu Ala tagzym etdi. Abu Abdylla kemsidilmek belasyndan gutuldy. Mamun bin Muhammet Abu Alyny mertebeläp hormat-sylag etdi, oňa peşgeş-sowgat eçildi, ony ýesirlikden halas etdi. Onuň hor-homsy günleri eşrete aýlandy. Ol ony öz mejlisine kabul etdi, oňa mejlisde hormatly orun berdi, oňa dabara käsesinden mähribanlyk şerbetini içirdi. Abu Aly Horezmşany bu ýere getirmekligi haýyş etdi. Ony aýagy gandally bu ýere getirdiler. Ol özüniň bu ýagdaýyndan utanyp, gyjalat ýüküni gerdeninde göterdi. Ol gandalyň sesine namys edýärdi. Onuň gözleri diňe ýere seredýärdi, nazary agaja kakylan çüý ýaly bolup ýere girýärdi. Ol egniniň üstünde kellesini nirä gizlejegini bilmeýärdi. Onuň ýaş başy kyn ýagdaýa düşüpdi. Elbetde, beýik Taňry öz islän zadyny edýär. Horezmde Mamun bin Muhammet üçin eşretli günler geldi we münberlerden öz adyna hutba okalmagyny buýurdy. Razy Horezmşanyň aragatnaşyk gullugynyň işlerine ýöretdi. Ol Abu Alynyň işlerini ugrukdyrmaklygy Mamun bin Muhammetden haýyş etdi. Horezmşa oňa ýardam berýärdi. Olaryň ikisi hem ykballaryndan razydylar. Ýöne olaryň kalplarynda göriplik bardy. Abu Ala aman berildi we oňa köşgüň hyzmatyny etmeklik buýruldy. Ol bu ýerden Buhara ugrady. Onuň kalby gadamyny ýalňyş basýandygyndan bihabardy. Ýöne bu hereketi takdyryň işidi. Elbetde, işleriň çözgüdi beýik Taňrynyň erk-ygtyýaryna baglydyr!

Buharada ony wezir Abdylla bin Uzaýr, ýokary wezipeli harby adamlar we onuň tarapdarlary dabara bilen garşyladylar.

Abu Aly bu ýerde düşledi. Ol tä köşgüň agzyna ýetýänçä ýeri öpüp ýöredi. Onuň öňünden hajyplar ýöräp barýardylar. Olar ony tä Razynyň ýanyna baryp girýänçä ugratdylar. Ol hormat-tagzym etmekligiň edeplerini berjaý etdi. Ilmengu uly doganlary, goşunbaşylar onuň bilen çakylyga garaşyp durdular. Wezir-wekiller we harby ýolbaşçylar bu kabul edişlige geldiler.

Emma Abu Aly üçin bu gün ahyrky gündi. Onuň eden etmişleri Razyny gazap atyny atlandyrdy. Şu şygry düzen kişä beýik Taňry rehimdarlyk etsin!

Kim kanagat etmese Taňryň beren rysgalyna,
Işi şowsuz bolar, düşer sergezdanlyk ýoluna.
Bir gün gülse, bir ýyl aglar, kyn gün iner halyna.

Emir Söbüktegin Merwde düşledi. Ol Abu Aly bin Horezmşanyň Buhara barandygynyň habaryny eşidip, Balha gitdi. Oňa Razynyň haty gelip gowuşdy. Onda Ilegi beýik wezipeden düşürmekligiň möhümligi aýdylýardy. Çünki, ol bu etrabyň ilatynyň elindäki zatlara eýeçilik etmek isleýärdi. Ondan bu işiň jogapkärçiligini öz üstüne almaklygy soralýardy. Bu oýnatgynyň eden ýaramaz işleriniň köpdügi aýdylýardy. Döwleti janlandyrmak, onuň mülküni abat saklamak we oňa eýeçilik gözi bilen garamak ýaly meseleler öňde goýulýardy. Emir Söbüktegin bu işler barada geňeşçileri, wezir-wekilleri bilen maslahatlaşdy. Ýakyn wagtda we geljekde öňde duran wezipeler anyklanyldy. Geňeşçileriň maslahatyndan soň, ol niýetini we pikirini düzüw tutdy, goşuny jemlemäge we urşa taýynlamaga başlady. Ol etraplaryň häkimlerine, ýurduň serkerdelerine tiz gelmeklerini, wekillerini ibermeklerini sorap hat iberdi. Özi köpçülik ýygnanmaka derýadan aňry ötmeklige howlukdy, Keş bilen

Nesefiň arasyndan ötdi we Zary diýip at berilýän ýerde Jüzjanyň, Saganyýanyň, Huttalyň hem Horasanyň beýleki ýerlerinden häkimleri gelip ýetmegine garaşyp düşledi. Emir Seýfeddöwle Nyşapurdan geldi. Ol gözlere we kalplara haýbatly bolup görünýärdi. Onuň esgerleri söweş odunda bişişendiler we uruş göwsünden tejribe süýdüni içendiler. Bu meýdança uly goşun ýygnandy. Mawerannahrda munuň ýaly ýygyny hiç bir patyşa, hiç bir görnükli serkerde, hiç bir esger heniz eşiden däldir. Ilek hem bu ýygyna gelip ýetdi. Ol ikisiniň beýik Taňrynyň dergähinde dogandygyny, şonuň üçin ikisiniň yslama ýardam bermeklik üçin ylalaşmalydygyny, türkleriň we hindileriň ýurtlaryny basyp almak we olary yslamyň dürs ýoluna gönükdirmek üçin birleşmelidigini, Allatagalanyň dinini ýaýratmakda bilelikde hereket etmelidigini, Taňrynyň haky üçin söweşmekligiň Horasanda we Mawerannahrda hususy maksatlarynyň arap agalygynda bolmaklykdan sogaplydygyny ýatladyp, emir Söbüktegine birnäçe aksakgaly iberdi. Aýdylyşyna görä:

Nebsiň ýesiri bolmak bilen taryply mekana ýetilmeýär.
Gylyjy gynda saklamak bilen söweşde şöhrat bitilmeýär.
Güýçleri birleşdirmezden duşmana haýbat oky atylmaýar.
Atyn ýeke çapan kişi duşmanyndan gaçyp gutulmaýar.
Gorky-hatar ýekäň ýan ýoldaşy, ýoldaşly ondan utulmaýar.

Ýeke kişi Allatagalanyň duşmanyndan dini we özüni gorap bilmeýär. Goý, ol birleşmek we aýrylyşmak, ikisinden haýsy birini, agzalalyk bilen agzybirlik ikisinden haýsy birini islese, ol şony saýlap alsyn!

Razy ýurduň wezir-wekilleriniň özüni ykbalynyň ugruna taşlanlarynda we onuň naz-nygmatyna näşükürlik edenlerinde

we mülküni elinden aljak bolanlarynda onuň bu ýagdaýa gözüne ýumman olary ýazgaryp, özüne goldaw berendigini ýatlap, oňa umyt dörediji jogap gaýtardy. Agzalalygy aradan giderýän hereket adamy ykbalynyň ugruna ýardamsyz goýmaklykdan we ýagşylyga derek ýaramazlygy saýlap almaklykdan ýagşydyr.

Betniýet kişiler bu döwletde bir daban ere tamasyn üzsün.
Ýa-ha bet gylygyn taşlasyn,
ýa-da uruş etmäge goşun düzsün.

Ilek onuň erkiniň söweşmekdigini bildi. Ol söweşe taýýarlandy. Iki tarap söweş üçin aýaga galdy.

Emir Söbüktegin Raza tizden-tiz birleşmeklik, duşmana haýbatly zarbany çar tarapdan urup, ony ýurduň çäklerinden çykarmaklyk barada hat ýazdy.

Ibn Uzaýr özüniň gaçybatalga gözläp eden etmişleriniň geçirilmegi barada ötünç sorady. Şeýle hem ol emir Söbükteginiň we onuň etraplardaky goşunbaşylarynyň derýadan aňry ötmeklerini, bu urşa ýagşy taýýarlyk görmeklerini, goşunyň üpjünçiliginiň aladasyny etmeklerini, goşun bölümlerini bir ýere jemlemeklerini we duşmana aýgytly zarba urmaklaryny maslahat berdi.

Razy Söbüktegine hat iberdi:

Hüjüme taýýarlyk üçin duşman yzarlaýar
seniň her gadamyň.
Her esgeriň hereketin synlaýar.
göz astyna alýar her adamyň.
Ol ökde geler senden, ondan ökde
gelmeseň, ökünç bolar ýuwdanyň.

Düzlemeseň bu halyň tizden,
sen bolarsyň biri işi gaýdanyň.
Maksadyň-ýurtdan kowmak duşmany,
berjaý et, öwüt berip aýdanym.

Emir Seýfeddöwle bu sözleriň aslynyň ibn Uzaýra degişlidigini, onuň taslamasydygyny bildi, onuň bu sözleriň aňyrsynda hakyky maksadyny ýaşyrýandygyny, hile gurnamak isleýändigini, uly goşunyň öňünde goýlan wezipäni puja çykarmaklygy niýet tutýandygyny aňdy. Emir Seýfeddöwle we dogany Bugrajyk ýigrimi müň adama ýakyn goşun bilen Buhara ýakynlaşdy. Duşmany duran ýerinden yza süýşürdi. Bu ikisi bilen Abu Nasr Ahmet bin Muhammet bin Abu Zeýt diwanyň işini ugrukdyrmak üçin hereket etdi.

Ibn Uzaýr bularyň işleriniň öňe gidýändigini, ölümiň özlerine tarap asmandan ganatlaryny ýaýyp, penjesini açyp, awuna topulan bürgüt ýaly bolup hüjüme geçendigini gördi. Ol ony ýerde bolsa hem asmanda bolsa hem aljakdy. Ol gorkusyndan göýä daşa döndi. Soňra ol janyny gizlenmek bilen halas etmekçi boldy. Razy onuň ugruna çykmaklygy batyr ýigitleriň biri Abu Nasr bin Abu Zeýde tabşyrdy. Ony Razynyň özi terbiýeläpdi. Ol bu işe adamlary aýak üstüne galdyrdy. Abylfath Busty ol hakyndadygyny aýtdy:

Abu Nasr halasgäri mazlumyň, eger ol düşse zalym goluna.
Uruş bolsa uçly galamyn taşlap, ýiti gylyjyn alýar eline.
Gysga sözi, uzyn sözi manyly, manysyz söz gelmez diline.
Irmezek ol, armazak ol, ýurda yhlasly, peýda berýär iline.
Ýumşak gylykly, ýalňyşana geçirimli, kine almaz köňlüne.
Mertebesi beýik, ahlagy gözel, hergiz gitmez şeýtan alyna.

Abylfath Busty ol wezirlige baş bolanda şeýle ýazdy:

Adalaty maksat tutunan kişä ýetiriň, gutlag sözüm meniň.
Ahmet bin Muhammet wezirlige mynasyp,
bolsa eger çyn çenim.
Göz guwanjy, el daýanjy, il söýgüsi ol wezir öz döwletiniň.
Ýurduň işlerin tertip-nyzamda tutmak
baş maksady hyzmatynyň.
Oňa dileg salan kişi aýdýar:
«Sahylyk – ýakyn ýoldaşyň seniň.
Mazlumlaryň halasgäri, tarapdary garyp-gasar ilatynyň.
Bu günki günden ol edýär aladasyn
ýurduň ertirki rahatynyň.
Gowy zady ornaşdyrýar, görýär halky miwesini zähmetiniň.

Emir Söbüktegin Ibn Uzaýry Abu Alynyň ýanynda galdyrypdy. Ol bulardan dynmak isläp, özüniň meýli barada Raza yşarat etdi. Olary Seýfeddöwle gelmezinden öň çaltrak çet ýere äkidilmegini tabşyrdy. Olaryň we Ilmengunyň arka tarapyndan hüjüm etdiler. Bu waka olaryň ömürleriniň tamamlanmagyna getirdi.

Bu wagt Seýfeddöwle türki taýpalar bilen Buhara – Ilek hanyň ýanyna howlugyp gelýärdi. Ol ýaraşyk baradaky meseläni täzeden gozgady, meseläniň çözülmegini, onuň jogabynyň berilmegini, Razynyň şaýat bolup oturmagyny, ümsüm bolmagyny talap etdi. Ilek han onuň jylawyny goýbermedi, kömekçilerini, hyzmatkärlerini boşatmady. Razynyň öýünde öňki eden hyzmatlarynyň hatyrasyna Samarkantdaky Faýyga şepagat edilmegine iki tarapdan fakyhlaryň we harby adamlaryň gatnaşmagynda şertnama baglaşyldy. Emir Söbüktegin Balha, Seýfeddöwle Ny-

şapura tarap ýöredi. Razy uly jogapkärçilikli işleri, wezirligiň möhüm wezipelerini Abu Nasra tabşyrmak bilen arkaýynlaşdy. Ol welaýatlaryň, galalaryň harajatlaryny kemeltdi. Emma olar erjellik bilen ondan pul kömegini talap etdiler. Olaryň bu talaplary gün-günden artdy. Ol bolsa bularyň talaplaryny gan bilen ýuwdy. Onuň käbir gulamlary gozgalaň turuzdylar we ony öldürdiler. Bu waka onuň wezirligine bäş aý dolanda bolup geçdi. Bu betbagtçylykdan gorkup, Emir Söbüktegin howsala düşdi we: «Bu işde Razynyň eli bar» diýip oýlandy. Emma munuň beýle däldigi aýan boldy. Ol köşkden daşary çykdy. Bu ýas örän uly boldy. Onuň jynazasyna köp adam gatnaşdy. Ol ar almaklygy buýurdy. Döwrüň şahyrlarynyň biri aýtdy:

> Wezirligiň kalby öldi, bir şöhratly ýyldyz öçdi, göre girdi.
> Bu ýasa köp agladym, göz ýaşym ýagyş ýaly
> guýdy, ýas maňa yza berdi,
> Görip diýdi: «Ýaşy diňip, iriň akdy,
> agyr eken munuň derdi».
> Diýdim: «Ýaş Taňryň kalba guýan rehmeti,
> giňlik üçin ol iberdi».

## ABYLKASYM BIN SIMJURYŇ DOGANY ABU ALYDAN AÝRYLANDAN SOŇKY WAKALARYŇ BEÝANY

Abylkasym doganyndan aýrylandan soňra, tä emir Söbüktegin Nyşapura gelýänçä sabyrly bolup gezdi. Soňra ol duşuşmak üçin oňa, onuň ýolunda garaşyp durdy. Ol ýagdaýyny gowulady, kuwwatyny galdyrdy. Razy Kuhystan welaýatyny berdi. Ol Kuhystana gitdi. Eşretli durmuş onuň kalbynyň gozgalaňyny köşeşdirdi. Onuň ganatlary tiz bekedi.

Emir Söbüktegin türkleriň işlerini tertip-nyzama salmak üçin derýadan aňry ötdi. Söbüktegin Simjura döwletiň sütünlerini berkitmeklige, bilelikde duşmana zarba urmaklyga we gaýtawul bermeklige çagyryp hat iberdi. Simjur öz başyndan betbagtçylykly günlerden we dogany Abu Alynyň ölüminden soň göwnünde oňa kine saklaýardy. Ol kemsidilmegiň demir donuny geýipdi, abraýdan düşmekligiň we äsgerilmezligiň käsesinden şerbet içipdi. Emir Söbüktegin özüniň ýazan hatyna onuň äsgermezlik bilen jogap bermekden saklanýandygyny bildi. Ol eli boşaşan wagty, onuň bu häsiýetine derman boljak duşmançylyk oduny ýakmazlygy we özbaşdak bolmaz ýaly betbagtçylyga salmaklygy ýüregine düwdi. Söbüktegin Nyşapurda galandygy sebäpli oňa tarap alňasaklyk bilen gitdi.

Abu Nasr bin Mahmyt hajyp öz päline we pikirine görä, Nyşapurdan salgyt ýygnady we adamlary wezipelere belleş-

dirdi. Emir Söbüktegin bu ikisiniň habaryny eşidip, hat bilen Seýfeddöwläniň ýanyna Nyşapura ýetmeklige howlukdy. Seýfeddöwle dogany Bugrajyk bilen oňa ýardam berdi, bu ikisiniň şertnamasyny bozmaklygyň ugruna çykdy. Ol bu ikisine tarap ugrady. Ol bu ikisini Balhdan asmandan süýnüp gaçýan ýyldyzlaryň şeýtanlary kowuşy ýaly kowýança, razy boljak däldi. Abylkasym we ibn Mahmyt bu ikisiniň goşunyny derbi-dagyn etmekligiň kastyna çykdylar. Olar ur-tut ata atlandylar. Iki emir olary Horasandan tä Jürjanyň çägine çenli kowup çykardylar. Emir Söbüktegin Tusa gaýtdy. Ol Seýfeddöwläniň habary gelýänçä, bu ýerde düşledi. Emir Söbüktegin duşmanyň ýeňilmegini çaltlandyrmaga ýardam berdi. Seýfeddöwle we Bugrajyk ol ikisini Horasandan çykaranlaryndan soňra, onuň ýanyna şöhrat bilen dolanyp geldiler.

Fahreddöwle Aly bin Buweýh emir Söbüktegin Balhdaka oňa ýakynlaşdylar. Olar hoşgylawlyk bilen duşuşdylar, gymmatbaha sowgat-peşgeş etmek bilen biri-biriniň ýüreklerini awladylar. Emir Söbüktegin ony köp mähribanlyk bilen garşylady. Emir Söbüktegin üç sany pili sowgatlaryň üstüne goşdy. Ol bu piller we sowgatlar hem Abdylla kätip lakamy bilen meşhurlyk alan ynamly adamsyny iberdi.

Fahreddöwle onuň goşunlarynyň sanynyň we onuň ýurduna barýan saklawsyz ýollaryň änigine-şänigine ýetip, Söbüktegine ilçisini – terjimeçisini iberdi. Ol: «Pylany niýetini sözleri bilen ýaşyryp geldi. Eger ýeňiş gazanylmasa, batyrlara daýanylmasa, onda tagt ýeriň göbeginiň üstünde durnukly däldir» diýdi. Fahreddöwläniň bu sözi Söbükteginiň kalbyny gyýdy, ýüzüni gyzartdy. Ol onuň bu hatyny öz wekilleriniň biri Abylkasymyň ýaranlary bilen yzyna iberdi we ol bulara onuň dostlukly gatnaşygyna güman edýändigini, Razynyň özüni has gowy kabul edendigini dilden aýtmaklaryny tabşyrdy. Emma ol bu döwlet

we goşun bilen gatnaşyk etmeklikden mülküniň, goşunynyň ýagdaýyny tiz kuwwatlandyrmak, ony bolsa içinden bölmek ýaly maksatlary yzarlaýardy. Ol onuň özi ýaly kalbynda zäher ýaly ajy duýguny saklaýardy, gatnaşygy şu maksada gönükdirýärdi, onuň bilen oňuşmazlygyny we ylalaşmagyny dowam etdirýärdi.

Emir Söbüktegin onuň talaplaryna gowy jogap gaýtardy, syryny ynandy, ikisiniň maksatlary garyşdy, öz aralaryndaky nogsanlary aýyrdylar.

Abylkasym bin Simjur Horasandan umydyny üzenden soňra, Fahreddöwleden aman sorady we özüni Damagana, Kumysa, Gürgene ýakyn goýbermekligi haýyş etdi. Ol gorkusyndan ýaňa gylyç salanlara we onuň tarapynda duranlara dişini gyjady. Onuň ýagdaýynyň galan beýanyny biz yzda öz ýerinde getireris.

Emir Söbükteginiň ýanyna Razynyň ynamdar hyzmatkäri Abu Nasr bin Abu Zeýtden orny boşap galan wezirlige özüniň hyzmatyny hödürleýän adamlar barada maslahat soramaga, onuň bu meselä garaýşyny bilmäge geldi. Ol bu meseläni öz pikirlerine görä çözmekligi tabşyrdy. Olar bu wezipä Abylmuzapbar bin Muhammet bin Ybraýymy saýlamaklygy laýyk gördüler.

Oňa wezipe we mukaddes halady geýdirildi, işlerde doly ygtyýarlylyk ynanyldy. Ol işleriň ýetmez ýeriniň üstüni doldurmak we artykmaç şahalaryny gyrkmaklyk bilen tertip-nyzama salmaklyk wezipesine girişdi. Emma bu ýagdaý uzaga çekmedi. Razy onuň ygtyýarlylygyny elinden aldy. Onuň durmuşy şowsuzlyga uçrady. Emir Söbüktegin bu wakadan soň Balha, Seýfeddöwle bolsa Nyşapura gitdi. Abylhasan bin Aly bin Simjur Tusdaky söweşden soň Kaýynda düşledi. Ol atasynyň esgeri Fahreddöwle barada habary eşidip, onuň ýanyna gitdi.

Fahreddöwle oňa gaçybatalga berdi, oňa hormat-sylag etdi, halat ýapdy, oňa her aýda elli müň dirhem bermeli etdi, şeýle hem dürli sadaka berdi. Ol bu ýagşylyklary oňa atasynyň hormaty üçin etdi. Eşretli döwran ony ykbalyň betbagtçylygyna, jebir-jepa çekmekligiň aňryçägine iterdi. Ol özüni Nyşapur welaýatynyň tamdyrynyň közüne oklady. Ol gizlenmeklik bilen özi baradaky habary ýatyrýandyr öýdüp oýlady, yzyny süpürmeklik bilen özüni betbagtlyga sataşdyrdy we özüni gizlemeklik bilen diňe nebis arzuwlaryny joşdurdy we özüni alyp barşy bilen adamlary özüne garşy öjükdirdi. Olar gazap atyna atlanmak bilen ony tutdular we zyndana taşladylar, soňra atasynyň tussag edilen ýerine hüjüm etdiler, ony ýesir aldylar. Onuň ömri şormaňlaýlyk bilen tamam boldy.

Tusuň emiregi emir Seýfeddöwläniň esgerlerine garyşdy. Seýfeddöwle türkleriň işlerini tertip-nyzama salmak üçin derýadan aňry geçende ondan ätiýaçly bolmalydygyna göz ýetirdi. Tusuň emiregi Abu Ala goşuldy. Olaryň ykbaly keç boldy we müddeti tamamlandy. Elbetde, beýik Taňry öz islän işini edýär.

Oňa emir Söbükteginiň Tusdan çykyp Balhda ornaşandygy, Abu Alynyň we onuň ýanyndakylaryň gabawda ömrüniň tamam bolandygy barada habar gelip gowuşdy. Bu habar Horasana, Yraga ýaýrady. Mamun bin Muhammet ýaranlarynyň bir toparlarynyň ölümi baradaky habary goşunbaşysynyň gurnan meýlisinde oturan ýerinde eşitdi. Bu meýlis ýasa, aýdymlar aga, şatlyk gussa aýlandy. Munuň yzysüre Razynyň agyr keselländigi we dünýäden ötendigi baradaky habar gelip gowuşdy. Ol 387-nji hijri (997-nji milady) ýylynyň rejep aýynyň on üçi güni aradan çykdy. Onuň esgerleri oňa Razy lakamyny goýdular. Goý, beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin we ruhuny şat etsin! Onuň ömür güni mülk dagynyň aňyrsyna girip ýaşdy. Ol taşlan labyryndan titremek bilen taýyp düşdi.

Bu ýaslardan soň, emir Söbükteginiň başyna ýene-de hesretli günler indi. Onuň maşgalada eziz görülýän aýal dogany dünýäden ötdi. Ol bu sussypeslikden göwnüni açmaklyk we dynç almaklyk üçin Gazna gitdi. Gazna säheriniň mylaýym şemaly, çeşmeleriň sowuk hem dury suwy onuň şähdini açdy. Ol aýal doganynyň jesedini tabyda salyp, Gazna getirdi we ony bu ýerde jaýlady.

Bir gün men onuň ýanyna bardym. Ol kätibi Abylfatha ýüzlenip: «Eý, ussat! Biziň ruhlarymyzyň alnyş ykbaly gassabyň sürüden bir goýny tutup soýşunyň mysaly ýalydyr. Gassap ony ýere ýykýar. Ol aýaklaryny kakýar. Gassap ony güýlýär. Goýun uly howsala düşýär. Onuň bu howsalasy gassap damagyny çalýança dowam edýär. Soňra gassap onuň ýüpüni çözýär we ony boşadýar. Gassap az salym özüne dynç berýär we bu işinden lezzet alýar. Gassap bu işine begenmeklik bilen ökünmekligiň arasynda galýar. Sen: «Emir äht baglaşanda käwagt begenýär, käwagt bolsa gorkýar» diýip oýlanýansyň. Men ýeňşi gazansam begenýärin. Şonda sen hem şatlanýarsyň. Soňra gassap ony ýüp bilen agaçdan asýar we ony soýup başlaýar. Şol wagt ruh ony taşlaýar, ondan daşlaşýar we howpdan aman bolýar. Biziň mysalymyz hem edil şunuň ýalydyr. Bize keselleriň üsti bilen azap berlende, dowamly derde sataşsak, biziň aňymyzda ondan gutulmaklyk pikiri at salýar. Biz derdimizden şikaýat edýäris. Emma biziň täleýimiz öz işini edýär» diýdi. Bu sözler onuň diline ölüminiň öň ýanynda geldi. Ol ömrüniň ahyrynda «Sählabat» atly köşgi salmaklyga köp yhlas etdi, onuň gurluşygyna köp harajat çykardy. Ony tamamlamak we onda ýaşamaklyk oňa miýesser etmedi. Onuň kazasy doldy. Onuň bu işini ogly dowam etdirdi. Soňra ony ünsden düşürdiler. Ol köşk harabalyga döndi. Meniň käbir mertebeli adamlardan eşidişime görä, köp wagt geçmänkä bu ýagdaý barada şeýle goşgy düzülipdir:

Bu garyp öýden saňa salam bolsun,
geldim arzy-halym aýtmaga.
Maňa köp höwes etdiň,
pursat bolmady bu arzuwyňa ýetmäge.
Dünýä öz çagasyn iýýän hažžyk ýaly,
häzir ol sütem etmäge.
Myhmanyna hormat-sylag ýok onda,
taýýar ol ony ýuwutmaga.
Keç ykbaldan nalyş edýän,
takatym ýok oň sütemin datmaga.

Onuň kätibi Abylfath şeýle mersiýäni (elegiýany) aýtdy:

Nasyreddin weddöwle öldi,
Taňrysy keramat bilen direlder ony.
Bu aýralyk ýasa saldy hemmäni, geldi göýä kyýamat güni.

Abylfath Bustynyň başga bir mersiýesi:

Ol her işinde Taňra bil baglady, Taňry ony wekil belledi.
Taňryň ýolunda söweşdi, başga işi özüne laýyk bilmedi.
Zaman güýç-mertebäni giderýär, emma ol ejizläp ölmedi.
Dine ýardamçy ol, yslama girmedik
dinsizlere rehimi gelmedi.
Atlary, pilleri sürdi söweşe, garşy çykjak duşman galmady.
Şalar boýun boldy, sansyz goşun
toplady, sany belli bolmady.
Gündogaryň köp ýerini eýeledi, hiç söweşde ýeňilmedi.
Kim kesek atsa, ol kesegi esse edip maňlaýyna ýelmedi.
Gazaplansa gylyjyn çykardy,
ýalpyldydan duşman gorkdy gülmedi.

Oňa hiç kim, piline hiç pil deň
bolmady, deň boljak göze ilmedi.
Içigara hem görip bilen söweşdi, bular gylyçdan dynmady.

Şol asyryň käbir şahyrlary aýtdylar:

Emir Nasyreddin beýik mertebede ähli ömrün ötürdi.
Yslam üçin galdy aýak üstüne, yslama kuwwat getirdi.
Şir dek haýbatly ol duşman gorkup, sessiz-üýnsiz oturdy.
Ganly ýaşyn dökdi gözler,
Çünki, olar halasgärin ýitirdi.
Neneň gözler aglamasyn, yslam üçin uly işler bitirdi.
Yslam har boldy, mülk dagady, abraýyn özi bilen göterdi.

Bu wakanyň yz ýany bilen Fahreddöwle Aly bin Nuweýhiň ölümi baradaky habar ýaýrady. Bu ikisiniň ölümi 387-nji hijri (993-njy milady) ýylynyň meret aýynda bolup geçdi. Fahreddöwläniň ölüminiň sebäbi şeýledir: Ol Tabarak dagynda beýik ýerde ýerleşýän gala dynç almak üçin çykypdy. Onuň sygyr etinden bişirilen kakmaç iýesi geldi. Ýaranlary onuň gözüniň öňünde bir sygry soýdular, kakmaç taýýarladylar. Ol hem ýaranlary hem ondan iýdiler. Et bölegi onuň damagynda dykyn boldy, onuň başy aýlandy, içi towlandy, ol aşak çökdi. Ol hiç bir söz aýtman öldi.

Abylfath Sawy mersiýe aýtdy:

Bu dünýä adamlara: «Meniň hilämden we
ölümden gorkuň» diýip aýdýar.
«Biliň ýylgyrmagym aldaýar,
sözlerim güldürýär, işim agladýar.

Fahreddöwläni heläk edip, mülkün aldym,
şalar hem awum dadýar.
Onuň düşen haly meniň biwepa
dünýädigimi size ýatladýar».
Gopbamsy dünýä güne: «Şöhläň öçür»
diýip, guýrugyn tarpyldadýar.
Günden dünýä razy bolsa hem:
«Razy boldum» diýmeýär arkan gaýdýar.
Giň dünýäde erkin adam dar gabra ýesir
düşýär, süňkün çüýredýär.
Geý takwa geýmin, bolmasa ahyretde
dünýä seni ýalaňaç edýär.
Baýlyk pikirin çykar kalbyňdan,
nebis soňra seni gaty agladýar.
Dünýä şirdir, sen bolsa keýik, şir awuna busup seredýär.
Dünýä ýylandyr, bir gün çakyp seni,
awusyn bedene ýaýradýar.
Dünýä çaga dek, birden gülüp,
birden aglap, enesin ylgadýar.
Eý, adamlar! Kyýamatda hasap bar,
Taňry oňa kazylyk edýär.

Mamun bin Muhammet ogly Aly emirligi ele alandan soňra, onuň dabarasyna howlukmaçlyk bilen geldi. Aly emir bolandan soň, emirlik öňki şan-şöhratyna, kuwwatyna göterildi. Emma Razy ölüm halynda mülki ogly Abylhars Mansur bin Nuha wesýet edipdi. Onuň emirlik tagtyna çykmaklygyna dost-ýarlary, wezir-wekiller ýardam berdiler. Ol gowy emläkleri, ýaşyrylan hazynalary we gymmat baha zatlary paýlap, adamlaryň tamasyny ödedi. Garamaýak halkyň hem hal-ýagdaýyny düzetdi. Olar oňa baş egip, tagzym etdiler. Abylmuzapbar Mu-

hammet bin Ybraýym wezirlikde galdy. Emir Söbüktegin ogly Ysmaýyla tagty wesýet etdi. Ol ony özünden soň tagta mirasdüşer belledi, işleriň ygtyýaryny onuň erkine berdi, öz çagalarynyň, maşgalasynyň ykbalyny oňa ynandy. Ol goşunyň ýolbaşçylaryny we hajyplary ýygnady we olaryň Ysmaýyla boýun bolmaklaryny, onuň yzyna eýermekligi, onuň hökümdarlygyna kaýyl bolmaklygy tabşyrdy. Emir Söbüktegin ölüm halyna ýakyn bolanda wezir-wekiller emiri bellemek baradaky şertnamany baglaşmaga we wesýetnama gol çekmegine howlukdylar. Ysmaýyl atasynyň ýasyny tutandan soňra, emirligiň tagtyna çykdy we möhür basylan hazynalaryň agzyny açmaklygy buýurdy. Ol hazynalar öýünden adamlar razy bolýança malbaýlyk paýlady.

Emma Fahreddöwle ölende, Deýlemiň esgerleri onuň ogly emir Abu Talyp Rüstem bin Aly Fahreddöwle Mejdeddöwläniň ýanyna ýygnandylar. Işleriň ygtyýaryny oňa tabşyrdylar, mülküň jogapkärçiligini oňa ynandylar, oňa «Soltan Mejdeddöwle» we «Kähfalmille» diýen lakamy dakdylar. Biz bularyň her biriniň başyndan geçiren wakalaryny öz ýerinde beýan ederis.

Abu Mansur Sagalyby şu ýylyň ajaýyplyklary barada we emirler hakynda kasyda ýazdy. Biz ondan şu beýtleri getirýäris:

Iki ýylyň içinde bu ýurtda ençe uruş, ençe ölüm boldy.
Ýitgilere gynanyp, Nuh bin Mansuryň
halyna gamgynlyk geldi.
Ýurdy bölek-bölek boldy,
kalbyna birleşdirmek höwesin saldy.
Abat ýurdy ýyrtyk köýnek ýaly,
gozgalaňlar ýelinde galgaldy.
Bir-birini taladylar, güýji artyk bolan ejizi basyp aldy.
Jürjaniýýa häkimi söweşde ýeňlip, uly armanda galdy.

Umyt bulguryndan gan şerbetin içdi,
gözi gyzyl gandan doldy.
Horezmşanyň bagtyn-tagtyn bozdular,
şum täleýine duşman güldi.
Abu Aly döwran sürerdi, ýagysy köşgün ýykyp, ýere çaldy.
Köp garşylyk görkezdi, jany şum täleý eline ildi.
Bustuň häkimi gündogara şady, döwlet gidip, saraldy-soldy.
Ony bir zarbada ýykdy döwür,
kükregne dag dek agram agraldy.
Atlar sil dek akdy, piller dag dek gadam
goýdy, duşmana howp saldy.
Çöp-çörde san bar, bu goşunyň sany ýok,
çöl-sähra esgerden doldy.
Buweýhliler döwleti[19] kyn güne sataşdy,
ahyrynda agdaryldy.
Olar Jüzjan sary gaýtdylar, söweşdiler, bu şäher gola geldi.
Ýagşy görülen Faýyk tagtdan kowuldy,
barmaga ýer tapman galdy.
Iki ýyllap entedi, köp azap gördi, il-ýurdundan bizar boldy.
Saman neberesi güýçden gaçdy, döwür olara ejizlik saldy.
Men diýen şa galmady, ykbal döwletlerin iki üzüp bir ýoldy.
Dünýäniň hiç kime rehimi ýok,
Çünki, biwepa adyn ol aldy.
Howp-hatar köp onda, kimse aman boldy,
kimse çeňňegne ildi.
Kim dünýä hyzmat etdi, hiç wepa bermedi,
tersine ala saldy.
Dünýä bir baş aýlaýjy çakyr, kim içse,
serhoş edip ýere çaldy.
Dünýä aň alyjy owadan haryt, kim guwansa aňyn aldy.

Emirligiň işleriniň erk-ygtyýary Abylhars Mansur bin Nuhuň eline geçdi. Ol işeňňir ýigitdi. Ol Abylmuzapbar Muhammet bin Ybraýymy wezirliginde galdyrdy, Faýyga mülküň işlerini tertip-nyzamda saklamaklygy tabşyrdy. Abdylla bin Uzaýr Buhara kast etmek hyýalyndady. Ol beýik mertebelere çykmak isleýärdi. Haçan Razynyň ömri tamam bolanda, ol Abu Mansur Muhammet bin Hüseýin Ispijabyny Horasandaky goşuna serkerde etmek isledi. Ol onuň bilen Ilek hana ýardam berip, Buhara hüjüm etdi. Ol bu hereketiniň üsti bilen özüniň göwnünde beslän arzuwyna ýetmek isleýärdi. Ilek han bu ikisiniň goldamagy bilen aýak üstüne galdy we olar bilen Samarkanda tarap ýola düşdi. Ol onuň ýakynyndaky öri meýdanlara baryp düşledi. Onuň ýanyna Abu Mansur hyzmatkärleri bilen geldi. Oňa we ýaranlaryna myhmandarlyk etdiler. Ol Abu Mansury Faýygyň üstüne iberdi. Faýyk olar gelende hormat-sylag etdi, mertebeledi, onuň daşyny gorady. Oňa üç müň adam berdi we Buhara tarap goşunyň öňüni çekip ýöremekligi buýurdy. Ol Buhara ýola düşdi.

Bularyň gelýändigi baradaky habar Abylharsa baryp ýetdi. Ol şäheriň derwezelerini ýapdy. Faýyk öz ýanyndaky ulykiçileri ýoly çalt geçmeklige howlukdyrdy. Abu Mansur Buhara baryp girdi, onuň topragyny öpdi. Ol hajyplar bilen mejlisde oturyp, Abylharsyň samanlylar neberesine hormat-sylag etmezligi we öten-geçen ata-babalaryň mazarlaryny sylamazlygy sebäpli peýda bolan howsalasyny ýüze çykardy. Buharanyň aksakgallary onuň çaltrak bu ýere gelmegini oňladylar. Olar oňa tabyn bolýandyklaryny hat bilen aýtdylar. Onuň adyna münberlerden hutba okalmagyna razy boldular. Olar: «Beýik Taňry hökümdarlyk jylawynyň eýesidir. Ol adamlary dogry ýola gönükdiriji we nesihat berijidir» diýip, hatlaryny tamamladylar.

Abylhars agzalalyk aradan aýrylandan soň köşeşdi. Ol Begtuzunyň pikirini diňlemezden ýola düşdi. Begtuzun uly söýgä mynasypdy. Ol Nyşapurdaky goşuna serkerdedi. Oňa «Sinaneddöwle» («Döwletiň uçly naýzasy») diýen lakamy dakdylar. Ol derýadan aňry ötdi. Faýyk ony tagzym bilen garşylady. Onuň bilen Buhara ugrady. Işi ugruna düşdi, uçgun köşeşdi. Faýyk bilen Begtuzunyň kalplarynda köneden gelýän duşmançylyk we kine bardy. Abylhars Faýygy özünden soň ornuna goýmak meselesini anyk çözmedi. Ol bu meselede ikisiniň boýun bolmakda aýak basyşlaryna hüşgärlik bilen, olaryň hötjetligine taýýarlanmak bilen ýumşaklyk we geçirimlilik etdi. Ol ýurduň goşunlaryna serkerde bolmaklygy Begtuzuna tabşyrdy. Horasanyň emlägi Abylharsa goh-galmagalsyz ynanyldy.

## EMIR SEÝFEDDÖWLE WE ONUŇ DOGANY EMIR YSMAÝYL IKISINIŇ ARASYNDAKY WAKALARYŇ WE SEÝFEDDÖWLÄNIŇ ATASYNYŇ MERTEBESINE GÖTERILMEGINIŇ BEÝANY

Emir Söbükteginiň ýasy tutulyp bolnandan we işler durnukly ýagdaýa girenden coň, emirligiň ygtyýary we harby adamlar Ysmaýyla tabşyryldy. Adamlar onuň hökümete gelmeginden ruhypeslige düşdüler. Ol ýaşlygy sebäpli, işleriň jylawyny berk tutmaklykdan heniz ejizdi. Onuň doganyna haýpy gelýärdi, işden çetleşdirilmekden howpurgaýardy. Adamlar onuň hökümdarlygyna sowuk-salalyk bilen garaýardylar, öz mertebelerini galdyrmaklygy talap edip, toparlara bölündiler. Olar emir Söbükteginiň özlerine kesgitlän wezipelerinden hem ýokary derejelere hantama bolup, başagaýlyk derýasyna gark boldular. Hazynanyň mümkinçiligi olaryň zeruryýetini kanagatlandyrardan pesdi. Ysmaýyl hazynanyň boşamagyndan gorkup, howsala düşdi. Olaryň açgözlüligini Gaznadaky ätiýaçlyk serişdeleri hem kanagatlandyryp biljek däldi. Olaryň her biri hazynany bir tarapdan çekeleýärdi we ony öz aralarynda paýlaşmaklyga taýýardylar. Seýfeddöwlä atasynyň ölümi baradaky habar gelenden soň, ol atasynyň ýasyny tutdy. Soň ol howlukmaçlyk bilen haty eline alyp bu ýitgi üçin göwünlik bermäge dogany Ysmaýylyň ýanyna bardy. Abylhüseýin Hamuly bu öýüň adamlarynyň ygtyýaryny ele almaklygyň ulynyň möhüm

hakydygyny ýatlatmak üçin onuň yzyna düşdi. Ol bu neberäniň hormatlanýan adamlarynyň biridi. Onuň eden işinden olaryň hemmesi razy bolýardy. Emir Söbüktegin oňa wesýet edilen zatlaryň adalatly berjaý edilmegine gözegçilik etmekligi ynanypdy. Ol oňa hökümetiň jylawyny ele almak, emirligiň mirasyny paýlaşmak ugrunda oglanlarynyň arasynda agzalalyk döremezligi, olaryň biri-biri bilen tersleşmezligi üçin geňeşçi bolmaklygyny, Gaznadaky nebereleriniň arasyndaky gatnaşygyň kesilmezligine ýardam bermekligini tabşyrypdy.

Ysmaýyl özüniň hökümdarlyk eden günlerindäki beýik Taňrynyň özüne ýazan betbagtçylyklaryny özüne iberilen aýanlyk hökmünde kabul etdi. Ol muny: «Ata-babalaryna berilmedik keramat» we «Özüni Taňrynyň dogry ýoluna çagyryjy alamat» diýip hasaplady. Onuň kalbyna Taňry yşkynyň gozgalaňy aralaşdy. Ol Hak ýoluna düşmeklik üçin mülkden ýüz döndürmekligi ýüregine düwdi.

Jüzjanyň häkimi Abylhars onuň kalbynda gopýan gowga bilen ylalaşmaklyk bilen ylaşaşmazlygyň arasyndaky aralyk pikirdedi. Ol bu meseläniň adalatly we ynsaply çözülmegini isleýärdi. Abylhars bu iki meseläniň biriniň doganynyň bilmezinden öň çözülmelidigine düşünmedi. Ol: «Ysmaýyl ony doganyna aýdar, olar bu iş barada oýlanyşarlar. Emma ol: «Ony mundan öň, baryp aýtsam, onda men onuň arkasyndan bir iş eden ýaly bolaryn we onuň ýanynda meniň hormatym gaçar» diýip oýlandy. Emir Seýfeddöwle onuň bu pikirini dogry tapdy. Ol bu meseläniň çalt çözülmegi we talap edilmegini wajyp hasaplady.

Ysmaýyl jogap bermekden gaçdy. Bu işiň usturlap bilen çözülmegini isledi. Ol miras malyndan öz ülüşiniň berilmegini teklip etdi. Eger onuň hemmesini birden bermeklik kyn bolsa, onda mümkin bolan mukdary berilse hem razylaşjakdygyny aýtdy. Onuň kalbyna gorky duýgusy ornaşdy. Ol päk ýüregi

bilen kalbyndaky gorkyny kowmak isledi. Emma onuň hyýal jülgesinden pikir sili güýçli akdy. Bu ýagdaý bolsa, ony öňküden hem beter howpa saldy. Bir gün men Seýfeddöwlä onuň dogany Nasyreddöwle barada şeýle beýtleri okap berdim:

Aýtdym men olara: «Iki doganyň arasynda tapawut bar.
Men tagtymdan el çekdim,
takwalyga gol ýapdym, ol bolup hökümdar.
Tagta erki bar, maňa erki ýok,
erkime Taňry edýär ygtyýar».

Ol Taňra tarap elini uzatmak bilen dünýewi maksatlaryndan ýüz dönderdi. Emir Seýfeddöwle ony hökümdarlyk tagtyna gaýtarjak bolup, ýalbaryp göwsünden süýt emdirjek bolup, köp jan çekdi. Emma onuň atan oklary ýapa hem degmedi. Ol öz pikirinde berk durdy.

Emir Seýfeddöwle doganlyk hormatyny saklaýandygy üçin, onuň ýeserlik bilen dogry ýola meýil edýändigi üçin, gödekligi takwalyga çalşandygy üçin, ahyrýet azygyny toplamak üçin, dünýä malyndan geçendigi üçin, mundan beýläk bu meselede oňa zor salmaklygy özüne uslyp görmedi. Ol görübilmezçlik oduny dözümsizlik suwy bilen öçürdi, kiçigöwünlilik eşigini asyllylyk bilen geýip, onuň işini kabul etmeklige taýýarlandy. Ol emir Abylhars bilen ony tagta dolandyrmagyň mümkin däldigi sebäpli, gelip çykýan möhüm wezipeler barada söhbetdeş bolup, Ysmaýylyň ýörite ygtyýarly gulamlary, adamlary, goşunynyň serkerdeleri bilen onuň yzyna eýerip, Hyrada gitmeklerini maslahat berdi. Şeýle hem olaryň Ysmaýyl bilen wada bermek, arzuw etmek, haýbat atmak, makullamak, ökünmek, umyt etmek, duýduryş bermek, utanmak ýaly meseleleri orta atmak bilen söhbetdeş bolup görmekligini tabşyrdy. Ol: «Oňa

beýle çemeleşmek hem netije bermese, onda onuň tagta dolanmagyna hiç bir zat kömek edip bilmez» diýdi.

Adamlaryň ýalbarmasy güýçlendirdi howsalasyn kalbynyň.
Ot dek tutaşdy Taňra yşky, söndi höwesi tagtyna onuň.
Delilleri bilen petige dykdy adamlaryn tagtynyň.

Emir Seýfeddöwle doganoglany Bugrajygy öýüň bähbitlerini bilelikde goramak üçin we emir saýlamaklyk dabarasyna gatnaşmaklyk üçin kömege çagyrdy. Ol onuň hyzmatyna howlukmaçlyk bilen geldi, oňa tarapdardygyny we pikirdeşdigini ykrar etdi. Ol onuň bilen Busta tarap alňasaklyk bilen ýola düşdi. Olara emir Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Söbüktegin hem goşuldy. Emir Seýfeddöwle onuň özüne boýun bolýan, buýrugy tiz bitirýän leşgerbaşy hökmünde tanaýardy. Emma ganygyzgynlygy sebäpli, onuň jylawyndan çekmeli bolýardy. Ol atyny çalt eýerleýärdi, buýrugy höwesjeňlik bilen berjaý edýärdi, göz öňünde tutulýan ýere tiz baryp ýetýärdi. Ol tabynlyk meýdanynda atynyň başyny ugruna goýberýärdi.

Ysmaýyl emir Seýfeddöwläniň Gaznadan çykyp gaýdandygynyň habaryny eşidipdi. Ol heläkçiligiň öňüni almak üçin, Balh tarapyna ondan öňürdip ýöredi. Seýfeddöwle doganoglany, dogany we beýleki ýaranlary bilen Gaznanyň daş serhedine ýetýänçä ýöredi. Onuň ýanyna Ysmaýylyň görnükli leşgerbaşylary ony uruşdan saklanmaga meýil etdirmek üçin ýazylan hat bilen, guş ýaly uçup geldiler. Olar Ysmaýylyň ýolbaşçylyk ukybynyň we syýasatdan baş çykaryşynyň gowşakdygyny bildiler. Ilçileriň bu ikisiniň arasynda gatnaşygy gowulandyrmaga bolan ymtylyşa, urşy saklap boljakdygyna ynamlary gaçdy. Beýik Taňry täleýe ýazylandan başga bir zadyň bolmagyny islemeýär. Ol hakykaty meşhur, hakykatçyny ýeňiji edýär. Emir Seýfed-

döwle uruş yglan etmek üçin ilçi iberdi. Goşunyň saplaryny ykjamlady, tertip-nyzama saldy, söweş meýdanyna tarap şadyýan ýöräp başlady.

Ysmaýyl özüne tabyn adamlary we atasynyň adamlaryndan yzyna eýeren adamlary söweşe jemledi, olaryň saplaryny piller bilen berkitdi.

Iki goşun taýýarlandy, bir-birine ýakyn geldi.
Gylyç-naýzalar ýalpyldady, şir şire haýbat saldy.
Atlar, piller ýöredi, aýak astyndan tozan galdy.
Uruş ýeli ösdi, ony adamlaryň ýüzüne çaldy.

Günorta wagty boldy, gün howany gaty gyzdyrdy.
Emir Seýfeddöwle esgerleri hüjüme çagyrdy.
Söweş başlady, adamlar biri-birin rehimsiz gyrdy.
Kelleler göýä garpyz dek sapakdan üzülip ugrady.

Adamlaryň depesinde gylyç hem naýza oýnady.
Esgerlerden akan gan ýere siňmän gaýnady.
Basdy maslyklary at toýnagy jylawyn çeýnedi,
Dag dek maslyk görüp, howpurgap kişňänini duýmady.

Maslyk maslyk üstüne ýykyldy, göwreler biri-biriniň üstüne basylyp ýatdy, kelleçanaklaryndan uly depe döredi. Bu söweşiň netijesi elhenç boldy.

Ysmaýyl Gazna galasyna baryp girdi. Ol galany berkitdi we Seýfeddöwläniň özüne rehim etmegini sorady. Ol Ysmaýyla geçirimlilik etdi we onuň bilen ýagşylykda goňşy boldy.

## ABYLKASYM BIN SIMJURYŇ WE BEGTUZUNYŇ ARASYNDA MUNDAN SOŇ BOLUP GEÇEN WAKALARYŇ BEÝANY

Fahreddöwläniň ölüminden soň, Abylkasym bin Simjur Gürgene göçdi we onuň ogluna tabyn boldy, doganynyň esgerleri we atasynyň ýaranlary onuň tarapyna geçdiler, kürt we arap taýpalarynyň batyrlary oňa gelip goşuldylar. Onuň mertebesi göterildi. Göripler oňa dişlerini gyjadylar we penjelerini gerdiler. Faýyk Begtuzun üçin oňa kalbynda tikenli kinäni saklaýardy. Oňa duzak gurýardy, arwah-jyn ýaly bolup, oňa külpet baryny görkezýärdi. Ol Abylkasyma küşgürip adam iberdi, ony öjükdirdi. Onuň goşunbaşylygyna göriplik etdi, ony ýerinden kowdy, ondan güýji ejiz gelip, mülkden ýüz dönderdi we Gürgenden gitdi. Onuň bu bolşy humar oýnunda utulan kişiniň ýagdaýyna meňzeýärdi. Onuň mysaly şu beýtde aýdylyşy ýalydy:

Sahynyň açyk elin taşlap,
gysganjyň ýapyk eline oňňut etdim.
Öz basýan ýumurtgasyn taşlan towuk
ýaly başgasyn basyp ýatdym.

Ol ondan aýrylyşyp, Nyşapurdaky ýaranlarynyň jemagatynyň arasyna barmaklygy ýüregine düwdi. Olar uruş belasynyň

agramyny çekipdiler, köp muşakgatlary görüpdiler. Günleriniň oňaýsyz öwrülişikleri olaryň köp azaplary çekmekligine sebäp bolupdy. Ol günleriň wakalary olary gadamlarynyň astyna alyp depgiläpdi.

Fakyh lakamy bilen meşhurlyk alan Abu Aly bin Abylkasym bin Abu Aly Isferaýine girýänçä köp jepalar çekdi. Onuň ýanynda Begtuzunyň käbir leşgerbaşylary bardy. Ol bu ýere urşuň tutaşan wagty geldi. Ol tagna we zarba käselerinden şerbet içdi. Abu Aly ýaranlarynyň we Begtuzunyň leşgerbaşylarynyň ýanynda uly hormata eýedigi üçin, olardan ýardam tapdy. Emma Begtuzunyň ýaranlary ony ýeňlişe sezewar etdiler we ol Nyşapura çekilmäge mejbur boldy. Olar ýaradar bolmaklyk, göwün geçmek, ölüm görmek we ýesir düşmek bilen bölündiler. Abylkasym günorta ýeliniň sürünýän buludy ýaly bolup, Nyşapuryň etegine barýança ýöredi. Ol Abu Alynyň ýanyna Begtuzuny uruşda üstünligiň üýtgäp durýandygyny, onuň netijeleri barada ýagşy pikirde bolmagyň mümkin däldigini, urşuň heläkçilige eltýändigini, täleýiň betbagtçylyga eltýändigini ýatlatmak üçin iberdi. Urşy ýaraşyk we ylalaşyk baglaşmaga ýol tapmadyk kişi alyp barýar. Kimiň bu meselede mümkinçiligi bar bolsa, ol ýaraşyk hem parahatçylyk ýoluny saýlap alýar we gönüden-göni söweşe girmeýär.

Abylkasym Kuhystana tarap yza çekilmekligi, Abylkasym fakyhyň üsti bilen eden hyzmatlary üçin Hyrada eýe bolmaklygy we bu meseläniň çözülmegine böwet bolýan zatlar barada onuň maslahatyna eýermekligi ýüregine düwdi. Soňra ol öz adamlary bilen hökümdarlyk etmekligiň ýoluna özbaşdak girişdi, esgerlerlerini urşa çagyrdy, uruşmaga yhlas etdi, ýeňşiň we üstünligiň höwesine özüni aldyrdy.

Begtuzun ganhorlaryna we türki taýpalardan bolan şir ýaly esgerlerine daýanmak bilen, özüni gopbamsy alyp bardy, olar raýatyna kölegesini saldy. Emir Abylharsyň leşgerbaşylary, tarapdarlary onuň bu hereketini oňlamadylar. Olar Nyşapuryň eteginde ýerleşýän Şanja diýip atlandyrylýan obada duşuşdylar. Abylkasym onuň hereketine gözegçilik etdi. Olaryň arasynda çaknyşma bolup geçdi. Abylkasymyň ýaranlary olara ýandagyň odunyň ýalnynyň ýüze çabraýşy ýaly hüjüm etdiler, olary dag ýaly, diwar süýşen dek güýç bilen ýegsan edip, sag ganatyny çep ganatyna gardylar. Olar: «Goşunyň öňi gaçdy, olja ýol açyldy» diýip oýladylar. Begtuzun Abylkasymyň goşunynyň kalbyna zarply hüjüm etdi. Ol onuň çadyryna ýakynlaşdy. Bu ýagdaý olaryň ýeňlişini çaltlandyrdy, olary yza serpikdirdi we derbi-dagyn edilmegine alyp bardy. Olar gyjalata galdylar, howpa we aljyraňňylyga düşdüler. Öz günlerinde dünýägaraýşy, ýitiligi, erjelligi, ylymlylygy bilen meşhur bolan, Abu Aly bin Simjuryň görnükli leşgerbaşylarynyň biri Abylkasym fakyh gysaja düşen ýaly boldy. Ol ýeňlişe sezawar bolup, esgerleriniň bir bölegi bilen gözüniň gören tarapyna gaçdy. Ol atyny gorguna salyp Kuhystana tarap gitdi. Bu waka 388-nji hijri (997-nji milady) ýylynyň dört tirkeşikleiniň soňky aýynda bolup geçdi.

Begtuzun Buhara bu ýeňşi we beýik Taňrynyň özüne üstünlik şerbetinden içmekligi ýeňil edendigi barada hat ýazdy. Köpçülik bu ýeňşe begendi. Olaryň kalplary Faýykdan azat bolandyklary üçin kanagatlanma tapdy.

Faýyk gamgyn boldy, aklyndan azaşmaga ýakyn geldi, ýas baglady. Abylkasym bu ýeňlişden soň işlerini we maliýe ýagdaýyny ugrukdyrmak üçin Buşanja gitdi. Begtuzun bu işlerde oňa bäsdeşlik etdi. Ilçiler bu ikisini birleşdirmek üçin arada durdular. Ol ikisiniň arasynda şertnama baglanyşyldy. Abylkasym

Sähl atly ogluny oňa girew goýdy. Şeýlelikde, olaryň arasynda ylalaşyk gazanyldy. Şu ýylyň rejep aýynda Abylkasym Kuhystana gaýtdy, Begtuzun bolsa Nyşapura gitdi. Faýyk bilen Abylmuzapbar Muhammet bin Ybraýym hem işlerini hem emläklerini tertibe salmak ugrunda ýaraşyga geldiler. Faýyk oňa betniýet bilen güpbasdy gazdy, oňa kast etmekligi ýüregine düwdi. Abylhars oňa kasdyndan gaçybatalga gözledi, özüne arkadag gözledi, oňa öýünde gonalga berdi, oňa ýagşylyk etdi.

Faýyk onuň ýanyna hökümdarlyk üçin mümkinçilik bermegini we hereketini oňlamagyny sorap geldi. Ol onuň bilen gödek gepleşdi, paýyş sözler bilen jogap gaýtardy. Ol onuň mejlisinden gahar bilen çykdy. Faýyk bilen gatnaşagyny kesýändigi barada türkler bilen gepleşik alyp bardy. Ikisiniň arasyndaky oňşuksyzlygy aradan aýyrmak üçin Buharanyň meşaýyhlary köp yhlas etdiler, Faýygy özüni beýle alyp barandygy üçin ýazgardylar, ony raýyndan döndermekçi boldular. Olar emir Abylharsdan munuň üçin geçirimli bolmagyny we bu etmişe gözüni ýummaklygy soradylar. Ol oňa geçirimlilik etdi. Abylmuzapbar Jüzjana gitdi, ol ýerde Abylkasym Barmaky bilen berkitme gurnadylar. Myzrap şahyr lakamy bilen meşhur bolan Buşanjy[20] aýtdy:

Adamlar ýasyn tutup, wezir Balgamyny ýagşylykda ýatlaýar.
Buzgaşy geçdi ornuna, şan-mertebesi Balgamyňka ýetmeýär.
Soň Barmaky geldi, ikisi husytlykda Balgamyny ötmeýär.

Bu Abylkasym hakykatdan mertebe gazandy. Ýöne, onuň gysgançlyk häsiýeti bardy. Ol wezirlige geçende dostlary bol saçak ýazdylar, onuň bu wezipesini dabara bilen bellediler. Ol bolsa bu häsiýetini ýüze çykaryp, olaryň tamasyny ödemedi,

olara üns bermedi, türklere ýalynjaňlyk etdi, olaryň arkasyndan iş gördi, olaryň süňklerini we bogunlaryny bölek-bölek etdi. Ol hakynda bir şahyryň aýdan sözi laýykdyr:

> Ol zerli geýimler geýip, aýşy-eşretde günüň ötürýär.
> Altyn teňňeleriň sajagy ýok, bahyllykdan özün ýitirýär.

## YSMAÝYLYŇ GAZNA GALASYNDAN ÇYKARYLMAGYNYŇ BEÝANY

Emir Seýfeddöwle dogany Ysmaýyldan Gazna galasyndan çykmaklygyny sorady. Ol oňa geçirimlilik edip, onuň howpsuzlygyna kepil boldy, ondan hazynalaryň açarlaryny aldy we wesýet baradaky şertnamanyň bozulandygyny oňa habar bermek bilen ony Gaznadan nökerleri bilen kowdy.

Ysmaýyl dostlary, ýaranlary, atasyndan miras galan nökerleri bilen Balha tarap howlukmaçlyk bilen ýola düşdi. Balh we onuň töweregi onuň adamlaryndan doldy. Ysmaýyl emir Abylharsa özüniň ykbaly we mertebeden düşürilmegi barada hat iberdi. Ol atasynyň wesýetine görä, döwletden hemaýat almaga we bu döwletiň ykbaly ugrunda göreşmäge hakly. Abylhars Alawy Wasy Hemedanlyny Razynyň üstüne gutlaglary, gadamynyň bagtly bolmagyny isleýän arzuwlary bilen iberdi. Oňa Balh, Termez, Hyrat, Bust we bu ýerler bilen serhetýaka etraplar bölünip berlipdi. Ol Nyşapurdaky wakalar üçin ondan ötünç sorady, ötünjini kabul etmeginden umytly boldy we Begtuzunyň işden çetleşdirilmegini oňlamaýandygyny ýaňzytdy.

Emir Seýfeddöwle bu çekişmeleriň göripleriň işinden gelip çykýandygyny we göripçilik keselini bejerýän hiç hili derman ýokdugyny bilip: «Fatyhasyz namaz[21] başsyz göwre ýalydyr» diýip oýlandy. Ol emir Abylharsa öz ynamly adamsy Abylhüseýn Hamulyny gymmatbahaly peşgeş-sowgatlar bilen ugratdy.

Onuň mukdary köpleriň ýüreklerini bökdürdi we gulaklaryny galdyrdy. Emir Seýfeddöwle Abylharsy özüne tarap meýil etdirmekçi bolýardy, ony öz tarapyna çekmek bilen döwletiň kuwwatyny artdyrmaklygy, gatnaşygy berkitmekligi, birek-birege ynamy güýçlendirmekligi maksat edinýärdi, dostlukly gatnaşygyň üsti bilen Horasandaky we onuň welaýatlaryndaky gop-ýan harasaty ýatyrmaklygy göz öňünde tutýardy. Onuň bu teklibi bilen ilçi Buhara geldi. Wezirlik onuň teklibine ylalaşdy. Bir şahyr şeýle aýdypdyr:

Ýurt goldawsyz ýeke galdy,
hökümdaryň başyna agyr gün geldi.
Goňşusyna ilçi ýollady, teklibi wezirlikde kabul boldy.
Agzybirlik oňlandy,
döwlet ýene kuwwatlandy, aýaga galdy.

Myzrap şahyr şeýle aýtdy:

Uzaýry, Balgamy gylyç bilen halky döwletine toplady.
Barybir adamlar tabyn bolmady, öňünde dyzlaryn epmedi.
Ibn Isa, ibn Abuzeýt Nejip hem bu usuldan peýda tapmady.
Seýfeddöwle bizi birikdirdi,
aman bolduk, soňra howp ýetmedi.

Emir Seýfeddöwle ýurduň içinde agzalalyklaryň bardygyny, tertip-nyzamyň gowşandygyny, ynjytmaklygyň, ynjydylmagyň köpelendigini, döwlet emläginiň zaýalanmagyna we ryýa edilmegine gözegçiligiň pes derejededigini, ýaraşyk şertnamalarynyň şahsy bähbitleri kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýandygyny, özüniň ýaranlarynyň hem tarapdarlarynyň Nyşapura geçendigini bildi.

Begtuzun Seýfeddöwläniň gelýändigini eşidip, Nyşapurdan nökerlerini alyp gaçdy. Ol emir Abylharsa mekanyndan aýrylyp gaýdandygyny, Seýfeddöwle bilen niýetini bişişdirmezden öň duşuşmaklykdan howatyr edýändigini beýan edip hat ýazdy. Ony wakalaryň ýakynlygy, ýaşlygyň ganygyzgynlygy we tejribesizligi, netije barada düşünjesiniň azlygy, Horasana tarap çalt ýöremeklikde tejribesiniň azlygy bihuş etdi. Ol bu ýere gitmek üçin aýaga galdyranlaryny hem ýagşy tanamaýardy. Ol ýaýdan atylyp çykan ok ýaly bolup, Sarahsa tarap howlukmaçlyk bilen ýöredi.

Emir Seýfeddöwle Begtuzunyň kast etmekliginiň netijesinden diňe öz-özüni aldamakdygyny, onuň pikiriniň we işiniň ýalňyşlykdygyny, halka ýagşylyk islemeýän haýyn nesihatçynyň hyýanatçylykly oýnudygyny bildi. Olar güýçlüniň garşysyna özleri çykyp bilmän, başga birini küşgürýärler we özleri kölegede galýarlar, maksatlaryny özgäniň üsti bile amala aşyrmakçy bolýarlar. Emir Seýfeddöwle ýoluny üýtgedip, Merwerruda tarap gitdi we Nyşapuryň ýolyny açyk goýdy. Ol bu hereketi oňa yzyna gaýtmaklyga mümkinçilik bermeklik niýeti bilen etdi. Emir Seýfeddöwle Zagula baryp, ol ýerde düşledi we çadyr dikip, işlerini tertip-düzgüne saldy. Emir Seýfeddöwle hakyky niýetini ýaşyrýardy.

Begtuzun emir Abylharsyň düşelgesine tarap howlukmaçlyk bilen ýöredi. Faýyk bu ýere özüniň nökerleri we ähli emlägi bilen geldi. Begtuzun hem gelip ýetişdi. Faýyk Begtuzunyň üstünden Emir Seýfeddöwlä arz etdi. Olar biri-biriniň aýyplarynyň üstüni açdylar we biri-birine gödek sözleri aýdyp, ahlaklarynyň durnuksyzlygyny ýüze çykardylar. Esgerler bu ikisiniň özüni alyp barşyna haýran galdylar we Faýygyň wezipesinden çetleşdirilmegini, özleriniň rahatlandyrylmagyny, pur-

satdan peýdalanyp onyň ejizledilmegini arzuw etdiler. Begtuzun bu ýagdaýy öz bähbidine ugruna gönükdirmäge taýýardy.

Abylhars bu ikisini ylalaşdyrdy. Begtuzun we Faýyk dogany Abdylmelik bin Nuhuň ýanyna barmaklygy ýüregine düwdüler. Abdylmelik Faýykdan ýaşy boýunça kiçi, mertebesi boýunça pesdi. Ol bu ikisini öz ornuna oturtdy. Munuň bilen ol öz mekanyna böwet goýdy. Adamlar biri-birini gowga we kyn ýagdaýa saldylar. Olaryň käbirleri Seýfeddöwläniň tarapyna geçdiler.

Seýfeddöwle Zagulyň köprüsiniň üstünde çadyr dikipdi. Olar ýolda sürüniň daşyny gaban ýyrtyjy itler ýalydy. Seýfeddöwle Merwi almaklygy karar etdi. Ol olary tabyn bolmaýan iki sany kerweniň[22] üstüne işini ýola goýmak üçin iberdi. Faýyk bilen Begtuzun bozuk işlere baş urýardylar, özlerini edepsiz alyp barýardylar, adamlaryň gözüniň öňünde abraýdan düşýärdiler, olar yslama hem, musulmanlara hem hormat goýmaýardylar. Seýfeddöwle bu ikisini yslamyň hormaty üçin düzetmegi maksat edindi. Ol düşelgesinden Merwiň eteklerine tarap süýşüp ugrady. Seýfeddöwle eger olar tabyn bolsalar, ýaraşyga geljekdi, ýogsa gylyjyny gynyndan çykaryp, aldym-berdimli söweşe girjekdi. Onuň bu ýere gelýändiginiň habary tiz ýaýrady. Gorkaklaryň gorkudan ýaňa bedeni titredi, gorky agzalaryna ornaşdy we gan damarlaryndan howp-hatar iki ýana at saldy. Olar ellerini asmana göterdip: «Eý, Taňrymyz! Eger sen bize rehimdarlyk etmeseň we günälerimizi geçmeseň, onda biz utulanlardan bolarys!» diýip, Hudaýtagala ýalbarmaga durdular. Allatagala bulardan ýüz dönderdi. Ol bularyň ahlaksyz etmişlerini we gözden düşen abraýlaryny Seýfeddöwläniň gylyjy bilen dogry ýola salmak isledi, olaryň üstüne azap buludyny iberdi we jeza ýagşyny guýdy.

Faýyk, Begtuzun, Abylkasym bin Simjur Abdylmelik bin Nuh we başga leşgerbaşylar Merwiň etegine tarap, Seýfeddöwläniň goşunynyň garşysyna ýörişe ugradylar. Olara giň ýer dar bolup görünýärdi. Olaryň ýaradar guýruklary idegsiz galdy. Heläkçilik olaryň üstüne hemme tarapdan sürünýärdi we üstlerine heläkçilik kölegesi düşýärdi. Olar kebelek ýaly erjellik bilen oda hüjüm edýärdiler, ýardamçylaryny olaryň gylyçlary bilen öldürýärdiler, olary öz elleri we musulmanlaryň elleri bilen öýlerinden çykarýardylar.

Ilçiler onuň bilen wagtlaýyn ýaraşyk baglaşmak üçin geldiler. Olar onuň güýjüniň zordugyndan gorkýardylar we wagt utup, güýçlerini tijemeklik isleýärdiler. Emir Seýfeddöwle olaryň ýaraşyk baradaky bu teklibiniň jogabyny ýagdaýy oýlanyp görenden soň bermekligi ýüregine düwdi. Ol muny bulara hile gurnamak, olaryň ähtiýalanlygyny kesgitlemek we özüniň şübhesini anyklamak üçin etdi. Ol olaryň hile çadyryny bozdy, pikirlerini aňdy. Bu ýagdaý olaryň ýygyndy adamlarynyň arasynda uçgun döretdi. Olar ýagdaýy özleriçe oýlaýardylar we göýä ölüme howlugýan ýalydylar.

Emir Seýfeddöwle olaryň agyzlarynyň birikmändigini, tersine agzalalyga düşendigini, paýhassyzlyk bilen hereket edýändiklerini, hyýaly ýeňşi tama edýändiklerini, bu ýagdaýyň olary bulaşyklyga eltendigini we belli bir ugrukdyryjynyň ýokdugyny bildi. Elbetde, gaýda gäminiň rul tutujysynyň bolmazlygy onuň üstündäki adamlary heläkçilige getirýär. Olaryň goşuny böleklere bölündi we aýaga galdy. Goşun kalbyny (merkezini), çep, sag ganatlaryny tertibe saldy we hatarlaryny berkitdi.

Emir Seýfeddöwle hem goşunyny nyzama duruzdy. Onuň özi iki dogany Nasr we Ysmaýyl, Nasyreddin Söbükteginiň iki ogly, onuň doganoglany Bugrajyk goşunyň kalbynda (merkezinde) durdular. Abu Firas aýtdy:

Ýaragmyzyň zordugyna söweşde güwä bolar
gylyç-naýzalar.
Güýjümiziň artyklygny subut eder atlylar hem pyýadalar.
Bizden öwsen batyrlyk ýeli duşman sary
haýbat tozanyn salar.
Ýaga hile salar, dostun ýola salar, garşydaşdan üstün geler.
Ejize kalby ýuka, garyp-gasara eli açyk, ýüzi güler.
Kalby kalbyň ruhudyr, haýbaty hem iki ganaty bolar[23].

Bu ägirt goşun duşmana tarap bir göwre ýaly bolup, uly haýbat bilen süýşüp ugrady. Göýä daglar öňe-yza ýöreýän ýaly, ýer titreýän ýaly, derýadan sil joşýan ýaly we aýlanýan ýaly bir elhençlik boldy. Adamlaryň gadamlarynyň astyndan turýan tozan ýagty jahany garaňkylyga aýlady we göýä adamlaryň başyna kyýamat güni geldi. Ölüm-ýitim köp boldy, ökünmeklik hetden aşdy. Leşgerbaşylar bu söweşiň ýitgilerini görüp biri-birine gyjalat berdiler. Olar maslahat berip, biri-birine tor gurdular we biri-birini hile çukuryna iterdiler. Esgerler jemlendiler we şäheriň diwarlaryna tarap bardylar. Bular Horasanyň we Mawerannahryň etraplaryndan ýygnalan çapyksuwarlardy we pyýada esgerlerdi. Olar elleri ýiti gylyçly, güýçli we gaýduwsyz batyr ýigitlerdi, edermen söweşijilerdi. Olar goşunyň kalbyny we ganatlaryny jemlediler. Iki topar çekirtge sürüsi ýaly bolup tolkun atdy we biri-birine tarap hüjüme geçdi. Kelleler eginlerden, goşarlar bileklerden synmaga başlady. Ýürekler gynançdan, begenç kükrekden, gözler hanasyndan, oňurgalar ornundan çykmaga ýakyn boldy. Uruş adamlaryň sany azalýança güýçli dowam etdi, saplar bir ýere ýygryldy, atly goşun, pyýada goşun garym-gatym boldular. Asmany tozan tutdy. Gözleriň içine gyzyl gan guýlan ýaly boldy.

Emir Seýfeddöwle urşuň jümmüşine baryp, gylyjyny, naýzasyny çalasynlyk bilen işletdi.

Gün ýatagyna tarap meýil etdi, ol daglaryň aňyrsyna geçip, gözden ýitdi. Adamlar goh turzup, başagaýlyga düşdüler. Olar söweşi ýeňiş bilen tamamlamak üçin biri-birini öňe-yza çagyrdylar. Seýfeddöwle duşmanyň sag ganatyny çep ganatyna tarap gysdy. Duşmanyň esgerleri aman soramaklygy ýüregine düwdüler. Telpegi agan betbagtlar aman dilemekligiň päk gyzyna söz aýtmaga geldiler. Beýik Tanry olaryň bu sözüni gaýtardy, olaryň bu sözüni ýeňlişe aýlandyrdy we olaryň adat edinen däbini bozdy. Olar sylag atyndan düşürilip ýazgarylmak we hormatdan düşürilmek eşegine mündürilip, amanlyk sawçylygyndan kowuldylar we asyllylyk ulagyndan düşürilip, kemsidilmek ulagyna ters garadylyp mündürildi.

Emir Seýfeddöwle duşmanyň galan goşunyny bir zarbada kül-peýekun etmeklige ruhlandy. Ol ägirt goşun bilen olara tarap süýşüp ugrady. Esgerleriň gadamyndan aýaklarynyň astyndaky ýer titredi. Boýunlar ornundan üýtgäp, mazara tarap meýil etdiler. Adamlar ok degen aw guşlary ýaly bolup, ýere gaçyp ugradylar, ýiti gylyçlaryň urgusyndan ýykylan göwreler sowadylar. Duşmanyň derbi-dagyn edilmegi garaňky gowy gatlyşýança dowam etdi. Her bir uçýan zat bu ýeňlişiň habaryny ýurtlara ýaýratdy, ýel bu heläkçiligiň we yza gaçmaklygyň tozanyny uzaklara alyp gitdi. Duşmanyň diri galan esgerleri çar tarapa gaçdylar. Soňra olar biri-birine sataşmadylar. Bu söweşiň dabarasy dilden-dile we nesilden-nesile geçdi. Beýik Taňry ony ýatlajaklar üçin ýatlama etdi. Beýik Taňry, zalymlara, ine, şunuň ýaly gudrat görkezýär.

Abdylmelik bin Nuh Buhara gelip döküldi. Onuň ýanynda Faýyk ýaranlary bilen galdy. Abylkasym bin Simjur öz topary

bilen Kuhystana tarap, Begtuzun Nyşapura tarap çekildi. Olar sallam-sajak bolup gitdiler we çem gelen ýere dagadylar.

Beýik Taňry Seýfeddöwlä üstünlik eçildi, oňa beren wadasyna wepaly boldy, onuň esgerlerine ýardam berdi, ony erjelligine görä bagtyýar etdi we mertebesini ýokary göterip, oňa uly mülk berdi. Beýik Taňra müňde bir şükür bolsun! Ol hakykatdan hem tarypa mynasypdyr!

Seýfeddöwle samanlylar neberesiniň döwletini, ýurdunyň mülküni we Horasany 389-njy hijri (998-nji milady) ýylynda miras aldy.

Begtuzun we Abylkasym Simjury ikinji gezek ýygnamaklygy we geljek barada gepleşik geçmekligi makul gördüler. Simjury adamlary, pilleri bilen Tusa tarap howlukmaç gitdi. Begtuzun Jürjanyň çäklerine tarap ganat baglap uçdy.

Soltan[24] Arslan hajyp bilen onuň yzyny yzarlap gitdi. Ol ony jynlary kowan ýaly kowdy, ony Horasanyň serhedine çenli kowalady. Soltan Arslan hajyby Tusa häkim belledi, oňa goşun berdi, özi Hyrada gitdi. Ol bu ýere täzeden äht baglaşmaga geldi.

Begtuzun Nyşapuryň jylawynyň soltanyň eline geçendigini eşidip, oňa penjesini urdy. Ol bu welaýata hüjüm etdi we ony täzeden eýeledi.

Soltan onuň döwletini yzyna gaýdyp almak üçin heniz hem göreşýändigini bildi, goşun jemläp onuň üstüne geldi. Begtuzunyň hökümdarlyk günleriniň möhleti tamam boldy. Ol bu ýitgä ses edip aglady. Soltan ol köşeşýänçä azar bermedi. Onuň ýas tutmakdan gözýaşlary gurady. Ol Nyşapurdan Abywerde tarap gitdi. Soltan oňa talabyny güýçlendirdi. Begtuzun atlanyp çölüň üsti bilen Merwe garşy ugrady. Ol bu ýerde özüne sabyrly bolmaklyga we jenaýat etmeklige ýardam berenleriň ýanyna geldi. Ol Merwi eýelemegi we onuň adamlaryny özüne bakna

edip elinde saklamagy ýüregine düwdi. Onuň ilaty bolsa soltana tabyndy we olar adalatly syýasaty oňlaýardylar. Begtuzun Merwiň ilatyny gazap bilen çapawullady, soňra çölüň üsti bilen Amula gitdi we derýadan aňry Buhara ötdi.

Horasan Begtuzundan we onuň ýaranlaryndan azat bolandan soňra soltan Arslan hajyby Tusdan Kuhystana çenli bolan aralyga häkim belledi. Ol bu hereketi Abylkasym bin Simjuryň özüni alyp barşyna gözegçilik gurnamak üçin etdi. Abylkasym bin Simjur Merwde ornaşmaklygyň pikirindedi. Şonuň üçin ol bu ýerde uruş alyp barýardy. Arslan hajyp ony bu ýerden çykardy we Tabasyň eteklerine kowdy.

Soltan Horasandaky goşunlara dogany emir Nasr bin Nasyreddin Söbüktegini baş belledi we oňa Nyşapury we töwereginden öňki döwürden bäri simjurlylaryň neberesine degişli bolan ýerleri berdi. Nasyreddin Balha çenli bolan ýerleri atasynyň mülküne parahatlyk bilen birikdirdi. Soltan Merwerrudyň serhedine çenli ýerleri döwletine birleşdirip, bu işini tamamlady. Soňra öz adatyna görä, az sanly nökerlerini alyp aw awlamaga çykdy. Onuň ýanynda Ysmaýyl bin Nasyreddin, atasynyň goşunlarynyň leşgerbaşysy Noştegin Käç hem bardy. Soltan ony gallawlygy üçin öz ýanyna alypdy. Ol onuň durnukly, ýagşy görýän we ýumşak ýoldaşlarynyň biridi. Soltan onuň bilen bile aw ederdi. Emma ol bu gezek soltana hyýanat etdi. Noştegin Käç kalbynda soltana kine saklaýardy. Ol soltana gylyjyny göterdi. Soltanyň ýanynda Ysmaýyl durdy. Ol soltana yşarat etdi we özüniň hereketi bilen bu heläkçiligiň öňüni aldy. Bu ýagdaý soltanda oňa ynam döretdi. Çünki, göripler onuň aýagynyň astyna töhmet düşegini düşäpdiler we oňa bolan ynama şübhe ýarasyny salypdylar. Soltan onuň bilen duşmançylykly gatnaşykda bolupdy we wagtynda ýörite ygtyýarly gulamlaryna ondan ätiýaçly bolmaklygy tabşyrypdy.

Noşteginiň depesinden gylyçlar indi, onuň her bir agzasy bir ýere pytrady. Soltan Ysmaýyly öz ýanyna çagyrdy we ondan ötünç sorady. Indi haýynlaryň oňa eden hyýanatçylygy soltana mälim boldy. Ikisi päk ýürekden gepleşikleri alyp bardylar. Olaryň arasynda biri-birine ynam peýda boldy. Meniň eşidişime görä soltan ony Gazna galasyndan kowup çykarandan soň, käbir mejlislerde onuň üçin dostluk düşegini saldy, ony öz tarapyna çekjek bolup, gepleşikler dili bilen sözledi, doganlyk gatnaşygynyň bakjasyny hoşamaýlyk suwy bilen suwarmaklyga çalyşdy. Emma onuň bu yhlasy ýerine düşmedi. Ol onuň kalbynyň salamatlygyny gazanyp bilmedi. Soltan: «Meniň seni birnäçe gala häkim bellemek pikirim bar. Men saňa gulamlary, nökerleri we ýeterlik rysgalyňy bermekçi bolýaryn» diýdi. Emma soltan şübheli göz bilen garap, ony Jüzjana Abylharsyň ýanyna iberdi. Beýik Taňry Ysmaýyly özüniň sahylyk gudraty bilen hormatlady we ony amanatynda salamat saklady. Elbetde, beýik Taňry öz isleýän zadyny edijidir!

Beýik Taňry käbir hökümdarlaryň yhlasyny ahlaksyzlyk tozany bilen örtýär. Olar bozuk işlere we jenaýat etmeklige ýüz urýarlar we nebsiniň ugruna gidip, raýatyna külpet baryny görkezýärler. Olar halkyň gözüne jenaýatçy bolup görünýärler. Olardan gylyjyny oýnap jenaýatçylyga baş goşmakdan başga bir asylly iş çykmaýar. Olar sabyrly bolmaýarlar. Beýle hökümdarlaryň garşysyna halky baş göterýär, olar tagtlaryndan taýýarlar, soňra bolsa etmişlerine ökünýärler. Emma bu ökünçden olara peýda bolmaýar. Çünki, ahlagyň bozulmagy diňe heläkçilige alyp barýar.

## MÖMINLERIŇ EMIRI KADYR BILLÄNIŇ SOLTANA «DÖWLETIŇ SAG ELI WE MILLETIŇ YNAMY» DIÝEN LAKAMYNY DAKMAGYNYŇ BEÝANY

Imanlylaryň emiri Kadyr billäh soltana halat geýdirdi we sylag-serpaý etdi. Munuň ýaly hormaty halypalykda heniz hiç kim eşiden däldir. Ol oňa Ýemineddöwle we eminelmille diýen lakamy dakdy. Beýle mertebä heniz hiç bir hökümdar mynasyp bolmandy. Halypadan munuň ýaly sylagy köp hökümdarlar tama edipdiler.

Soltan imanlylaryň emirine, älemleriň hökümdary beýik Taňrynyň wekili bolan halypa päk ýürekden tabynlygyny yslama hyzmat etmek bilen mälim etdi. Ol Horasanyň emirleriniň içinden onuň beýik hyzmatynda durmak bilen öňe saýlandy we hökümdarlyk işini haýbat bilen nyzama saldy. Soltan Ýemineddöwle we eminelmille emirleri dostluk mejlisine çagyrdy we olaryň özüne tabyn bolmaklygyny buýurdy. Ol öz ýaranlaryny, gulamlaryny, wezir-wekillerini, esgerlerini tagzym bilen boýun bolmaklyga çagyrdy. Hiç şalyk mülki onuň döwründäki ýaly kuwwata eýe bolan däldir, golastyndaky adamlar häkimiýete beýle wepadar bolan däldir.

Horasanlylar soltanyň buýruklaryny berjaý etdi. Münberlerden onuň adyna hutba okaldy, işler onuň ýolbaşçylygynda alnyp baryldy. Ol her ýylda dine ýardam bermek üçin Hindistan bilen uruş alyp bardy.

Soltan beýik Taňrynyň dinsiz duşmanlaryna garşy göreşdi. Allatagala munuň üçin oňa sogap ýazdy. Beýik Taňry özüniň mukaddes kitabynda: «Eý, imanly kişiler! Eger siz Taňrynyň dinine ýardam berseňiz, ol hem size ýardam berer we uruş meýdanynda siziň gadamyňyzy mäkäm eder»[25] diýip aýtdy.

## ABDYLMELIK BIN NUHUŇ BUHARA GELMEGINIŇ BEÝANY

Abdylmelik bin Nuh goşunynyň galan ganaty bilen Buhara geldi. Onuň ýanynda Faýyk bardy. Bularyň yzysüre Begtuzun ýaranlary we dostlary bilen bu ýere gelip ýetdi. Bular özbaşdak bolmagyň tamasyny etdiler, ykbal ýyldyzynyň özlerine şowlulyga ýol açmagyndan umyt üzmediler we geljekdäki söweşler üçin goşun jemlemek barada özara gürrüň geçirdiler. Olardan Faýyk 389-njy hijri (999-njy milady) ýylynyň meret aýynda dünýäden ötdi. Bu goşunyň daýanjy bolan hökümdar Amydeddöwle (Döwletiň başy) diýen lakama mynasyp boldy. Ol şowsuzlyk zerarly olaryň kalbyna ornaşan umytsyzlygy aradan aýyrdy we işleriniň puja çykmagynyň öňüni aldy.

Ilek han Abdylmeligi we onuň nökerlerini goldamak üçin Buharanyň derwezesine tarap howlukmaçlyk bilen ýola düşdi. Ol ony aldawdan, gopbamsylykdan, wezipe basgançagyna dyrmaşmaklykdaky göripçilikden we wagşyçylykdan goramaklyga taýýardygyny nygtady. Olar çykgynsyz ýagdaýa düşüpdiler we onuň bu niýetine ätiýaçlyk bilen garaýardylar. Olara üçin özgäniň kömegine ýapynja bolmaklygyň we haýynlyk bilen guralýan duzaklardan hüşgär bolmaklygyň zerurlygy orta çykdy. Ol bulara mähribanlyk bilen hemra bolup, mylaýym we yhlasly işleri, sözleri bilen olary özüne çekdi. Begtuzun we Ýynaltegin Faýyky we Abdylmeligiň beýleki leşgerbaşylary säher

bilen onuň ýanyna atlandylar. Olar onuň bilen söhbetdeş bolup, aram tapdylar. Emma ol bulary ýaranlary bilen tutmaklygy we mallaryny ellerinden almaklygy buýurdy. Olardan ýeke biri hem sypmady. Bu habar Abdylmelige baryp ýetdi. Onuň galan nökerleriniň sany azdy we ar almak üçin ýeterlik däldi. Ol hile ulanmakdan başga amatly ýol tapmady.

Ilek 389-njy (miladynyň 999-njy) hijri ýylynyň zülkagda aýynyň içinde Ýaşgüni güni Buhara gelip girip, emirligiň öýünde düşledi. Talap etmek gözleri we arzuw ýyldyzlary oňa dikildi. Ol bularyň isleg-arzuwlaryny berjaý etmeklige girişdi. Emma oňa bu işini tamamlamak miýesser bolmady. Ol bu ýerden Uzkende gitdi we ol ýerde öldi. Samanylar neberesiniň galan işleri hem Mawerannahrda we Horasanyň etraplarynda öz-özünden ýatdy. Olaryň erjelligi hiç hili peýda bermedi we döwletleriniň ýaşamak möhleti tamam boldy. Bu döwletiň ýok bolup gitmeginde akyl ýetirýän adamlar üçin pent-nesihat bardyr.

## ABU YBRAÝYM YSMAÝYL BIN NUHUŇ BUHARADAN ÇYKYP GITMEGINIŇ BEÝANY

Onuň Buharadan çykmagyna Ilek hanyň bu şäheri eýelemegi sebäp boldy. Ol Abylhars Mekhuly, Abdylmeligi, Abu Ybraýymy, Nuh bin Mansur Razynyň neberesi Abu Ýakuby, onuň doganoglanlary Abu Zekeriýany we Abu Süleýmany, Abu Salyh Magazyny we samanylar neberesinden bolan beýlekiler adamlary tussag etdi we olary zyndana taşlamaklygy buýurdy. Ol biri-biriniň ruhuny galdyrmazlyklary we myş-myşlary ýaýratmazlyklary üçin olaryň her birini aýratyn hüjrede saklady.

Abu Ybraýym bin Nuh muntasyr halas bolmak üçin hilegärlik etdi. Ol iýim-içim getirip berip, hyzmatkär kenizeginiň harabaçylykda ýerleşýän öýünde gizlendi. Abu Ybraýym halas bolandygyna göz ýetirip, gizlenen ýerinden aýal eşigini geýip çykdy we gylyjyny gynyndan çykaryp, begenjinden şeýle aýtdy:

Men ibn Mukbiliň öýünde
bukulyp ýatdym, soňra ondan çykdym.
Aýal geýimini geýdim, astyndan ýiti gylyç dakdym.

Muntasyr halas bolandan soň Buharada bir kempiriň öýünde gizlendi. Soňra ol ýeňşi umyt edip, beýik Taňrydan ýardam sorap, kalbynda gozgalaň gopup Horezme gitdi. Ol bu ýerde ujyz sypan, sergezdançylygyň ýüküni egninde çeken, samany-

lardan bolan harby ýolbaşçylar, esgerler bilen duşuşdy. Olar Horasanyň etraplaryna çenli siňipdirler. Olar bir ýere jemlendiler.

Arslan Baly hajyp Buhara tarap atlandy. Onda ilhanlylar ornaşypdylar. Olar ilhanlylaryň ýollaryny saklaýardylar. Olar Japartegini we onuň on ýedi sany serkerdesini tutdular. Olary ýesir edip Jürjaniýýa alyp gitdiler. Olaryň galanlary onuň elinden sypdylar we Ilek hanyň ýanyna gaçdylar. Ol bularyň yzyndan Samarkandyň çäklerine çenli kowalady. Kuhek han köp esgeri bilen Samarkandy goramaklyga Ilek han bilen ylalaşyk baglaşdy. Kuhek han oňa işleriň ygtyýaryny ynandy. Ol derbi-dagyn bolan goşunyň galan-gaçanlaryny we ýaranlaryny ýygnady we olary geljekki söweşe taýýarlady. Arslan Baly oňa duzak gurdy we duzagyň üstüni bilinmez ýaly edip basyrdy. Ol ar almak kasdy bilen oda-köze düşýärdi. Ol Muntasyryň arka tarapyndan hüjüme geçdi we ony gaçmaga mejbur etdi. Arslan Baly we onuň ýaranlary olaryň emlägini olja aldylar we öz ýagdaýlaryny düzetdiler.

Abu Ybraýym muntasyr Buhara dolandy. Ilat onuň gaýdyp gelmegine begendi. Onuň habary Ilek hana baryp ýetdi. Ol türki kowumlardan bolan goşunlaryny jemläp, uly goşun bilen ýola düşdi.

Muntasyr täzeden hüjüm etmeklik barada pikirlendi. Ýagdaý ondan derýadan ötüp, Amula barmaklygy we ätiýaçlygy elden bermezligi talap edýärdi. Muntasyr Amula baryp ýetdi. Oňa we esgerlerine bu ýer dar bolup göründi. Onsoň Muntasyr çölüň üsti bilen Abywerde tarap süýşüp ugrady. Ol köp kynçylyklary başdan geçirip, çölden geçdi we Nyşapura tarap gitmekligi göwnüne düwdi.

Nyşapurda Abylmuzapbar bin Nasyreddin Söbükteginiň goşuny bardy. Bu iki goşun Nyşapuryň eteginde ondan dört

parsah uzaklykda ýerleşýän Nagaja we Faşaja obalarynyň arasyndaky meýdanda duşuşdylar. Bu waka 391-nji hijri (1001-nji milady) ýylynyň rabygylowwal aýynyň içinde Hoşgünu gije bolup geçdi.

Ýeňişden umytly bolmaklyk iki goşunyň hem başyny aýlaýardy. Iki goşunyň arasynda giňiş meýdan bardy. Abu Ybraýym muntasyryň goşuny söweşe taýýar bolup nyzama durdy. Abylmuzapbar ätiýaçlygy elden bermän, kömegiň gelip ýetmegine garaşyp Hyrat tarapa çekildi. Olar gijäniň içinde Bozhana tarap atlaryny alňasaklyk bilen sürdüler.

Muntasyr Nyşapurda ornaşdy. Oňa başga goşunlardan hem köp esgerler gelip goşuldylar. Soltan ýemineddöwle we eminelmillä Muntasyryň habary ýetdi. Ol ertire garaşmazdan, şol gije atlandy we atyny gorguna salyp ýol ýöredi. Onuň ýörişi göýä ýeriň tanapyny düýürýan ýalydy. Ol şu ýörişini üýtgetmän, Nyşapura gelip, ýagynyň asmandan otuň üstüne dökülşi ýaly ýagynyň üstüne döküldi.

Muntasyr onuň bu ýere gelendigini eşidip, alňasaklyk bilen Isferaýine tarap çekildi we ýaranlaryny dürli berkitmelerde goýdy. Ol howsala düşdi we Şemsilmagaly bin Wuşmgiri kömege çagyrdy. Şemsilmagaly bin Wuşmgir Muntansyryň haýyşyny kabul edip, oňa öýünden orun berdi we ony razy etdi.

Muntasyr on düýe ýüki altyny, otuz düýe ýüki kümüşi, gymmatbaha şaý-sepleri, ýene ýigrimi gatyr ýüki altyny, otuz gatyr ýüki kümüşi, elli düýe ýüki seýrek halylary, owadan Tabarystan düşeklerini, Jürjanyň hazynasyndan alnan başga gymmat baha zatlary, bir million dirhemi, otuz müň dinary, geýim-gejimleri, matalary bu ýere alyp geldi.

Ol söweşe gatnaşjak esgerlere uly kömek bermekligi buýurdy. Wuşmgir oňa Reýe gitmekligi maslahat berdi. Çünki, Reýiň ilaty Wuşmgire köp garşylyk görkezýärdi we oňa tabyn

bolmaýardy. Menuçehriň nebereleri kürtlere we araplara daýanyp, Reýe we Deýleme elini uzadýardylar. Ol bu iki welaýaty olaryň elinden halas etmek isleýärdi, soňra Horasany almagy ýüregine düwýärdi.

Muntasyr onuň maslahatyny kabul edip, Reýe tarap ýöredi, onuň eteginde çadyr dikdi. Reýiň ilaty hile ulanyp görmekligi maslahat bildi. Olar Arslan Balyny, Abylkasym bin Simjury we Muntasyryň käbir ýaranlaryny onuň emlägine eýe bolmak üçin çagyrdylar we olary onuň üstüne küşgürdiler. Olaryň jylawyny Muntasyra tarap aýladylar. Olar Muntasyra hem: «Seniň ýaly kuwwatly hökümdar Gündogarda ýokdur. Emma ýaranlaryň seniň güýjüňe pisint etmeýärler. Olar seniň emlägiňe eýe bolmak isleýärler» diýip, al salyp, Muntasyrda özlerine bolan ynam döretdiler, oňa Horasany eýelemekligi maslahat berdiler we ony Damagana hüjüm etmeklige göwnetdiler. Muntasyr Damagana ýöriş etmekligi ýüregine düwdi. Şemsilmagaly ondan aýryldy we Gürgene gitdi. Şeýlelikde, onuň güýji bölündi we Şemsilmagaly bilen baglaşan şertnamasy bozuldy we onuň takdyry çözüldi. Eger beýik Taňry bir halka erbetlik islese, Elbetde, oňa ondan gutulmak ýokdur. Olar üçin Taňrydan başga hökümdar ýokdur.

Muntasyr Nyşapura tarap atlandy. Leşgerbaşy Abylmuzappar onuň eteginde düşläpdi. Mustansyr özüni gabra eltjek ýalňyş gadam basandygyny bildi we bu hereketine ökündi. Ol ätiýaçlyk üçin Bozhana tarap gitmekligi maksada laýyk bildi we Nyşapura 391-nji hijri (1001-nji milady) ýylynyň meret aýynda gelip girdi, emlägini onuň mähellelerine ýaýratdy. Soltan ýemineddöwle we eminelmille özüniň baş hajyby Tontaşy resmi ýagdaýda Hyrada häkim edip iberdi. Ol oňa batyr türkmenlerden we çalasyn hindilerden goşun gurnap berdi. Olar

baýlyga eýe bolmak höwesinde gyzgynlygy bilen Nyşapura gelip girdiler.

Olary Muntasyr, Arslan Baly, Abu Nasr bin Mahmyt, Abylkasym bin Simjur uruş bilen garşylapdylar. Söweş Tontaşyň peýdasyna gutardy.

Söweşlerde samanlylar döwleti agdaryldy, ýykyldy.
Ýiti gylyç böldi göwresin, gözüne naýza ujy sokuldy.
Täleýi-ykbaly şum boldy, ýiti ýyldyzlary döküldi.
Goşun gaçdy, dagady, kuwwatynyň soňuna sogan ekildi.
Erki şeýle Taňrynyň, beýle ykbal salmagyny ol hak bildi.

Leşgerbaşy Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Söbüktegin Nyşapura girdi. Bu mynasybet bilen şäheri öýlenýän ýigidiň bezelişi ýaly bezediler, ony dabaraly garşyladylar.

Muntasyr Abywerde tarap atlandy. Ol Gürgene ýetýänçä yzyna garaman ýöredi. Emir Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgir onuň habaryny eşidip, kürt esgerlerinden iki müň adamy onuň garşysyna sürdi. Olar ony yza serpikdirdiler we oňa kömek soramak pikirinden umydyny üzmeklige mejbur etdiler. Çünki, ol Reýde bularyň tamasyny ödemändi. Muntasyr öz ýanyndan Arslan Bala gahar edýärdi. Özüni bu masgaraçylykly oýna salandygy we özara bähbitde hyýanat edendigi üçin ony günäkärleýärdi, ony bu söweşde ýeňilmeginiň baş sebäpkäri hökmünde aýyplaýardy. Esgerler onuň işini oňlamaýandyklaryny aýtmak üçin jemlendiler. Olar ýazgarmak gylyjyny öňlerine tutdular. Abylkasym bin Simjur Muntasyra derek ony goldap, ötünç dilini çykardy, olaryň kalbyndaky uçguny köşeşdirdi, tolgunmasyny ýatyrdy, howsalasyny giderdi. Olar öz aralarynda Sarahsyň Fakyh ady bilen meşhurlyk alan serdarynyň ogluna kömek bermekligi makul bildiler. Ol hem Muntasyra ýardam

bermeklige höwesekdi. Olar Abywerdiň üsti bilen ol ýere ýola düşdüler, oňa baryp ýetdiler, onuň emlägini taladylar. Olara beýle işi etmeklige serdarlary rugsat berdi. Leşgerbaşy Abylmuzapbar ýagysynyň burnunyň aşagyna ýygnandygyny bildi. Ol ýagyny tama ýolundan kowmak we umyt galasyndan çykarmaklyk üçin üstüne ugrady. Ol Sarahsa ýakynlaşýança gije ýöredi. Muntasyr hem onuň etegine baryp durdy we ol ýerde çadyryny dikdi. Ol onuň bilen duşuşyga taýýarlandy. Iki goşun söweş üçin güýçlerini ykjamlady. Demriň demre degip edýän sesi alyslardan eşidildi.

Taňrynyň kazasy üstün çykyjydyr, onuň hökmi ýerine ýetýändir. Onuň ýazgydyny çalşyp biljek kişi ýokdur.

Leşgerbaşy Abylmuzapbar öňe tarap ýöredi, barşyna Muntasyryň goşuny bilen çaknyşdy we onuň saplaryny böleklere böldi. Ol Abylkasym Aly bin Muhammediň ýolbaşçylyk edýän arap esgerleriniň gelip ýetişmegine garaşyp durmady. Ol yzynda Tontaş hajyby goýdy.

Muntasyryň tarapdarlary gozgalaň turuzdylar we Gazna hüjüm etdiler. Muntasyr Gazna tarap yza çekildi. Ol ýoluň kynçylygyna we heläkçiligine garaman, alňasaklyk bilen ýöredi.

Leşgerbaşy Abylmuzapbar onuň yzyna düşdi. Beýik Taňry onuň ökjesini galdyrdy, kuwwatyny artdyrdy, oňa ýeňiş tamasyny berdi. Ol Gündogar bilen Günbataryň arasynda guş bolup uçdy. Abu Mansur Abdylmelik bin Muhammet Sagalyby ony şeýle wasp etdi:

Olar ýeňiş umydynda gezdiler,
emma dünýä al saldy, oýnady.
Arzuw ody tutaşdy, kükreklerde
şum-täleý suwy gyzdy, gaýnady.
Arzuwlary puç boldy, ýeňildiler, ýeňiş nesibesin goýmady.

Soltan Mahmyt aldy ýardam-ýeňişi,
Taňryň emri oňa şeýledi.
Döwrüniň güni hem aýy ol, gündiz ýyly,
gije ýagty paýlady.
Ondan özge piller bilen dünýäniň orta
biline gadam goýmady.
Her iş Taňryň erkinde,
islemese hiç kim ýeňiş wagtyn duýmady.
Taňry pelek çarhyn öwürdi, käte pese, käte beýge aýlady.
Kimsi taýyp düşdi tagtyndan, kimsi
ykjam oturdy, hiç taýmady.
Ýaşy kiçi, ylmy köp, maly kän
Mahmydyň, her tarapdan baýnady.
Mertebesi beýik, güýji zor bolsa hem,
ol özün uly saýmady.
Ol yslama ýardamçy «Bir Taňrydan başga
ýardamçy bar» diýmedi.
Möminleriň duşmanyn ölüm bilen,
ýa-da ýesirlikde synady.
Geçirdi aman diläni, tabyn bolmadyk hötjeti ol söýmedi.
Dostlaryna bahar dek mylaýym,
olar hoş howasyndan doýmady.
Ýaranlaryn säher howasy dek ýakymly sözi bilen güýmedi.
Baharyň otlara jan berşi ýaly jan berdi, göwünler ýaýnady.
Bulut asmandan müşk ysly
şerbet ýagdyryp, bulgurlary paýlady.
Şerbetden ruhlar içdi, argynlygy
aýryldy, lezzet alyp doýmady.
Dowamly mülk, bol emläk, uzak ömür,
mertebe oňa dil unady.

Abu Sagyt bin Dost aýtdy:

Abylmuzapbar Nasr dünýäniň iň adalatly emiri.
Ol asylly batyrlaryň, wepaly sahylaryň biri.
Ol mertebeli, kuwwatly hökümdarlaryň bagtyýary.
Döwletini Taňry goldaýar, şeýle Onuň ygtyýary.

Fakyhyň ogly we Muntasyr atlaryny gorguna salyp, oguz türkmenleriniň ýanyna gaçdylar. Olar samanlylar döwletine ýykgyn edýärdiler. Olar Muntasyry kömeksiz galdyrmaklygy özlerine rowa görmediler we olar samanlylar neberesi bilen özleriniň öňki gadyrly gatnaşygyny ýatlaryna saldylar. Bularyň tanyşlygy köne döwürden bäri dowam edip gelýärdi. Bu gatnaşygyň arasy Ilek han ara düşýänçä kesilmändi. Bu waka 393-nji hijri (milady) ýylynyň meret aýynda bolup geçdi. Bu wagtda Ilek han türkleriň goşuny bilen Muntasyrdan üstün çykmaklyk üçin atlandy. Ol türkleriň goşunyny ar almak üçin hakyna tutup, Samarkandyň çäklerine baryp ýetýänçä, ýol ýöredi, soňra Gazna tarap howlukdy.

Oguz türkmenleri[26] onuň garşysyna dil düwüşdiler. Olar güýçlerini jemlediler, gijäniň içinde çalasynlyk bilen atlaryna atlandylar, Ilek hanyň goşunynyň üstüne çozdular. Olar onuň gymmatbahaly zatlaryny taladylar, görnükli goşunbaşylaryny tutdular, soňra olja alan zatlaryny göterip ýurtlaryna gaýtdylar. Olar etmişlerini aklamak üçin ýesirleri alyp, Muntasyryň ýanyna geldiler, soňra Muntasyr bilen Ilegiň arasynda dostlukly gatnaşyga ýol açyldy we ol onuň ýesirlerini boşatdy. Bu ýagdaý oguzlar bilen onuň arasynda agzalalyk we şübhe döremegine alyp bardy. Şundan soň olaryň gözleri onuň ýanynda ynamlylyk we durnuklylyk sürmesi bilen sürmelenmedi. Muntasyr olardan ýedi ýüz atly we pyýada adamy derýadan ötmeklik üçin saýlap

aldy. Ol wagt derýa doňdy we Amul bilen ara daşdy. Olar ötmek üçin derýanyň üstüne şalynyň samanyndan düşediler. Oguzlar Muntasyryň kast etmek howpundan heder edip derýadan ötmeklikden saklandylar.

Muntasyr derýadan ötmeklik barada karar kabul eden wagtynda döwletiň sag eli we milletiň ynamy bolan soltana Amula ata-babasyndan miras galan hukugynyň bardygyny we derýadan goşunynyň ötmeklige haklydygyny ýatladyp ilçi iberdi. Ol onda özüniň tabynlygyny tertibe saljakdygyny we tabyn bolmaklyga yhlaslydygyny, Amuly özüne bölüp bermekligine gol goýmaklygyny, emlägi we adamlary bilen bu işe ýardam bermekliginiň zerurdygyny hem nygtady. Ol Amuldan Merwe goluny uzatmakçydy. Soltan türkmenleriň kömegi bilen derýadan ötmeklikde gerek boljak gaýyk-gämileri gurdy.

Ol Haherzada lakamy bilen meşhur bolan Abu Japaryň ýanyna adam iberdi. Haherzada sada adamlaryň hilindendi we samanlylar döwletiniň günlerinde sahylygy bilen tanalypdy. Ol maly bilen hem, ýaragy bilen hem bu döwlete ýardam bererdi. Ilçi onuň ynsanperwerlik nukdaýnazaryndan Muntasyra kömek bermekden ýüz dönderýändigi baradaky jogaby getirdi.

Muntasyr onuň jogabyna gazaplandy we onuň garşysyna uruş yglan etdi we oňa köp jepalary görkezdi. Muntasyryň ýaranlary onuň üstüne hüjüm etdiler.

Haherzada bu ýerden Abywerde gaçdy. Ol 394-nji hijri 1004-nji milady) ýylynda bu ýere gelip, soltana sowgat-serpaýlar bilen ilçisini iberdi, päk ýürekden oňa tabyndygyny we hyzmatyna taýýardygyny, onuň alyp barýan syýasatyndan razydygyny we onuň erkini gyşarnyksyz berjaý etjekdigini mälim etdi.

Emir ony özüne tabyn bolmaklyga mejbur etdi. Muntasyryň oňa göripçilikli garaýşy ýüze çykdy.

Abu Nasr bin Ahmet hajyp Muntasyryň bu ýere gelendigini eşidip özüni emiriň hyzmatyna meýil etdirdi, Muntasyr bilen gatnaşygyny kesdi we Nusaýda onuň adyna münberlerden hutba okatdyrdy. Nusaýyň adamlary onuň pikirini bilenlerinden soň, oňa raýat boldular we onuň bilen dostlukly gatnaşyk etmek sebäpli aýyplanmagyň muşakgatyndan özlerini goramak hem onuň jenaýatçylykly etmişlerinden saklanmak islediler. Olar Horezmşaga bil baglap hat iberdiler we görnükli döwlet işgärleriniň biri Abylfazl hajyby onuň şerinden dynmak üçin öz taraplaryna çekdiler. Ibn Muhammet Muntasyryň tarapyna ýykgyn etdi. Ol Astawanyň galalarynyň biri bolan Hutuştana tarap ugrady. Abylfazl esgerlerini Horezmşanyň adamlaryndan jemläpdi. Ol gijäniň içinde çozmaklyga ylalaşdy. Bu günleriň gijeleri tüm garaňkydy, kimiň uranyny, kimiň urlanyny saýgarmak mümkin däldi, atyň üstünde çapyksuwaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitläp bolmaýardy. Söweş başlady. Atlylar pyýadalar bilen garyşdy. Iki tarap biri-birine hüjüm etdi. Olaryň arasynda söweş gyzyşdy. Iki tarapyň hem bütewiligi bozuldy. Gije daňa ýakynlaşdy, ýyldyzlar günbatara geçip öçdüler. Heniz hiç kim bu garaňkylykda esgerlere näme bolandygyny bilmeýärdi. Gündiziň ýagtylygy wagt geldikçe garaňkylyga ýaýyldy. Ibn Mahmydyň, ibn Husameddöwle Abylapbas Taşyň öldürilendigi mälim boldy. Diri galan adamlar çöle siňip gitdiler. Muntasyr Isferaýine gelip düşdi. Onuň ilaty başlaryna muşakgat inmezligi üçin we bulam-bujarlyk we gowga peýda bolar gorkusy bilen ony sakladylar. Ol bu ýerden gitdi we uzak ýoly söküp Sarahsyň çäklerine geldi we bu ýerde düşledi. Ol goşunyň galyndysyny ýygnady, derýanyň kenaryna çenli ýöredi, Kuýtanyň ýanyndan derýadan ýüki bilen ötdi we Buhara geldi. Buhara halky onuň gelmegine garşy çykdy, onuň öňüne böwet goýdular. Onsoň ol gylyjyny gynyndan çykaryp, Sogdyň Debbusiýa

şäherine tarap ugrady. Köp adamlar Muntasyrdan gaçyp Buharadan Debbusiýa barypdylar.

Muntasyr Buharadan gaýdyp duşmanyň ýerleşýän ýerine ýakyn geldi. Ol duşmanyň üstüne okduryldy we onuň ganatlarynyň arasyny böwüsdi. «Ýigitleriň öýüniň başlygy» lakamy bilen meşhur bolan Ibn Ylm ony Samarkanda gitmeklige meýillendirdi. Ol onuň ýanyna üç müň sany adam bilen gelipdi. Olaryň ahuny hem üç ýüz sany hyzmatkäri bilen onuň hyzmatyna durdy. Bu ýere oguzlar hem ýuwaş-ýuwaşdan ýygnandylar. Olaryň kalbynda dörän uçgun tutaşyp oda aýlandy.

Ilek han olaryň güýçleriniň köpelýändigini eşitdi we bu ýere goşun çekip geldi. Olaryň arasynda Samarkandyň araçäginde ýerleşýän Bozkent obasynda çaknyşma bolup geçdi.

Çar tarapdan bu ýere batyr esgerler geldiler.
Atly hem pyýada goşun töwerege doldular.
Hana hyýanat etdiler, başagaýlyk saldylar.
Kesekiler ýerliniň zadyny olja aldylar.
Adamlaryn tutdular, ýat ýurtda ýesir boldular.

Bu waka 394-nji hijri (1004-nji milady) ýylynyň meret aýynda bolup geçdi. Han türkleriň ýerlerini gaýdyp aldy, ony öz ýerine birikdirdi, olary çagyrdy, birleşdirdi. Türkleriň gozgalaňy ikinji gezek gaýtalandy.

Muntasyr çar tarapa ot saçdy. Ol oguzlaryň ýurduna gaýtmagy bilen ylalaşdy. Alan oljalaryny alyp ýurtlaryna gaýtmak olaryň adatydy.

Uruş täzeden Dizek bilen Hawasyň arasyndaky boşluk meýdanda gaýtalandy. Abylhasan bin Tak öz ýoldaşlaryndan bäş müňe ýakyn adam bilen Ilhandan aman sorady.

Muntasyr basylmak howsalasyna düşdi. Ilhan esgerlerine göneldiji gylyç bilen höküm etdi. Onuň esgerleri gana suwsandy, şirleri hem bürgütleri açdy.

Muntasyr Jeýhunyň kenaryna tarap ýöredi, derýadan ötdi. Ol Andhoýyň[27] üsti bilen Jürjanyň ýerleriniň üstünden geçdi we Ilhanyň yzyndan ýetmeginden hüşgär bolup ýöredi. Muntasyr örüdäki mallary sürüp gitmekligi we olary esgerlere paýlamaklygy buýurdy. Ol Zagulyň köprüsine baryp ýetdi.

Soltan ýemineddöwle we eminelmille onuň habaryny eşidip, Balha tarap howlukmaç atlandy. Ol ýagdaýyň çylşyrymlaşmagyndan howatyr edip, amatly pursaty ele almak üçin gyssandy we Pyrgaun bin Muhammediň kyrk sany serkerdesi bilen duşmany kowmaklygy ýüregine düwdi.

Muntasyr olary güýçden gaçyrdy. Soňra ol Hunabize tarap ýöremegi zerur hasaplady. Çünki, bu ýeriň ilaty oňa uly garşylyk görkezipdi.

Leşgerbaşy Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin we Taganjyk Waly, Arslan Jazyp Waly Tusa tarap süýşüp ugradylar. Olar yzlarynda uly tozan galdyryp barýardylar, atlaryny gorgunyna goýbermekden lezzet alýardylar. Olar ilki Jumanda, soňra bolsa Bistama bardylar.

Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgir iki müňe ýakyn şahyjanly kürtler[28] bilen Muntasyry yzyna serpikdirdi. Ony paýyş sözler bilen masgaralap, yzyna gaýtardylar. Oňa ýollar dar bolup göründi. Ol ruhypeslige düşüp, adam ýaşamaýan Nusaýpdar etrabyna tarap gyssanmaçlyk bilen gitdi.

Ony bu ýerde ibn Surhak Samanly Ilek hanyň göwnüne degendigi, ikiýüzlülik edendigi, gizlin dildüwşüge gatnaşandygy baradaky hat bilen garşylady. Ol onuň hemaýatyndan peýdalanmak üçin hatyň jogabyny bermelidigi barada öz-özi bilen göreşip, howsala düşdi we Amula tarap çöle ýetýänçä ýöredi.

Onuň atlylary derýanyň kenaryna tarap ozup geçdiler. Bu wagt gyş günleridi we derýanyň suwy doňupdy. Olar buzuň üsti bilen derýadan ötdüler, garaňky düşenden tä daň atýança hiç ýerde saklanman ýörediler. Olar Süleýman we Safy Hajy Ilek hanyň ýanyna barmaklygy maslahat bildiler, ol ikisiniň ýanyna geldiler. Ol ikisi samanlylaryň ýakyndadygyny, kynçylyklaryň olary dagadandygyny habar berdiler.

Wakalar Muntasyryň ruhuny gaçyrdy. Ol amatly pursatyň gelmegine tamakindi. Abu Ybraýym Muntasyryň bu sapary gysga möhletli boldy. Ony bu ýerden kowdular we gaçmaga mejbur etdiler. Onuň iki doganyny tutdular we olary Uzkende ýesir edip alyp gitdiler.

Muntasyr bu çölde düşlän araplaryň leşgerbaşysy Ibn Behijiň düşelgesine gaçyp bardy. Ol Mahruý Bender ady bilen meşhurdy. Soltan ýemineddöwle we eminelmilläniň ýanynda hormatlanýan adamlaryň biridi. Ol Muntasyra onuň ýanyna baryp, birnäçe wagt garaşyp oturmaklygy maslahat beripdi.

Gije özüniň gara lybasyn egnine geýdi.
Asmandaky ýyldyzlara: «Ine, goşunym» diýdi.
Düşelgäniň adamlary Muntasyra ýüzlenip:
«Sen akmak, nadan, daş ýürek, şum ykbal» diýip sögdüler.
Ykjam goradylar ýerlerin gadamyndan,
Ýeri halal etdiler onuň haram ganyndan.

Abu Tammam şu sözleri aýtmak bilen onuň ýaly adamlaryň ölümini göz öňünde tutan bolsa gerek:

Ol ýigit ýeňşe derek gyjalat hem urgulary iýip öldi.
Urgulara gylyjyň sapy çat açdy, çydamady, döwüldi.
Ölüm hala düşende kemsidildi, paýyş sözler bilen sögüldi.

Göripler al-hile saldylar, şowsuzlykdan dik başy egildi.
Gije ölüm köýnegin geýdi, ýyrtyldy, gyzyl gana ýuwuldy.
Ruhy uçdy, gitdi asman sary, göwresi gabra tarap sowuldy.
Taňrynyň salamy bolsun saňa, ömür tanapyň kelte düwüldi.

Onuň jesedini Ruzbarzemdäki Maýamurga alyp gitdiler we ony 395-nji yijri (1005-nji milady) ýylynyň dört tirkeşikleriň ilkinji aýynda şol ýerde jaýladylar.

Soltan ýemineddöwle we eminelmille onuň ölümi baradaky habary eşitdi we onuň ýasyny tutmaklygy buýurdy. Ol bu etmiş üçin Ibn Behiji we onuň kerwensaraýyndaky başga ötegçi araplary ýazgardy.

Samanlylar döwletiniň kuwwaty pese gaçdy we möhletini tamam etdi. Elbetde, beýik Taňry her işiň hötdesinden gelmekligi başaryjydyr.

# SAMANLYLAR NEBERESINIŇ EMIRLERINIŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ WE DÖWLETINIŇ SOLTAN ÝEMINEDDÖWLE WE EMINELMILLÄNIŇ ELINE GEÇMEGINE ÇENLI WAKALARYŇ BEÝANY

Samanlylar neberesiniň guran döwleti Mawerannahry, Horasanyň käbir welaýatlaryny, Sistany, Kirmany, Jürjany, Tabarystany, Reýi we Yspyhanyň çäklerine çenli bolan ýerleri öz içine alýardy. Bu döwlet bir ýüz iki ýyl alty aý on gün ýaşady. Onuň emirleriniň ilkinjisi Abu Ybraýym Ysmaýyl bin Ahmetdir. Ol 287-nji hijri (900-nji milady) ýylynyň dört tirkeşikleriň soňky aýynyň ortasynda Hoşgüni Balh welaýatynda Amr bin Leýsden üstün çykyp, ony ýesir aldy, soňra Horasany eýeledi we onda sekiz ýyl hökümdar bolup oturdy. Ol 295-nji ýylyň sapar aýynyň on dördünde[29] Buhara geldi, hökümeti ele aldy we ony halypa tabyn bolmak bilen adalatly ýöretdi.

Ondan soň Abu Nasr Ahmet bin Ysmaýyl döwleti miras aldy. Ol alty ýyl üç aý ýurdy dolandyrdy, öz wagtynda döwletiň kuwwatyny we şöhratyny artdyrdy. Ol gulamlarynyň bir topary bilen hökümdarlygynyň ýedinji ýylynda, anna gijesinde jumadylowwal aýynyň içinde[30] Firabra gaçdy. Ol atasynyň yzyna eýerdi, onuň başlan işlerini dowam etdirdi, ýurtda köp ýagşy işleri ornaşdyrdy, täzelikler girizdi, öňden gelýän asylly däpleri dowam etdirdi we Taňrynyň şerigatyna dogry gelýän işleri tutdy.

Bu emiriň ornuna Abylhasan Nasr bin Ahmet tagta geçip oturdy. Ol otuz ýyl hökümdarlyk etdi we döwletiň sütünlerini berkitdi.

Ondan tagty Nuh bin Mansur miras aldy. Onuň lakamy Emir hamyddy (Taryply emir). Ol on iki ýyl üç aý ýedi gün hökümdarlyk etdi we 343-nji ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň on birine Hoşgüni[31] Buharada aradan çykdy.

Ondan soň mülke Abdylmelik bin Nuh eýe boldy. Ol ýedi ýyl alty aý on bir gün hökümdarlyk etdi. Onuň aty büdredi we ol aty bilen bile ýykyldy. Ony öli halynda göterip alyp gaýtdylar. Bu waka 357-nji ýylyň baýram aýynyň on birine anna güni bolup geçdi[32].

Ondan soň hökümete onuň ogly Mansur bin Nuh on bäş ýyl, dokuz aý ýolbaşçylyk etdi. Ol 365-nji ýylyň baýram aýynyň on birine Hoşgüni güni dünýäden ötdi[33]. Mansur bin Nuh ýigrimi bir ýyl, dokuz aý iş dolandyrdy. Ol 387-nji hijri (996-njy milady) ýylynyň rejep aýynyň on üçüne, anna güni öldi.

Soňra Abylhars Mansur bin Nuh bir ýyl dokuz aý tagtda oturdy. Begtuzun ony 389-nji hijri (998-nji milady) ýylynyň sapar aýynyň on ikisine Sogapgüni Sarahsda tussag etdi.

Soňra onuň dogany Abdylmelik bin Nuh hökümdarlyk kasamyny kabul etdi. Onuň gadamy tä Soltan Ýemineddöwle we eminelmille hökümdarlyk jylawyny ele alýança durnukly boldy, soňra ol ahyret saraýyna sapar etdi. Ol Buhara barýan wagtynda Ilek han ony tutdy we onuň mülküni elinden gaňryp aldy. Onuň hökümdarlygy sekiz ýyl on ýedi gün dowam etdi. Onuň kysmaty oňaýsyz öwrülişige sezewar boldy. Soltan ondan Horasany basyp aldy. Mundan soň hem onuň döwletiniň kuwwatyny gaçyran pajygaly wakalar bolup geçdi, onuň duşmanlary has köpeldi. Ol mülküni elden giderdi. Ony yzyna aljak bolup, köp yhlas etdi. Emma onuň yhlasy puç boldy.

## NASYREDDIN SÖBÜKTEGINIŇ WE SISTANYŇ HÄKIMI HALAP BIN AHMEDIŇ ARASYNDAKY OŇŞUKSYZLYGYŇ BEÝANY

Kitabyň başynda emir Halap bin Ahmet bilen baglanyşykly wakalar ýatlanylyp geçilipdi. Emir Sedit Mansur bin Nuh onuň samanlylar neberesiniň öýüne gaýdyp gelmegine garşy çykypdy. Bu ýagdaýa onuň göripçilik etmekligi we Horasandaky gozgalaňlara baş goşmaklygy sebäp bolupdy. Ol onuň Sistanda turzan gozgalaňynyň ulalmagyndan we onuň öz çäklerine ýyňdarylmagyndan gorkupdy.

Nasyreddin Söbüktegin bu wagt Hindistanyň şasy bilen araçäkde yslam üçin söweşýärdi. Biz kitabyň başynda bu wakalaryň beýanyny aýdyp geçdik.

Halap bin Ahmet bu ýagdaýdan peýdalanyp Busty eýeledi. Ol adamlary Nasyreddin Söbükteginiň garşysyna söweşmeklige çagyrdy, onuň emlägine elini uzatdy, raýatyna salgyt saldy, emlägi jemledi we hazynada saklady.

Beýik Taňry Nasyreddine näletkerde kapyrlary ýeňmeklige ýardam berip, bagtyýar etdi. Ol Halap bin Ahmediň hyýanatly hereketine gahar edip, atynyň jylawyny Busta tarap aýlady we Busty onuň şerinden halas etmekligi göwnüne düwdi.

Halabyň ýaranlary onuň ar almaga geljekdigini aýtdylar we hüşgär bolmaklygy maslahat berdiler.

Nasyreddin Söbüktegin onuň garşysyna çykmaklygy möhüm wezipe hasaplady. Beýik Taňry onuň bu göreşine ýardam berdi.

Halap özüniň hökümdarlygyny dostlukly gatnaşykda saklamak üçin onuň ýanyna ilçisini iberdi. Ol özara gatnaşykda hyýanat etmejegine güwä geçdi. we köp sowgat-peşgeş etdi.

Nasyreddin onuň hyýanatly hereketini we güýjüni saldarlap gördi. Ol ötünjini kabul etdi, alan emlägini ýerine goýmaklygy talap etdi we Halap bu talaby berjaý edýänçä onuň adamlaryndan girew aldy. Bu parahatçylykly ýagdaý Halap Nyşapuryň derwezesiniň ýanynda Abu Aly bin Simjur bilen ylalaşyk şertnamasyny baglaşýança dowam etdi. Bu wakanyň beýany öňde ýatlanylyp geçildi.

Ol häzirlikçe duşmançylygyny bes etdi we Nasyreddine kömek bermeklik bilen ýakynlyk görkezdi. Nasyreddin ondan minnetdar boldy. Şeýlelik bilen ol kuwwatyny artdyrdy.

Abu Aly onuň beýle hereketinden öýkeledi, ony gabawa salmaklygy, onuň bilen uruşmaklygy we Halabyň tarapdarlaryny garşysyna öjükdirmekligi maksat edindi. Ol hemme ýaranlaryny Buşanja iberdi.

Nasyreddin Halaby özüne orunbasar belledi, ony kynçylyklardan halas etdi we howpdan azat bolmaklygyna şert döretdi. Ol Abu Aly bilen söweşmeklik üçin Tusa tarap ýöriş edip, onuň ýurtdan çykmaklygyny talap etdi we ony bu ýerden kowdy. Ol bu urşuň tozanyny üstünden kakdy we Abu Alynyň girewe goýan ýaranlaryny yzyna gaýtaryp berdi, oňa peşgeş-sowgat etdi, halat ýapdy. Şeýlelikde, ikisiniň arasyndaky böwet aýryldy.

Nasyreddin Söbüktegin Ilek hany Razynyň hökümdarlygyndan goramak üçin derýadan aňry geçdi. Ol bu işi oňa maslahat bermek bilen etmekligi, eger ol muňa razy bolmasa, onda

onuň garşysyna uruş yglan etmekligi ýüregine düwdi. Nasyreddin Söbüktegin Razydan Ilek hana geçirimlilik edip, bu ýurduň käbir ýerini bermekligini, galan ýerleri bolsa, özüne tabşyrmaklygyny talap etdi. Ol bu talap berjaý edilse, onda onuň öz gazabyndan aman boljakdygyny, tersine bolsa, onda onuň gazabyna sezewar boljakdygyny ýatlatdy. Bu wagt ol Halap bin Ahmediň Ilek hana uruş edip Busty we onuň töweregini we Gaznany we onuň töweregini almak maksadynyň bardygy barada hatynyň gelendigini bildi. Ol Abu Alyly meselede Halaba ýardam berendigine ökündi. Nasyreddin gazap bilen Sistandaky hyýanatçylygy öçürmek üçin gaýtdy.

Onuň kätibi Abylfath Busty ony bu niýetinden gaýtardy. Onuň pikirine görä, käbir habarlar myş-myş bolup çykýar we olar çyn ýaly kabul edilýär. Ýigrenç bar bolan kalplar wagşydyr. Paýyş söz rahat adamynyň kalbyny gahara tarap gozgaýar, aňynyň öňüni ýapyp, oýlanşyksyz hereket etmäge mejbur edýär we ýalňyş işe baş goşmaga mejbur edýär. Şonuň üçin her bir sözüň üstünde oýlanyp görmek, onuň düýbüni derňemek zerur. Netijäni sözüň anygyna ýetilenden soň çykarmak gerek. Beýik Taňry: «Eý, iman getiren kişiler! Size ýalançy adam habar bilen gelse siz ony dykgat bilen barlaň, bolmasa siz bilmezlik bilen adamlara zyýan ýetirersiňiz, soňra siz bu işiňize puşman bolarsyňyz» diýdi.[34] Abylfath onuň howlukmazlygyny we oýlanşykly hereket etmekligini maslahat berdi.

Abylfath Busty Nasyreddin bilen arasyndaky bolan gürrüň barada goşgy aýtdy:

Eger kalbyň söýgüsin awlamakçy bolsaň,
mylaýym bol ynsana.
Sahawat dänesi bilen gapany gur ýürek atly soltana.

Guşlar däne görüp, okdurylýar ýere, galaýsa hem asmana.
Tarapyňa çekersiň ony, beýle işden hiç galmarsyň zyýana.

Halap bin Ahmet mundan soň özüne yza berýän we özüni aýyplanylýan zat dogrusynda soltan Nasyreddine hat ýazdy. Soltan Nasyreddin kalbyndaky at salýan oýlar barada pikirlenip gördi, köne ýürek guýusyndan çykýan pikir suwuna gahar gözüni ýumdy we ol suwy köşeşmeklik howzuna guýdy. Onuň ömri tä Taňrynyň rehmet gudratyna ulaşýança mähribanlyk meýdanynda boldy.

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille onuň düşelgesine bardy. Ol ony ýakynlyk ynamyna saldy we sözi bilen ara agzalalyk salan we göripçilik eden kişini ýüze çykarmaklygy buýurdy. Soňra ol oňa ýer bölüp bermeklik bilen şatlykly pursata sezewar etdi. Halap ondan Horasanyň etraplarynda özüne miras galan mülküni yzyna gaýtaryp almaklyga tamakin boldy. Agzalalyk tozany päk asmana siňip gitdi.

Halap bin Ahmet soltanyň ýanyna gelende ol onuň mülküni elinden alypdy. Ol ogly Tahyry Kuhystana iberdi. Tahyr ony eýeledi, soňra ol Buşanja tarap gitdi we ony basyp aldy. Buşanj we Hyrat Nasyreddin Söbükteginiň dogany Bugrajygyň kanuny ýeridi. Beýik Taňry bu ýerleriň jogapkärçilikli ýüküni soltanyň üstüne atypdy. Bugrajyk ony öz welaýatyndan kowmaklyga we onuň goşunyny derbi-dagyn etmeklige rugsat sorap soltanyň ýanyna geldi. Soltan onuň bu haýyşyny kanagatlandyrdy. Ol Buşanja tarap atlandy. Buşanjyň ýakynynda Tahyr bin Halap öňünden çykdy. Iki goşun çaknyşdy. Olar biri-birine hüjüm etdiler. Çep ganat sag ganat bilen, sag ganat bolsa çep ganat bilen garyşdy. Tahyr bin Halap ýeňlip, düýeguş ýaly bolup gaçdy. Bugrajyk onuň söbügine düşdi. Bugrajyk bu urşa öňden

taýýarlanypdy. Onuň ýaýdan atan oky nyşana degdi. Ol ok tagna eden gözleri oýardy. Ol onuň bilen hile we güýç oduny ulanmak bilen gatnaşdy. Bu iki ot ony özüniň hakyky niýetinden gapyl etdi, hüşgär bolmaklygy we özüni goramaklygy unutdyrdy, serhoş ýaly edip ýalňyşdyrdy.

Bu söweş iki tarapy hem böleklere böldi. Kimiň ýeňendigi, kimiň ýeňlendigi, kimiň talaňçy bolandygy, kimiň talanandygy mälim bolmady. Ibn Halap hak-hukukdan kesildi. Ol ýeňlen goşuny bilen gitdi.

Soltan 390-njy hijri (1000-nji milady) ýylynda Halap bin Ahmediň üstüne ugrady. Ol Ysbahbint galasynda düşläpdi. Bu gala beýik ýerde ýerleşýärdi. Aýdylyşyna görä, onuň ýyldyzlara ýakynlygy ýaýyň iki kirşiniň biri-birine ýakynlygy ýalydy. Halap bin Ahmet ony özüne berkitme edindi. Ol soltandan bu kynçylygyň özüni gysyp-gowurmagyndan, ýüpi halkasyny çekmezden parasatly bolup, ýüz müň dirhem salgyt almak bilen halas etmekligini sorady. Soltan onuň haýyşyny kabul etdi. Ol oňa bu salgydy tölemeklige möhlet berdi we ony galada ýesir edip, syrtmak salan ýaly gabap goýdy. Emma soltan Hindistana ýöriş etmekligi, yslamyň kuwwatyny galdyrmaklygy, onuň çäklerini giňeltmegi, Gurhanyň hak sözlerini ýaýratmaklygy, Taňrynyň razylygy üçin uruşmaklygy ýüregine düwdi. Ol Taňrynyň ilçisi hökmünde Hindistanyň çäklerinden geçdi we oňa içgin girdi. Taňry ony özüniň gudratly nury bilen dogry ýola ugrukdyrdy, özüniň ägirtliginden oňa başarjaňlyk ukybyny eçildi, onuň işlerini oňuna etdi. Ol ýörişini Burşawaz şäherine ýetip, şäheriň eteginde tamamlady. Şäheriň eteginde çadyr dikip düşledi. Ol Taňrynyň duşmany Hindi patyşasy Jibaly duşuşyga çagyrdy. Onuň ogullarynyň biri Jinul duşuşykdan ýüz dönderdi. Soltan onuň bilen jihat urşuna başlamaklygy laýyk gördi. Ol on

bäş müň atly esgerleriň jylawyny onuň üstüne aýlady. Ol bulara özlerine gaýtawul bereniň gününi bulamaklyga ygtyýar berdi. Onuň bu esgerleri saýlantgy esgerlerdi. Ol bulara gorka salýan ýylanlar we tokaýyň ýolbarslary ýaly garaýardy.

Soltan hindileriň üstüne dag ýaly berk durnuklylyk bilen söweşe ugrady. Çünki, onuň sabyr-takady galmandy. Hindiler on müň atly goşun we otuz müň pyýada goşun bilen, üç ýüz pil bilen öňe ýörediler. Bu goşunyň agramyndan gadamynyň astyndaky ýer lerzana geldi we soltanyň düşelgesiniň garşysyna gelip saklandylar. Olar: «San taýdan agdyklyk bilen ýeňşi gazanarys» diýip oýlanýardylar. Emma nadan kişi Gurhany okasa, onda ol Taňrynyň erki bilen ençe gezek az goşunyň köp goşuny ýeňendigini bilerdi. Kapyryň goşuny haýbat bilen ornundan süýşüp ugrady.

Soltan sabyrly bolup garaşyp durmaklygy we yşarat berlen wagtynda söweşe girmekligi buýurdy. Taňrynyň dostlary oňa kömek beriji ellerini uzatdylar, söweşmeklik üçin onuň elini giňeltdiler. Uruş ody tutaşdy. Ol bu uruşda saýlantgy atly goşuny olaryň garşysyna goýdy. Surnaý çalyndy, dep kakyldy. Piller öňe süýşdüler. Iki tarap söweş meýdanyna tarap ýöredi, biri-birine okduryldy, ýaýçylar oklaryny taýýarladylar, esgerleriň gylyçlary howada ýylpyldady, atlaryň sagrysy gün şöhlesine ýyldyrady, gan çeşmeleri buldurap akdy. Taňrynyň dostlarynyň ruhy göterildi. Günortadan öň musulmanlar Taňrynyň duşmanlarynyň ýarysyny ýok etdiler. Olar bäş müňe ýakyn ýagyny gylyçdan geçirdiler, olary söweş meýdanynda serdiler, maslyklaryndan uly depe ýasadylar. Olar bilen wagşy haýwanlary we asmanyň ýyrtyjy guşlaryny naharladylar. On bäş sany söweşjeň pil endigine görä duşmanyň üstüne okduryldy, holtumlary bilen duşmanyň esgerlerini ýokary göterip, ýere çaldylar we olary

aýaklary bilen depelediler. Allatagalanyň duşmany Jibal, onuň ogullary, agtyklary, doganynyň ogullary gabawa düşdüler. Olary ýesir alyp soltanyň çadyryna tarap, azap beriji perişdeleriň kyýamat gününde günäkärleri dowzaha sürüşleri ýaly edip sürdüler. Olaryň ýüzüne kapyrlyk tozany ornaşypdy. Bu şowsuzlyk olary howp-hatara saldy. Olaryň ellerini güýç bilen arkalaryna daňdylar. Olary ýer sürýän azal ýaly edip süýräp, ýeňselerine urup geldiler. Jibalyň seýrek dürler we jöwherler bilen bezelen täjini kellesinden aldylar, oňa iki ýüz müň dirhem baha kesdiler. Onuň ýakyn garyndaşlary wagşy haýwanlaryň we bürgütleriň eline düşen ýaly boldular we ölüm bilen ýesirligiň arasynda agyr duýguny başlaryndan geçirdiler.

Beýik Taňry dostlaryna gereginden hem artyk ýardam berdi, duşmany gabawa salmaklyk üçin olara uly ruhybelentlik berdi, olara bäş ýüz müň adamyň kuwwatyny eçildi. Soltan öz ýaranlary bilen duşmanyň düşelgesine tarap okduryldy. Taňrynyň päk bendelerine, Taňra şükür edýänlere berekella! Beýik Taňry soltana hindileriň ýurdunda ýeňişi nesip etdi.

Horasan ýurdy ini-boýy bilen söweşlerde güýçden gaçypdy. Bu şöhratly ýeňiş onuň abraýyny alys gözýetimlere ýaýratdy we kuwwatyny artdyrdy. Bu waka 392-nji hijri (1001-nji milady) ýylynyň aşyr aýynyň sekizine anna güni bolup geçdi.

Soltan bu urşuň agyr ýüküni egninden düşürdi. Ol hindileri ar-namysyň aşagynda goýdy. Olar köp ýitgiler çekdiler. Yslamyň haýbaty kapyrlaryň bu ýurduna ýaýrady. Soltan hindilerden elli pil olja aldy, patyşalarynyň ogullaryny we agtyklaryny wepaly bolar ýaly girew aldy. Hindiler ýurtlarynyň içki çäklerine yza çekildiler. Şanyň ogly Andabal atasyna garrylygyň aňsyzlyk donuny geýendigini, tapdan düşmeklik sakgyjyny çeýnändigi barada hat ýazdy. Onuň üstüne ýesirlik bürgüdiniň

güni we yza gaçmaklyk ýyldyzy dogdy, ejizlik synagy başyna düşdi. Şowsuzlyk haltasy onuň gerdenine agram saldy. Onuň üçin zamananyň kazysynyň öňünde jogap bermeli pursat geldi. Olardan kim yslamy kabul eden bolsa, onda ol ýesirlikden azat boldy we oňa hiç hili jebir-sütem salynmady.

Jibal özüniň ejizlik gandaly bilen kemsidilmek odunyň ýalnynyň arasynda galandygyny gördi. Ol haýynlyk arzuwyny edip başlady, özüni kemsinmek oduna saldy we onda ýandy. Jibal özüne gelenden soň soltanyň erkine tabyndygyny yglan etdi. Ol üzeňňesini ýüpek parça bilen bezemekden lezzet aldy we köp ruhy muşakgatlary çekdi. Baýguş ýaly ses çykaryp, ýumruklaryny kükregine urdy. Ol şonuň ýaly manysyz hereketleri etmeklik bilen özüniň agyr ýüküni ýeňletdi.

Onuň ýanyna hindileriň dag jülgelerindäki taýpalaryndan bir adam geldi we oňa ýurdunyň habarlaryny aýtdy. Ol ýurdunyň başyna düşen muşakgatly günlere gamgyn boldy.

Soltana Gaznanyň daglyk ýerleriniň howasy hoş geldi we oňa göçdi we ony özüne paýtagt edindi. Ol bu ýere uly üstünlik, ajaýyp ýeňiş we durnukly kuwwat bilen geldi. Yslamyň ýüzüne şöhrat gününiň şöhleleri düşdi, imanyň dodaklary ýylgyrdy, ymmatyň kükregine şatlyk alamatlary doldy, dinsizlik we Taňra şirk getirmekligiň oňurgasy syndyryldy.

Soltan Tahyr bin Halap barada Sistanyň ähdini güýçden gaçyrandan soň bu welaýatyň işlerini tertip-düzgünli alyp barmaklygy Halap bin Ahmediň özüne tabşyrypdy. Soltan oňa bu wezipäni wagtlaýyn synag möhleti bilen ynanypdy. Halap bin Ahmet bu möhlet tamam bolanda ýeňillik bilen dem aldy. Emma soltan onuň alyp baran işi barada güwä bolýan maglumatlaryň üstünde oýlanyp gördi we onuň işini kanagatlanarly de-

rejede hasaplamady, oňa mähribanlyk etmedi, soňra ony gabawda saklamaklygy karar etdi.

Soltan onuň ogluny wesýeti we gizlin amanatlary kabul etmeklige çagyrdy. Ol işleriň syrlaryndan habarsyzdy. Halap bin Ahmediň atly topary Tarfa bin Aýdyň ýolunda bukuda garaşyp durdy. Haçan ol bukynyň üstünden gelende olar onuň daşyny gabadylar, ony tutup zyndana taşladylar. Ol ajaly gelýänçä zyndanda oturup, zyndanda öldi. Ony özüne kast edip öldüren, öz ganyna, öz ruhuna jenaýat eden kişi hökmünde: «Jynazasyny okamak rowa däl» diýip hasapladylar.

Halap bin Ahmediň goşunbaşysy Tahyr bin Zeýnep[35] we Sistanyň başga harby ýolbaşçylary onuň bilen bolup geçen wakany eşitdiler we soltanyň ygtyýaryna tabyn boldular Olaryň dostlukly gatnaşygy ýola goýuldy. Şunuň bilen olaryň üstünden howp sowuldy. Olar bu şäheri soltanyň sylag-hormaty üçin tertip-düzgünde sakladylar we soltanyň üstüne özleriniň oňa tabyndygyny beýan edip ilçi iberdiler. Olar bu şähere özleriniň arasyndan birini häkim bellemekligini ondan soradylar. Soltan olaryň haýyşyny kanagatlandyrdy. Bu şäherde soltanyň syýasaty ýöräp başlady. Bu waka 393-nji hijri (1002-nji milady) ýylynda bolup geçdi. Beýik Taňry oňa ýardam berdi. Ol işlerini ýola goýdy, oňa Halabyň kasdyndan gutulmagy aňsat etdi.

Sistan galasynyň ýedi gat diwary bardy. Galanyň diwarlary berkdi we sütünleri pugtady. Onuň daş töweregini hendek gurşap alýardy. Hendek çuň edilip gazylypdy. Galanyň içine diňe bir dar ýol bilen girmek mümkindi. Ol ýol hendegiň üstüne goýulan köprüdi. Ol köpri oturtmady. Ony gerek wagty ýerine goýýardylar, gerek bolmajak wagty galdyryp gaýdýardylar.

Soltanyň esgerleri galanyň töweregini gabadylar. Olar hendekden geçmekligiň ugry barada oýlanyp başladylar.

Goşunyň düşelgesiniň ýakynynda ýylgyn tokaýy bardy. Soltan goşunyň ýörite ygtyýarly adamlaryna, garamaýaklaryna, atlylaryna, pyýadalaryna ýylgyndan ýygyp hendegiň içine gömmekligi buýurdy. Adamlar bu işe howlukmaçlyk bilen girişdiler. Olar hendegiň üstünde geçer ýaly geçelgeleri ýasadylar. Onuň üstünden adamlar, atlar, piller ýöräp geçdiler. Halap bin Ahmediň ýaranlary galanyň gözegçilik edilýän diňlerden bularyň üstüne daşlary ýagdyrýardylar. Iki tarapyň arasynda uruş ody tutaşdy. Galadakylar hüjüm edýänleriň üstüne otly çüýşeleri zyňdylar. Ägirt piller galanyň derwezesine tarap süýşüp ugradylar. Olar derwezäni gulpy bilen gopardylar.

Bu söweşde Halabyň tarapdarlaryndan köp adam öldürildi. Olaryň galanlary içerki haýatlaryň geçelgesine tarap gaçdylar. Soltanyň esgerleri galany weýran etdiler. Halabyň tarapdarlary başga haýatyň gözegçilik diňlerinde jebisleşip, galany goradylar. Hüjüm edýänler manjanyklardan gala tarap daşlary atdylar.

Halap bin Ahmet betbagtçylyk güýçlenenden soň görnüşe çykdy. Ol elhenç ýagdaýy gördi. Çar tarap maslyklardan doludy. Oklar çabga ýaly ýagýardy, ganlar sil ýaly akýardy. Ol ýaranlarynyň birnäçesini bir piliň holtumy bilen tutup, asmana zyňyp goýberendigininiň şaýady boldy. Ol aýagy bilen bir çukur gazdy we Halabyň tarapdarlaryny yzly-yzyna şol çukura taşlap, aýagy basyp mynjyratdy. Bu wakany görüp, onuň ruhy göçdi, howsala düşdi. Ony howp basdy we kalbyna gorky aralaşdy. Ol aman dilemekligi, soltany kömege çagyrmaklygy ýüregine düwdi.

Soltan onuň bu haýyşyny kabul etmekden ýüz dönderdi. Ol oňa ar gamçysyny taýýarlady. Halap bin Ahmet erjellik bilen soltandan duşuşmaklygy sorady. Ahyry ol bu rugsady aldy. Ol soltanyň ýanyna gelip aýagyna ýykyldy, oňa tagzym etdi.

Soltanyň aýak asty ýazylan halylar, jöwherler, gymmatbahaly daşlar bilen bezelendi. Ol gören gözleri gamaşdyrýardy. Halap soltanyň geçirimli bolmagyny we rehim etmegini sorady. Soltan haýyşy kabul etdi. Onuň elini kükregine goýdy. Ol onuň öňki eden etmişlerine göz ýumdy. Oňa özüniň ýurdundan islän ýerinde mekan tutmaklyga rugsat berdi. Halap Jüzjany saýlap aldy. Soltan ony ol ýere dabara bilen eltmekligi buýurdy.

Halap bin Ahmet Jüzjanda dört ýyla ýakyn wagt ýaşady. Ol öz gününe kaýyl boldy we galan ömrüni kanagat bilen ötürdi. Ol 399-njy hijri (1006-njy milady) ýylynyň rejep aýynda barsagelmez ýurduna sapara gitdi. Soltan onuň hemme emlägini ogly Abu Hafsa miras bermekligi buýurdy. Ol soltana özüniň yhlasly we wepaly hyzmatyny görkezdi.

Abu Mansur Sagalyby aýtdy:

Zamana kemsidýär ynsany, çekip muşakgat ýaýynyň taryn.
Halaby gör, şalyk dawasyn edip, gördi sergezdanlyk baryn.
Düýn hem patyşady, bu gün bolsa tartýar
esirlikde ahy-zaryn.

Halap bin Ahmet şalyk dawasynda aňy gidip, ýurduň etraplaryna çekildi. Ýöne, ol alymlara uly hormat goýýardy. Şahyrlar, alymlar we başgalar ony dillerinde wasp etdiler. Onuň ömür beýany baradaky gürrüňler uzak gözýetimlere ýaýrady. Alymlar Allatagalanyň kitabynyň tefsirini düzdüler. Tefsir alymlary bir harpy hem galdyrman Gurhany düşündirdiler. Onuň yzýanyndan Gurhanyň kyragaty boýunça alymlar ýüze çykdylar. Soňra arap diliniň morfologiýasy, sintaksisi, dildäki aýallyk we erkeklik toparlaryny düşündirýän alymlar döredi we soňra hadys alymlary ylym meýdanyna çykdylar.

Meniň eşidişime görä, ol özi baradaky kitaba ýigrimi müň dinar töläpdir. Onuň bir nusgasy Nyşapurda Sabunynyň medresesinde saklanylýar.

Abylfath Busty maňa: «Men oňa bagyşlap üç beýt goşgy ýazdym. Ol maňa munuň üçin üç ýüz dinar berdi. Ol beýtlerden birinji beýdi, ine, şudur:

Halap bin Ahmet mirasdüşer hökümdar,
öz waspy üçin eçildi puly.
Pygamber neslinde Abdy Menafyň,
Halabyň neslinde Leýsiň şöhraty uly.

Ybraýym bin Hilal Saby soltanyň parahatçylyk ýurduna[36] ilçi bolup geldi. Soltan ondan öz hojaýyny barada şygyr aýtmagyny sorady. Ol soltandan oýlanmaga biraz wagt bermegini haýyş etdi. Soltan oňa gysga wagt eçildi. Ybraýym bilen hoşlaşmakçy bolanda, şu beýtleri aýtdy:

Seniň ýanyňa[37] dostsyrap geldim, az salym sen
Mahmydy ýazgardyň.
«Onuň dosty Taňry» diýip güwä geçdim. Aýtdyň:
«Ýalan gepi urduň».
Ynanmadyň sözüme, kasam içdim. Aýtdyň: «Sen
ýalan güwälik berdiň».
Emma Mahmytdan gelen ilçide üç ýüz dinarly
düwünçek gördüň.

Şyh[38] Abylfath Busty Halap bin Ahmediň waspy barada şu setirleri aýtdy:

Kim zamandan mertebe paýyn isledi, ol muşakgat
baryn gördi.

Kim ony Taňrysyndan hantama boldy, boş
goýmady, paýyn berdi.
Çünki, onuň üsti bilen dine ýardam bermek onuň işi-derdi.
Halap adyl şa Raza göriplik etdi, garşysyna al-hile gurdy.
Razy gylyjyn gyndan çykaryp, onuň üstüne uly goşun sürdi.
Gylyç hötjetlere wagyzdyr, Halaby dogry ýola gönükdirdi.
Yhlasly zähmet ýüzüň hormaty,
yhlassyz ýüze tegmil oturdy.
Zamanaň bükürligin bilip, bozuklar dünýäde işin bitirdi.
Taňryň gazabyndan Aý-Gün tutuldy, ýurda uruş-
gowga getirdi.
Bir gün uruş, bir gün ýaraşyk, ol urşy turuzdy,
urşy ýatyrdy.
Mertebe eýesi kime mertebe berdi, kimden ony ýitirdi.
Baýlyk berdi ulanmaga, kim aňly ulandy, ol hormata iterdi.
Bozuk bozuklygy özüne, mala derek bozuklygyn göterdi.
Waspyň manysyndan ne peýda, Wasp ediji[39]
waspyn öňden bitirdi.

Abylfazl Hemedany öz kasydasynda Halap bin Ahmedi wasp etdi:

Tümlük garasy ýaly gysyklygyň gara göreji
sahylyk säheriniň nurunda ýitýär.
Taňry jübiňi puldan doldurdy, kirpige çalnan
sürme dek berseň maňa artygy bilen ýetýär.

Halap bin Ahmet Hemedanda hajylary garşy alanda, ondan sorag-jogap edildi. Abylfazl Hemedany ony şeýle beýan etdi:

Hajylar Halap bin Ahmede berdiler birnäçe sorag-sowaly:
«Hany ogluň, öýi nirede, niçik onuň işi, ýagdaýy-haly?».

Diýdi Halap: «Nebsi öňde, aňy yzda, elinde dünýäniň maly.
Wezipe ony göterdi, ulumsylyk suwunyň üstünde saly.
Ýalan-ýaşryk dilinde, töhmet atmakda iki paý berilen ýaly,
Eý, hajylar, bu soragda barmy sizde
meni oýnamak hyýaly?».
Aýtdylar: «Oýnumyz ýok, synagdan geçdiň,
çekip keç gelen ykbaly.
Ogluň sözünde ygtybar ýok, işinde adalat, düzüw däl päli.
Eger ýakyn bolmasa sahylyga, sadalyga mülküň şemaly.
Mertebäni gaçyrýar, tagtdan taýdyrmaga salýar hiläni-aly.
Haýyr-yhsan gerek ilata, tagta direg iliň ýagşy ahwaly.
Şanyň päk ahlagy ile ýagşy görelde, görkezýär dogry ýoly.
Goňşyň hakyn saklamak beýik ahlak,
ynjytmak ahlaksyzlyk uly.

Seýit Japar Muhammet bin Musa Musawy: «Şu beýt onuň gapysynda ýazylgy eken» diýip ýatlaýar:

Kim Firdöws jennetin görmek islese
garasyn Eýwan Keýwany.
Kim Ryzwany ýakyn görmek islese garasyn köşgi-eýwany.

Soltana Sistan wasp edildi. Onuň gowga alamatlaryndan doly gözleri köşeşdi, gahar ýyldyzlary öçüşdi, onuň bu gala güýç ulanmak meýli ýatyşdy, şähdi açyldy. Soltan ajaýyp iş we uly ýeňişi bilen Gazna gaýdyp geldi. Beýik Taňry onuň islegini kanagatlandyrdy, atan okuny nyşana degirdi. Onuň arassa howaly we şöhratly ýurdunyň dabarasy alys menzillere ýaýrady.

Abylfazl Hemedany Sistanyň eýelenişini şeýle wasp etdi:

Gylyjyň ýiti ýüzi bilen bitirdiň arzuwyn ençe ýylyň.
Mertebä, şöhrata getirdi başyndaky pikir-hyýalyň.
Adalat düşegin giňden düşäp, goradyň bähbidin iliň.
Şäherleri alaňda bek tutdy hyrsyzlyk gylyjyn eliň.
Sistan eliňe geldi, duşmandan uzyn boldy diliň.
Ýagy aman sorady gelip, durup bilmän öňünde siliň.
Şahyrlar şygyr düzdüler, waspyn edip şan-şöhratly ýoluň.
Taňrynyň ýardamy bu ýeňşe getirdi, göterip ykbalyň.
Döwletiň dowamly boldy, iliň rahat, hoşwagtda öz halyň.

Ussat Abylfazl Hemedany (goý, beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň waspyny etdi:

Taňry oňa Peridunyň täjin, «ikinji Isgender» lakamyn berdi.
Süleýman täzeden geldi,
Samanly tümüne Mahmydyň güni ýardy.
Hakanyň ogly Bahram Çubiniň nesliniň
üstüne pil münüp bardy.
Çünki, ol şanyň egninde ymykly oturan
melgun şeýtany gördi.
Boýun boldy tagatyna, haýbatyna,
hyzmatynda gol gowşuryp durdy.
Eý, Bagdadyň häkimi! Hüşgär bol,
iki ýüz pil ýedi sapda saňa gadam urdy.
Şöhraty alys menzillere ýaýrap, il-uluslara ýaň berdi.

Soltan Sistana Gonjy hajyp ady bilen meşhur bolan Nasyreddin Söbükteginiň asylly serkerdelerinden birini belledi. Ol tejribeli, ýumşak gylykly, mähirli, ýagşylyk etmäge ýykgyn ed-

ýän, şübheli zatlara ýiti göz bilen garaýan, gowgalary ýatyrmaga, goh-galmagallary köşeşdirmäge iberilýän harby ýolbaşçylaryň biridi.

Olary eşretli durmuş, parahat ýaşaýyş, bol-elinlik läliksiredipdi. Olar biri-biriniň garşysyna topalaň turuzdylar, biriniň üstünden soltana arz etdiler, kynçylyklardan, durmuşlarynyň erbetliginden şikaýat etdiler. Olar biri-birleri bilen oňuşmadylar, şer gylyjyny gynyndan çykardylar.

Soltan Sistanyň orunbasarlarynyň we ynamly adamlarynyň baş göterendigini bilip, saýlantgy esgerlerinden on müň adam alyp, ol ýere gyssanmaçlyk bilen ýola düşdi. Onuň ýanynda serkerdelerden Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Tontaş hajyp, araplaryň serkerdesi Abu Abdylla Muhammet bin Ybraýym Taýy hem bardy. Olar gozgalaňçylary galanyň içinde gabadylar. Onuň esgerleriniň atlary diwaryň ýanynda durup ýadadylar. Olar bu galany zabt etmek üçin bölündiler. Uruş ody bularyň arasynda 393-nji hijri (1003-njy milady) ýylynyň gurban aýynyň ortasynda anna güni ikindiden soň tutaşdy. Soltanyň esgerleri olaryň tejribesizliginiň we goranmagy başarmaýandygynyň üstünden gülüp masgaraladylar, ýaraglary ulanmaklyk bilen olary kyn güne saldylar, olary ýaraladylar, manjanyklardan gala tarap äpet daşlary atdylar, diwarlary güýç bilen itelediler.

Soltanyň käbir ýaranlary garaňkynyň içinde diwar tarapdan göründiler. Olar ýeňiji soltany öz taraplaryna çagyrdylar. Azgynlar ýeňlişe sezewar boldular, galany gabaýjylar bolsa ýeňiş gazandylar. Olara tarap jan alyjy eller uzady we olaryň depesinden gylyçlary inderdiler. Gyrmyzy ganlar dökülip ýere akdy. Olardan köp mukdarda ýesir aldylar we mal ýaly edip sürdüler. Ýesirler depelerinden inýän urgulardan gizlenmäge ýer tapma-

ýardylar. Çünki, üstlerine topulýan esgerler olary gorka salýardy.

Şeýlelikde Sistan olaryň şerinden gutuldy. Beýik Taňry öz ýardamy bilen soltana Sistanda ikinji gezek ýeňiş berdi. Ol günlerde başga munuň ýaly şöhratly ýeňiş barada gürrüňler eşidilmedi. Soltanyň haýbaty Sistanyň adamlarynyň arasyna ýaýrady. Onuň haýbatynyň deňeşdirmesi hökmünde: «Içýanlar we çekirtgeler gijesine jyrryldamakdan heder etdiler» diýilýär.

Abu Mansur Sagalyby bu uly ýeňiş bilen soltany gutlap şu goşgyny düzdi:

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille uly
eňşiň mübärek bolsun!
Uly mülke eýe bolduň, mülküňe,
döwletiňe dowamat gelsin!
Beýik Taňrynyň nazary ýeňişli ýoluňa öz nuruny salsyn!
«Ýeňiş» sözi raýatyň dilinde, diller diňe seniň adyň alsyn!
Aýagyna dik galdyrdyň mülküň,
ilin waspyň aýdyp, sazyň çalsyn!»
Diniň kuwwat tapmagyna ýardam berdiň,
sogaby alnyňa dolsun!
Iliň şat, duşmanyň mat bolsun, görip saralsyn solsun!
Mertebäň beýik bolsun,
şan-şöhratyň alys menzillere ýaýylsyn!

Soltan Sistany goşunbaşy dogany Abylmuzapbar bin Nasr bin Nasyreddin Söbükteginiň ygtyýaryna berdi. Ol oňa munuň üstesine Nyşapury, Nahygy we gündogardaky welaýatlary goşdy. Ol Abu Mansur Nasr bin Yshagy wezirlige belledi we bu emirligiň işlerini tertip-nyzamda saklamaklyga jogapkär etdi.

Abu Mansur welaýatyň işlerine girişdi. Ol döwlet işlerini dolandyrmakda ukyplydy, syýasatdan ökdelik bilen baş alyp çykýardy. Ol zamananyň adalatyň tarapyny tutýan sowatly adamlarynyň biridi. Zamana oňa kämil sypatlary berdi. Soltan Hindistandaky urşy täzeden başlamak üçin Balha gaýdyp geldi. Biz, eger beýik Taňry ýol berse, bu wakalary öz ýerinde beýan ederis.

## ŞEMSILMAGALY KABUS BIN WUŞMGIRIŇ ÝURDUNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Şemsilmagaly on sekiz ýyllap Horasanda galyp, Ol şunça wagtlap bu ýurduň pajygaly wakalaryna we onuň bolup geçýän öwrülişiklere çydam edip garaşdy. Ol wakalaryň agramyny gerdeninde çekdi we hökümdarlaryň çalşygyny gözi bilen gördi.

Samanylar neberesi onuň ýurduna gaýtmagyna, onuň bilen duşmançylygyň aradan aýrylmagyna we onuň öz ýurdunyň ygtyýaryny eline almagyny uly ähmiýet berýärdiler. Onuň bu ýerde galmagy gatnaşygyň arasyny üzýärdi.

Şemsilmagaly köp kynçylyklary başyndan geçirdi we uly tejribe toplady. Nasyreddin Söbüktegin Horasana gelende we Abu Alyny ýeňende Şemsilmagaly ol duşuşypdy, onuň bilen duşuşykdan kanagatlanypdy we onuň bilen Balha gitmeklige ylalaşypdy. Aradan birnäçe wagt geçdi. Şemsilmagaly Abu Alynyň tarapyny tutdy. Emma onuň bu işi netijesiz boldy. Bu sebäpden ol howlukmaç Tusa, Abu Alynyň ýanyna gitdi. Şemsilmagaly ony tapdy we onuň bilen äht baglaşdy. Bu ikisi biri-birine mähribanlyk etdiler. Olaryň işleri ugruna bolmady. Öňde ikisiniň wakalary barada Reýiň häkimi Fahreddöwläniň, kürtleriň goşunbaşysy Baýdar bin Hasnaweýh we Abylfawarys bilen baglanşykly wakalaryň beýanynda ýatlanyp geçildi.

Nasyreddin Söbüktegin gündogardaky goşunlary ulanmak bilen bulardan üstün bolmaklyk üçin taýýarlandy. Ol edermen

Ilhanly türkleriň bir bölümini olaryň üstüne ugratdy. Ol özüniň uly hajyby Tontaşy Ilek hanyň ýanyna ikisiniň arasyny aýyrmak meselesini maslahatlaşmak üçin iberdi, Ilek handan on müň sany saýlantgy esgerleri alyp, olary ýardam we söweşe gatnaşmak üçin öz goşunyna birikdirmegi sorady.

Nasyreddin Söbüktegin urşa taýynlanmak üçin we uly goşun gelip ýetişýänçä garaşmaklyk üçin Balha gitdi. Ol ilçi gaýdyp gelmezden öň öz goşunyny ykjamlady.

Ilçi iş bitirip bilmän aljyrap geldi. Onuň bu sapary ugruna bolmady. Adamlar ýardam bermek meselesinde Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň we Şemsilmagalynyň arasynda aralyk ýagdaýda durdular.

Soltan ýemineddöwle we eminelmille atasyndan miras galan möhüm işleri berjaý etmekligi tizleşdirdi. Ol dogany bilen bilelikde işlere meşgul boldy we Şemsilmagalynyň ýurduna gaýtmaklygyna möhlet goýdy, özi bolsa Gazna gitdi.

Abylkasym bin Simjur Kumysda mekan tutdy. Fahreddöwle öz ýoluna gitdi. Simjur ol gidenden soň, Gürgene bardy we Şemsilmagaly bilen hat alyşdy. Abylkasym bin Simjur Astrabada ugrady. Abylapbas Firuzan bin Hasan Deýlemiň esgerlerinden we kürtlerden goşun jemledi. Abylkasym Buharadan Kuhystan we Hyrat welaýatlaryna ugradylypdy. Oňa Horasana adamlary özüne çekmeklik üçin gaýdyp barmaklyk buýrulypdy. Ol bu işi berjaý etmekliklige synanyşdy. Onsoň ol amatly pursata garaşmaklyk üçin Isferaýine tarap gitdi.

Şemsilmagaly Nyşapura gaýdyp geldi. Ol samanlylar neberesiniň işleriniň ýagdaýynyň gowy däldigini bildi. Bu ýagdaý onuň kalbyny köşeşdirmän, tersine oda berdi.

Şähriýar bin Şirweýh Asbahbadda öz erkine gezip ýördi. Şemsalmagaly onuň baýdagynyň astyna ýygnananlaryň ýanyna gitdi. Emir Abu Talyp Rüstem bin Fahreddöwläniň daýysy Rüs-

tem bin Mürzeban Reý şäheriniň häkimidi. Ol köp söweşleriň şaýady bolupdy. Bu şäheriň adamlary söweş ýaraglaryny we söweş geýimlerini ýasamak bilen meşgul bolýarlar. Asbahbad olara talaby güýçlendirdi we olary topar-topar edip çöl-beýewanlara kowdy. Ol olara zyýan ýetirmek we heläk etmek üçin topuldy, olardan köp mukdarda olja aldy we köp adamyny öldürdi. Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgiriň adyna hutba okaldy. Ol bu neberäniň görnükli adamlarynyň we Isbindariýadaky ýaşaýjylaryň edermenleriniň biridi. Asbahbad Şemsilmagalynyň syrlaryny saklaýjydy.

Nasr bin Hasan bin Firuzan ony Deýlemden çykaryp, Isbindariýanyň çäklerine kowmaklyga ylalaşdy. Ol ondan üstün bolmaklyga we ony gysyp çykarmaklyga umyt baglady. Ol onuň daýysy Abylfazl Asbahbady tussag etdi, ölümine çenli zyndanda saklady. Soňra ol Abu Sagyda ýykgyn edip, onuň Amula gitmekligine kömek etdi. Amulda hajyp iki müňe ýakyn reýli esgerler bilen düşlän Abylapbas bu ýerden ýeňilip gaçdy. Ol onuň yzyna düşdi we ony derbi-dagyn etdi. Onuň goşuny gumuň içine dagady. Abylapbas hajyp bu ýeňiş barada Şemsilmagala hat iberdi. Ol Nyşapura gitdi, soňra Gürgene bardy. Bu ýerde ibn Sagydyň adalatsyzlygyny görüp, Astarabada tarap ýola düşdi. Ol Astrabatda öz şygaryny öňe sürdi we töweregine pikirdeşlerini jemledi.

Şemsilmagaly Asbahbada ibn Sagyt bilen birleşmegi teklip edip hat ýazdy. Şeýlelikde, öz elini onuň eline birleşdirdi, onuň kömegine daýandy, ondan peýdalandy. Ol özüne buýrulan işi etdi.

Gürgende düşlän Abylapbas Firuzan bin Hasan bu ikisiniň habaryny eşitdi. Ol bu ikisiniň garşysyna söweşmek üçin we olaryň ýakan oduny öçürmek üçin gylyjyny çaldy we bu ikisi bilen Astrabatda çaknyşdy. Ol Ibn Sagytdan tas ýeňlipdi. Herne

olara Deýlemiň esgerlerindäki kürtler we araplar kömek etdiler. Abylapbas Firuzan bin Hasan ýeňildi. Ony we onuň bir müň ýigrimi esgerini ýesir aldylar. Onuň garyndaşlaryndan bolan Kabus bin Wuşmgir we Salar bin Harkaş kömege geldi we olar bilen söweşip Firuzany we esgerlerini ýesirlikden boşatdy.

Şemsilmagaly bu ýeňişden soň Kabusyň adyna münberlerden hutba okaldy. Beýik Taňry oňa üstünlige tarap ýardam berdi. Ol Gürgene gitdi, onuň kyn işini aňsat etdi, kuwwatyna kuwwat, başarjaňlygyna başarjaňlyk goşdy.

Bu söweş Reý halkynyň ýeňilmegi bilen gutardy. Olaryň başyna adalat gamçysy indi. Olaryň gözleri öwrülişikler sebäpli gözýaşa doldy, köp kemsitmeler gördüler. Olardan kimsi öldi, kimsi ýesir düşdi.

Abylhasan bin Ahmet bin Hamula wezirdi. Ol deýlemlilerden we kellekeser türklerden, araplardan we kürtlerden on müň adamy saýlap aldy we olar Kabusyň, Mestun bin Tajaspyň, Kibar bin Firuzanyň, Raşamuh bin Uhtyň, Musa hajybyň, Sar bin Kerdeweýhiň, Abylapbas bin Haýyň we Abdylmelik bin Mekanyň üstüne ýöredi. Bular bu neberäniň we Deýlemiň görnükli adamlarydy. Şemsilmagaly goşuny ykjamlady. Ol Şähriýar bilen söweşe taýýarlyk işlerini geçirdiler, Taňrydan ýardam bermegini, gadamlaryny berk etmegini we ýeňiş bilen tamamlamagy diledi. Abu Aly bin Hamula we Nasr bin Hasan bin Firuzan Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgirden heder etdi. Ol mirasdüşerlik baradaky hatlary oňa ýollady we Abu Talyp bin Fahreddöwle onuň özi bilen garyndaşlyk gatnaşygynyň bardygyny ýatlatdy. Ol: «Eger ol oňa dözümsizlik etse, geçirimli bolsa, ýagşylyk etse, onda ol esgerleriniň öňünde ýurdunyň we döwletiniň syýasatyna iň mynasyp adam bolardy, üstüne atylan töhmetlerden özüni gapdala çekerdi we özüniň hormatyny saklardy» diýdi.

Oňa Kumysyň işlerini tertip-nyzama salmaklyk üçin gitmeklige rugsat berildi. Ol bu ygtyýardan hoşal boldy we Saryýýa tarap gitdi. Ol birde sag tarapdaky ýola, birde hem bolsa çep tarapdaky ýola geçip, tä, Abadana ýetýänçä şu usul bilen ýöredi, Kumysyň ýerlerinden ötdi. Ol Abu Talyba tabyn bolmaklyk baradaky pikirini ýaranlaryna mälim etdi we oňa hyzmat etmeklik, onuň ýardamyna daýanmaklyk barada pikiriniň bardygyny olardan ýaşyrmady. Ol bu işi gurnamaklygyň ýollaryny beýan edende bularyň sözleri azaşdy. Onuň syry mälim boldy. Bir topar Iskendariýýa, beýleki topar bolsa Gürgene aman soramak üçin yzyna gaýtdy.

Nasr galan esgerleri bilen Kumysa baryp düşledi. Ol Abu Aly bin Hamuladan birnäçe galany berkitme edinmegi we aýal-uşaklaryny, ýüklerini goýmak üçin bermegini sorady. Ol onuň bu haýyşyny kanagatlandyrdy we Jumend galasyny onuň ygtyýaryna berdi. Ol ony özüne düşelge edindi, onda emlägini, esgerlerini ýerleşdirdi, ynjaldy we Abu Alydan arkaýyn boldy. Soňra Gürgene barmaklyk üçin Saryýýa tarap ýola düşdi. Gürgene barandan soň Menuçehr bin Şemsilmagalynyň ýanyna gitdi.

Tahyr bin Halap özüniň atasyna öz görkezen yzalaryndan toba edýändigini aýan etmek üçin, onuň olary geçmekligi üçin, özüniň etmişlerini bagyşlamagyny haýyş etmek üçin ilçileri atasyna ibermekligi makul gördi.

Abu Mestun bin Tajasp neberäniň mirasyny we şejeresini ele almakda ikisiniň bilelikde hereket etmeginden howatyrlandy. Ol Şemsilmagalynyň öň hyzmatyna duranda eden etmişlerine, garşysyna guran hyýanatçylykly hereketlerini, tagtyny eýelemek üçin eden uruşlaryny, geçirimlilik edip zyndana salandygyny, Reýe kowandygyny bagyşlamagyny diledi.

Ol Gürgene süýşüp baryp, onuň eteginde düşledi, özüniň hem atasynyň Şemsilmagalynyň esgerinden bolan ýaranlaryna uruşda goldaw, sabyrlylyk we durnuklylyk barada maslahat saldy. Olaryň köpüsi durnuklylyk bilen uruşmaklygyň tarapynda boldular. Aradan iki aý bir gün ýaly bolup geçdi. Jürjanyň esgerleri azyk üpjünçiliginden kynçylyk çekdiler. Olar özlerini açlykdan goramaly we günüň dowamynda garynlaryny doýurmak üçin sergezdan boldular. Olar bu ýerden Mejdabada tarap çykyp gitdiler. Olaryň ýoly Janaşyk galasynyň üstünden düşdi. Bu ýerde atlar üçin ot-iým boldy. Olar ýagyşly we tupanly günlere sataşdylar we ätiýaçlyk azygyny edinmäge mejbur bolup çadyrlaryny dikdiler.

Şol wagt Şemsilmagalynyň tarapdarlary özlerini hakykatçy adamlar hökmünde aklaýardylar we uruş oduny tutaşdyrmak barada oýlanýardylar. Olar gün dogandan, tä, gün batýança çem gelen işlere meşgul bolýardylar. Ahyrynda beýik Taňry bulara ýardam berdi. Olar Deýleme hüjüm etdiler. Olar bu şäheriň mertebeli adamlaryndan Aspahlar bin Kuramkeji, Ruhaw Hassan bin Darselemini, onuň dogany Haýdar bin Salary, Muhammet bin Wahsudy ýesir aldylar. Bu söweşe bir müň üç ýüz adam gatnaşdy. Olar köp adamlary öldürdiler we köp esgerleriň gylyçlaryny taşlatdylar. Beýik Taňry bularyň köp olja almagyny adamlara rysgal etdi.

Şemsilmagalynyň kellesine Taňrynyň nygmatyň şükranasy üçin ýaralylara däri-derman bermek, ýesirleri boşatmak, olary özüniň ýesirlerine çalyşmak we ýagşylyk etmek pikiri geldi. Onuň pikiri oňlanyldy.

Abu Aly bin Hamula bu söweşde ýeňlip, Kumysa gitdi. Ol Nasr bin Hasan bin Firuzana ýeňlişiň başagaýlygyndan çykmak üçin birleşmegi, tizleşdirmegi we bu betniýet toparyň öňüne böwet goýmaklygy teklip edip adam iberdi. Soňra ol Reýe tarap

atyny gorguna salyp gitdi. Bulara birleşmek nesip bolmady. Ol Simnanda ornaşdy we Abu Talyp Mejdeddöwle Rüstem bin Aly Fahreddöwleden kömek sorap hat ýazdy. Ol şowsuzlygy düzetmek üçin jan edip işe girişdi. Aradan birnäçe wagt geçdi. Soňra ol kömek sorap elini Begtegin hajyba tarap uzatdy. Begtegin alty ýüz töweregi batyr gulamy oňa berdi. Ol bularyň kömegi bilen galkyndy, onuň mümkinçiligi artdy. Ol Şemsilmagaly Baý bin Sagydy onuň garşysyna sürdi. Asbahbad Şähriýar bin Rüsteme kömek sorap hat iberdi. Ol ýeňiş atynyň jylawyny hüşgärlik we uky kirpigini açmak bilen erjellikde tutdy. Ýeňşiň ýoly bulara habaryň gizlinligi bilen böwet bolup ýapylypdy. Asbahbad oňa atasynyň beýik mertebesi üçin ýardam bermeklige ylalaşdy. Ol öz ýaranlarynyň köpüsi bilen oňuşman aýrylyşypdy. Uruş sagatba-sagat ýakynlaşýardy. Ol söweşe taýýardy.

Bulam-bujarlyklar Baý bin Sagydy howsala saldy. Onuň bilen birleşenleriň ýeňilendigi baradaky habar ýaýrady. Onuň esgerleriniň güýji gaçdy we olar köp ýitgi çekdiler we ýesir düşdüler.

Bu wagt Mejdeddöwle Abu Talybyň daýysy Rüstem bin Mürzeban üç müň esger bilen aýak üstüne galdy we oňa ýardam bermäge geldi. Olar Demawentde duşuşdylar. Ol oňa aýak üstüne galmaklyga we onuň serhetlerini eýelemeklige kömek berdi. Asbahbad Şähriýar Saryýýa gaçdy. Onda Menuçehr bin Şemsilmagaly otyrdy. Durmuşdaky kynçylyklary onuň ilatynyň dagap gitmegine sebäp bolupdy. Bu kynçylyklar ýokanç kesel ýaly bolup ilatyň hemme gatlaklaryny gurşap alypdy. Muňa üznüksiz uruşlar sebäp boldy.

Bu ýagdaý Rüstem bin Mürzebana entek miýesser bolmandy. Açlyk-gahatçylyk onuň ýurduna hem ýaýrady. Asbahbad yza çekildi, ol Reýiň çäklerine baryp saklandy.

Nasr bin Mahmyt hajyp ony kyn günlere goýdy. Ol bu sebäpden Şemsilmagalynyň hyzmatyna baryp, onuň agyr günlerini ýeňleşdirdi, onuň elini puldan doldurdy, maksat atyna atlanmagyny ýeňilleşdirdi we onuň eline goşun berip, Nasr bin Hasanyň garşysyna goýdy. Şeýlelikde, ol bu ýerde täzeden uruş oduny ýakdy. Rüstem bin Mürzeban Nasryň üstüne hüjüm etdi we ony bu ýerden kowdy. Onuň görnükli goşunbaşylary Yhsan bin Dagy, Ibn Hind we başgalar ele düşdüler. Bu söweşde Nasryň köp esgerleri öldi. Wagşy haýwanlar, ýyrtyjy guşlar maslyklary iýip semrediler. Nasr bin Mahmyt ýeňlip, Simnana gaçdy. Nasr öz neberesiniň mertebesidi hem maşgalasynyň guwanjydy. Ol hökümdarlygyny haja gitmek, keramatly Käbä zyýarat etmek we Zemzemiň suwuny içmeklige çalyşdy. Wagşyçylyk özüniň dürli talaplaryny öňe sürmek bilen bularyň daşyny gurşap aldy we bozuklyk öz täsirini ýaýratdy. Nasr galan goşuny bilen Reýe gaçyp geldi. Onuň ejizligi we ýeňşi arzuwlamagy uzaga çekdi. Ol bir günden beýleki güne salgyma kowalaşyp wagtyny ötürdi. Aýlaryň üstüne aýlar ötüp geçdi. Mejdeddöwle Abu Talybyň we Şemsilmagalynyň özüniň garşysyna hile duzagyny guryandygynyň habary onuň dykgatyna gelip ýetdi. Onuň kellesine olar barada ýaramaz pikirler geldi, ol gysylyp gowruldy. Onuň oýuna Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň käbir goşunbaşylary düşdi. Olaryň biri Arslan Hind diýlip tanalýardy. Ol Kuhystanyň häkimidi. Ol Abylkasym bin Simjur bilen söweşipdi we ony Hanabize kowupdy. Ol Arslana ýüz tutmaklygy makul gördi. Arslan Reýe ýöriş etmeklige taýýarlanýardy. Nasr onuň bilen bu söweşe gatnaşmaklygy ýüregine düwdi. Ol oňa özüniň päk niýet bilen tabyn bolýandygyny mälim etdi we joşgun tüssesini oňa tarap ýaýratdy.

Tejribesizlik Abylkasymyň gözlerini gapdy.
Ol agyzdyryksyz uýan bilen öňe tarap çapdy.

Ol Reýiň jülgesine baryp ýetdi. Onuň goşuny jülgäni doldurdy. Abylkasym işiň pyrrykdygyny we jülgäniň özi üçin duzakdygyny bildi. Ol ökünmekden ýaňa barmagyny dişläp, yzyna tarap aýlandy.

Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgir Nasr bilen Reýden çykyp gidipdi. Abylkasym bu ikisini kürt esgerleriniň kömegi bilen yza serpikdirdi we olary ýeňip, ýurdunyň çäklerinden çykardy. Onsoň bu ikisi Soltan Ýemineddöwle we eminelmilleden aman soradylar. Abylkasym ýesir düşdi, Nasr soltanyň hyzmatyna tagzym bilen gol gowşuryp geldi. Soltan oňa Jumandy we Biýary peşgeş berdi. Ol özüne berlen ýere gitdi. Soltan beýleki ikisiniň haýyşyny bolsa kanagatlandyrmady.

Nasryň kanagat gutusy dolmady. Ol Reýi basyp aldy. Bu ýerden bolsa ol Ustunawend galasyna hüjüm edip, ony ýer bilen ýegsan etdi. Bu galanyň ykbaly keç boldy.

Mundan soň ol Şemsilmagalyny Jürjan bilen Astrabadyň arasynda ýerleşýän galalara, olaryň töweregindäki ýerlere wekil belledi. Ol düýäniň aýagyndaky duşagyň aýagy gurşap alşy ýaly, bu ýerleriň daşyny gabady. Ol käbir ýerleri hile bilen, käbir ýerleri bolsa ýaraşyk bilen öz mülküne goşdy. Bu ýerler oňa boýun boldular. Mundan soň Asbahbad Şähriýaryň neberesi bilen onuň ygtyýaryna geçdi. Başga ýerleri mülküne birleşdirmek meýli ony öz ugruna goýmady. Ol köp goşun jemledi we Abu Talybyň daýysy Abu Aly bin Rüstem bin Mürzebanyň batyr esgerleri bilen Reý tarapa okduryldy. Olaryň arasynda Ýestun bin Tajasp hem bardy. Ony ýesir alypdylar. Uruş oňa edermenligini, başarjaňlygyny we harby ussatlygyny görkezmeklige ýol açdy. Ýöne, onuň ahyrky ykbaly keç boldy.

Ol ýesir düşdi. Onuň ornuna Abu bin Rüstem Şemsilmagalynyň şygarlaryny ýaýratmak üçin çakylyk etdi. Reý halky onuň wagşylygyny bildi. Ol Reýde Şemsilmagalynyň adyna münberlerden hutba aýdylmagyny buýurdy. Abu Harp Ýestun Tajasp gaýdyp gelinmeýän sapara gitdi. Jürjan we Tabarystan onuň mülküne degişlidi. Bu ýerler onuň ogly Şemsilmagaly Menuçehre miras bolup geçdi. Soň Şemsilmagaly Ruwaýany, Şalusy we olaryň töwereginde ýerleşýän ýerleri Istandariýýanyň çäklerine çenli eýeledi.

Onuň hökümdarlyk edýän welaýatynda günüň nury adalatlyk we haýyr-yhsan bilen dogýar we ol daglaryň depesinden bu ýurda parahatlyk bilen ýylgyryp seredýär.

Şemsilmagaly Soltan Ýemineddöwle we eminelmille bilen hat alyşdy we oňa ilçilerini iberdi. Olar kynçylykly ýagdaýda birek-birege ýardam bermek barada şertnama baglaşdylar. Olar dostlukly gatnaşyk etmäge durnukly meýilleriniň bardygyny nygtadylar. Jürjan, Tabarystan tä deňziň kenarlaryna çenli bir ýurda degişli boldy.

Şemsilmagaly döwletini gujur-gaýrat bilen ýöretdi. Ol jomart adamdy. Bu ýurduň hökümdarlarynyň içinde ondan mertebeli, mülki dowamly, dogry sözli, akly kämil, geçirimli we päk ahlakly başga bir hökümdaryň bolandygy henize çenli eşidilmändi. Ol nebsine buýrup bilýän adamdy, ýalan sözlemek diýen zady asla bilmeýärdi, ýadamak, ýaltanmak ýaly gylykhäsiýetleri ýokdy. Elbetde, mülk bilen keýpi-sapa güýmenjeleri iki sany biri-birine garşy zatlardyr. Ol ikisi biri-biri bilen uzak hemra bolup bilmeýärler. Abylfath Busty kätip şu beýti göwnejaý aýdypdyr:

Hesret hem uruş geler mülke şalyk bilen
hemra bolsa keýpi-sapa.

Eýse sen bilmeýärsiňmi: Gün Mizana
girse sowuk gelýär her bir gapa.

Çopana ynsap ýagşy, hökümdara bolsa adalatly bolmaklyk. Onuň ahlagynyň gözel bolmagy zerur. Onuň gylyjynyň ýiti, sözüniň parasatly, aklynyň çuňňur bolmaklygy we eliniň sahawatly bolmagy gerek.

Ýurtda bar bolan akyl eýeleriniň galamlarynyň ujynyň ýiti bolmagy möhümdir. Emma maňa olaryň sahypalaryndaky habarlardan zerre ýalysy we onuň haýyr-yhsan bagyndan ýekeje gül ýeterlikdir. Çünki, bu ýerde olaryň köplüginden maňa geljek peýda azdyr. Pygamber alaýhyssalam bilen ýaranlarynyň arasynda bar bolan şu gadymy hat meniň göwnüme hoş gelýär.

«Bismillähir-rahmanyr-rahym.

Işleriň kynragynyň we abraýlyragynyň adamlaryň arasyna çykmakdygyny bil. Pygamber alaýhyssalamyň pygamber hökmünde adamlaryň arasyna çykmagy we onuň uly mertebä göterilmegi çäksiz güýçdir. Çünki, bu ýagdaý adamlary Tanrynyň ybadatyna çekýär we ol boýunlara ybadat monjugyny dakýar we halka Taňrynyň ýoluny ündew edýär. Halk ony gözi bilen görüp bilmeýär».

Pygamberimiz alaýhyssalam mertebe dagynyň çür depesine çykdy. Ol öten pygamberleriň içinde iň ýagşysy boldy we ol uly sogaba mynasyp boldy. Araplar onuň lezzetli sözleriniň tagamyny datdylar, ony baý baýlyk hökmünde nesilden-nesile geçirdiler.

Ol beýik Taňrynyň hyzmatyna tabyn bolmaklygy ýola goýmak bilen araplary öňden gelýän aňrybaş mertebe bolan erkegiň we ineniň idegini etmeklikden dyndardy. Soňra onuň işini ýaranlary nyzama saldylar we ony aýak üstüne galdyrdylar. Ha-

çan onuň ömri paýawlanda ol yzyny alyp barmaklygy Abu Bekre tabşyrdy. Ol bu işe kynçylyklary ýeňip geçmeklige taýýar bolan durnukly kalby bilen girişdi. Ol diniň bähbitlerini gorady we musulmanlar ymmatyny bir ýere jemledi. Abu Bekr şerigatyň päkligini garalajak bolýanlar we onuň hökümlerini özgertjek bolýanlar bilen ylalaşmady. Oňa «Pygamber alaýhyssalamyň halypasy (orunbasary)» diýen lakamy onuň doly ygtyýarlylygy we yslamyň kuwwat tapmagyna ýardam berendigi üçin, yslamy bozuklyklardan gorap saklandygy üçin, yslamyň duşmanlaryna barlyşyksyz bolandygy üçin, gaýry dindäki ýurtlary yslama salandygy üçin we musulmanlaryň agzyny birikdirendigi üçin dakdylar. Omar bin Faruk özüne berlen ömri yslamyň bähbitleri üçin, yhlasyny gazawat üçin, maksat galasyny yslam ýurtlarynyň çäklerini giňeltmek üçin, yslam ymmatynyň guşagyny berkitmek üçin we bu kyblanyň adamlarynyň bähbitleriniň ugrunda ýurtlary tabyn etmeklik üçin sarp etdi. Şeýle hem oňa Emirilmöminin diýen lakam dakyldy. Çünki, ol Pygamber alaýhyssalama ýardam bermeklikden lezzet alýardy.

Pygamber alaýhyssalam uly işi, möhüm aladany her bir göriplik oduny ýakyjynyň ýalnyndan Abu Lähep ýaly duşmanlaryň garşylyk görkezmegine garamazdan durmuşa ornaşdyrdy.

Onsoň halypalyga Osman bin Affan geçdi. Ol hökümdarlygyny takwalyk bilen bezedi, halallyk tohumyny sepip, päklik miwesiniň bol bereketini ýygnady we päklik bilen pyssy-pujurlykdan üstün geldi.

Haçan halypalyk Aly ibn Abu Talybyň eline geçende çartarapdan göripçilik ýeli ösdi. Wagşylyklar başlady we ynançlar özgerdi. Hökümdarlyk dawasyny etmeklik dini berjaý etmeklikden öňe çykdy. Ganhorlyk, dawa-jenjeller uly gerime eýe boldy. Halypalykda agzalalyk höküm sürdi. Erbetlik çäginden daşary çykdy. Hezret Aly gowganyň içinde galdy. Bu gowgany

ýatyrmaklygyň hiç çäresi, alajy tapylmady. Ondan batyrlyk bilen hem gutulyp bolmady. Bu gowgalaryň ahyry pajygaly wakalar bilen tamam boldy.

Sen oýlanyp gör! Hökümdarlyk dawasyny edip ellerinde ganly bulgury tutan ganhorlaryň işi hakmy ýa-da yslam üçin ömürlerini pida edenleriň işi? Günüň şöhlesiniň öňüni tozan näçe wagt ýapyp biler?

Elbetde, yslam üçin göreşenleriň işi hakdyr. Çünki, olar işi bilen adamlary dowzah odunyň azabyndan halas etmeklige ymtyldylar. Emma göripleriň işi samsyklykdan başga zat däldir. Aýdylyşyna görä:

Okadym men onuň käbir ekabyr adamlara iberen hatyn.
Göripligiň awuly sözi bilen galdyrmakçy ol öz gymmatyn.
Gara kalbynyň agsak düýesin münüp
etmekçi ol haj zyýaratyn.

Ysmaýyl bin Abbad onuň hatyny okanda: «Bu Kabus Umm Jennah Tawusyň haty» diýerdi. Ol Mutanebbiniň aýdyşy ýalydyr:

Onuň hatyndan nebis hyjuwy yrsarap göze erbet görünýär.
Göreç içine zerre tozan düşse,
göýä günüň öňüne bulut inýär.

## SOLTAN ÝEMINEDDÖWLE WE EMINELMILLE BILEN ILEK HANYŇ ÖZARA ÝARDAM HAKYNDA ŞERTNAMA BAGLAŞMAKLARYNYŇ BEÝANY

Ilek han Horasany eýelände saman neberesi bilen duşmançylykly gatnaşykdady. Ol Mawerannahry bu neberä degişli adamlardan we olaryň nesil damaryna galtaşýanlardan arassalady. Ilek han bu ýerde samanlylardan bir dyrnak ýaly hem, bir dyrnagyň galyndysy ýaly hem zat galdyrmady. Soňra ol soltana bu mülki olardan arassalandygy bilen gutlap hat iberdi we ykbal meýdanynda eken üzüm agajynda bişen salkymlary ýolmaklyga soltanyň rugsat bermekligine umyt baglap, soltana ilçilerini iberdi. Iki tarap dostlukly aýraçylykdan tebsirän bokurdaklaryny mähribanlyk suwy bilen öllediler. Olar dostlugy berkitmäge sebäp bolýan gatnaşygy dowam etmeklige meýillidiklerini tassykladylar. Taraplaryň biri-birine ynamy güýçlenip, biri-birini edep bilen hormatladylar we özleriniň bähbitleriniň umumydygyny belläp, iki göwräniň bir jan ýalydygyny nygtadylar. Soltan hadys ylmy boýunça asyryň ymamy Muntasyr Abu Ybraýym Abu Taýýyp Sähl bin Muhammet bin Süleýman Salukyny Ilek hana ilçi edip Nyşapura iberdi. Taganjygy Sarahsa häkim belledi. Olary gymmat bahaly peşgeş we sowgatlary bermek bilen mertebeledi.

Ymam Abu Taýýyp Sähl bin Muhammet Ilek hanyň ýanyna gymmat bahaly zatlary we seýrek dürleri göterip bardy. Ilek han

we onuň hökümdarlyk öýüniň adamlary üçin ýürekdeş dost geldi. Ilek han uzak wagt keseki ýurtlarda bolupdy we bu döwrüň dowamynda çeken horluklaryndan soň eşretli durmuşyň miweleriniň lezzetini dadyp görýärdi. Soltan oňa aýralyk gadamyny duşuşyk basgançagyna basanda köp mähribanlyk etdi. Ilek han ilçä soltanyň gapysyndan ýörite gelen wekil hökmünde hormat-tagzym etdi. Ol dawaly meseleleri çözmeklige ökde ymamdy. Ol tä ölýänçä Uzkentde oturdy we soltan bilen Ilek hanyň arasynda bolup geçýän işlere işeňňir gatnaşyp, tä aralaryna şeýtan aralaşýança şu halda ömür sürdi we aýşy-eşretde ýaşady. Biz, eger beýik Taňry ýol berse, soltan bilen onuň arasynda bolup geçen wakalary öz ýerinde beýan ederis.

Häzir bolsa men bu ussadyň we ilçiniň ýagşy gylyklaryny ýatlap geçmekçi. Ymam Abu Taýýyp Horasanda soltanyň syýasatyny durmuşa işeňňir ornaşdyrdy. Mansur fakyh aýtdy:

It gaharly bolýar, kim öjükdirse ol şoňa topulýar.
Itde eýesine wepalylyk gylygy hem tapylýar.

Onuň sözi: «Akyl ýaşaýyşdan ýagşydyr, adamzat goşundan üstündir. Eger halk kynçylyga razy bolsa, ýeňillik gelmez. Kyn günlerde dostluk gerekdir. Şol asyryň şahyrlaryndan biriniň sözi:

Ymamyň sözi dürdäne bolup agyzdan çykýar.
Manysy ýiti, adamlar onuň agzyna bakýar.

Onuň sözi:

Eý, ussat, ne üçin dünýäde şatlyga tarap ymtylýarsyň?
Sen göýä balykgulak, dünýäni içindäki dür bilýärsiň.

Dür galar, balykgulak öler, onda niçik oýnap-gülýärsiň?
Ahyretiň azygyn tut dünýäde, niçik gapyl bolýarsyň?

Soltanyň Nyşapurdaky görnükli syýasy işgärleriniň biri Abu Nasr Ahmet bin Aly Mikalydyr. Ol ýurduň şyhydyr. Bu beýik mertebeli meşhur edebiýatçy soltanyň geňeşçisidir. Onuň manyly şygyrlary jöwher ýaly, akyl müşki-anbar ýaly. Soltan onuň dostlukly gatnaşygyndan razy. Onuň sözi:

Haýyr-yhsan şan-şöhrata, mertebä getirýär.
Ýagşylyk bolmadyk iş at-abraýy Ýitirýär.
Sahylyk gowy gylyk, saha göwnüm oturýar.
Sahy ölse, abraýy ýene ömür getirýär.

Onuň haty jady ýaly özüne çekýär. Sözleri manyly we çeşmäniň suwy ýaly dury. Ol göçme manyly sözleri usatlyk bilen ulanýar. Onuň peýdaly maslahatlary bar. Aşakda onuň Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgire ýazan hatyny mysal getirýärin:

Bismillähir-rahmanyr-rahym!

Älemleriň hökümdary Taňry taryplanmaga mynasypdyr. Onuň Pygamberine we sahabalaryna alkyş bolsun! Emma mundan soň Taňrysyndan mertebe isleýän, Onuň razylygyny gazanmaklyga ymtylýan, Onuň rehmetine umyt baglaýan, nygmatlaryndan tama edýän bendäniň tarapyndan Onuň döwletiniň, dünýäsiniň we ahyretiniň kölegesinde hökümdarlyk jylawynyň başyny tutmaklykdan lezzet alýan Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgire salam bolsun!
Maňa beýik mertebeli emiriň gymmatly söz dürleri bilen bezelen we dürli näz-nygmatlar bilen üpjün edilen haty gelip

gowuşdy. Ol köp hormatlanylýan jenap meni bagtdan doly kabulhanasyna çagyrylmagym bilen bagtyýar etdi. Ol meni bu asylly ýere myhman çagyrylmak mynasybetli gutlady. Onuň meni sylamagynyň täsiri ömrümiň galan günlerinde aýrylmajak ýagşy yz galdyrdy. Onuň ýagşy ýatlamasy meniň ýadymdan çykmaz. Elbetde, bende kim özüni gowy görse, dogry ýola salsa, öwse, ýardam berse, kuwwatlandyrsa we gadamyny berkitse, şonuň bilendir. Ol onuň özüni sylamagy üçin beýik Taňra şükür edip, oňa Ondan rehmet, salamatlyk islär, oňa mertebe dilär.

Emir bendäni hormatly haty we mähriban sözi bilen öz hormatyna mynasyp etdi, kabulhanasyna çagyrmaklyk bilen onuň mertebesini galdyrdy. Bu onuň gujur-gaýratynyň uludygynyň, onuň dostlaryna uly hormat goýýanlygynyň we olaryň hyzmatyna ýokary baha berýänliginiň netijesidir. Onuň beýle baha berýänliginiň netijesidir. Onuň beýle gowy gylygynyň bardygyna biz minnetdir bolmalydyrys we beýik Taňrydan oňa döwletiniň we ömrüniň dowamly bolmagyny, onuň nazy-nygmatynyň bereketli bolmagyny dilemelidiris. Biz onuň hyzmatynda päk ýürek bilen durmalydyrys, onuň bize edýän ýagşylygynyň we mähribanlygynyň gadryny gowy bilmediliris.

Meniň bu sözümde hiç hili ýaranjaňlyk we hyýanatçylyk ýokdur. Çünki, meniň sözüm kalbymdan çykýar. Köp şahyrlar seniň waspyňy edýärler. Emma men sözlerimi Abu Bekr Horezminiň kasydasynyň beýtleri bilen berkidýärin:

Huşumdaky hyýalymy bu gün agşam düýşümde gördüm,
Ýaman pikirim ýok göwnümde,
men kabulhana gadam urdum.
Baryp emiriň ýanyna, gol gowşuryp hyzmata durdum.

Eý, Taňrym! Baýlyk gazanmagy,
rysgal dilemek bilen berdiň.
Ölümi möhlete, sahylygy niýete görä iberdiň.
Işi bilen sözüni, sagy bilen çepini deň berdiň.
Maly bilen umydyn, umyt bilen malyn deň goýberdiň.
Ylmyn mertebä, mertebesin mährine laýyk gördüň.
Eli açyk dili mylaýym, ykbalyn şalyga ýorduň.
Men minnetdar, eý emirim! Adalat bilen höküm sürdüň.

Salukynyň sözleri:

Söweş meýdanynda emir ýel bilen deň atyn çapýar.
Gan dökülýär, adam ölýär, ruhlar ýelden şypa tapýar.
Gylyç inýär başdan, naýza bagry parran deşip öpýär.

* * *

Maňa Aý bakdy, men ýyldyzlara bakdym, gözüm ýadady.
Zamana haýal geçýär, muňa diňe bagyr çydady.

* * *

Humar oýnap elim gysgaldy, ýürek oýnap şygyr ýazyldy.
Çep gözüm gamgyn boldy,
sag gözüm begendi, keýpim bozuldy.

* * *

Nebis oýanyp kalbym bölündi, onda ýarysy, mende ýarysy.
Suwsadym. Aýtdym: «Suw ber maňa!
Bolmasa bolsun seňki barysy».

* * *

Ýüregimde nebsiň dili bar, maňlaýymda ody bar.
Gorkýaryn nebsimden, dil gepleýär, ody çabraýar.

* * *

Dünýäniň lezzetli şerbetini dadyp dostlaşma,
Çünki, her jan ölüm şerbetini dadýar.

* * *

«Baýlyk» diýip sergezdan bolma,
Çünki, ölüm aýrar ony senden.
Ölüm gabra salar seni, almarsyň başga zady bir kependen.

Soltanyň Tusdaky we Nyşapurdaky görnükli syýasy işgärleriniň biri Abu Japar Muhammet bin Musa bin Abylkasym bin Hemze bin Musa bin Japar bin Muhammet bin Aly bin Abu Talypdyr[40]. Ol döwlete daýanç bermekde göýä säher gününiň nury we agşamyň şapagy ýalydy. Ol öň samanlylar neberesine hyzmat etdi, olar gowy gatnaşykda boldy, döredijilikli işledi, olaryň hat işlerini alyp bardy, olary ýagşy işler etmeklige ugrukdyrdy we olara edep öwretdi. Bu ussadyň sözleri ylymlaryň çeşmesi we akyl elegi ýalydy. Onuň bilen oturyşmaklyk gyzyklydy we lezzetlidi. Ol nesihatly sözlere ökdedi. Onuň mertebesi beýikdi. Onuň sözleri dürdänedi we ol dogruçyldy. Onuň dili parasatly sözlere baýdy. Ol degişgendi. Ol ajaýyp hekaýatlary we özüne çekiji rowaýatlary aýdyp bererdi. Onuň aýdýan sözleriniň manysy ýitidi we ýüregiňe jüňk bolardy. Onuň deliller Aýy ygtybarsyzlyk Güni bilen tutulmaýardy. Ol Horasanyň görnükli adamlarynyň biridi. Onuň mähribanlyk

guýusynyň mylaýym suwy hiç çekilmeýärdi. Onuň söz meýdany hem, mülk meýdany hem örän giňdi. Onuň beýikligi mümkinçilikden ýokardady, başarjaňlygy zordy. Onuň täsir şöhleleriniň meýdany örän giňdi. Men «Möwsüm» atly kitabymda ol baradaky habarlary we onuň şygyrlaryny getirdim.

Onuň sözi:

Bir perişde bar, alada gelse başyma ýöreýär ol öňümden.
Alada ýok bolsa, ýöreýär yzymdan,
ol geçmeýär hiç deňimden.

Ol Nyşapurda bir jaý saldy. Mertebeli adamlar onuň bilen jaý gurmakda bäsdeşlik etdiler. Hemedany aýtdy:

Jülgede bir gözel öý gurduň,
Ony sen myhmanlara berdiň.

Onda kitap, saz, şerbet goýduk,
Içinde eşret-döwran gördüň.

Abu Abdylla Guwwas aýtdy:

Beýik eýwanlary bar gözel öýüň,
Siz onuň adyna «Bagt öýi» diýiň.

Soltanyň beýik mertebeli adamlarynyň ýene biri Abylberekat bin Hüseýin bin Japar bin Muhammetdir. Onuň lakamlary şulardyr: Buhur bin Hüseýin we Diýabej (Ýüpek). Ol Gürgende jaýlandy.

Soltanyň beýik mertebeli adamlarynyň ýene biri Ibn Japar ibn Muhammet bin Aly Zeýnelabydyn bin Hüseýin bin Aly bin

Abu Talyp emirilmömininin[41] (goý, Allatagala ondan razy bolsun!).

Abu Bekr Horezmi aýtdy:

Kiçi günäni deliller getirmek bilen aklasaň hem bolar.
Emma ony täzeden etseň, Elbetde, ol uly günä aýlanar.
Kalbyň nebsi islese, böwet goý öňüne, bolmasa günä salar.
Taňryň beren nygmatyna şükür et, şonda bol rysgal geler.

Onuň mertebeli adamlarynyň ýene biri kazy Abylkasym Aly bin Hüseýin Danawadydyr. Ol hyratlydyr. Onuň goşgularyndan mysal:

Elbetde, köşge az alada edýän dostuň azdyr hukugy köşge.
Dostluga wepaly dostuň dostluga
hukugy köp, bu hukuk başga.

Abu Süleýman Hattabynyň (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) ölümine düzen mersiýesi:

Ýyldyzlar öçdi, aý batdy, asman garaňky boldy.
Deňiz-derýa suwun çekdi, adamlar suwsuz galdy.
Mertebeli alymy ykbal oky degip aldy.
Din alymy dünýäsi üçin hiç jan çekmän öldi.
Aldanmady şeýtana, mydam dogry ýolda boldy.

Abylfath Busty onuň şeýle waspyny etdi:

Abylkasym ýeke Taňra ybadat etdi, başga zady terk etdi.
Nygmata şükür etdi, gyzykmady baýlyga,
dünýäden garyp gitdi.

Wagyz etdi adamlara, ondan köp öwüt-nesihat bize ýetdi.
Elleri sahawatly boldy, tapan gazanjy sadakadan ötdi.
Uly ussat ýetişdirdi şägirt baryn, olar onuň yzyn tutdy.
Adalatly kazydy ol, bozuklara şerigatyň okun atdy.

Bu döwletiň ýiti ýyldyzlarynyň biri Abu Nasr Ahmet bin Muhammet bin Muhammet bin Abdysamat Şirazydyr. Ol kätibiň ogly kätip, deňiz ogly bulut, aý ogly uçgun, onuň oduny suw söndürmeýär, onuň gylyjy gynyna girmeýär. Onuň bagty asmandan geldi. Utaryt (Merkuriý)) onuň peýda ýyldyzy, Müşteri bagt ýyldyzy, Gün hyzmat ýyldyzydy. Abu Tahyr Husameddöwle Abylapbas Taşyň diwanynda kärine ökdelik bilen hyzmat etdi. Ol Sahyp Ysmaýyl bin Abbada edep berdi. Onuň ajaýyp şygyrlary bar. Ol Abylapbas Taşy wasp edip şygyr düzdi. Ine, şu ýokarda atlary agzalyp geçilen şahslar soltanyň hemaýatyndaky meşhur adamlardyr. Indi bolsa öz maksadymyza, ýagny Soltan ýemineddöwle we eminelmilläniň wakalarynyň beýanyna gaýdyp geleliň.

## SOLTAN ÝEMINEDDÖWLE WE EMINELMILLÄNIŇ BEHATIÝÝA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Sistanyň aladasyndan eli boşandan soň Soltanyň kalbynyň gozgalaňy köşeşdi we Gazna gidip, Behatiýýa söweşine taýýarlanmak üçin wezir-wekillerini hem serkerdelerini ýygnady we olar bilen maslahat etdi. Ol atlanyp Seýhundan ötdi we Multandan aňry Behatiýýa şäherine tarap geçdi. Onuň diwarlaryny bürgütleriniň ganatlary bilen gurşap aldy. Şäheriň töwereginde çuňdan giň hendekler gazylypdy we olar suwdan doldurylypdy. Soltanyň sansyz goşuny we pilleri görenleri howpa salýardy. Soltan üç gije we iki gündiz gök gürrüldän ýaly, ýyldyrym çakan ýaly haýbat bilen, gylyjyny gynyndan çykaryp uruş oduny ýakdy. Onuň goşuny duşmany ujy ýalynly naýzalar bilen yza serpikdirýärdi. Soltanyň esgerleri dördünji gezek hüjüme geçdiler. Her saparky hüjümde esgerleriň ençesi ölýärdi we maslyk depelerini emele getirýärdi. Soňky hüjüm örän zarply boldy. Söweş gün dogýança dowam etdi. Duşman güýçden gaçdy. Onuň gaýtawul bermesi peseldi. Soltanyň esgerleriniň bu hüjümi betniýet kapyrlary uly wehime saldy. Beýik Taňrynyň ýardamy bilen tekepbirlik boýny oňruldy. Taňrynyň wadasy berjaý boldy. Taňrynyň dostlary kezzaplaryň we Taňra şirk getirýänleriň üstüne hüjüm etdiler. Bu hüjüm burnuny ýokary tutýan tekepbirleri tabyn bolmaklyga mejbur etdi.

Soltan ýolbars ýaly bolup öňe okduryldy. Ol gylyjynyň batly urgusy bilen galkanlary iki böldi, ganym duşmany ýaý-laryň oklarynyň bulutlary bilen suwa ýakdy. Birnäçe piliň öňe hereket etmegi bu hüjümi has hem güýçlendirdi. Duşmanyň kalbyna howp aralaşdy. Iki goşun söweşiň gyzgalaňly pursa-tynda iki ýana tolkun atyp durdy. Beýik Taňry soltanyň raýa-tyny bulardan üstün etdi we oňa din-u iman bermek bilen ruhla-ryny belende göterdi. Olaryň üstüne ýardam ýelini ösdürdi. Sol-tanyň goşuny hüjümi has ýaýbaňlandyrdy. Müşrükler şähere ta-rap yzlaryna gaçdylar, onuň diwarlaryna çykyp gorandylar we köşgüň daşyna jemlendiler. Olar ätiýaçly bolmaklyga howluk-dylar we güýçlerini derwezelere ýygnadylar. Soltanyň esgerleri hendekleri gömmekde biri-birine ýardam berdiler we dar ýerle-rini giňeltmäge agzybir girişdiler, onuň ýapyk ýerlerini açdylar. Uruş gazany gaýnady. Esasy ýerler eýelendi. Bahyra güýjüniň peselendigini we heläk bolýandygyny duýdy, betbagtçylyk we derbi-dagynlyk ýyldyrymynyň ýakyn gelendigini aňdy. Ol özü-ni gizlemek we goldaw tapmak üçin gyrymsy agaçlaryň arasyn-daky pyýada goşunyň içine girdi. Soltan özüniň ýörite ygtyýarly toparyny onuň gözlegine iberdi. Olar onuň daşyny syrtmagyň boýnuň daşyna aýlanyşy ýaly gabadylar we ýiti gylyçlaryny işe girizdiler. Bahyra özüniň ýeňlendigini bildi. Ol hanjar bilen özüni öldürmekligi ýüregine düwdi we onuň bilen kükregini ýardy. Bahyra Beýik Taňrynyň kapyrlar üçin ýakan dowzah oduna düşdi. Ol Taňryny inkär edipdi, namaz okamandy, oraza tutmandy we Taňrynyň tarypyny etmändi.

Soltanyň esgerleri öňe hereket etdiler, duşmanyň urşujyla-ryny öldürdiler we köp olja aldylar. Bu söweşe ýüz ýigrimi pil gatnaşdy. Olara olja alnan baýlyklary we ýaraglary ýüklediler. Soltan bu ýerde düşledi we bu ýeri nejislerden hem näkeslerden arassalaýança boldy. Ol bu ýerde yslam dinini we onuň däple-

rini ornaşdyrdy, olara halal-u haramy düşündirdi. Soňra ol uly dabara bilen ýeňiş baýdagyny göterip Gazna gaýtdy we şähere uly olja bilen dolandy. Beýik Taňry ony bu söweşiň apatlaryndan gorap saklady. Ol gözel ahlakly hökümdar boldy.

Abylfath Aly bin Muhammet Busty soltanyň beýle hereketlerini öz ýanyndan inkär edýärdi. Ol Utarydyň (Merkuriniň) hereketine esaslanyp şeýle çözgüt tapýardy. Ol: «Munuň şeýledigine akylly adamlar güwä geçýärler. Emma Bahram, ýiti gylyç, güýç-kuwwat we gadamlar bir ýere jem bolsa, onda söz gutarýar, kitaplaryň, galamlaryň aýdýan zatlary güýjüni gaçyrýar» diýdi.

Abylfath bu ýagdaý barada şeýle aýtdy:

Eýse soltan köp bilýärmikä menden ýyldyzlaryň hereketin?
Günüň ujundan[42] hem aňry ötdümi seniň
mertebe bereketiň?
Gün ujy hereketsiz dur,
sähetsiz gün çekýär biderek zähmetin.
Öňküleriň käbiri jedel etdi anyk bilmän oň ähmiýetin.
Güni ýyldyzlar dek gördüler, inkär edip bu ujuň hakykatyn.
Pelegiň sähetli-sähetsiz ýyldyzlarynyň buladylar söhbetin.

## MULTAN SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň dykgatyna Multanyň häkimi Abylfathyň dostluk ähtini bozandygynyň, ahlagynyň, dininiň bozulandygynyň we raýatyna jebir-jepa görkezýändiginiň habary gelip ýetdi. Onuň pyssy-pujurlygyna we pisligine soltanyň aňyrsy bärsine geldi. Ol oňa göz görkezmekligi ýüregine düwdi we Beýik Taňrydan bu maksadynyň oňuna bolmagyna ýardam bermegini dileg etdi. Ol Abylfathy agdarmaklygy we Multany töweregi bilen döwletine birikdirmekligi niýet edindi. Ol atlarynyň guýrugyny daňdy. Atly goşuny we pyýada goşuny jemledi. Onuň goşunyna Taňrynyň razylygy üçin ýagşy işleri etmek isleýän musulmanlar hem gelip goşuldylar. Soltan Multana tarap atlandy we hindi şasy Endibaldan öz maksadyna kömek bermekligi talap etdi. Ol bu talaby berjaý etmeklikden ýüz dönderdi we onuň garşysyna topalaň turuzdy, soltanyň güýjüni ýaňsa aldy, onuň erkine tabyn bolmaklygy islemedi. Soltan bu ýagdaýda säwlik goýbermekligiň uly betbagtçylyga eltjekdigini we hüjüme ilki başlasa onuň tekepbirligini ýatyrjakdygyny bilip, onuň yzyny yzarlap atlandy we onuň ýurdunyň dagyny, düzüni gezdi. Ýurduň çar tarapyna jansyzlaryny iberdi. Ol onuň Kaşmirdediginiň habaryny eşitdi. Multanyň häkimi Abylfath Hindi şasynyň ýagdaýyny eşitdi. Ol soltanyň meşhur şahsdygyny, berk böwetdigini, rehimsiz gylyçdygyny, onuň garadan gaýtmaz işleriniň bardygyny, uly güýçdi-

gini we dag ýerlerinde hem Kuruzdehriniň baýyrlyklarynda söweşmäge ökdeländigini bilýärdi. Ol goşlaryny pilleriniň arkasyna ýükläp, Serendibe gitmeklige ýüregine düwdi we Multany ol ýerde näme islese şony eder ýaly soltanyň ygtyýaryna taşlamaklyga howlukdy. Bu ýeriň ilaty dogry ýoldan çykypdy we olar özleriniň azaşandyklaryny bilmeýärdiler. Olar Taňrynyň oduny dilleri bilen öçürmek isleýärdiler. Emma Beýik Taňry kapyrlar halamasalar hem öz nuruny kämil ýagdaýa eltýär.

Söweş gandöküşikli boldy. Soltan Multany güýçli hüjüm etmek bilen basyp aldy, onuň ilatyny jezalandyrdy we olara ýigrimi million dirhem salgyt saldy. Ol beýle etmek olaryň tabyn bolman göwnedegmeleriniň öwezini doldurdy.

## ILEK HANYŇ ESGERLERINIŇ DERÝADAN ÖTMEGINIŇ BEÝANY

Soltan bilen Ilek hanyň arasynda dostlukly gatnaşyk dowam edip gelýärdi. Bozuklygyň içýanlary dogrulygyň adamlarynyň üstüne süýşüp geldiler. Rahatlyk ýüpi çolaşdy. Öçen ot tutaşdy. Ilek han agyz salmaklyga amatly pursat tapdy. Soltan Multana tarap ugrady. Bu welaýatyň görnükli adamlarynyň üstüne howp abandy.

Goşunbaşy Subaşy tegin özüniň garyndaşlarynyň birini goşuna ýolbaşçy edip Horasana iberdi, ol goşunbaşylygy wada berip Japar tegini Balha ýollady. Tusyň häkimi Arslan Jazyp Gazna birleşmek üçin Hyratda düşledi. Haçan sähetsiz ýyldyz doganda we garga bozuklyga alamat berip gagyldanda, ol Gazna tarap howlukmaçlyk bilen gitdi. Ol bu ýere baryp birbada söweşe girmezligi, Subaşy teginiň Hyrada gelmegine we onuň ol ýerden çykmaklygyna çenli hüjüme geçmän garaşmaklygy ýüregine düwdi. Ol bu ýerde düşledi we Hüseýin bin Nasry diwan işlerini alyp barmaklyk üçin Nyşapura belledi. Ol Nyşapuryň mähellelerini harap etdi, Horasanyň görnükli şahslaryna salgyt saldy. Soltanyň Multan tarapdan çykyp gaýdandygy baradaky habar dilden-dile geçdi, ýürekleri özüne çekdi. Wezir Abylapbas Fazl bin Ahmet Gazna bilen Bamyýanyň arasyndaky ýollara hüşgär bolmaklygy we ýollarda päsgelçilikler gurnamaklygy buýurdy. Soltana ýurdunyň etraplarynda bolup geçen

duşmançylykly wakalaryň habary baryp ýetdi. Bu ýakymsyz habar onuň söweşe taýýarlygyny gysga wagtyň içinde tamamlamagyna we gazap bilen aladalanyp düşelgesinden çykmagyna sebäp boldy. Soltan güýçli ýeliň iterýän gara buludynyň ganatyna münüp ýola rowan bolup, ýoluň tanapyny kagyz ýygyran ýaly daglaryň, depeleriň, düzleriň we ulgamlaryň arasynda ýygyryp çekdi, Gazna gelip karar hasasyny taşlady. Ol döwletiniň ogullaryny jemledi, olaryň yhlaslylaryna peşgeş-sowgat eçildi we yhlasy pesleri wezipelerinden pyzdy. Halaç türklerine we gylyç ussatlaryna mähribanlyk etdi.

Soltan bulardan goşun toplap, Balha tarap atlandy. Ol ýerde Japar tegin bardy. Japar tegin gozgalaňçylaryň Termeze hüjüm etmeginden we ony eýelemeginden heder edip, ol ýere howlukdy. Soltan köp goşun bilen Balha Hamal ýyldyzlar toparynda Günüň düşlän wagtynda görnüşi ýaly bolup düşledi. Ol Arslan Jazyba on müň töweregi batyr ýigitler bilen Subaşy teginiň söbügine düşmekligi buýurdy.

Subaşy tegin derýanyň hanasyndan geçmeklige alňasady we Merwe tarap aýlandy, bu ýerden bolsa çölüň içi bilen derýanyň kenaryna tarap ugrady. Bu günler tomsuň yssysy höküm sürýärdi we ýol ýöremek kyndy. Ol Sarahsa tarap ýol ýöredi. Onda oguz türkleriniň ýolbaşçysy Muhsin bin Tak bardy. Subaşy tegin ony gabawa saldy we ol gaçyp gitmez ýaly ýoluna böwet basdy. Subaşy tegin Sarahsy zabt etdi we Muhsin bin Tagyň goşunynyň ýarysyny heläkledi. Söweş dowam etdi. Iki tarapdan köp adam öldi.

Soltan gyssanmaçlyk bilen Arslan Jazyby Subaşy teginiň üstüne iberdi. Arslan Jazyp Abywerde geldi, ol ýerden Nusaýa bardy. Bu ýerden Sarahsa bir menzil ýol bardy. Ol bir gezek düşläp Sarahsa ýetdi we Muhsin bin Taka kömege ýetişdi. Subaşy tegin alan oljasyny göterip, Hyrada tarap gaçdy. Ol bu

ýerden Gürgene gitdi. Onuň goşuny kemeldi. Ol Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgiriň ýanyna baryp aman sorady. Emma Şemsilmagaly onuň bu haýyşyny kanagatlandyrmady. Subaşy tegin Dehistana tarap gaçdy, bu ýerden Nusaýa bardy. Ol bu ýerde galan-gaçan goşunyny täzeden jemledi we Horezme tarap çykyp gitdi. Ol Horezmşa Abylhasan Aly bin Mamundan aman sorady. Horezmşa ony kömeksiz goýmaklygy ýüregine düwdi we onuň haýyşyny kabul etmedi. Subaşy tegin çölüň üsti bilen Merwe tarap ýola düşdi.

Soltan howlukmaçlyk bilen Tusa geldi. Ol ýerden Arslan Jazybyň ýörän ýoluna düşdi. Bu wagt Subaşy tegin Merwiň ýerlerine geldi. Ol kyn ýollary geçip Merwe ýetdi. Ony bu ýerde araplaryň serdary Abu Abdylla Muhammet bin Ybraýym Taýyň we başga goşunbaşylaryň leşgeri yzana serpikdirdi.

Sagyt bin Hasan şeýle aýtdy:

Görip Ýezit ýaly uruş odun ýakdyň, emma oňa düşdüň.
Belanyň üstüne özüň geldiň,
ot içinde lowlap ýandyň, bişdiň.

Onuň daşyny gylyçlar gurşap aldy. Ol suwsuz ýerde galdy. Subaşy teginiň dogany ýedi ýüz esgeri bilen ýesir düşdi. Soltan olary Gaznanyň adamlary Taňrynyň duşmanlaryna görkezýän gününi görmekleri üçin ugratmaklygy buýurdy.

Subaşy tegin az sanly goşuny bilen halas boldy we gaçyp Jeýhun derýadan aňry Ilek hanyň ýanyna tarap ötdi. Ilek han soltanyň Subaşy teginiň üstüne barmaklyk niýetini amala aşyrmazlyk üçin alty müňe ýakyn esger bilen Japar tegini Balha ikinji gezek iberdi. Ol beýle etmeklik bilen soltanyň ünsüni Subaşy teginden başga tarapa çekdi. Onuň arkasyndaky ýüki agraltdy, onuň jylawyny Japar tegine tarap aýlady we soltanyň

aňyna bulaşyklyk saldy. Soltan gije-gündiz wagtyny pikirlenip geçirdi. Ol hüşgärligi saklady. Olar ýeňildiler we halas bolmaklygyň ýoluny agtardylar. Goşunbaşy Abylmuzapbar Nasr Jeýhunyň kenaryna çenli olaryň yzyna düşdi. Şeýlelikde, Horasan olardan azat edildi. Horasan olaryň çekirtgelerinden gutuldy. Ilek han goşunynyň derbi-dagyn bolmagyna gaty gamgyn boldy. Ol Hotanyň hökümdary Kadar hana kömek sorap ýüz tutdy. Ikisiniň arasynda öňden dostlukly gatnaşyk bardy. Kadar han oňa uly goşun jemledi. Ilek han elli müň ýa-da ondan köpräk leşger bilen Jeýhundan ötdi.

Soltan onuň Jeýhundan geçendigi baradaky habary Toharystanda eşitdi. Soltan Balha baryp düşledi we bu ýerde urşa taýýarlandy. Ol türklerden, halaçlardan, hindilerden, owganlardan we gaznalylardan düzülen goşuny bilen Jarhaýan köprüsi diýip atlandyrylýan ýere tarap gaýtdy. Ilek han ägirt goşun bilen öňe tarap süýşdi. Ol urşa taýýarlandy. Batyr esgerler adat bolan düzgüne görä güýç synanyşdylar.

Soltan güýçlerini ykjamlap, goşuny nyzama düzdi, goşunyň kalbynda (ortarasynda) Nasry goýdy, Ahmet bin Muhammet Fariguny, araplaryň we kürtleriň goşunbaşysy Abu Abdylla Muhammet bin Ybraýym Taýy we başga hindi esgerlerini Jüzjanana iberdi. Ol goşunyň sag ganatynda uly hajyp Abu Sagt Tontaşyň görnükli harby adamlar bilen atly goşunyny, batyr esgerleri ýerleşdirdi. Arslan Jazyp edermen ýigitleri saýlap aldy we ol goşunyň çep ganatyndan orun aldy. Soltan saplary bäş ýüz sany pil bilen berkitdi. Olaryň agramyndan daglar gymyldady, gadamlarynyň aşagyndaky ýer titredi.

Ilek han goşunyň kalbyny (ortasynyň) ýörite ygtyýarly gulamlaryndan we görnükli çapyksuwarlardan düzdi. Ol Kadarhany Hotan türklerinden ybarat goşuny bilen sag ganata goýdy

we çep ganatda gylyç oýnatmaga ussat bolan edermen ýigitler bilen Japartegini belledi.

Iki tarap söweşe taýýar bolup durdular. Soltan depäniň üstünden aşak düşdi. Ol bu ýerden duşmanyň goşunynyň ýerleşişini synlady we Taňrydan bu söweşde ýardam bermegini sorady. Mülküni goramaklygyny sorap sadaka aýtdy. Soňra öz piliniň üstüne mündi we Ilek hanyň goşunynyň kalbyna (ortarasyna) hüjüme geçdi. Pil öňe tarap tarap okdurylyp, duşmanyň esgerlerini holtumy bilen alyp, howa zyňyp başlady. Soltan piliň üstünden gylyçdyr-naýza oýnatdy. Duşmanyň howy basyldy, güýji ýele siňdi we yzyna tarap gaçdy. Soltan olary Horasandan tä Mawerannahra çenli kowalady. Abylhasan Salamy[43] onuň bu ýeňşini şeýle wasp etdi:

Taňry senden razy, gylyjyň hem özüň
ýaly adalat heňin çaldy.
Seniň ýiti gylyjyň zor çykdy, duşmany yslama saldy.
Seýil bagyňda gyzyl ýyldyzlar gülledi,
suwuny gandan aldy.
Tozan bürgütleriň eşigi, eýer çapýan atlaryň düşegi boldy.
Bürgüt ar almaga uçdy,
atly goşun yzyndan aýaga galdy.
Ýeňiş haty düzüldi, nokady, harpy, setiri gana boýaldy.

Abylkasym Hasan bin Abdylla Mustawfi Soltan ýemineddöwle we eminelmilläni wasp edip şeýle kasyda ýazdy:

Onuň mertebesiniň sütüni bek, beýikligi dik asmana galdy.
Bozugy, ýoldan azany ýiti gylyç bilen dogry ýola saldy.
«Öwgi diňe Taňra» diýip başga öwgini
dillerden kesip aldy.

Beýik Abylkasym lakam aldy, sahawatyn älem halky bildi.
Iliň şatlygna şatlandy, halky gynanjyna kalbyn dildi.
Gündogara, günbatara Mahmyt soltanyň at-owazasy doldy.
Taňryň rehmet dergähinden oňa
hökümdarlyk kämilligi geldi.
Ol adyl şa, ejize ýakyn, erbet gününde oňa dogan boldy.
Bu şa adam suratly, perişde sypatly bolup gözüme ildi.
Hindistany basyp aldy, köp adamlary yslam dinine saldy.
Gylyjy onuň şum täleý ýaly duşmanyň
başyna rehimsiz indi.
Kim onuň erkine boýun boldy, şatlykda gün geçirdi, güldi.
Kim oňa tabyn bolmady, gaýgy-hesretden saraldy-soldy.
Tabyn bolup dänene Taňryň haky üçin
şir dek döwüşe döndi.
Ol ýesir aldy, rehim etdi, buty kül-uşak
etdi, dinsizlikden dyndy.
Eli açyk, halkyň elin giňeltdi,
il-halky razy boldy ýüzüne syldy.
Samanly galyndysy baş göterdi, zarbasyna bu döwlet syndy.
Tabyn boldy Jürjan bilen Jeýhun
kenar arasy, bir tarapy Hindi.
Beýik Taňry oňa uly ýardam berdi, boldy uly döwlet indi.

Abylfazl Hemedany ussat wezir Abylapbasa şeýle hat ýazdy:

Soltandan soň samanlylar uruş etse,
hiç bir kişi boýun egmez.
Döwletleri agdaryldy, indi döwlet täži başa degmez.
Ol rysgal diledi, Taňrysy eçildi, baýlygy hazyna sygmaz.

Başyn jihat tozanna gardy,
ony sogap suwunda başga suwa ýuwmaz.
Taňra umyt baglady, umytly kişi
alaçsyzlyk miwesin ýygmaz.
Sadaka berip kalbyn päkledi,
bela-beter bokurdagyn bogmaz.
Ol Taňry üçin söweşdi, bu soltan bolsa
duşman hiç hetden agmaz.
Taňry güýç-kuwwat berdi, garşy boljak eneden dogmaz.
Taňrydan başga hiç bir kişi uruş edip soltany ýeňmez.
Soltan gelse duşmanyň rahaty gaçar,
ýatyp bilmez ukysyn almaz.
Bet işine öküner, bu ökünjiň oňa hiç bir peýdasy bolmaz.
Soltan şerigaty goramakdan başga bir
maksada gylyjyn çalmaz.

Soltan bu söweşiň ýüküni gerdeninden düşürdi. Ýeňşiň hoş habary çar tarapa ýaýrady. Soltana Hindistana hüjüm etmeklige amatly pursat döredi. Çünki, Hindi şasynyň ogullarynyň biri onuň eýelän ýerleriniň käbirini basyp aldy. Onuň kalbyna şeýtan al saldy we ol yslamdan dändi. Ol birnäçe kapyr serdarlary bilen agyz birikdirip yslamyň boýnuna tanap atmakçy we öz boýnundaky yslamyň berk ýüpüni üzmekçi boldy.

Soltan bu sebäpden ýüzüniň ugruna gylyjyny gynyna salmazdan Hindistana tarap atlandy. Ol ýeliň üstüne münen ýaly bolup gije-gündiz düşlemän diýen ýaly tiz wagtda ol ýere baryp ýetdi, barşyna duşman bilen çaknyşdy we ony derbi-dagyn etdi. Soltan onuň basyp alan ýerlerini yzyna gaýtaryp aldy, ony täzeden mülküne birikdirdi we gylyjy bilen dinsizlik otuny ordy.

Bu iki ýeňşi onuň döwletiniň kuwwatyny has-da artdyrdy we olar Taňrynyň oňa ýardamynyň delili boldy. Beýik Taňry ony bagtyýar etdi, onuň Gazna gaýdyp gelmegini ýeňilleşdirdi. Ol Gazna iki ýeňiş bilen geldi. Allatagala rehmetini kime islese şoňa eçilýär. Dogrudan hem Ol uly rehmet eýesidir!

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille bu iki ýeňişden soň Gazna dynç almak üçin geldi. Ol Beýik Taňra özüne beren nygmatlary üçin şükür edip, yslamyň çäklerini giňeltmek üçin indiki söweşiň pikirini edip gezdi. Onuň pikir tozany senemlerde eglendi. Ol şu ýylyň dört tirkeşigiň ahyrky aýynyň içinde olara garşy göreşmekde işini rowaç etmegini Taňrydan diledi. Soltan Taňra bil baglap ýörişe ugrady. Ol Bugrahasan galasyny zabt etmekligi ýüregine düwdi. Gala beýik dagyň üstünde ýerleşýärdi. Bu ýerde Hindi şasy we tanymal adamlary iň uly senemlerine çokunýardylar. Olar bu ýere köp asyrlardan bäri baýlyklaryny we gymmat bahaly zatlaryny ýygnaýardylar.

Soltan bu ýere goşuny çekdi, dagyň beýik ýerinde baýdagyny dikdi. Soltan galanyň ýagdaýyny gowy öwrenmekligi, aňly-başly söweşe başlamaklygy ýüregine düwdi we bu işe girişdi. Galanyň adamlary bu belanyň daş-töwereklerini gurşap gelýändigini bildiler. Olar uly howsala we gorka düşdüler. Soltanyň döwleti bu gorkak we eýesiz itleri haýran edýärdi. Olar bu ýagdaýlaryndan gutulmak üçin zaryn ses bilen üýrdiler. Olaryň hemmesi soltanyň şygaryna goşulmaga çakylyk etdiler we galanyň derwezesini açdylar. Olar köpçülik bolup ýere ýüzün ýykyldylar. Bu boluş gyrgyny gören serçeleriň ýagdaýyna meňzeşdi. Beýik Taňry soltanyň bu galany eýelemekliginiň aňsat bolmaklygyna ýardam berdi. Ol öz dergähinden oňa harby işe ussatlyk eçildi. Soltan bu ýerde örän köp olja aldy.

Jüzjanyň häkimi Abu Nasr Ahmet bin Muhammet Fariguny we başga ýörite ygtyýarly ýolbaşçy adamlar bu gala girdiler. Iki sany beýik hajyp Tontaş we Yssyg tegin bu işe wekilçilik etdiler. Olar hazynanyň, beýleki gymmatlyklaryň we ýesirleriň bu ýerden Gazna alnyp gidilmegine gözegçilik gurnadylar. Bu baýlygyň mukdary ýetmiş million şahy pula barabardy. Altyn, kümüş bahasy ýedi ýüz million dört ýüz müň dört ýüz dirhemdi. Ondan başga gymmat bahaly tustary, susy we başga eşikleriň görnüşleri, gymmat mata-marlaklar bardy. Bu hazynanyň deňi-taýy ýokdy. Bu hazynadaky altyn-kümüş öň uzynlygy otuz gulaç[44], ini bolsa ýigrimi gulaç öýi dolduryp durdy. Rum parçasy uzynlygy kyrk gulaç, iki ýigrimi gulaç iki altyn aýakly sekiniň üstünde saklanýardy.

Soltan bu galanyň işlerine wekilçilik etmekligi özüniň ynamly adamlaryna tabşyrdy. Ol bu hazynany galanyň meýdanynda göz edip goýdy we ol ajaýyp baýlyga tomaşa etmek üçin dürli ýerlerden adamlary çagyrdy. Töwerekden köp wekiller ýygnandylar. Olaryň arasynda eýran, türk we rum şalarynyň wekilleri bardy. Ilek hanyň dogany Togan han hem bu dabara gatnaşdy. Olaryň gözleri heniz beýle baýlygy görmändi, hyýallaryna hem gelmändi. Karun hem beýle baýlyga eýe bolan däldir. Elbetde, Beýik Taňry bir işi etmek islese oňa «Bol» diýmekligi ýeterlikdir. Ol iş şol salymda berjaý bolar.

## FARIGUN NEBERESINIŇ BEÝANY

Jüzjan Farigun neberesiniň samanlylaryň günlerinden bäri atadan ogla miras geçip gelýän mülküdi. Ony atalar ogullaryna wesýet ederdiler. Bu neberäniň hökümdarlarynyň gözel ahlagy bardy. Olar edeplidirler, ynsaplydylar we döwleti baýdy.

Abylhars Ahmet bin Muhammet bu döwletiň görnükli adamlarynyň biridi. Ol bu ýeriň görküdi, bu eşigiň bezegidi, sahydy, işeňňirdi, mertebelidi we gujur-gaýratyny şu günki günüň we geljegiň eşretli bolmagy üçin siňdirýärdi. Emir Söbüktegin Soltan Ýemineddöwle we eminelmillä onuň bilen dostlukly gatnaşykda bolmaklygy tabşyrypdy.

Abylhars ölenden soňra onuň täji-tagty ogly Abu Nasr Ahmet bin Muhammede miras galdy. Ol ogluna gatnaşyk argajyny dokady we päk göwünli gatnaşyklaryň argajy erşine siňip gitdi. Äht-şertnamalar baglaşyldy we dostlukly gatnaşyklar berkedi. Abylhars öz tutan syýasat ýolundan çykman ömür ýoluny ýöredi we bu dünýäden ötdi. Soltan onuň ogly Abu Nasrdan däbe öwrülen gatnaşyklary berjaý etmekligini sorady. Ol bu talaby ýerine ýetirdi we 401-nji hijri (411-nji milady) ýylynyň içinde aradan çykdy. Meniň deň-duşum Bedi lakamy bilen meşhur bolan Abylfazl Ahmet bin Hüseýin Hemedanynyň oňa bagyşlap ýazan kitaby bar. Ol onuň wekilleriniň ýolbaşçysy bolupdy. Men onuň ölümi barada eşitdim we öz kitabymda onuň ömür beýanyny we mülküni wasp etdim. Men onuň bilen öň

duşuşdym we oňa wesýet berdim. Ol emir şu gadymy beýti gaýtalamagy gowy görerdi:

Zamananyň şumlugyna büdredim köp hesrete sataşdym.
Eşret arzuwlap garaşdym,
nesibe ýok eken ömür soňuna aşdym.

Şu beýt sebäpli bu adyl emiriň durnuklylylygy barada habarlar biri-birine çapraz gelýär. Men olar bilen ylalaşmadym. Dogry emir ömrüniň soňunda şeýtanyň alyna düşdi. Soltan ony dogry ýola gönükdirmeklige uly ähmiýet berdi. Ol meni emire nesihat bermek üçin iberdi. Men oňa maslahat berdim.

«Maňa dirhem, ýa-da dinar berseňiz, ýa-da ony menden alsaňyz parhy ýok. Çünki, men ol ikisine hiç ähmiýet bermeýärin. Olaryň köp bolmagyna begenip şükür etmäň, azlygyna gynanyp şikaýat etmäň. Mende kanagatly bolmaga wagt bar, emma kanagatsyzlyga wagtym ýok. Siz baýlyga hyzmat etmäň. Çünki, Karun baýlyga hyzmat edip näme gün gördi? Eger men baýlyk ýygnamak niýetinde bolsam, onda mende kyýamat güni jogap bermeklige niýet ýokdur. Men sizi bu ýagdaý bilen tanyşdyrdym we men sizden jogaba garaşýaryn». Emir meniň maslahatymy kabul etdi we dogry ýola düşdi.

## MÖMINLERIŇ EMIRI KADYR BILLÄNIŇ ATASYNYŇ MERTEBESINE GÖTERILMEGINIŇ WE ONUŇ BILEN SOLTAN ÝEMINEDDÖWLE WE EMINELMILLÄNIŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN WAKALARYŇ BEÝANY

Bahaeddöwle we Zyýalmille Abu Nasr Aduddöwle öz işlerinde Taňrynyň erkine tabyn bolmaklykdan we adalatlylykdan ýüz dönderdi. Imanlylaryň emiri halypa ony yslamyň bähbitlerini goramak üçin işlemeklige, Taňrynyň razylygyna ters gelýän işlere meşgul bolmazlyga, özündäki nebsine eýermeklik gylygyny gidermeklige çagyrdy, oňa yslama duýgudaşlyk etmelidigini, işlerini tertip-nyzama salmaklykda mümkingadar mylaýym bolmalydygyny ýatlatdy. Soňra ol ony 381-nji hijri (991-nji milady) ýylynyň meret aýynyň içinde tagtdan düşürdi.

Kadyr billäh Abylapbas Ahmet bin Yshak bin Muktadyr billäh tagty kabul etmek kasamynyň dabarasyna şu ýylyň oraza aýynda Bagdada geldi. Onuň bu boşlugy doldurmak, köpçüligiň pikirini bilmek, dostlukly gatnaşmaklyga äht baglaşmak ýaly maksatlary bardy. Adamlar ony tagta çykarmaklyga yhlas etdiler, oňa tabyndyklaryna äht etdiler, onuň yslama wepalydygyndan razydyklaryny, onuň hökümdarlygynyň bereketi üçin Taňra şükür edýändiklerini aýtdylar. Ol bu uly mertebäniň jogapkärçiliginiň agramyny gerdenine almak we diňe ýeke Taňra bil baglamak bilen işe girişdi. Bu orna ondan mynasyp, asylly, dogruçyl, gelip çykyşy päk, Taňryň razylygyna ymtylýan, akly

kämil we dury, açyk göwünli, dilewar, mertebeli, syýasata ökde, syýasaty goraýjy, kuwwatly, dili ýörgünli, adalatly we sahawatly adam halypalykda ýokdy. Ol Taňra ýakynlyk gazanmak üçin köp tagat edýärdi. Taňry onuň bu yhlasyna ýardam bermeklik bilen jogap berdi, onuň mertebe almagyny goldady. Ony özüniň gudratly hemaýat ganatynyň aşagyna saldy. Yragyň dilewar adamlary we şahyrlary halypalygyň mejlisinde ony atyň ýaly ýaly taryp etdiler. Olar imanlylaryň emiri Kadyr billähiň waspyny edip şygyrlaryny döretdiler. Onuň hökümdarlyk mertebesi, onuň öňki işleri, sahylygy, adalatlylygy barada ýazdylar.

Abu Muhammet Abdyssalam bin Muhammet Hasan Nyşapuryň meşhur adamlarynyň biridi. Ol şeýle gürrüň berdi. «Men Bagdatda Haşym neberesiniň we Bagdadyň ussat şyhlarynyň imanlylaryň emiri Kadyr billäh tarapyndan gurnalan mejlisine gatnaşdym. Men: «Munuň ýaly gujur-gaýratly, nazy-nygmatly, sahawatly, hökümdarlygy dowamly, işine yhlasly halypany bize beren Taňry Elbetde, taryplanmaga mynasypdyr» diýdim.

Elbetde, Taňrynyň kazasyny bozup biljek, onuň erkiniň öňüne böwet bolup biljek, onuň hökmüni ýatyryp biljek hiç bir kişi ýokdur. Ol Muhammet alaýhyssalamy arap taýpalaryna iberdi. Ol onuň gowy görýän dosty boldy. Allatagala oňa köp keramatlar berdi, onyň gadamyny ýardam bermeklik bilen berkitdi we işini yslam kuwwat tapar ýaly täsirli etdi. Ol Taňrynyň emrini adamlara aýan etdi. Müşrikler ony halamadylar. Goý, Muhammet alaýhyssalama daşlaryň we çägeleriň sanyça Taňrynyň alkyşy we ýalkawy bolsun! Onuň üstüne yslam säheriniň bagtly ýyldyzy dogdy. Soňra Allatagala diniň işlerini dowam etmekligi adyl çaryýarlara tabşyrdy. Olar dini duşmanlaryndan goradylar we alyslara ýaýratdylar.

Imanlylaryň emiri Kadyr billäh halypalyga wepalylyk kasamyny içdi. Onuň adyna münberlerden hutba okadylar.

Maňa Muhammet bin Fazl Halwaýy şeýle aýtdy: «Maňa Suly Mubarraddan, ol bolsa Apbas bin Hamdundan, ol bolsa Sagyt Hatypdan, möminleriň emiri Fazl bin Merwan Mugtasym hökümdarlyk kasamyny içen wagty adamlaryň şu sözi aýdandygyny gürrüň berdi:

Men halypalyk düşeginde oturyp kasam içdim.
Uly ýüki gerdenime göterip tagta geçdim.

Men möminleriň emiriniň halysyna gadam uranymda Taňrynyň ýardamy bilen özümi bagtyýar saýdym. Allatagalanyň Mahmyt bin Muhammet bin Söbüktegini möminleriň dikmesi edip bizi sylamagyna minnetdar boldum. Soltan onuň kabul edişlik dabarasynda resmi ýagdaýda otyr. Biz beýik Taňrydan möminleriň emiriniň salamatlygyny dowamly etmegini, ony adyl atasynyň we babalarynyň mertebesine ýetirmegini soraýarys. Elbetde, älemleriň hökümdary Allatagala taryplanmaga mynasypdyr! Onuň pygamberi Muhammet alaýhyssalama we nesil-neberesine Taňrynyň ýalkawy we alkyşy bolsun!

Möminleriň emiri Kadyr billäh hemme münberlerden öz adyna hutba okalmagyny buýurdy. Horasanyň münberlerinde möminleriň emiri Kadyr billähiň ady tutuldy. Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Taňrynyň haky-hormaty üçin ony gowy görmekligi, onuň halypalyk göreldesine eýermekligi, ogly Abylfazly özünden soň musulmanlaryň halypalygyna bellemekli ge wesýet edip getirýän delillerini kabul etmekligi, oňa Galybbillähi lakam goýulmagyny goldamaklygy, oňa ýardam bermekligi, ony hormatlamaklygy, onuň adyny münberlerde tutulmaklygy, onuň ady bilen teňňe urulmagyny hökmany iş hasaplady. Soltan onuň buýruklaryna tabyn bolmaklygy, onuň kanunlaryny berjaý etmekligi buýurdy. Ataly-ogluň ady hutbalara

goşuldy we olaryň atlary sahypalarda altyn-kümüş harplar bilen ýazyldy. Indi biz Bahaeddöwle we Zyýalmille baradaky söhbetimize dolanyp geleliň. Ol «Aduddöwle we Täjalmille Abu Şujag lakamyna mynasyp boldy. Onuň hökümdarlygynyň beýany Sabynyň «Täji» atly kitabynda gürrüň berilýär. Onda Aduddöwle bilen Bagtyýaryň arasyndaky oňşuksyzlyklar, onuň Bagtyýary ýeňmekligi, onuň ölüm käsesinden bir damja şerbet içmekligi, onuň Abu Taglyp Nasyrdan ýeňilenden soň hyýanat etmeklik bilen işlerini nyzama salmaklygy, çarwa araplaryň serkerdesi Ibn Jerrahyň kömegi bilen Şamyň serhedine çenli bolan ýerleri eýelemekligi, soňra Ibn Jerrahy göriplik edip öldürmekligi we mertebesiniň göterilmegi bilen baglanyşykly wakalar beýan edilýär.

Aduddöwle öz ýoly bilen ýöredi. Ol mertebesini täzeden dikeltdi. Bu waka 372-nji (983-nji milady) ýylynyň oraza aýynda bolup geçdi. Ol dogany Muweýýeddöwle Buweýh bilen Husameddöwle Taşyň, onuň daýanjy bolan Faýygyň Horasandaky gozgalaňlaryna ýardam bermeklige ýykgyn etdiler. Ol watan ogullaryny, öz ogly Samsamy, Şemselmilläni ýygnady. Olar Aduddöwlä tabyn bolýandyklaryna äht baglaşyp, gol çekişdiler. Möminleriň emiri ony Dejläniň aňyrsyndaky söweşe gatnaşmaklygy mejbur etmekçi boldy. Bu ýerde ilat halypanyň garşysyna gozgalaň turuzdy. Gozgalaňçylar halypa ýakyn geldiler. Samsameddöwle halypa erkine tabyndygyny we halypalygyň haky üçin hyzmata taýýardygyny aýtdy. Halypa onuň bu sözünden hoşal boldy we oňa minnetdarlyk bildirdi. Samsam gözlerine ýaş aýlady, ýaşy ýaňagyna syrygdy. Halypa ony atasy ýaly mertebeledi we onuň işlerini kesgitledi.

Onuň agasy Abylfawarys Şirzil bin Aduddöwle Medinä gitdi. Bu ýerden Kirmana gaýtdy. Ol Kirmana ýetende atasynyň ölümi baradaky habary eşitdi. Onsoň ol Parsa dolandy. Ol bu

ýerde atasynyň weziri Aly Nasr bin Harun Nasrany tutdy. Abylfawarys ondan işlerini gyşyrnyksyz berjaý etmegini talap etdi we Ahwaza ugrady. Ony dogany Hüseýin bin Ahmet bin Ahmediň elinden aldy. Soňra ol dogany bilen Basrany eýeledi. Bu waka 375-nji hijri (985-nji milady) ýylynyň rejep aýynyň içinde bolup geçdi. Ol atasynyň aryny almak üçin Bagdada hüjüm etmäge taýýarlandy we agasy Samsam bilen duşuşdy. Abylfawarys oňa Ammandaky Kuhystan galasyna gitmekligi buýurdy. Ol baryp bu galany eýeledi. Halypa oňa Şerefeddöwle we zinalmille diýen lakamy dakdy. Ol bu ýerde iki ýyl galdy.

Bahaeddöwle we Zyýalmille onuň ornuna meýil edýärdi we amatly pursatyň gelerine garaşýardy. Ol Parsdaky türkleri Samsameddöwläniň garşysyna çykyş etmeklige yrdy. Olar ony zyndandan tapdylar, ony bu ýerden çykaryp, Sagadat ady bilen meşhurlyk gazanan gulamynyň ýanyna alyp gitdiler. Samsameddöwle Parsy eýeledi. Ol bu ýeriň emlägini talady, soňra ony yzyna gaýtardy. Mundan soň türkler ondan ýüz dönderdiler we Abu Aly bin Abylfawarysyň ýanyna geldiler. Olar oňa Şemseddöwle we kamaralmille diýen lakamy dakdylar. Olar oňa tabyn bolýandyklary barada äht baglaşdylar. Olar ony goramaga taýýardylar. Bularyň bu ylalaşygy olar Bagdada ýöriş edip ýeňilýänçäler dowam etdi. Samsameddöwle bilen söweşmek üçin Bahaeddöwle we Zyýalmille öňe hereket etdi. Iki goşun çaknyşdy we uruş ody tutaşdy. Basra, Ahwazyň köp ýerleri harabaçylyga dönderildi.

Bagtyýaryň ogullary Parsda zyndana taşlanylypdy. Hysrow kürtleri olary ol ýerden çykardylar. Üznüksiz uruşlar kürtlere köp zyýan getirdi we olar gozgalaňa baş göterdiler. Bagtyýaryň oglanlary bu ýerden gaçdylar. Olaryň ýolbaşçysyna Salar bin Bagtyýar, onuň lakamyna bolsa Nureddöwle diýilýärdi. Olar Bahaeddöwlä boýun egdiler, Nowşehr bilen söweşdiler, ony

ýeňdiler we ony öldürdiler. Olaryň gulamy Nowşehriň kellesini Bahaeddöwlä eltip berdi. Bahaeddöwle bu etmişe gaharlandy we gulamyň başyndan aýagyna çenli derisini soýmaklygy buýurdy. Bahaeddöwle muny hökümdaryň ganyny döküänlere göz etmek üçin etdi. Ol Sahyp atly goşunbaşysyny Bagdada işleri tertibe salmak we beýtulmalyň hukuklaryny goramak üçin iberdi, soňra haja gitmekligi ýüregine düwdi, ornuna wezirini goýdy we haja ugrady.

Bahaeddöwle Parsy we Kirmanyň daş-töweregini eýeledi. Bu ýerde gozgalaňlar köşeşdi, parahatlyk höküm sürdi. Beýik Taňrynyň bendeleri uruşdan dynç boldular.

Abu Aly bin Ylýas Aduddöwläniň günlerinde Kirmany eýeläpdi. Ol bu ýerde birnäçe wagt uruşsyz-dawasyz oturdy. Ol ogly Ýasagy bozuklygy üçin Kirmanyň galalarynyň birindäki zyndana taşlady. Abu Ýasag aýallara gyzygypdy we serhoş ediji içgilere meşgul bolupdy. Aýallar ony zyndandan çykardylar. Onuň esgerleri bu habary eşitdiler we onuň daşyna ýygnandylar. Olaryň hemmesi özlerine berilýän jepalar üçin onuň atasyndan ýüz öwürýändiklerini we onuň erkine tabyn bolýandyklaryny aýtdylar. Abu Ala wakanyň habary ýetdi. Abu Aly bin Ylýas bularyň ýanyna ilçi iberdi. Ol öz ornundan ynjalyksyzlanýardy we oglunyň hereketinden närazydy. Olar ony Kirmany taşlap gitmeklige mejbur etdiler. Ol emlägini göterip, bu ýerden Buhara gitdi.

Bişr bin Mehdi we Noş Hajyp Ýasagyň hyzmatyna bardylar. Abu Aly Buhara baryp ýetdi. Ony bu ýerde hormat-tagzym bilen garşyladylar. Ol ölümine çenli Buharada ýaşady we 356-njy hijri (969-njy milady) ýylynyň baýram aýynda aradan çykdy.

Ýasag Kirmany we onuň daş-töweregini eýeledi we onuň mal-mülküni eline aldy. Onuň dogany Süleýman Sirjanda ýaşaýardy we oňa hökümdarlyk edýärdi.

Bişr bin Mehdi Süleýmany doganynyň garşysyna öjükdirdi. Ol oňa öňürti hüjüm etmekligi maslahat berdi, ony özi bilen bu ýagdaý barada gepleşik geçirmeklige çagyrdy. Süleýman ikirjiňläp bu gepleşikden saklandy. Ýasag onuň üstüne uruşmaklyga geldi. Ol bu söweşde Süleýmany ýeňdi, onuň emlägini olja aldy. Süleýman Buhara gaçdy.

Ýasag howlukmaçlyk edip, öz mümkinçiligini oýlap görmedi. Ol Aduddöwle Abu Şujagdan üstün gelmegi ýüregine düwdi. Onuň bu hereketiniň mysaly dag goçunyň uly şah diläp, gulagynyň ýerini gysmagyna meňzeş bir zat boldy. Ol Aduddöwläniň üstüne ugrady. Ol Kirman bilen Parsyň serhedine ýetende onuň ýanyna Aduddöwläniň ynamdar adamlary aman sorap geldiler. Ol bulary hormatlap kabul etdi. Olardan bir topary yzyna gaçdylar. Ýasag ýaranlary bilen maslahatlaşdy. Olar: «Bu hereketiň aňyrsynda bir hile ýatyr» diýen netijä geldiler. Ol bularyň galanlaryna azap berip başlady. Olaryň gaçanlary baryp ýagdaýy Aduddöwlä beýan etdiler. Aduddöwle Ýasagyň üstüne çozdy. Ýasag ýeňildi we Buhara tarap gaçdy.

Ýasag Kuhystanyň serhedinde ýerleşýän Juweýn etrabyna geldi. Ol bu ýerde gulamlaryny we ýüklerini goýdy, özi kömek soramak we halas bolmak üçin ýyndam düýä münüp Buhara tarap ýöredi. Ol Buhara baryp ýetdi. Oňa bu ýerde sylag-hormat etdiler, soňra ony Horezme ugratdylar. Ol Abu Aly bin Simjuryň ýanyna geldi. Ol Simjura öz düşen ýagdaýyny beýan etdi. Simjur ony Juweýne ugratdy. Soňra ol onuň özüni, gulamlaryny ýesir etdi we emlägini olja aldy we Horezme getirdi.

Horezmde Ýasagyň gözi keselledi. Bu ýagdaý ony ynjalykdan gaçyrdy we ýürek agyra sataşdyrdy, elleri ysmaz boldy,

endamynda agyryly gijilewük döredi. Gözagyrysy güýçlendi we onuň beýnisine düşdi. Bu bolsa onuň ölümine sebäp boldy. Ondan soň Kirmanyň çäklerinde Ylýasylar neberesinden hiç bir kişi gozgalaňa baş götermedi. Bu ýerde Aduddöwläniň syýasy täsiri güýçlendi. Ondan hökümdarlyk tagty Bahaeddöwle we Zyýaulmillä geçdi. Ol adalatlyk we ynsaplylyk bilen hökümdarlyk etdi.

Şol wagt Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Horasany mülküne birikdirdi we Sistany basyp aldy. Bahaeddöwle we Zyýaulmilläniň döwleti onuň mülküne goňşy boldy. Bahaeddöwle we Zyýaulmille dostlukly gatnaşyk açmak üçin soltana peşgeş-sowgatlar bilen ilçi ugratdy. Soltan Ýemineddöwle we eminelmille onuň bu teklibine oňlamak bilen jogap gaýtardy. Iki döwletiň arasynda hoşniýetli gatnaşyklara ýol açyldy.

## NARYN ŞERTNAMASYNYŇ BEÝANY

Soltan 400-nji hijri (1010-njy milady) ýylynda Hindistana ýöriş etmeklige jan çekdi. Ol duşmany derbi-dagyn etmeklik bilen Taňra ýakynlyk gazanmaklyk we sogap almaklyk maksadyny yzarlap, bu maksadyna tarap haýbatly ýöredi, dinsizler bilen söweşdi, olaryň senemlerini ýykdy. Beýik Taňry oňa köp emläk we olja atlary we pilleri bagyşlady. Ol her söweşden soň baý olja bilen sag-salamat Gazna dolanyp geldi.

Hindi şasy we onuň ýurdunyň adamlary Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň her bir ýörişinde azap gamçysynyň urgularynyň awusyny datdylar. Ol awy hindileriň ýurdunyň uzag-u-ýakyn ýerlerine howp ýaýratdy. Hindilerl onuň azabyndan we zabunlygyndan gutulyşyň ýokdugyna göz ýetirdiler. Onsoň Hindi şasy özüniň görnükli garyndaşlaryny ýaraşyk ähdini baglaşmagy sorap soltanyň üstüne iberdi. Ol olara eger soltan bu teklibi kabul etse, salgyt töläp durmaklyga boýundygyny aýtmaklaryny tabşyrdy we her ýylda elli pil, ýurdunyň gowy önümlerinden, matamarlak, köp mukdarda pul ibermeklige, iki müň hindi esgerini onuň hyzmatyna ýollamaklyga boýundygyny nygtady. Soltan onuň teklibine yslamy kabul etmekligi we salgyt tölemekligi şert edip goýýandygyny aýtdy. Hindi şasy onuň şertini berjaý etmeklige boýun boldy. Soltan Hindileriň ýurdundan uly kerwenler yzly-yzyna Horasana ýük alyp geldi.

## GUR SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Gur daglaryna ýöriş etmeklige taýýarlandy. Bu ýeriň adamlary gozgalaň turuzdylar. Olar yslama tabyn bolmaklykdan ýüz öwürdiler we Olaryň ahlagy bozuldy. Olar ýollardan ötýän kerwenleri taladylar we soltanyň döwletini äsgermezlik etdiler. Olaryň täsiri daş-töwerege ýaýrap başlady. Soltan Hyratdan Tontaş Hajyby, Tusdan Arslan Jazyby olaryň üstüne iberdi. Olaryň arasynda uruş başlady. Gylyçlar al-asmanda, hanjarlar bokurdakda oýnady. Iki tarap urşuň yssysyny merdemsilik bilen çekdi, emma hiç tarap ýeňiş gazanyp bilmedi.

Urşuň gidişi baradaky habar soltana baryp ýetdi. Soltan ýörite ygtyýarly gulamlaryny alyp söweşe girdi. Ol duşman goşunynyň hataryny böwüsdi we olary dyr-pytrak etdi. Olar başlaryny ölümden gutarmak üçin gaçyp, dagyň jülgelerine siňdiler. Soltan olaryň ulumsylyk küýzesini çym-pytrak etdi. Gozgalaňçylaryň Ibn Sury ady bilen meşhur bolan ýolbaşçysyna tarap ýol açyldy. Ol onuň daşyny galanyň içinde wagty gabady. Ol gala Ahengeran diýlip at berilýärdi. Soltan galany zabt etdi. Galadakylar güýçli garşylyk görkezdiler. Ýürekleri demirden ýa daşdan ýasalan ýaly on müň esger duşmanyň üstüne howp salmak bilen hüjüme geçdi.

Duşmanyň özüni alyp barşy daş bilen urlup kowulanda, gaçyp barýan itiň üýrmegine meňzeýärdi. Soltan hüjümi güýç-

lendirmekligi buýurdy. Galanyň töweregini çuň hendek gurşaýardy. Onuň ini derýanyň ininiň ýarysyça bardy. Emma onuň bu hereketi üstünlik getirmedi. Duşman erjellik bilen gorandy. Soltan goşuny yzyna öwürdi. Ol göýä ýagydan gaçýan ýaly hereket etdi. Duşman «Soltan gorkup gaçandyr» diýip oýlady we pursatdan peýdalanmak maksady bilen galanyň derwezesinden açyk meýdana çykdy. Soltan atynyň jylawyny duşmana tarap öwürdi we olar bilen garpyşdy. Iki tarap hem durnukly merdemsilik bilen söweşdi. Köp gan döküldi. Ahyrynda duşman asgynlady. Soltan ibn Suryny ýakyn adamlary bilen ýesir aldy. Bu söweşde beýik Taňry soltana üstünligi ýoldaş etdi. Ol köp ýarag we baýlygy olja aldy.

Soltan bu galada we onuň töwereklerinde yslamyň şygarlaryny ornaşdyrmaklygy we münberlerden öz adyna hutba okalmagyny buýurdy. Ol mundan soň bagtyýarlyk we ýeňiş ganatlaryny ýaýyp, Gazna tarap guş ýaly uçdy.

Ibn Sury ýesirlikde köp kemsindi. Soltan galadan alan oljasyny sadaka edip paýlady. Ibn Sury, tä, ajaly ýetýänçä gamgynlykda ýaşady. Ol ahyry ýüzüginde gizlenen awyny içdi we ahyret saraýyna sapara gitdi.

## NYŞAPURYŇ AÇLYK ÇEKMEGINIŇ BEÝANY

401-nji hijri (1011-nji milady) ýylynda Horasanyň köp welaýatlaryny açlyk belasy gurşap aldy, esasan hem Nyşapuryň ilaty bu betbagtçylygyň agyr ýüküni gerdeninde çekdi. Açlyk bu ýerde ýüz müň, hat-da ýa-da ondan hem köpräk adamyň ömür tanapynyň üzülmegine getirdi. Olaryň köpüsi kepenlik biz ýetmezçiligi sebäpli bölek-büçek matalara oralyp jaýlanyldy. Adamlar merhumlaryny ýuwmaklyga ýetişmeýärdiler. Olar gulamlardan, wekillerden, garrylardan, ýaşlardan, kempirlerden diňe çörek dileýärdiler. Açlykdan ýaňa olaryň eti çekildi, ýagy akdy, gözleri içine çökdi. Olar her ädimde diýen ýaly, ölüme garaşýardylar. Olar ýerdäki ösümlikleri iýmek bilen ölmez-ödi halda oňňut edýärdiler. Bu açlyk belasy indiki 402-nji hijri (1012-nji milady) ýylynyň gallasy ýygnalýança dowam etdi. Beýik Taňry ýagşylyk edip, bu betbagtçylygy olaryň üstünden aýyrdy. Eger Allatagala öz rehmetini eçilse, oňa böwet bolup biljek kişi ýokdur. Elbetde, beýik Taňry parasatlydyr we ezizdir!

## SOLTAN ÝEMINEDDÖWLE WE EMINELMILLE BILEN ILEK HANYŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN WAKALARYŇ BEÝANY

Soň Soltan ýemineddöwle we eminelmille Ilek han we dogany Togan han bilen iş salyşdy. Ilek han Mawerannahryň goşunlaryny jemledi we soltanyň üstüne ýöriş etmekligi ýüregine düwdi. Ol Uzkendiň üstünden geçdi. Ol wagt gyş günleridi. Galyň gar ýagdy we onuň ýoluna böwet boldy. Soltan şu sebäpden yzyna aýlandy we howa maýlandan soň ýörişini dowam etmekligi laýyk gördi.

Soltan goşuny we pilleri ýörişe taýýarlamaklygy buýurdy. Pilleri bu ýöriş mynasybetli bezediler. Eger bu ýagdaýy Karun gören bolsa «Arman maňa Mahmydyňky ýaly baýlyk berilmedi. Onuň nähili uly nesibesi bar eken!» diýip içini çekerdi. Ol iki müňe ýakyn gulamyň garşysynda guz türklerini gara, ak, gyzyl, sary, ýaşyl we çal reňkli ýüpek geýimleri geýdirip hatara duruzdy. Ýüz ýörite ygtyýarly gulamyna altyn çaýylan guşak we gylyjyň gynyny dakdy. Kyrk sany altyn, gymmatbahaly daşlar, rum parçasy bilen bezelen piller hatarlaryň öňünden öňe-yza ýöredi. Ýedi ýüz sany pili demir eşikler bilen zynatlady. Atly goşunyň öňünden pyýada goşuny goýdy. Atlar hem, esgerler hem bezeglidi. Bu dabarany gören göz haýran galdy. Bu dabara Ilek hanyň ilçileri hem tomaşa etdiler. Soňra ilçileri kabulhanada gurnalan dabara alyp bardylar. Desterhanyň üstünde ady tutulan nazy-nyg-

matlar bardy. Beýle bolçulyk jennetde bar bolaýmasa, başga ýerden tapylmaz. Bu desterhan jennetde takwalar üçin bezeljek desterhany ýadyňa salýardy. Tabaklar, bulgurlar, altyn çaýylan çemçeler gyzyl öwüsýärdi. Ýüpek düşekçeler gözüňi gamaşdyrýardy. Soltan Ýemineddöwle we eminelmille bu dabarany sowdy. Ol Taňrynyň özüne beren bu eşretiniň haky üçin ýörişe ugramaklygy ýüregine düwdi. Iki dogan soltan bilen agzalalygyny we duşmançylygyny dowam etdi. Iki tarapyň ilçileriniň eden yhlasy gowy netijä getirmedi. Eger beýik Taňry islese, biz bu ýagdaý bilen baglanyşykly wakalary öz ýerinde beýan ederis.

## KUSDAR SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille iki dogan Ilek han we Tugan han barada täze habarlary aldy. Iki doganyň arasynda oňşuksyzlyk döredi. Olaryň tersleşendigi baradaky habar soltanyň gulagyna degdi. Soltan Kusdara ýöriş etmekligi ýüregine düwdi we Taňrydan ýörişe ýardam bermegini diledi. Çünki, onuň hökümdary daş-töweregine külpet baryny görkezýärdi. Kusdaryň hökümdary Soltanyň ýurdunyň bir çetine hüjüm etdi we ol ýeri talady. Soltan Gaznadan Bust tarapyna çykdy, soňra Hyrada tarap ýöredi. Onuň bu ýörişi baradaky habar töwerege ýaýrady. Hyrada ýetenden soň atynyň jylawyny Kusdara tarap aýlady we gijäniň içinde Kusdar daglarynyň geçmesi kyn bolan ýollaryny sökdi. Kusdaryň häkimi soltanyň bu ýere nähili gelenini duýmandy. Soltan gün şöhleleri äleme ýaýrap-ýaýramanka, onuň köşgüniň ýakynyna gelip ýetdi. Kusdaryň häkimi: «Aman, aman!» diýip jar çekdirdi we soltandan geçirimlilik sorady. Soltan oňa geçirimlilik etdi we ondan bäş million dirhem salgyt tölemekligi talap etdi. Ol salgydyň köp bölegini nagt tölemekligi boýnuna şert edip goýdy. Soltan ondan ýigrimi sany äpet pili aldy. Ol häkimi öz erkine tabyn edenden soňra Gazna bagtyýarlyk bilen gaýtdy. Elbetde, beýik Taňry mülki kime islese şoňa berýär. Beýik Taňry güýçlüdir we parasatlydyr!

## IKI ŞARYŇ ATASY ABU NASR MUHAMMET BIN REŞIDIŇ WE ONUŇ OGLY ŞAMUHAMMEDIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Garşystanyň işlerini ýöredýän her bir hökümdara Şar diýip lakam berilýär. Bu söz eýeçilik etmek manysynda ulanylýar. Şar beýik we mertebeli wezipedir.

Şar Abu Nasr ogly ýetişýänçä hökümdarlyk etdi. Ol işlerini gowşak alyp bardy. Onuň ogly ýaşlygyndan işe yhlas we güýç bilen ýapyşdy. Ol özüniň hökümdarlyk işine ukyplydygyny iş ýüzünde görkezdi we tiz wagtda atasynyň ornuny eýeledi. Şamuhammet köp kitaplary öwrendi. Ol edebiýaty gowy görýärdi we edebi kitaplary okamaklykdan lezzet alýardy. Ol ýurduň gözel ýerlerinde mertebeli adamlar bilen dynç almaklygy we söhbetdeş bolmaklygy hem halaýardy.

Goşunbaşy Abu Aly bin Muhammet bin Muhammet bin Simjur Buharany eýelände Razy Nuh bin Mansur Garşyda düşlemekligi ýüregine düwdi. Çünki, şarlar onuň erkine tabyndylar. Soňra olar oňa boýun bolmaklykdan ýüz dönderdiler. Abu Aly olaryň jylawyny ele almaklyga köp ähmiýet berdi. Ol özüniň döwletiniň orunbasarlarynyň biri Abylkasym fakyhy köp goşun bilen olaryň üstüne iberdi. Ol bularyň üstüni galada wagtlary duýdansyz basyp, söweşde olardan üstün boldy we olaryň ýurduna eýe boldy. Olar tä bu ýere emir Nasyreddin Söbüktegin gelýänçä Abu Alynyň golastynda boldular. Abu Aly

Söbüktegine erjellik bilen gaýtawul berdi. Söbüktegin Abylkasym fakyhy yzyna serpikdirdi. Şar emir Söbüktegine goşuldy we Şar Abu Alydan aryny aldy. Abu Aly ýeňilip gaçdy. Ol öňki we soňky elden gideren mülküne täzeden eýe boldy. Abu Aly Gürgene tarap gitdi. Onuň hiç maksady ýokdy. Mundan soň ol bu ýere gelmedi. Bu ýurt Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Horasany miras alýança rahatlykda boldy. Elbetde, beýik Taňry mülki bendelerinden kime islese, şoňa berýär.

Soňra olar soltanyň erkine tabyn bolmak bilen adyna münberlerden hutba okadylar, äht baglaşyp, buýruklaryny berjaý etdiler we onuň hyzmatyna durdular. Men Şary etraplarda soltanyň adyna hutba okalmagyna meýil etdirdim. Ol meniň teklibimi kabul etdi we 389-njy hijri (998-nji milady) ýylynda soltanyň adyna etraplarda hutba okamaklygy buýurdy. Bu şardan soň onuň «Şahşar» lakamy bilen meşhur bolan ogly hökümdarlyk etdi. Ol işlerini adalat bilen alyp barmaklyga çalyşdy. Emma ol göwuşgynsyzdy we işeňňir däldi. Munuň ýaly hökümdar köplenç ýagdaýda heläk bolýar. Ýöne ol mylaýym adamdy. Ol özüne hökümdarlyk halady geýdirilenden soňra bu wezipeden ýüz dönderdi we Afşine gelip öý tutundy. Ol bu ýerde soltanyň garşysyna baş göterýänçä rahatlykda ýaşady, soňra goşun toplady we gozgalaň turuzdy.

Bu wagt soltan özüniň uly hajyby Abu Sagt Tontaşy Tusa Arslan Jazybyň ýanyna iberdi. Bu iki goşun biri-birine goşuldy we Şaryň üstüne ugrady. Olar baryp Garşyny eýelediler. Şar Abu Nasr Tontaş hajypdan aman diledi. Ol oglunyň etmişi üçin ötünç sorady. Tontaş onuň haýyşyny soltana ýetirdi. Soltan oňa geçirimlilik etdi.

Emma onuň ogly boýun bolmak islemedi. Ol özüniň gulamlary we goşuny bilen garşylyk görkezmekligi ýüregine düwdi. Hajyp Abu Sagt we Abylhars Arslan Jazyp baryp, onuň bilen çaknyşdy. Şar Şamuhammet galanyň içinde gorandy. Iki

serkerde galany gabadylar, zabt etdiler we galanyň diwaryny manjanyklardan äpet daşlary atyp ýykdylar. Olaryň esgerleri galanyň içine girdiler. Şar goşuny bilen galanyň beýik ýerine çykdy. Iki serkerdäniň esgerleri gaçan towşanlary ysyrganyp yzarlaýan tazylar ýaly bolup, olaryň yzyny alyp bardylar. Iki goşunyň arasynda uruş ody tutaşdy. Şaryň goşuny asgynlady we ýeňildi. Şar aman sorady. Onuň özüni ýesir, emlägini olja alyp soltanyň ýanyna eltdiler. Soltan oňa geçirimlilik etdi.

Onuň atasy Hyrada gelip düşledi. Soltan oňa arza gelmäge ýol açdy. Ol ataly-ogla mähribanlyk etdi we olara Garşydaky mülklerinde ýaşamaklyga rugsat berdi. Bu waka 406-njy hijri (1016-njy milady) ýylynda bolup geçdi.

## NARYN SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Hindistanda yslamyň heniz barypýetmedik çäklerini eýeledi. Ol ýerlerde öň bir süre-de ýa-da bir aýat-da okalmandy. Ol bu ýerlerden Taňra şirk getirmek kirini ýuwdy, kapyrlyk tümüni kowdy we metjitleri gurdy. Ol ýerde imanyň şygary bolan azan çekildi.

Soltan imana gelen ilata hemaýat berdi, olary duşmanlaryň hüjüminden gorady we olara haýyr-yhsan etdi. Bu waka 404-nji hijri (1014-nji milady) ýylynda bolup geçdi. Soltan baharyň mylaýym howasynda bu ýurduň günortasyna tarap ýöredi. Emma daglara galyň gar düşüpdi. Beýle ýagdaý öňler baharda bolmandy. Gar soltanyň daglardan ötmekligine päsgelçilik döretdi. Howanyň ýüzüni ümür tutdy. Dünýäni tümlük gaplap aldy, bir gadam ýerden hiç zat görünmedi. Gar ýollary basdy we ýol-ýodalaryň sudury ýitdi. Goşunyň çep ganaty, sag ganaty, öňi-ardy nirededigi mälim bolmady. Yza aýlanmaga hem ýagdaý tapylmady. Goşun bu ýerde düşledi. Soltan beýik Taňrydan ýardam sorady. Taňrynyň emri bilen ümür açyldy. Ol öňe tarap hereket edip, ýurduň jümmüşine tarap ýöredi we maksadyna golaý geldi. Soltan goşuny nyzama düzdi. Goşunyň sag ganatyna dogany emir Nasr bin Nasyreddini öz esgerleri bilen, çep ganatyna Arslan hajyby öz esgerleri bilen goýdy. Ol Abu Abdylla Muhammet bin Ybraýym Taýy arap esgerleri bilen öňdäki hatarda duruzdy, Hajyp Tontaşy onuň edermen gulamlary bilen

goşunyň kalbyna (ortasyna) geçirdi. Olar beýik dag ýaly bolup hatara durdular, sil ýaly bolup jülgäni dolduryp süýşüp ugradylar. Hindiler bu goşunyň haýbatyny görüp howsala düşdiler we olaryň goşuny dagyň dar jülgesine tarap gaçdy we pilleri dagyň geçelgesine böwet goýdular.

Soltan duşmanyň niýetini aňdy we oňa tarap süýşüp ugrady. Duşmana haýbat atmak üçin piller nyzama duruzyldy. Duşman Abu Abdylla Muhammet bin Ybraýym Taýyň söweşe taýýar bolup durandygyny gördi we yza tarap süýşdi. Abu Abdylla duşmana topuldy. Söweş başlandy. Ol duşman bilen garpyşdy. Onuň esgerleriniň okgunly hereketi duşmany yzyna serpikdirdi.

Soltan duşmanyň gaçmaga meýil edýändigini gördi. Ol ýörite ygtyýarly gulamlaryny Abu Abdylla ýardam üçin iberdi. Bular hem duşmanyň üstüne hüjüme geçdi. Duşman halas bolmaklygyň ýoluny gözläp, soltana tarap gaýtdy. Beýik Taňry dostlarynyň üstüne ýeňiş ýelini ösdürdi we ony duşmanyň üstüne ýeňliş ýeli edip köwsarlatdy. Olary hakykat gylyjy çapdy. Olar Taňrynyň baky azabyna sezewar boldular. Piller olary basgyladylar. Beýik Taňry soltana we onuň ýaranlaryna baý olja eçildi, uly ýeňşe ýardam berdi. Naryn söweşinde Pygamber alaýhyssalamyň zamanyndan, tä, Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň günlerine çenli ýaýramadyk yslam bu ýerde ornaşdy.

Soltan butuň öýünden bir gadymy daş tapdy. Oňa: «Onuň ýüzündäki ýazgylar bu öýüň kyrk müň ýyldan öň gurlandygyny görkezýär» diýip aýtdylar. Soltan bu ýeriň adamlarynyň nadanlygyna haýran galdy. Çünki, şerigatyň alymlary «Dünýäniň ömri ýedi müň ýyldyr» diýen asmandan inen hakykatyny ýagşy bilýärler. Biz bolsa onuň soňky müň ýyllygynda ýaşaýarys. Görnükli alymlaryň pikiri bu daşyň kyrk müň ýyl ömrüniň bardygyny inkär edýär.

Soltan köp olja bilen, gullar, gyrnaklar bilen yzyna dolandy. Onuň ýurdunyň çäkleri giňedi. Bu Allatagalanyň dostlaryny sylap we duşmanlaryny kemsidip yslama eden rehmetidir. Elbetde, beýik Taňry älemleriň hökümdarydyr!

## TANYŞYR SÖWEŞINIŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille uruşda özüni görkezen pilleriniň tohumyndan bolan pilleriň Tanyşyr welaýatynda bardygyny, ol pilleriň eýesiniň kapyrdygyny we onuň yslam dinini inkär edýändigini bildi. Soltan oňa yslamyň güýç-kuwwatyny görkezmek we ol pilleri olja almak isledi. Soltan onuň üstüne ýöriş edip, yslamyň kuwwatyny has galdyrmaklygy, şeýle-de ol bu welaýatyň butlaryny kül-uşak etmekligi ýüregine düwdi. Ol söweşlerde taplanan ýaranlary bilen Tanyşyra tarap ýörişe ugrady. Soltan guşlardan başga hiç bir zayň uçup baryp bilmejek daglaryndan ötdi. Soltanyň öňüne uzakdan sesi eşidilýän we batly akýan derýa böwet boldy. Onuň iki kenaryny beýik gaýalar gurşaýardy. Soltan bu derýadan ötmekligiň pikirini etdi. Ol goşuny iki bölege böldi. Onuň goşuny derýanyň iki ýerinden geçdi, soňra goşunyň iki bölegi ýene birleşdi. Iki goşun çaknyşdy. Olaryň arasynda aldym-berdimli söweş boldy. Gylyçlar başlary, hanjarlar bokurdaklary kesdi. Musulmanlar çar tarapdan hüjüme geçdiler. Kapyrlaryň gany derýa bolup akyp, ony hapalady, onuň suwuny içer ýaly bolmady. Eger gije düşmedik bolsa, kapyrlaryň hemmesi heläk bolardy. Olaryň diri galanlary gijäniň tümlüginden peýdalanyp gaçdylar.

Soltan ýaranlary bilen baý olja aldy. Ol ýeňiş belende gazandy, onuň şöhraty has göterildi. Ýeňişiň hoş habary alys menzillere ýaýrady. Onuň gündogardaky we günbatardaky ganatlary berkedi. Elbetde, dünýäleriň hökümdary bolan Taňry tarypланmaga mynasypdyr.

## FAÝYGYŇ ÝÖRITE YGTYÝARLY GULAMY AMYDEDDÖWLE LAKAMY BILEN MEŞHUR BOLAN WEZIR ABYLAPBAS FAZL BIN AHMET BILEN BAGLANYŞYKLY WAKALARYŇ BEÝANY

Ol Faýygyň ynamly adamlarynyň biridi. Ol soltanyň Nyşapurda salarlyk edýän wagtynda Merwde aragatnaşyk gullugyny ýöredýärdi. Onuň işeňňirligi we wepalylygy baradaky habary emir Nasyreddin Söbükteginiň dykgatyna ýetirdiler. Ol emir Raza soltanyň wezirliginde işletmek we onuň işlerini alyp barmaklyk üçin ony bermegini sorap hat ýazdy. Razy onuň bu haýyşyny kanagatlandyrdy we ony Nyşapura ugratdy. Soltan ony wezir belledi we emirligiň möhüm işlerini alyp barmaklygy oňa tabşyrdy. Soltan ony Şemselkufat Abylkasym Ahmet bin Hüseýiniň ornuna goýmaklyga mynasyp bildi. Onuň sowady hem, asly hem, iş başarjaňlygy hem, gözel ahlagy hem, dini göni tutuşy hem ýeterlikdi. Onuň bir ýaşlygy diýäýmeseň başga bir kemçiligi ýokdy. Emma onuň atasy Bustda wezir bolanda we onuň işlerini ýöredende Söbükteginiň jyny atlanypdy we ony wezipesinden çetleşdiripdi. Ony ýoldan çykan hasapladylar. Oňa töhmet atdylar we ol töhmetiň düýbüni barlamadylar. Soltan onuň atasyna görkezilýän zulumlary halamady. Çünki, soltan onuň işinden hem, iş başarjaňlygyndan hem, işeňňirliginden hem wepadarlygyndan hem, özüne tabynlygyndan hem

razydy. Allatagalanyň erki bilen oňa Horasanda ygtybarly adamlaryň biridigini subut etmeklik miýesser boldy.

Wezir Abylapbas wezirliginiň jenaýatlara baş urmazdan päklik we yhlas bilen alyp bardy. Ol işiniň miwesini birnäçe ýyldan soň gördi. Horasanda uruş tozany ýatmaýardy, eşretli günler ýokdy. Onuň rahatlyk göwsünden ylalaşyk süýdi inmeýärdi. Onuň süýdi kesilipdi. Ýaş wezir bulam-bujark bilen köşgüň dawa-jenjellerinniň arasynda galypdy. Ýurtdan görnükli adamlar çykyp gidipdi. Goňşunyň töhmeti bilen goňşa höküm çykarylýardy. Gurbaga syçana kömek berýärdi. Bu ýagdaý tutuş ýurda ýaýrapdy. Bedeneler baýguşy awlaýardylar. Adamlaryň kalbynda biri-birine mähir-muhabbet galmandy. Olary açlyk ýyly[45] harlapdy. Baý gysganç boldy, orta gürpdäki adam garyp düşdi we garyp göre girdi. Soltan howsala düşdi. Ol wezirden bu kynçylykdan çykmak üçin çäre görmekligini talap etdi. Weziriň arkasyna agyr ýük ýüklendi. Ol wezipesinden boşatmaklygy sorady we öz başyna belany satyn aldy. Soltan ony zyndana taşlady. Soltan wezirlige Abu Yshak Muhammet bin Hüseýini saýlady. Ol bu wagtda Balhda diwanyň ýolbaşçysydy. Ol bu wezipä 401-nji hijri (1011-nji milady) ýylynda göterildi. Ol alňasaklyk bilen Hyrada gitdi we onuň emlägini aldy.

Mertebeli ussat Abylkasym wezir Abylapbas bilen soltanyň arasyna düşen agzalalygy aradan aýyrjak bolup yhlas etdi. Ol Abylkasymyň maslahatyna gulak asdy we Abylapbasy wezirliginde galdyrdy.

Soltan Gazna galasyna dynç almak üçin gitdi. Ol Abu Yshagyň özbaşdaklyk etmegine gaharlandy we oňa ýüz müň dinar jerime saldy. Ol bu mukdary ondan sagyp aldy we ony garyplyga düşürdi. Soňra soltan oňa mundan beýläk bozuk işe baş goşmajakdygyna janyny orta goýmak bilen kasam etdirdi.

Soltan onuň ogullaryndan birini müfti belledi. Soltan onuň Balhda käbir söwdagärleriň malyny elinden alandygyny eşitdi we jeza hökmünde ony gynamaklygy buýurdy. Ony tä ajaly ýetýänçä gynadylar. Ol ölümi 404-nji hijri (1014-nji milady) ýylynda öldi. Onuň ogly Abylkasym Muhammet bin Fazl wezirligiň kükreginde ösüp ýetişdi. Ol ýaşlygyna garamazdan işe ökdedi. Onuň deň-duşlaryndan artykmaç tarapy köpdi. Ol edeplidi. Onuň tarypy daş-töwerege ýaýrapdy.

Beýik Taňry Abylhasan Aly bin Fazl Haçjaja rehmet nazary bilen garady. Ol ylymly, ýumşak gylykly we güýçlüdi. Ol Jüzjanyň işlerini ýöretdi, soňra ony Nusaýa geçirdiler. Ol atasynyň mertebeli bolşy ýaly mertebe gazandy.

## MERTEBELI ŞYH ABYLKASYM AHMET BIN HÜSEÝINIŇ WEZIRLIK ETMEGINIŇ BEÝANY

Mertebeli şyh Abylkasym soltan Horasanda salarlyk edýän wagtynda onuň diwan işlerini ýöredýärdi. Ol asly boýunça asylly, işine ökde, başarjaň we işşeňňirdi. Soltan ony öz welaýatynyň esgerleriniň arzy-halyna seretmeklige belledi. Oňa goşmaça Busty we Ruhhajy berdi. Ol beýik Taňra bil baglap, işine başlady. Ol işini adalatly alyp baryp, synagdan ötdi.

Abylapbas onuň pikirinden başga pikiri daşyna çykarmaýardy we onuň hökmünden başga zady höküm etmeýärdi. Ol soltanyň şöhratly, döwletiniň abadan bolmagyny isleýärdi we soltanyň erkine tabyndy.

Soltan Nardine ýöriş etmek hakynda onuň bilen maslahatlaşdy. Soltan tagtyň möhüm meselelerini çözmekligi, diwanyň başlygyna ýardam bermekligi weziriň üstüne ýükledi. Wezire diwanyň başlygyny Horasanyň işleri boýunça hasabat almak üçin çagyrmaklyga soltany yrmak başartdy. Umuman aýdylanda onuň soltanyň özünden başga her bir wezipeli adamy wezipesinden çetleşdirmäge ýa-da wezipä bellemäge ygtyýarlydy.

Wezir harby ýolbaşçylary ýygnady. Soltan olara esgerleriniň etmişleri üçin käýedi. Ol iki günüň içinde Hindistana ýörişe ugramak üçin goşuny taýýarlamaklygy buýurdy. Wagt azdy. Olaryň aýaklaryna köz basylan ýaly boldy.

Soltan mertebeli şyha wezirlik haladyny geýdirdi, emirligiň möhüm işleriniň ykbalyny onuň jogapkärçiligine tabşyrdy, welaýatlaryň hasabatyny almaklygy we olaryň talap haýyşyny çözmekligi hem onuň üstüne ýükledi.

Soltan öz maksadyna tarap ynamly ýöredi. Wezir bu ýöriş bilen baglanyşykly işleri gurnady. Diwan başlygy Abu Yshagy Horasana ugratdy. Özi wezirligiň kürsüsinde dolan aý ýaly, patyşanyň mertebesini galdyrýan şöhratly gylyç ýaly bolup oturdy. Ol soltanyň gaýdyp gelme kararyny oňlady. Wezirlik kürsüsinden ähtleriň berjaý edilşine, emirligiň hazynasyndan çykýan çykdaýjylaryň sarp edilşine gözegçilik etdi. Diwan başlygy salgyt ýygnamakdan ejiz geldi. Ol bu işi berjaý edip bilmedi we işine geleňsizlik bilen garady. Onsoň wezir gahar bilen Hyrada ugrady. Onuň haýbatyndan adamlar heder etdiler. Ol bu ýerde çözülmän ýatan meseleleri çözdi we salgydy ýygnady. Onuň ýaly köp ýüki heniz Horasanda hiç kim toplan däldir. Ol altyn, kümüş, mata-marlyk, at-eşek, gul, kenizek ýaly zatlary ýygnady. Ol bu zatlary alyp diwan başlygynyň ýanyna bardy. Soltan diwan başlygyny ýanyna çagyrdy. Oňa käýedi, ony wezipesinden çetleşdirdi we onuň maly- mülküni elinden aldy.

Wezir Abylapbas çalasowatlydy. Ol köne zamanlardan baş çykaryp bilmeýärdi we galam eýeleriniň hyzmatyndan razy däldi. Ol hatlary pars dilinde ýazmak düzgünini girizdi. Beýan etmek bazary[46] ýatdy. Ýagşy eserler ýüze çykmady. Şahyrlary, alymlary höweslendirmek galdy. Görnükli alymlar bilen gömük alymlaryň mertebesi deň boldy.

Soňra wezirlik kürsüsine mertebeli Abylkasym Ahmet bin Hüseýni çykdy. Allatagala ony bagtyýar etdi, ol bolsa görnükli alymlara köp hemaýat berdi. Ol ýiti zehinleriň zehinini öz ähmiýetine gaýtardy, kitabyň baýdagy ýokary galdy, edebiýat

gülläp ösdi. Ol pars dilinde eser ýazmak düzgünininiň düýbüne palta saldy. Pars dilinde ýazmaklyk zerur bolanda nadan kişiniň, ýa-da arap dilinde ýazmaga ejiz kişiniň kärine öwrüldi. Arap diliniň abraýy göterildi. Hemme resmi kagyzlar bu dilde dolduryldy. Parasatly sözler, manyly nakyllar, uzyn kasydalar arap dilinde ýazyldy. Şygyr älemini bu dil nurlandyrdy, ol özüniň şirin labzy bilen teşne kalplary gandyrdy we olara lezzet berdi. Onuň bossanyny bilbilleriň söýgüli mekanyna öwürdi. Ol özüniň ajaýyp sözleri bilen köpleri haýran galdyrýar.[47] Sejde eser ýazmak humar oýny ýaly bir zatdyr. Ol adamlar üçin adalat ýagşydyr. Ol ylymly adamlara rehmetdir.

Bu wezir ýurduň işlerini başarjaňlyk bilen ýöretdi. Onuň imany güýçlüdi we imansyz bolmakdan heder edýärdi. Ol özüniň adalatsyz hereketi bilen kalplara ýara salmakdan çekinýärdi we ýurduň işlerini alyp barmakda soltana peýdaly maslahatlary berýärdi. Elbetde, hemme zadyň hakykatyny beýik Taňrynyň özi ýagşy bilýändir!

## ŞEMSILMAGALY KABUS BIN WUŞMGIRIŇ ÖLÜMI WE EMIR MÜLKELMAGALYNYŇ MERTEBÄ GÖTERILMEGINIŇ BEÝANY

Bu emir beýik mertebä mynasyp boldy. Onuň dury pikiri we uly şöhraty bardy. Ol syýasatdan ökdelik bilen baş alyp çykýardy. Onuň akyl käsesi parasatdan doludy. Ol söweşde aman soramaýardy. Onuň edermenlik gadamy gorkaklyk laýynda taýmady we wezipe basgançagynda büdremedi. Ol maksadyna tarap ynamly we yhlasly ýöredi. Onuň ynanjy durnuklydy we möhüm işleri bitirmeklige ikirjiňlenmän girişýärdi. Ol mähribandy we gaharlanan kişisini hem bagyşlamagy başarýardy. Ol raýatyna gamçy urdurmaygy: zyndana taşlamagy we gödeklik sebäpli bir adamyň heläk bolmagyny rowa görmeýärdi. Şeýle hem olaryň jezasyny ýeňil berse Taňrysyndan gorkusy bardy. Onuň asly asylly we adyldy. Onuň bu häsiýeti adamlar wagşylaşýança, ondan ýüz dönderýänçäler we oňa betniýetlik bilen garaýançalar dowam etdi. Olar özleriniň nebis arzuwlaryna eýerdiler. Ol özüniň Kirakile lakamy bilen meşhur bolan Nagym hajyp bilen Gürgende galdy. Esgerleri oňa tabyn bolmakdan boýun towladylar. Onsoň Janaşkdaky[48] esgerler bilen Astrabady zabt etmäge ylalaşdy we olary peýdalanmaga meýil etdi. Ol Ýaldyragyň epgekli şemaly ösen wagtynda hüjüm etmekligi ýüregine düwdi. Ol bu ýörişiň ýagdaýyny doly göz öňüne getirip bilmeýärdi. Şonuň üçin ol maslahat geçirdi. Ol

özüniň bu meýlinde berk durdy. Ol bu galanyň emlägini, atlaryny, gatyrlaryny talamaklygy we adamlaryny güýç bilen dyza çökermekligi ýüregine düwdi. Galanyň daşynda düşlän adamlar oňa tabyndyklaryny aýan etmek üçin hemaýat isläp, onuň ýanyna gelip gaýtdylar. Emma yzlaryna dönüp Gürgene hüjüm etdiler, ony eýelediler we Şemsilmagaly tabyn bolmaýandyklaryny yglan etdiler. Olar emir Abu Mansur Menuçehr bin Kabusa adam iberdiler. Ol bu wagt Tabarystandady. Olar ony şertnama baglaşmak we mülki dabaraly ýagdaýda kabul etmek üçin gelmeklige çagyrdylar. Ol bu waka çaksyz begendi we bu ýere bürgüt ýaly uçup gaýtdy. Şeýle hem ol hile gurnalmagyndan heder etdi. Ol bu ýere gelenden soň ýagdaýyň hilesizdigine göz ýetirdi. Olar eger ol atasyny aldap bu ýere çagyrsa we onuň egninden hökümdarlyk haladyna çykarsa, bu ýagdaýda onuň erkine tabyn bolýandyklaryny mälim etdiler. Ol bu gyssagarada olaryň etmişiniň garşysyna hile ulanmaklyga wagt tapmady. Şemsilmagaly olaryň özüni tagtdan düşürmek üçin agyzlarynyň birleşendigi baradaky habary eşitdi. Ol öz ýaranlaryny we emlägini alyp Bistama tarap gitdi.

Olar Şemsilmagalynyň habaryny eşidip, onuň üstüne gitmekligi talap edip, emir Menuçehri azara goýdular. Emir olar bilen Şemsilmagalynyň üstüne ýöredi. Ol atasynyň ýanyna baryp ýetdi. Ol oňa tabyndygyny mälim etdi we özüniň mirasdan ýetdik paýyny talap etdi.

Emir Şemsilmagaly Kabus garşy bolmaklygyň soňky çäkdigi, ömrüniň ahyrlaýandygy we onuň miras paýyna haklydygy bilen ylalaşdy. Ol elindäki ýüzügini oňa gowşurdy we bu hökümdarlyk ýüzüginiň onuň elinde uzak-uzak zaman bolmagyny arzuwlady. Ol oňa uzak hökümdarlyk etmekligini dileg etdi, maslahat berdi we onuň Janaşk galasyna göçmekligini talap etdi. Emir Menuçehr bu karara şat boldy we hyzmata razy bolan-

lary ýanyna alyp öz galasyna gitdi. Ýolda ol Gürgene tarap aýlandy we ony eýeledi.

Emir Şemsilmagaly ölüm bilen diriligiň arasynda gezdi we onuň hökümdarlyk bilen höwesi bolmady. Ol köp wagt geçmänkä amanadyny tabşyrdy. Ony Jürjanyň daşynda Horasana gidilýän ýoluň ugrunda jaýladylar.

Emir Menuçehr neberäniň däbine görä üç günläp matam baglady. Ýas günleri geçip gitdi, gabyrlar unudyldy. Ýas günleriň ornuna şatlykly günler geldi.

Möminleriň emiri Kadyr billäh emir Şemsilmagalynyň ölümi baradaky habary eşitdi. Ol emir Menuçehre bu ýitgi üçin gynanç bildirdi we Menuçehre Pelekelmagaly diýen lakam dakdy we onuň atasynyň ornunda adalat bilen işlemegini arzuw etdi. Menuçehr Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň ýüpünden berk ýapyşmagy, onuň erkine, onuň işlerine tabyn bolmaklygy we onuň hemaýatyna daýanmaklygy ýüregine düwdi. Ol birnäçe peşgeş-sowgatlar bilen, gymmatbahaly harytlar bilen soltanyň gapysyny päk ýüreklik bilen açdy. Oňa arzuw edýän dostlukly gatnaşygyna ýetmeklik miýesser boldy. Olar biri-birlerine ilçilerini iberdiler. Soltan Abu Muhammet Hasan bin Mihrany Menuçehre ilçi hökmünde ýollady. Olaryň arasyndaky hoşniýetli gatnaşyk gitdigiçe berkedi. Soltan onuň welaýatlarynda öz adyna hutba okalmagyna razylaşdy. Ol muny onuň dostlukly gatnaşyga wepalylygyny synamak üçin etdi. Ol soltanyň erkine tabyndygyny iş ýüzünde görkezdi. Jürjanyň, Tabarystanyň, Kumysyň we Damaganyň münberlerinde soltanyň adyna hutba okaldy. Soltan ony ýylda elli müň dinar salgyt tölemeklige borçly etdi.

Bu gatnaşyklar döwründe soltan Naryn ýörişine ugramaklygy ýüregine düwdi. Ol Menuçehrden öz neberesinden we deýlemlilerden esger kömegini bermekligi talap etdi. Ol oňa iki

müň sany esger iberdi. Olar yhlasly hyzmat etmek bilen soltanyň göwnünden turdular. Jürjanly esgerleriň ýolbaşçysy Abu Sagt Şowlaky asly boýunça hem, ahlagy boýunça hem, edebi boýunça hem, harby başarjaňlygy bilen hem has tapawutlydy.

Soltanyň hyzmatyna iberilen goşun abraý almak bilen yzyna gaýdyp geldi. Olary Pelekalmagaly Jürjanyň kazysy bilen garşylady. Bu kazy ylymly we hadyslaryň rowaýatlaryny gowy bilýän adamdy. Onuň kazylyk işinde uly tejribesi bardy. Ol soňra soltanyň hyzmatyna durup, soltana özüniň yhlaslydygyny birnäçe gezek görkezdi. Onuň wepalylygy soltana ýarady. Şonuň üçin Pelek almagaly kaza: «Seniň ogluň Beýik asmanyň haýsy bir çüňkündäki ýyldyzy halaýan bolsa, şony saýlap tutsun! Gudaçylyga barmak meniň bilendir. Sen onuň ýyldyzyny menden daşdan gözleme» diýdi. Kazy ogluny Pelek almagalynyň maslahatyna görä öýlendirdi. Toýda nogul-nabat seçildi we sadakalar berildi.

Iki tarapyň arasyndaky dostlukly gatnaşyk dowam etdi. Emma Gün şöhlesi dolan aýyň ýagtysyny gidirýär. Onuň goşunbaşylarynyň arasynda käbirleri oňa göripçilik edip başladylar we bu ikisiniň arasyna çöp atmaklygyň pikirinde gezdiler. Olar göripçilik bilen teşne bolan kalplaryny ýagtylyk suwy bilen däl-de, eýsem gan bilen gandyrdylar. Gyňyr häsiýetli ibn Harkaş emir Şemsilmagalynyň garşysyna betniýetli dildüwşik guranlaryň biridi. Abylkasym Jagdynyň berýän habarlary, muňa şaýatlyk edýär. Ibn Harkaş goşunbaşydy. Ol wezipe basgançagyna dyrmaşyp ýokary harby mertebä çykdy. Emir Pelekalmagaly ony ahmal etdi. Ol köp wagtlap: «Ondan beýle iş çykar» diýip asla oýlamady. Soňra ol onuň wepalylygyna güman edip başlady. Emma ol golastyndakydan ýaramaz zady oýlamaklygy özüne rowa görmedi we onuň özüni alyp barşyny gözegçilik etmegi ünsden düşürdi. Abylkasym hem oňa hyýanat

etdi. Ol emirden gorkup gaçyp, çöl-beýewanlarda gezdi, şol hyýanatçylykly pikirinde we sergezdan halynda birnäçe wagtlap ýöredi. Soňra ol Nyşapura geldi. Ol bu ýerden soltanyň ýanyna bardy we özüniň bu etmişiniň günä işdigini aňdy, başyndan geçiren kynçylykly günlere özüniň günäkärdigine düşündi. Ol soltanyň ýanyna baryp bu etmişi üçin toba edýändigine we gaýdyp munuň ýaly betniýetli işe gadam goýmajakdygyna äht etmekligi ýüregine düwdi. Ol betniýetli päliň netijesiniň şowsuz bolýandygyna düşündi we soltandan ötünç sorady. Soltan oňa geçirimlilik etdi.

Ibn Şemsilmagaly Abu Aly Muhammet bin Simjurdan halas bolandan soňra Nuh bin Mansur Razynyň hyzmatyna durdy we onuň hyzmatynda tä atasy Jürjany we Tabarystany eýeleýänçä boldy. Ol başga biriniň hyzmatyny etmeklikden atasynyň hyzmatyny etmekligi oňaýly gördi. Şemsilmagaly ony Tabarystana iberdi. Ol bu ýerde atasynyň syýasatyna garşy bolýanlaryň öňüne böwet goýdy. Dostlarynyň we tarapdarlarynyň jylawyny eline aldy. Soňra ol Horasana tarap ýöredi. Ol özi bilen ylalaşan we özüne mähirli bolan atasynyň gulamlary bilen dostlaşdy.

Şemsilmagaly onuň habaryny eşitdi we ondan öz esgerlerini getirmegini sorady. Emma ol bu haýyşy ýerine ýetirmekden boýun towlady we hiç bir maksatsyz aýlandy ýördi. Ol ahyry Horasanyň serhedinden ötdi we soltanyň ýanyna aman sorap bardy. Soltan onuň bu haýyşyny kabul etdi we ony hezzet-hormat bilen garşy aldy. Bu sylag onuň gözüni gapdy. Ol hezzeti götermedi we soltanyň ynamyna hyýanat etdi we gijäniň garaňkylygynda bu ýerden gaçdy. Soltan ony gözläp tapyp getirmekligi buýurdy. Esgerler onuň gözlegine atlandylar.

Ol gaçybatalga sorap Şarşah lakamy bilen meşhurlyk alan hökümdaryň ýanyna bardy. Ol ony kabul etdi we oňa gaçybatalga berdi.

Soltan Şarşaha ony gözleýändigi barada hat ýollady we ony özüne ibermekligi talap etdi. Şarşah ikirjiňlendi, ony öz eli bilen soltana tabşyrmaklygy rowa görmedi we ony zyndana taşlady. Şarşah ony bu ýerden amatly pursat bolan wagty çykarmaklygy ýüregine düwdi. Ol Ibn Şemsilmagalyny hiç kim oňa zyýan ýetirmejek we jeza bermejek wagty zyndandan çykardy.

Beýik Taňry soltanyň kalbyna ýumşaklyk saldy we oňa geçirimlilik etdi. Ibn Şemsilmagaly Jürjan we Tabarystan tarapa ýöredi. Ol Abylhars Arslan Jazybyň goldawyna bil baglady. Emma Abylhars soltanyň gazabyndan heder etdi we ony goldamakdan ýüz dönderdi. Soltan dostlukly gatnaşygyň hatyrasy üçin atasyndan ony kabul etmekligi sorady. Ol bu haýyşy kanagatlandyrdy.

Emir Abylfawarys bin Bahaeddin doganynyň esgerleriniň Kirmana kast etmekliginden ynjalyksyzlanyp ýurduny, öýüni we emlägini gaýtaryp alyp bermekligini haýyş edip soltana ýüz tutdy. Soltan olary gije mejlise ýygnady. Bu ýerde öňde-soňda bolup geçen wakalar barada gürrüň gozgaldy. Soltan ony goldamaklygy ýüregine düwdi. Ol Abylfawarysyň doganyndan onuň ýurduny gaýtaryp bermekligi talap etdi. Emma ol talaby ýerine ýetirmeklikden boýun towlady. Onsoň soltan birnäçe galalara çozmaklygy buýurdy. Ol Abylfawarysyň ýurduny özüne gaýtaryp alyp berdi. Ol öz ýurduna gaýdyp bardy. Bu waka 409-njy ýylyň[49] muharram aýynda bolup geçdi.

# MEJDEDDÖWLE ABU TALYP BIN FAHREDDÖWLÄNIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Fahreddöwle Gürgende wagty Abylapbas Taşa beýik Taňrynyň özüne ogul bermek bilen begendirendigini buşlap hat ýazdy: «Men onuň adyna Rüstem, lakamyna Abu Talyp dakdym. Men oňa beýik atlary dakmaklyk bilen onuň ömrüniň hökümdarlyk meýdanynda rowaçlyk almagyny umyt edýärin».

Rüstem ösdi, ulaldy. Oňa Mejdeddöwle lakamyny dakdylar. Onuň Asbahbadda bir aýal dogany bardy. Ol Deýlemi eýeledi we ol ýere özüniň syýasy täsirini ýaýratdy. Ol ikisiniň arasynda Bedr bin Hasnaweýhi Reýe häkim goýmak meselesinde agzalalyk döredi. Olar Deýlemiň üstünde hem ylalaşmadylar. Mejdeddöwle geňeşçileriniň maslahatyna gulak asdy we onuň Deýlemde hökümdar bolmagy bilen razylaşdy. Onuň dogany Şemseddöwle Hemedan we Karmysyn welaýatlarynda galdy. Ol Bagdadyň çäklerine çenli bolan ýerleri eýeledi. Bedreddin Hasnaweýh köp emlägi miras aldy. Ibn Polada buweýhliler döwleti miras ýetdi. Onuň mertebesi göterildi, at-owazasy ýokary galdy. Deýlemiň edermen ýigitleri, meşhur kürt we arap esgerleri onuň eline geldiler. Mejdeddöwle ondan özüne Kazwini bermekligi sorady. Emma ol onuň bu haýyşyny bitirmekden ýüz öwürdi.

Iki tarap çaknyşdy. Ibn Polat öz yzyna eýerenleri alyp Damagan tarapa gitdi. Ol Pelekelmagaly Menuçehre Reýde öz adyna hutba okalmagy üçin kömek sorap hat iberdi. Menuçehr oňa iki müň adamy kömek üçin iberdi. Ibn Polat olar bilen Reýe tarap ugrady we Reýi basyp aldy. Soňra Deýleme ýöriş etdi. Mejdeddöwle howsala düşdi we oňa Yspyhany bermeklige şertnama baglaşdy. Ýöne onuň kalby Ibn Poladyň bu etmişinden ýaňa lowlap ýanýardy. Emma ol goldaw ýoklugy sebäpli çäresiz galypdy.

Emir Menuçehr esgerlerini Yspyhana tarap gönükdirdi, ony eýeledi we bu ýerde Mejdeddöwläniň adyna münberlerden hutba okalmagyny buýurdy. Bu waka 407-nji hijri (1017-nji milady) ýylynda bolup geçdi.

Nasr bin Hasan bin Firuzan Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň ýanyna gitdi we ol Saýary we Jumendi öz eline almak üçin onuň hyzmatyna durdy. Ol soltanyň goldamaklygy bilen bu maksadyna ýetdi we ol ýerde ornaşdy. Ol Mejdeddöwläni Reýden öz ýanyna çagyrdy. Mejdeddöwle onuň bu çakylygyna geldi. Ol Mejdeddöwläniň garyndaşlyk hakyny ykrar edip, oňa tabyn boldy we bu ýerde birnäçe ýyl galdy. Soňra ol Reýe dolandy we ol ýeriň işlerini dolandyrdy. Emma ol tabyn bolmaklykdan ýüz dönderdi. Mejdeddöwle ony tussag etdi we Astanawabent galasyndaky zyndana taşlady. Ol bu ýerde onuň synagyndan geçdi. Mejdeddöwle oňa geçirimlilik edip, ony zyndandan çykardy we onuň hökümdarlygyny ýene gaýtaryp berdi. Nasr bin Hasan bin Firuzan Deýlemde haýbat bilen tagta çykdy.

Nasr bin Hasan ýoldan çykanlaryň gozgalaňyny basyp ýatyrdy. Emma olar ýene ýygnandylar we ýene gozgalaň turuzdylar. Onuň öýüniň daşyny gabadylar. Gulamlar ony goradylar. Gozgalaňçylar olardan üstün geldiler. Şundan soň ol ömrüniň ahyryna çenli muşakgatly günleri başyndan geçirdi.

## BAHAEDDÖWLÄNIŇ BAŞYNDAN GEÇIREN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Soltan Sistany basyp alandan soň Bahaeddöwle onuň bilen dostlukly gatnaşyk açmaga ymtyldy we onuň bilen ýakynlaşmaga ýykgyn etdi. Soltan onuň iki ýurduň arasynda hoşniýetli gatnaşyk açmak baradaky teklibini oňlady. Olar biri-birine ilçileri ýolladylar. Kalplarda dostluk berkedi, serhetler birleşdi, şertnamalar baglaşyldy. Soltan Nyşapuryň şyhy, hadys alymy we kazy Abu Omar Bistamyny Parsa ilçi hökmünde ugratdy. Ol ylymly ymamdy, onuň ötgür we dilewar dili bardy. Bahaeddöwle ony tagzym-hormat bilen garşylady.

Fahrelmülk Bagdatda ýaşaýardy. Ol halypanyň weziri we geňeşçisidi. Bahaeddöwle bu dünýäden ötdi. Kazy Fahrelmülki onuň jynazasyna gatnaşmaklyga we onuň oglunyň tagty kabul etmek dabarasyna tomaşa etmeklige çagyrdy.

Möminleriň emiri Kadyr billäh we Soltan ýemineddöwle we eminelmille Fahrelmülküň ogluna Abu Şujag lakamyny dakdylar. Onuň hökümdarlyk ýollaryna rahatlyk aralaşdy we mülküniň sütünleri berkedi. Onuň ykbal guşy ýagşy ýorgut bilen belent menzillere uçdy. Kazy bu mirasdüşer şazada ýagşy arzuwlar etdi we yzyna dolandy. Çünki, ol onuň atasyna ilçi edilip iberilipdi.

Emir Abylfawarys bu döwletiň Kirmanda mesgen tutan hökümdary Soltaneddöwläniň doganydy. Ol ikisiniň arasyna agzalalyk düşüpdi. Ýagdaý Soltaneddöwleden goşunyň şaýyny tu-

tup, ol welaýaty onuň elinden halas etmekligi we onuň esgerlerinden arassalamagy talap edýärdi. Ol onuň garşysyna garysyna galdy we onuň betbagtçylygynyň öňüni aldy. Bu söweşde Abylfawarys ýeňildi we ol Sistana Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň geçirimliliginden umyt edip onuň tarapyna gaçdy. Onuň gelendigi barada soltana habar berdiler. Nasr bin Yshak emir Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Söbükteginiň hyzmatynda bolupdy we ol onuň weziridi. Ony on müň dinar bilen soltanyň ýanyna iberdiler. Ol soltanyň ýanyna bardy we peşgeşi gowşurdy. Ol munuň daşyndan altyn, kümüş, tohum atlary we başga gymmatbahaly zatlary tabşyrdy. Soňra ol soltana arzyny aýtdy. Soltan olary hoşamaýlyk bilen kabul etdi. Olar soltanyňkyda üç aýlap myhman boldular. Nasr bin Yshak soltandan gitmeklige rugsat sorady. Soltan olara köp mal-baýlyk peşgeş berip ugratdy. Soltanyň bu sahylygyny galam eýeleri wasp etdiler. Bu sapar soltanyň söhbetinde Abu Sagt Abdyrahman bin Muhammet Taý hem boldy.

Emir Abylfawarys özüniň ýörite ygtyýarly adamlary bilen Kirman tarapana gitdi. Kirmany eýelänler oňa garşylyk görkezmekden ejiz geldiler.Ol Kirmany etraplary bilen eýeledi. Ol ýagdaý düzgüne girýänçä Abu Sagdy häkim belledi. Bu welaýatda gozgalaň ýatdy. Aradan birnäçe wagt ötdi. Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Gazna gaýtdy. Abylfawarys işlerini ýeke özi alyp bardy. Soltaneddöwle täzeden ýurdy onuň elinden almaklyk üçin okuny-ýaýyny taýýarlady. Ikisiniň arasynda uruş turdy. Bu uruşda emir Abylfawarysyň aýagy ýeňliş laýynda taýdy. Ol ýeňlip Hemedana Şemseddöwle ibn Fahreddöwläniň ýanyna gaçdy. Ol garyndaşlyk hakyny berjaý etdi we ony mähribanlyk bilen kabul etdi. Aradan birnäçe wagt ötdi. Abylfawarys Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň ýanyna gitmekligi ýüregine düwdi. Soňra ol bu pikirini üýtgetdi we Bagdada tarap ugrady. Eger beýik Taňry ýol berse biz onuň soňky başyndan geçen wakalary barada ýene öňde söhbet ederis.

## ILEK HANYŇ SOŇKY GÜNLERINIŇ BEÝANY

Ilek han halas bolandan soňra, Balhyň derwezesine tarap ugrapdy. Ol bu ýerden Jeýhunyň aňry kenaryna geçmeklik üçin ýola düşdi. Ol derýadan aňry ötdi we özüniň düşen ýagdaýyna gamgyn boldy. Dogany Togan han oňa gyjalat berdi. Onsoň ol Kadar handan kömek sorady. Kadar han ony gadyrly garşylady. Emma ony gam-gussa basmarlady we ol düşekde ýatmaly boldy. Oňa gamgynlykdan açylmak miýesser bolmady. Ilek han 403-nji hijri (1013-nji milady) ýylynda dünýäden ötdi. Onuň ornuna dogany geçdi. Ol Soltan ýemineddöwle we eminelmille bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşdy.

Hytaý we türkleriň ýurdy tarapyndan Mawerannahra Togany̆ň üstüne goşun çozdy. Olaryň goşuny uludy. Yslam dünýäsi heniz munuň ýaly çozuşa sezewar bolmandy. Olar yslamyň nuruny öçürmekçi boldular we musulmanlary gorka saldylar. Olaryň goşuny ýüz müňe ýakyn türki taýpalardan düzülen esgerlerden ybaratdy. Togan han bu dinsizleriň garşysyna söweşe taýýarlandy. Beýik Taňry musulmanlary goldaýar, olaryň işlerini ýola salýar. Ol Pygamber alaýhyssalamyň diline salan: «Biz pygamberlerimize we iman getiren kişilere şu dünýäde hem kömek edýäris»[50] diýen wadasyna wepalydyr. Olar birnäçe söweş meýdanynda üznüksiz duşuşdylar. Olaryň hiç biri ýeňiş gazanyp bilmedi. Köp gan döküldi.

Togan han Soltan ýemineddöwle we eminelmilleden kömek sorady. Soltan kapyrlaryň garşysyna uruşmaklygy parz hasaplady. Ol ogly mertebeli emir Abu Sagyt Mesgut bin Ýemineddöwle we eminelmilläni, Şibl bin Leýsi, Webel bin Gaýsy, Taýýar bin Bahry, Sabah bin Fejri Togan hana kömek üçin ugratdy. Olaryň arasynda hoşniýetli gatnaşyk açyldy. Olar biribirlerine ilçilerini iberdiler. Bu waka 408-nji hijri (1018-nji milady) ýylynda bolup geçdi.

## EMIR ABU AHMET MUHAMMET BIN ÝEMINEDDÖWLE WE EMINELMILLÄNIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Aýdylyşyna görä, meşhur kişiniň abraýy diňe özüne degişlidir, onuň oglunyň abraýy bolsa ikisine hem degişlidir.

Abu Ahmediň edebi, gylygy we onuň beýik mertebesi edil atasynyňky ýalydy. Ol öz şan-şöhraty bilen mertebeli adamlaryň sanyna goşuldy. Onuň mertebesi kepillik kükreginiň şöhrat közünde eredilip guýlan guýmagursak abraýdan gelip çykýar. Ol mertebe aýynyň buýsançdan doly şöhleleriniň astynda ösdi we ulaldy. Onuň ýaşlyk günleriniň dowamy mertebe ýigitligine eltýän gözel ahlak günlerine çalyşdy. Ol ygtybarly edep bagynda terbiýe synagyny geçdi. Ol ýigitlik köýnegini ir çykardy we edermenlik ädigini geýdi. Soltan onuň ogullyk borjuny gowy berjaý edýändigini gördi we oňa atalyk mähriniň elini uzatdy. Ol oňa terbiýe bermeklige uly ähmiýet berdi. Abu Ahmet çapyksuwarlyk kärine ökdeledi. Soltan ony hemmetaraplaýyn goldady we hemaýat etdi. Ol ony Jüzjanyň emiri Abu Nasr Farygunynyň gyzyna öýlendirdi. Ol gyz mertebeli neberedendi. Soltan ogluny Jüzjanyň etraplaryna häkim belledi. Ol mertebeli emir Abu Sagt Mesgudy Hyrada häkim goýdy. Olar göýä Peridun ýaly kuwwatly, Maniunin ýaly gujurly, Jeýhun ýaly joşgunly hökümdarlyk etdiler. Ol Abu Muhammet Hasan bin Mehrany Abu Ahmediň iş dolandyryjysy wezipesine goýdy. Ol

ogluna gylyç oýnamak sungatyna ussat bolan edermen ýigitleri berdi.

Soltan Abu Ahmediň hökümdarlygy başarjaňlyk bilen ýöredýändigini gördi we ol ogluna buýsandy. Eger beýik Taňry ýol berse, biz iki mertebeli doganyň başyndan geçiren wakalaryny öz ýerinde beýan ederis.

Soltan ýemineddöwle we eminelmille atasynyň miras goýan däbine görä Hindistana ýöriş etmeklik üçin gylyjyny ýiteltdi. Ol köp kitaplary okady. Ol tefsirden nasyh we mansuh aýatlary öwrendi, ygtybarly hadyslary ygtybarlylygy gowşak bolan hadyslardan tapawutlandyrdy, diniň düýp meselelerine ökdeledi, dine garşy gelýän işleri ýagşy saýgardy.

Soltanyň ýurduna rapyzylaryň ýürek bulandyryjy syýasatyny okladylar. Olaryň daşky görnüşi yslama yhlas bilen berlen ýaly bolsa-da, içki duýgulary weli bozukdy. Olar dini içinden bozýarlar, diniň hakykatyny ýoýýarlar, şerigatyň ýüpüni syçan ýaly kertýärler we beýik Taňrynyň hökümlerini il ýüzüne berjaý edýärler.

Soltan olara gözegçilik etmekligi we olardan dogry ýoldan çykman ýöremekligi talap etmekligi buýurdy. Adamlar olaryň atlaryny we maksatlaryny bilýärler. Soltan olaryň atlaryny kesgitlemegi tabşyrdy we dürli ýurtlardaky rapyzylary dar agajyndan asmaklygy we daşlap öldürmekligi talap etdi.

Ussat Abu Bekr Muhammet bin Yshak bin Muhammetşat Abu Abdylla bin Kiram Uzaýr Fazlyň şägirtlerindendi we ol dinine wepaly adamdy, çarwalaryň ymamydy. Ol şaýylaryň toparlarynyň we ýeriň asty bilen yslamyň taglymatyna garşy gidýän akymlaryň ýurda aralaşmagyndan hüşgärdi. Ol özüniň bu göreşini diniň duşmanlarynyň garşysyna çykanlar bilen bilelikde alyp bardy. Ol olaryň toslamalaryndan adalatly bir zat tapmaýardy. Ol olaryň birnäçesine dünýägaraýyşlarynyň ýoldan çyk-

makdygyny we sözleriniň boş zatdygyny aýtdy. Ol dinden çykanlar başgalary hem öz tarapyna çekdiler we ters görelde boldular. Abu Bekr yslama hemaýat bermegini güýçlendirdi. Şübheli garaýyşlara garşy barlyşyksyz göreş alyp bardy. Ol yslamyň päklik ýoluny daş-ýakyn nejasatlardan päkledi.

Habarda aýdylyşyna görä, beýik Taňry dünýäni ýaradan wagty: «Eý, dünýä! Kim Maňa hyzmat etse, sen oňa hyzmat et. Emma kim saňa hyzmat etse, sen ony özüňe hyzmatkär et» diýip tabşyrypdyr.

Müsüriň soltanynyň iberen beýik şejerä degişli ilçisi bu ýere geldi we ol Nyşapurda düşledi. Soltana onuň habaryny ýetirdiler. Ol bu ýerden Hyrada geldi. Soltan oňa Nyşapura barmaklygy we onuň öz ýurduna gelmeginiň maksady barada aýtmaklygy buýurdy. Soltan ony kabul etdi. Ol oňa Müsür soltanynyň habaryny ýetirdi we dini edebiýatyň içine bulaşyklyklar salýan eserleriň we dini bozýan akymlaryň bardygyny, bu ugurda el-ele berip göreş alyp barmalydygyny aýtdy we beýle eserlerden eserdeň bolmalydygyny aýtdy.

Soltan bu mesele boýunça mejlis geçirdi. Ol oňa görnükli yslam alymlaryny, kazylary, fakyhlary, gazylary çagyrdy. Oňa Hasan bin Tahyr bin Müslim Alawy hem gatnaşdy. Onuň babasy Hasan Asgaryň (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) Müsürde ýaşaýan mertebeli neberesindendi.

Möminleriň emiri Kadyr billäh Soltan ýemineddöwle we eminelmillä bu ilçiniň habaryna garaýşynyň nähilidigini sorap hat iberdi. Ol möminleriň emirine duşmany agyzdyryklamak barada karar mejlisiň bir agyzdan kabul edendigini habar berdi.

## HOREZMŞA EMIR ABYLAPBAS MAMUN BIN MAMUNYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ SOŇUNYŇ WE ONUŇ MÜLKÜNIŇ MIRASDÜŞERLERINIŇ BAŞYNDAN GEÇEN WAKALARYNYŇ BEÝANY

Abylhasan Aly bin Mamun atasy Mamundan ýurdy miras aldy. Ol ýurdunyň çäklerini Jürjaniýýa çenli giňeltdi. Ol gyz doganlarynyň birini Soltan Ýemineddöwle we eminelmillä özüne daýanç üçin we garyndaşlyk açmak üçin durmuşa çykardy. Ol gyz doganyny dabara bilen ugratdy. Şeýlelikde iki ýurt bir ýurt ýaly boldy. Günler Horezmşa ölýänçä eşretde we şatlykda geçdi. Abylhasanyň ömri tamam boldy. Emir Abylapbas Mamun bin Mamun doganynyň ornuny miras aldy. Abylhasan ölmezinden öň soltanyň aýagyna ýykylyp, onuň gyz doganyny öz dogany üçin bermekligini sorady. Onuň özi soltana tabyndy hem garyndaşdy. Soltan bu gudaçylygy oňlady. Ol gyz doganyny oňa nikalap berdi. Bu dabara onuň özi hem gatnaşdy. Soltan bu hereketini onuň wepalylygy üçin we hyzmaty üçin etdi. Bu ýagdaý onuň töweregindäki wezir-wekillerde göriplik duýgusyny oýardy. Olar soltan bilen onuň arasyna çöp atmaklygyň ugrunda boldular. Olar: «Biz seniň raýatyň. Biz seniň erkiňe tabyn bolýarys. Biz seniň mülküň abat bolmagy üçin janymyzy aýaman hyzmat edýäris. Biz mydama seniň hyzmatyňa taýýardyrys» diýip, özleriniň hakyky ýüzlerini gizlediler. Olaryň ýolbaşçysy goşunbaşy Ynaltegin Buharydy. Adamlar bir ýaramaz işiň boljakdygy-

ny aňdylar we gyrmyzy ganyň ysyny aldylar. Olar emiri heläk etmekligi ýüregine düwdüler. Olar dürli ýykgynçylyklary gurnadylar. Bir gün bolsa onuň bilen salamlaşmak üçin köşge girdiler we ölüdigini gördüler. Ony kimiň öldüreni we haýsy sebäpden öldürendigi belli bolman galdy. Olar onuň ogullarynyň birini ornuna goýmaklyga howlukdylar. Çünki, olar soltanyň gahary gelmeginden gorkdular we öňürdip özleriniň diýen adamsyny tagta çykarmak islediler.

Bularyň etmişleri baradaky habar soltana baryp ýetdi. Ol olardan bu hyýanatçylyk üçin ar almaklygyň kasdyna çykdy we goşun tartyp Horezme gaýtdy. Horezmiň goşunlarynyň serkerdesi harby ýolbaşçylary bilen geňeşdi. Olar soltandan öňürtiläp, onuň goşunynyň saýlama toparyna çozmaklygy we ony derbidagyn etmekligi oňladylar. Olar gijäniň garaňkylygynda atlaryna atlandylar we Abu Abdylla Muhammet bin Ybraýym Taýyň goşunynyň üstüne döküldiler. Bu arap esgerleri soltanyň goşunlarynyň saýlama toparydy. Iki goşun biri-birine garpyşdy. Gylyç we naýzalar işe girdi.

Olaryň saýlama toparynyň üstüne hüjüm edendikleri baradaky habar soltana baryp ýetdi. Soltanyň esgerleri söweş meýdanyna tarap süýşüp ugrady. Soltan barşyna hüjüme geçdi. Söweş gün dogandan tä garaňky gatlyşýança dowam etdi. Horezmlileriň goşuny asgynlady we ýeňildiler. Bäş müňe ýakyn adam ýesir alyndy. Bulary beýik Taňry hyýanatçylyk üçin pent alar ýaly ölümden halas etdi.

Buhary gaçyp derýadan aňry ötdi. Ol öz başyny ölümden gutardy. Ol dogany üçin çukur gazdy, emma oňa özi düşdi. Soltanyň goşunlary onuň daşyny gabadylar we ony ýesir aldylar. Soltan ony emiriň we ýoldaşlarynyň ganyny soramak üçin mejlise getirdi. Ol bu ýerde eden etmişine jogap berdi. Galan ýesirler heniz özlerine näme iş ediljekdigini bilmeýärdiler. Soltan olary taýaklap, Abylapbas Mamun bin Mamun Horezmşanyň ýatan

gabrystanlygyna tarap sürmekligi, olaryň birnäçesini dinden çykanlar hökmünde dardan asmaklygy buýurdy. Ol olaryň jaýlanan gabrystanlygynyň diwarynda: «Bu ýerde öz eýesine hyýanat eden pylan ogly pylanynyň gabry bar» diýip ýazmaklygy tabşyrdy. Beýik Taňry Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň üstüne bu hyýanatçylygyň garşysyna göreşmeklik ýüküni ýükledi we oňa bu işde üstün çykmaklyga ýardam berdi. Soltan olary görenlere göz etmek üçin dardan asdy. Soltan galan ýesirlere gandal urmaklygy we Gazna sürüp äkitmekligi buýurdy. Soltan özüniň uly hajybyny Horezme häkim belledi. Ol bu ýerde galan bozgaklaryň gozgalaňyny basyp ýatyrdy. Gozgalaňçylar ýeňildiler we olar soltanyň erkine tabyn boldular. Bu ýerde soltanyň hökümdarlygy ornaşdy. Beýik Taňrynyň olara kesgitlän ykbaly şeýledi. Elbetde, Ol güýçlü we bilijidir.

## MEHRAN WE FUTUH DEH SÖWEŞLERINIŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille horezmli meseläni çözenden soň, ony öz ýurdunyň bir welaýaty edip döwletine goşdy. Soňra ol Busta gitdi we bu ýerden Gazna dolanyp bardy. Soltany hindileriň ýurdy howsala düşürdi. Kaşmirde Mawerannahrdan baran adamlardan ýigrimi müňe golaý goşun ýygnandy. Olar soltanyň garşysyna gozgalaň turuzdylar. Olara Guştasp ýolbaşçylyk edýärdi. Soltan ol ýere tarap atlandy. Ol Seýhuny, Jeýlemi we Handrahary, Iranahy we Sekenderi geçdi. Onuň ýolunda çuň hanalar we jülgeler gabat geldi. Agyr piller, atlar ol ýerlerden ötüp biljek däldi. Ýolbelediň gerekligi ýüze çykdy. Kaşmirden Jungi bin Şahy kömege geldi. Ol Kaşmiriň ýollaryny gowy bilýän takwa adamdy we yslama ýardam bermek isleýärdi. Şeýlelikde, jülge üstüne jülgelerden ötüldi. Bu waka 409-njy hijri (1019-njy milady) ýylynyň rejep aýynda bolup geçdi. Soltan daglaryň üstündäki galalary basyp aldy. Bu welaýat hindi şalarynyň gowy görýän bol suwly, mes toprakly ýerinde ýerleşýärdi. Onda hindileriň ybadathanasy we butlary bardy. Soltan goşuny söweş üçin ykjamlandy. Ol bu işe köp yhlas siňdirdi. Öň hatarda piller, we olaryň yzyndan atlylar duruzyldy. Hatarlaryň arasyndaky boşluklar pyýada esgerler bilen dolduryldy. Hatarlar biri-birine gysylyp goýuldy. Eger asmandan goşunyň üstüne iňňe zyňylsa hem, ol ýere däl-de, ýa-ha piliň, ýa-ha atyň, ýa-da pyýada esgerleriň

üstüne gaçjakdy. Onuň goşuny tokaýyň aňyrsynda söweşe taýýar bolup durdy. Ol goşunyň öňünden saýlama topary tokaýyň içine iberdi. Olar tokaýyň içini daragyň saçyň içinden geçişi ýaly daradylar, soňra tokaýy otladylar. Olar goşunyň ýörejek ýoluny arçadylar we soltan üçin galanyň depesine tarap ýol açdylar.

Galanyň adamlary erjellik bilen goranmaklygy ýüreklerine düwdüler. Olar durnuklylyk bilen söweşmekligi we gahrymançarça ölüm bilen ýüzbe-ýüz durmaklygy berk karar edindiler.

Söweş başlandy. Soltanyň goşuny galany zabt etdi. Duşman ondan gorandy. Soltanyň batyr esgerleri galanyň içine aralaşdylar. Duşman erjellik bilen gaýtawul berdi. Duşmanyň depesinde, öňünde gylyç-naýza, oýnady. Yzly-yzyna edilen okgunly hüjümlerden soň goragçylar ýan berip başladylar.

Demri ýaradyjy Taňry güýjüň hem eýesidir. Ol demriň güýç-kuwwatyny kime islese şoňa berýär, kime islemese onuň güýç-kuwwatyny ondan giderýär. Hindileriň gylyjy soltanyň esgerleriniň gylyjyndan asgyn geldi. Çünki, soltanyň nökerleriniň ruhy belentdi. Olar din üçin söweşýärdiler. Olar üçin ölmek hem bagtdy, diri galmak hem bagtdy. Ölmekde şehit bolmak we ahyretiňi abat etmek sogaby bardy. Diri galmakda bolsa din üçin söweşe gatnaşmakdan lezzet almak we yslamyň dinsizlikden üstün çykanlygyna buýsanmaklyk bardy. Bu hakykata düşünen yslam esgerleri Taňrynyň güýjünden başga güýjüň öňünde ejizlemeýärdiler.

Bu söweş hindileriň gylyçlarynyň ötgür däldigini we diniň hakykaty üçin göreşýän esgerleriň gylyçlarynyň ötgürdigini aýan we olaryň hüjümleriniň gowşakdygyny we hakykatçylaryň hüjümleriniň kuwwatlydygyny mälim etdi.

Beýik Taňrynyň kapyrlary öz dogry ýoluna gönükdirmeýändigini görüp bilmediler. Ol islese azlygyň köplükden üstün bolmagyna ýardam berýär. Hindilere san taýdan agdyk bolsalar

hem, dagdan gaýdan sil ýaly hüjüme eňseler hem ýeňiş gazanmak miýesser bolmady. Olar beýle etmek bilen ölüleriniň, ýesirleriniň sanlaryny artdyrdylar, özlerini gark etdiler we özlerini oda taşladylar. Hindileriň gark bolanlarynyň we ölenleriniň sany elli müň adam töweregi boldy. Olar ýyrtyjy guşlara, wagşy haýwanlara, krokodillere we näheňlere iýmit boldular.

Beýik Taňry soltana beýleki nazy-nygmatlardan başga bir ýüz segsen bäş sany mähnet pili olja almagyna ýardam berdi.

Soltan bu söweşiň ýüküni gerdeninden düşürdi. Ol oljalary alyp atynyň jylawyny Hindistanyň kenaryna tarap aýlady. Bu ýerde adamlar taýçanaga ýa-da guza çokunýardylar we olaryň aslyny jynlardan diýip hasaplaýardylar. Soltan bu halkyň dini ynançlarynyň we rowaýatlarynyň dürli-dürlüdigini gördi. Şäheriň diwarlary gaýalaryň daşlaryndan salnandy we onuň iki sany derwezesi bardy. Olardan ummanyň[51] suwuna tarap çykylýardy.

Jaýlar belent ýerlerde salnandy. Munuň sebäbi olar ummanyň daşgynlarynyň we ýagyn-ýagmyryň sil joşgunlarynyň ýetirjek zyýanlaryndan abat saklamak üçin şeýle edilýärdi. Jaýlaryň gapdalynda berk diwarly gala bardy. Olaryň içinde senemleriň öýleri ýerleşýärdi. Şäheriň ortasynda iň uly senemiň öýi gurlandy. Bu öýüň we senemiň bezelişi dil bilen aýdyp, galam bilen ýazyp beýan eder ýaly däldi. Ol seredeniň gözüni gamaşdyrýardy. Soltan bu öý barada şeýle ýazdy: «Ýylda ýüz million dirhem sarp etseň hem, ony ökde ussalar salsa hem, ol iş iki ýüz ýyla çenli dowam ederdi. Ol senemleriň bäşisi bäş gulaç galyňlykda gyzyl reňkli altyndan guýlandy. Olaryň gözleriniň ýalpyldysy günüň şöhlesi bilen bäsleşýän ýakutdan ýasalandy. Ol gözleriň her biriniň agramy dört ýüz elli mysgal, aýaklarynyň agramy bolsa dört müň dört ýüz mysgal çykardy. Bir senemiň özünde togsan sekiz müň üç ýüz mysgal altyn bar. Bulardan başga onuň üstünde dört ýüz bölek kümüş bezegleri bar»[52].

Soltan senemleri synlamakdan soňra olary ýykmaklygy buýurdy. Butlary ýykdylar. Olar aýak astyna düşdüler. Ol butlary yzly-yzyna ýykdy. Soňra ol Rajibal şanyň üstüne ugrady. Onuň mermer daşyndan salnan köşgi bardy. Beýleki hindi şalary onuň erkine boýundylar. Onuň halky yslam dinini asla bilmeýärdi. Soltan meret aýynyň sekizine ol ýere baryp ýetdi. Rajibal soltanyň üstüne gelýändigi baradaky habary eşitdi we ol köşgüni taşlap gaçdy. Ol bu masgaraçylygy özüne ar bilmedi. Ol Ketek diýilýän suwa tarap ötdi. Ol ýer hindileriň keramatly we baky hasaplanýan ýeridi. Olar bu ýerde merhumlaryny ýakýardylar we olaryň külüni suwa sepýärdiler. Olar şeýle etmeklik bilen: «Günälerden päklenilýär» diýip ynanýardylar.

Soltan galalary yzly-yzyna eýeledi. Rajibal ummanyň içindäki ada gitdi. Bu ýerde on bäş müň senemiň öýi bardy. Bu dinsizler olary: «Iki ýüz müň ýyl ýa-da üç ýüz müň ýyl mundan öň miras galdyrylypdyr» diýip tassyklaýardylar we bu ynançlarynyň esassyz toslamadygyny bilmeýärdiler. Olar hudaýlarynyň kerdigini, kördügini we güýçsüzdigini aň etmeýärler we olardan körekörlük bilen ýardam soraýarlar. Soltan bu ýeri bir günüň içinde basyp aldy we olaryň ybadathanalaryny ýumurdy. Ol bu ýerden Muniç atly brahmanlaryň galasyna tarap atlandy. Ulumsy brahmanlar bu ýurda bozuklyk ýaýradýardylar. Olar göýä betniýet jynlara meňzeýärdiler. Olar: «Musulmanlaryň güýji ýok. Olaryň ganyny dökmeklik itiň aňsady» diýip halkyň içinde wagyz etdiler. Özleri berk diwarlaryň aňyrsynda gizlendiler we «Ýiti gylyçlardan, uçly naýzalardan halas bolarys» öýtdüler.

Soltan bularyň üstüne okgunly hüjüm etdi. Soltanyň gylyçnaýzalary olaryň janlaryny jähenneme iberdi. Olaryň maslyklaryny iýip, it-guşlar doýdular. Soňra soltan hindileriň goşunbaşylarynyň biri Jendalnahuryň üstüne ugrady. Ol soltana garşylyk görkezdi. Soltan Asa atly galanyň daşyny gabady.

Galanyň daşynda garym bardy. Soltan onuň galasyny ýer bilen deňläp tekizlemegi buýurdy. Onuň batyr esgerleri galany zabt etdiler, ony ýumurdylar, duşmanyň nökerlerini öldürdiler we ýesir aldylar. Kapyrlar ýeňlendiklerini anyk bildiler. Jendalnahur gaçdy. Onsoň soltan Şerde galasyndaky hindi serkerdeleriniň biri Jendbaýyň üstüne ýöriş etdi.

Bu Jendbaý bilen öň başga serkerde Jeýbalyň arasynda uruş ody tutaşypdy. Iki tarapyň arasynda uruş uzaga çekdi. Köp gan döküldi. Onsoň olar ylalaşyga geldiler. Jendbaý Jeýbalyň gyzyna ogly Jendraý üçin gudaçylyga bardy. Ol bu gudaçylygy kabul etdi. Gylyçlar gynyna salyndy. Toý tutuldy, nika gyýyldy. Toýdan soň Jendbaý Jeýbaldan ogly üçin eden çykdaýjysyny bermekligi sorady. Jeýbal ony bermekden ejiz boldy. Jendbaý onuň galasyny gabady. Jeýbal bu agzalalygy uruşsyz çözmeklige synanyşdy. Bu mesele olaryň arasynda çözülmän galdy.

Bu wagt soltan goşun tartyp geldi. Jeýbal Jendbaýdan ötünç sorady we onuň bilen birleşdi.

Jendraý soltan Mahmydyň hüjüminden goranmaklyga taýýarlandy. Ol Mahmydyň güýçli duşmandygyny ýagşy bilýärdi. Onuň atasy oňa: «Kim senden parasatly we güýçli bolsa, masgara bolmajak bolsaň, onuň serhedine ýöriş etme we onuň goşunynyň garşysyna çykma» diýen maslahat beripdi. Ol onuň bu sözüniň hakdygyny we bu söze ters hereket etse masgara boljakdygyny bildi. Ol ýüklerini, pillerini, hazynalaryny, emlägini alyp duýdansyz çykyp gitdi we gijäniň içinde gözüniň gören tarapyna ýöräp, özüniň nireden barýandygyny we haýsy ýurda düşendigini bilmedi. Ol gündiz düşensoň bir ýerde düşledi we bu gaçyşlyk barada oýlandy we ahyrynda imana gelmeklige, yslamy kabul etmeklige kaýyl boldy.

Soltan bu galany gabady we ony basyp aldy. Emma ol özüniň gözleýän kapyryny tapmady. Onsoň ol onuň gözlegine

çykdy we onuň bu ýerden on bäş parsah uzaklyga gaçyp gidendigini bildi. Soltan şol ýere atlandy. Jandraý oňa yslamy kabul edýändigini habar berip, ilçi iberdi. Soltan onuň ilçisini kabul etdi. Şeýlelikde Jandraý öz başyny aman saklady. Ol senemleriň yzly-yzyna ýykylandygyny gördi we olaryň güýçsüzdiginiň şaýady boldy.

Soltan hindileriň ýurdunda uly ýeňiş gazandy. Ol köp olja aldy. Onuň diňe Jandraýdan alan oljasynyň mukdary üç million dirhem töweregi boldy. Onuň bir dirhemi bäş boldy. Şu sözi aýdan kişi hak aýdypdyr:

Şu pil hyzmatyňa gelýänçä, olar diňe saňa hyzmat etdiler.
«Oňa gowy gylyklar beren Taňry päkdir»
diýip taryp aýtdylar.
Ýyldyzlar ornundan çykyp,
bagtyýar Aýa tagzym üçin gaýtdylar.
Asmanda ýyldyzlar güller ýaly gülläp,
hoşboý ysy ýaýratdylar.

Elbetde, beýik Taňry malyň-mülküň eýesidir we ol ony kime islese şoňa eçilýär!

## GAZNADAKY JUMA METJIDINIŇ GURULMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille tekepbir hindilerden üstün geldi. Ol Zöhre we Müşteri ýyldyzlarynyň sähetli günleriniň ýeňiş täjini geýip, hökümdarlyk mülküniň merkezi bolan Gazna bagtyýarlyk duýgusyny başdan geçirmek bilen gaýdyp geldi.

Soltan özi bilen köp olja, gullary, kenizekleri getirdi we olary bazara çykardy. Mawerannahr, Yrak we beýleki ýurtlardan gelen söwdagärler olary satyn aldylar we öz ýurtlaryna alyp gitdiler.

Soltan Gaznanyň baýyrlyk meýdanynda juma metjidini salmaklygy ýüregine düwdi. Çünki, bu ýerdäki köne metjit onuň öňki ilatynyň sanyna hasaplanyp gurulypdy. Ol wagt şäheriň ilaty azdy. Indi bolsa şäher ulalypdy we onuň ilaty artypdy.

Soltan onuň giňeldilmegini we daşyna diwar aýlamaklygy oňlady. Ol metjidiň gurluşygyna we ussalaryna söweşde gahrymanlaryň ganynyň dökülşi ýaly köp harajaty gysganmazdan dökdi we ynamdar adamlarynyň birini bu işi alyp barmaklyga jogapkär edip belledi. Ol ussalardan we olaryň kömekçilerinden yhlas bilen işlemeklerini talap etdi. Olar gündizine gün dogandan ol daglaryň aňyrsynda gizlenýänçä ynsap bilen işlediler, gijesine bolsa bu dünýäde soltanyň sahylygyndan hantama bol-

mak bilen we ol dünýäde beýik Taňrynyň wada eden sogabyny almak umydy bilen ýatdylar.

Hind we Sind derýalarynyň kenaryndaky tokaýlardan bu ýere pürsler daşaldy. Metjidiň meýdany we ölçegleri kesgitlenildi. Onuň töweregindäki meýdança inedördül edilip kesilen mermer daşlar bilen düşeldi. Erkekler we aýallar üçin aýratyn girelge goýuldy. Metjidiň diwarlary gyzyl reňkli altyn bilen bezeldi.

Soltan metjitde özüniň aýratyn ygtyýarly adamlary üçin ýörite otag salmaklygy tabşyrdy. Onuň diwarlary Nyşapurdan getirilen mermer daşyndan goýuldy. Metjidiň mihrabyna altyn çaýyldy, içine bolsa owadan halylar düşeldi.

Metjitde medrese hem guruldy. Onuň petigi we diwarlary Gurhanyň, Pygamber alaýhyssalamyň, öňde-soňda öten görnükli alymlaryň sözleri bilen ussatlyk bilen bezeldi. Köşkden metjide gelinýän ýörite ýol salyndy. Şeýlelikde, bu metjit ajaýyp bir bina boldy.

Elbetde, Taňry haýsy ýurdy abadan etmek islese, şony abadan edýär. Ol özüniň islän işini edip başaryjydyr!

## OWGAN TAÝPALARYNYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Tomusyň yssy günleri geçdi we güýzüň salkyn günleri gelip ýetdi. Gaznanyň töweregindäki beýik daglarda owgan taýpalary mesgen tutunypdylar. Olar soltan söweşe gidende oňa kömek bermekden boýun towlapdylar we soltanyň ýoklugyndan peýdalanyp, ýollary talapdylar. Bu taýpalar ýaşaýan ýerleriniň ýollarynyň geçmesi kyndygyna we beýik daglarda ýerleşýän berk galalaryna bil baglap arkaýyn bolýardylar.

Soltan olara göz görkezmekligi we olary dogry ýola gönekdirmegi ýüregine düwüp, ýörişe taýýarlyk gördi, etjek hereketleriniň meýilnamasyny çekdi, özüni göýä başga ýurda ýörişe ugran ýaly alyp bardy. Ol muny özüniň hakyky maksadyny ýaşyrmak üçin etdi. Hakykatda bolsa atynyň jylawyny duýdansyzlykda bularyň üstüne tarap aýlady. Olar soltanyň goşunynyň üstlerine nähili dökülenini duýman galdylar. Gylyçlar kelleleri boýundan üzüp ugrady.

Abu Tammamyň aýdyşy ýaly:

Boýunlardan başlar üzlüp, göwre göwrä ýykyldy.
Ar almagyň kasdy bilen gyzyl ganlar döküldi.
Asgyn geldi duşman, depesinde baýdak dikildi.
Geçmesi kyn ýol geçildi, duşman dyza ýykyldy.

Taňrynyň erki berjaý edildi, owgan taýpalary dyza çökerildi. Soltan Gazna tarap gaýtdy we ýeňiş bilen şähere gelip girdi. Ol bir ýyl parahat oturdy. Emma onuň kalby hindileriň tabyn bolmadyk tekepbirleriniň üstüne ýöriş etmeklige telwas edýärdi. Ol tekepbirler öňki ýörişlerde soltanyň gazabyndan gaçyp gutulypdylar we bu geçen wagtyň içinde güýçlerini jemläpdiler. Olar soltany ynjalykdan düşürýärdiler.

Soltan ýene gylyjyny gynyndan çykardy. Ol Hindistana tarap atlandy. Soltan dag-derýalardan ötdi. Ol Rahyp Gaýyr atly derýa baryp ýetdi. Derýanyň aňyrsyndaky halk ondan geçmeklige päsgelçilik berdi. Onsoň soltan gijäniň garaňkylygyndan peýdalanyp derýadan ötmekligi ýüregine düwdi we derýadan geçmäge amatly ýer gözlemekligi tabşyrdy. Derýanyň geçmäge amatly ýeri tapyldy. Soltanyň esgerleri ol ýerden derýanyň aňyrsyna geçdiler. Jeýbal pilleri bilen olaryň üstüne hüjüme geçdi. Beýik Taňry öz Pygamberi Muhammet alaýhyssalamyň: «Maňa ýeriň bir künji berildi. Emma menden soň ymmatym ýeriň Gündogaryna we Günbataryna yslamy ornaşdyrar» diýen sözüniň berjaý bolmagyna ýardam berdi. Soltan suwdan çykyp, duşmanyň üstüne okduryldy. Iki tarapyň arasynda söweş gan döküşikli urşa aýlandy. Duşman ýeňlişe sezewar boldy. Ol söweş meýdanynda ölülerini we ýaralylaryny galdyryp gaçdy. Soltan köp olja aldy, duşmanyň esgerlerinden ýesir tutdy, ýetmiş sany pil onuň eline geldi. Beýik Taňry: «Siziň Taňryňyz duşmanyňyzyň heläk bolmagyna ýardam berýär we Ol sizi ýerde halypa edýär. Ol siziň işiňize goldaw bermek nazary bilen garar» diýen sözüni hakykata aýlady.

Elbetde, Beýik Taňry wadasyna wepalydyr we Ol beren wadasyny berjaý edijidir!

## ABU MUHAMMET YSHAK BIN MUHAMMETŞADYŇ WE NYŞAPURYŇ KAZYSY ABU ALA SAGYT BIN MUHAMMEDIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Abu Bekr bu döwletiň göze ilýän sowatly adamlarynyň biridi. Onuň atasy takwa adamdy we töweregindäki adamlary ybadata ýykgyn edýändigi bilen meşhurdy. Abu Bekr atasynyň ýolundan ýöreýärdi. Ol atasynyň ornuna geçdi we onuň syýasatyny dowam etdirdi.

Emir Nasyreddin Abu Mansur Söbüktegin onuň takwalygyna, parasatlygyna we dindarlygyna hormat goýýardy. Diniň tanymal adamlarynyň we fakyhlarynyň arasyndan onuň ýaly mertebeli adamy tapmak aňsat däldi. Ol onuň kalbynda hormatly orna eýedi. Soltan hem atasyndan görelde alyp ony sylady.

Abylfath Busty şeýle aýtdy:

Ol ymam Abu Hanypanyň mezhebini edil
özi dek göni tutdy.
Ony diňläp gören ynanmaz Muhammet bin
Kirama, oňa ynam ýitdi.

Ol meseleleri adalatlylyk bilen çözdi. Soltan Multan söweşine gidende yzynda ilhanlylar Horasana geldi. Ol bu goşuny yzyna gaýtardy. Olar onuň toparyndan ätiýaç etdiler. Onuň hile-

sinden hüşgär bolmak üçin Nyşapurda ony tussag edip, özleri bilen alyp gitdiler.

Soltan söweşden gaýdyp geldi. Ol onuň habaryny eşitdi we ilhanlylaryň ony boşatmaklaryny talap etdi. Olar ony goýberdiler.

Abu Bekr soltanyň geňeşçileriniň biridi. Ol 402-nji hijri (1012-nji milady) ýylynda kazy Abylala Sagyt bin Muhammediň haja gitmegi bilen ylalaşdy. Abylala mertebeli we takwa ymamdy. Ol ömrüniň köpüsini ylym öwrenip we ylym öwredip geçirdi.

Ol haja ugrady. Onuň haja barýandygy baradaky habary möminleriň emiri Kadyr billähe ýetirdiler. Kadyr billäh ony hormat bilen kabul etdi. Soňra haja tarap ýoluny dowam etdi.

Kazy hajdan gaýdyp geldi. Soltan oňa hormat edip halat geýdirdi. Ussat Abu Bekr Muhammet bin Yshak kazynyň ders bermegi baradaky pikiri oňlady. Kazy ýaşlykdan ylma berlipdi. Ol edep almaga hem köp üns berdi we hem ylymly, hem edepli alymlaryň biri bolup ýetişdi.

Ylym bilen edep iki sany dogandyr
Olaryň biri dür, beýlekisi bolsa ýakutdyr.

Soltan ony Gaznada patyşalyk öýünde ders bermeklige buýurdy. Kazy takwalygy bilen töwerege ýiti nur ýaýratdy. Onuň mertebesi has artdy. Soňra soltan wepadarlygy üçin ony ýurduň kazysy edip belledi. Möminleriň emiri we soltan onuň işine hemaýat etdiler.

Kazynyň ekiz ogly bardy. Olaryň biriniň ady Abylhasandy we beýlekisiniň ady Abu Sagytdy. Olar kiçi ýedigeniň iki ýyldyzy ýaly biri-birine meňzeşdi. Olar biri-birine mähribandy. Olar yhlas bilen ylym alýardylar. Ekizler hadys ylmyny, tefsiri,

figkhi, kyýas ylmyny we beýleki ylymlary gowy özleşdirdiler. Olaryň ylym almagyna hemme şertler bardy. Abylfath Busty bu kazynyň ýagdaýy barada şeýle aýtdy:

Beýik Taňry sahylyk dergähinden eçildi
dört sany zat maňa.
Hormat, eşretli gün, açyk işdä, ylym.
Bardyr şükrüm mydam Saňa.

Günler Abu Bekriň şan-şöhratynyň göterilmegine, eliniň giňelmegine, ilatyň ondan çekinmegine we tanymal adamlar bilen onuň arasyndaky agzalalygyň ýitileşmegine getirdi. Bu ýagdaý onuň mertebeden düşmegine sebäp boldy.

Soltan Abu Aly Hasan bin Muhammet ibn Abbasy Nyşapura ýolbaşçy edip belledi. Onuň atasy samanlylar döwletiniň meşhur adamlarynyň biridi. Ol soltan Horasana ilkinji gadamyny basanda ýardam beripdi. Soltan ony goşunbaşy wezipesine belläpdi. Ol soltan bilen yhlas hyzmatdaşlyk edipdi. Soltan onuň hyzmatynyň gadryny bildi we onuň ogluny beýik wezipä belledi.

Ol Abu Nasr Ahmet bin Mikaýyl bilen garyndaşdy. Abu Nasr onuň hemaýatynda önüp-ösdi. Ol Ibn Mukbylyň goşunynda ýaý atmak, gylyç oýnamak kärine ökdeledi. Abu Nasr barada soltana aýtdylar. Soltan ony öz ýanyna çagyrdy, oňa mähribanlyk etdi we ony goşunbaşy wezipesine belledi.

Soltan Abu Alyny ýolbaşçy wezipä bellemekden onuň üsti bilen tanymal adamlaryň arasyndaky agzalalyklary ýatyrmak maksadyny yzarlaýardy. Biz onuň başyndan geçen wakalar barada, eger Taňry islese, öz ýerinde aýdyp geçeris.

## SERKERDE EMIR ABYLMUZAPBAR NASR BIN NASYREDDIN ABU MANSUR SÖBÜKTEGINIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Soltan Ýemineddöwle we eminelmille Horasany eýelände we bu ýurdy samanly neberesiniň şerinden halas edende Abylmuzapbaryň özüne dostlukly garaýşynyň bardygyny we onuň dogany Ysmaýyl bin Nasyreddiniň ýanyna gidendigini bildi. Soltan ony öz ýanyna çagyrdy, oňa mähribanlyk etdi we oňa Nyşapury goşunlary bilen berdi. Abylmuzapbar bu welaýatyň işlerini düzgün-nyzama salmaklyga girişdi. Ol abraý bilen birnäçe ýyl Nyşapurda hökümdarlyk etdi. Ol Abu Ybraýym Muntasyry Nyşapurda çapawulçylyk edende, ony bu ýerden kowmaklyga işeňňir gatnaşdy. Onuň bu uruşdaky hereketleriniň beýany eýýäm getirilipdi.

Soňra soltan onuň bilen birleşip, maksada tarap bilelikde hereket etmekligi we ony öz ýanynda saklamaklygy ýüregine düwdi. Ol ony hem onuň maşgalasyny ýanyna çagyrdy, ony hiç hili kemsitmän, tersine hormatlady.

Abylmuzapbar ymam Abu Hanypanyň mezhebindedi we ol bu mezhebiň işlerine ýardam berýärdi. Ol bu mezhebi has adalatly görýärdi. Ol Nyşapurda kazy Abu Sagyt bin Muhammediň kazylyk edarasynyň gapdalynda medrese salmaklygy buýurdy we oňa harajatlary sarp etdi. Ol medresäniň gurluşygyny tamam etdi we onda ylym okadylmagyny ugrukdyrdy. Ondan ýagşy at galdy.

Oňa Abyl ylm diýen lakam dakdylar. Oňa gije-gündiz alkyş aýtdylar.

Soltan ondan diňe göni sözleri eşitdi. Ol ulumsylyk edendigi sebäpli onuň üstünden şikaýat eden bir adamyny görmedi we ondan bozuk iş çykandygyna duşmady. Emma beýik Taňrynyň kazasy heniz ol ýigit wagtyndaka tamam boldy. Ol beýik Taňrynyň rehmetine ulaşdy. Men onuň biwagt ölümine bagyşlap mersiýe düzdüm:

Dek başyma gaýgy-hasrat ýetdi, waý!
Gitse-gelmez sapara gitdi, waý!

Ýaş emir ölüm awusyn datdy, waý!
Öýün taşlap, ýer astynda ýatdy, waý!

Nasr bin Nasyreddin batga batdy, waý!
Ylym talyplaryn ýetim etdi, waý!

Serkerdäni gara ýer ýuwutdy, waý!
Säher nury tüme tarap ötdi, waý!

* * *

Esgerleriň serkerdesi, zynaty,
Söweşde görkezdi harby sungaty.

Ylma beren ýardamy uly gaty,
Salyp medresäni etdi hyzmaty.

Musulmanyň dogany hem ülpeti,
Soltanyň goldawy hem şöhraty.

Bererdi oňa öwüt-nesihaty,
Aldy Hindini, ýene köp döwleti.

* * *

Bu döwletiň sütüni ýykyldy, waý!
Ölüm gelip şatlyga sokuldy, waý!

Gözlerden paýrap ýaşlar döküldi, waý!
Döwletiň bek diwary söküldi, waý!

Bag-bakja soldy, suwy çekildi, waý!
Ýyldyz öçdi, tümlüge bakyldy, waý!

Çeşme gurady, gözi dykyldy, waý!
Gül soldy, ýerne tiken ekildi, waý!

* * *

Şöhratly emir ogluna şöhrat geldi, waý!
Nasr bin Nasyreddin lakamyn aldy, waý!

Ýyldyz ogly alysa şöhle saldy, waý!
Deňiz oglunyň haýbaty dik galdy, waý!

Ýeňiş oglunyň ýeňşi has köpeldi, waý!
Anbar ogly azatlyk heňin çaldy, waý!

Süýji oglunyň mähri, göýä baldy, waý!
Soltanyň gözi ajy ýaşa doldy, waý!

* * *

Din diwary yslama ýardam berdi, waý!
Güýç eýesi watana kükrek gerdi, waý!

Watanyň goragy oň işi-derdi, waý!
Ylma, medresä harajat çykardy, waý!

Edepli, edeplini ýagşy gördi, waý!
Rahatdy, rahat boldy ili-ýurdy, waý!

Sahydy, sahawatlyk edip durdy, waý!
Öwrendi, öwretdi, giň mejlis gurdy, waý!

* * *

Işlerinde bir Taňra bil baglady, waý!
Mähir bilen göwünleri awlady, waý!

Dinden lezzet aldy, keýpin çaglady, waý!
Dinsizleri ýigrendi, bagryn daglady, waý!

Öz göwnün pes tutdy, hetden agmady, waý!
Il bilen deň şatlandy, deň aglady, waý!

Uly mertebe ýoldan azmady, waý!
Bäsleşip göriplik çukrun gazmady, waý!

* * *

Gapydan ölüm geldi,  iki dogany aýra saldy.
Ýemineddöwle ýeke galdy, doganynyň janyn aldy.
Taňryň kazasy şeýle, ýazgyt ömür tanapyn ýoldy.
Soltan tutdy ýasyny, gamgyn günler rahat başa geldi.

* * *

Bir günün uruş tälimi hakda pikirlenip oturdy.
Ýene bir günün edebiýata meşgul bolup ötürdi.

Başga bir günün şerigat ylmyn öwrenmekde bitirdi.
Ýene bir günün söweşe atlanyp, uruşda geçirdi.

* * *

Beýik emiriň onda imany özüne hemra bolsun!
Amal ölçelen wagty sogaby azapdan agyr gelsin!
Işlerini kabul edip, Taňry rehmet nazaryn salsyn!
Eý, emir! Şöhratly adyň asyrlara ýadygär galsyn!

## SOLTANYŇ WE WEZIR ŞEMSELKUFATYŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN WAKALARYŇ BEÝANY

Men ýas günleri sowlandan soňra wezir Şemselkufatyň hyzmatyna gol gowşuryp bardym. Meniň emir Nasyreddin Söbüktegininiň (goý, beýik Taňry onuň ruhuny şat etsin!) hyzmatyna barmagym bilen baglanyşykly wakalar kitabyň başynda öz beýanyny tapypdy. Şol wagt men wezir Şemselkufata ýakynlyk gazanmaklygy ýüregime düwüpdim. Ol meni synagdan geçiripdi we menden razy bolupdy.

Ýasyň ukusyz günlerinde men oňa goldaw bermekligi ýüregime düwdüm. Ol meniň bu ýere gelmegimiň maksadyny bilenden soň meni yzyna tirkäp, hat-habar gatnadyş gullugynyň edarasyna alyp bardy. Onuň işlerini Abylhasan Bagawy Lugawy alyp barýardy. Onuň daş keşbi nurdan, içi ylymdan doludy, haýbaty ýiti gylyç ýalydy we ýasama gylyklary halamaýardy. Wezir bu zyýaratyň maksady barada söz açdy: «Bu ýerde işiň ýagdaýy maksada laýyk däl. Galamyň we syýa çüýşäniň hormaty ýok. Daşdan sereden adam: «Ol ýörite iberilen kişä başga biri göripçilik edýär» diýip düşünýär. Emma ol ýalan sözledi. Çorbanyň duzlulygy gazandan gelip çykýar. Oglanlary gowy görmeklik miras galan halallykdyr. Emma oglanlary gowy görmeklik göripçilige eltýär. Atasy ogluna göriplik edýär we göripçiligini göre giryänçä dowam etdirýär. Ol özüniň mähir siňdiren kişisine duşman bolýar, ýagny ol äht baglaşan kişini halamaýar.

Wezir dostluk şertnamasyny baglaşmagy teklip etdi we bu wezipäniň jogapkärçiligini gizlinlikde meniň boýnuma ýükledi, oňa gözegçilik etmegi we netijäni habar bermekligi tabşyrdy. Meniň ýaly adamyň biderek zada karar etmeýänligi, ýetimlere we dul aýallara wekilçilik etmek bilen çäklenmeýändigi mälim boldy. Ol meni göripligiň aýlag suwunda heläk etmekligi, bulaşyklyga salmaklygy, maňa mekirlik ulanmaklygy, hyýanat etmekligi we emirleri üstüme küşgürmekligi niýetine edindi. Emma oňa bu hyýallaryny berjaý etmek miýesser bolmady. Onuň mekirligi ýüze çykdy we ýalan sözi aýan boldy. Ol umydyny ýitirdi we Iblis ýaly hereket etdi. Ol Şemselkufaty kürsüsinden düşürmeklige synanyşyk etdi we hakyky ýüzüni ýaşyrjak boldy. Ol meni oňa garalap görkezdi. Göýä meniň üstümden gözegçilik edýänleriň birisiniň ornuna geçmek pikirim barmyş. Ol ýagdaýy öz düşünişine görä ölçedi we öz bilşine görä hereket etdi. Göýä maňa ýumşaklyk gözi bilen garamaklyk gowulygyň üstünden eltjek dälmiş. Onuň pikrine görä, munuň ýaly pikir masgaraçylykdan başga zadyň üstünden getirmeýär we beýle ýagdaýlarda ol ýalňyşlyk goýbermeýän adam hasaplaýar.

Ol göribilmezçilik suwundan teşneligini gandyrdy. Meniň bu bulaşyklykda ýokdugym we kalbymyň päkligi beýik Taňrynyň özüne mälimdi. Onuň şerigatyň ýörgünli ýolundan bir gapdala çykandygyny ýüzüne basdylar. Ol özüni eşretli güne ýetireniň nazy-nygmatlaryny depeledi we çuňňur guýudan çykan daşy yzyna oklady.

Soňra ol Gürgene gitdi. Ol parasat bilen bulaşyk pikiriň, bulut bilen kölegäniň, Jürjan bilen Reýiň, ýygnamak bilen dargatmagyň, nagt bilen nesýäniň, subut etmek bilen inkär etmegiň, betgelşiklik bilen görmegeýligiň tapawudyny bilmedi. Onuň ýaranlary dagap gitdi. Ol galamy we kagyzy unutdy. Ol harplary aýdanda iki harpyň arasyndan çykýan sesleri çykardy,

şygyr aýdanda arap sözlerini parslar ýaly çalgyrt okap başlady. Ol birnäçe wagtlap gününi alasarmyk bolup geçirdi, soňra goşlaryny alyp Horasana gitdi. Ol özüniň halyndan utandy we özüne geçirimlilik edilmegine umyt etdi. Ol özüniň tankyt edilendigini bildi. Ol emlägi zaýalady we günä gazandy. Ol kömeksiz galdyryldy. Onuň goşgulary gowşak diýip hasaplanyldy. Şemselkufat onuň ornuna meni belledi. Bagawy Lugawy[53] oňa we maňa garşy al-hile gurnady. Eger beýik mertebeli emir Abu Sagyt Mesgut bin Ýemineddöwle we Eminelmilläniň maňa mähribanlygy bolmadyk bolsa, Elbetde, men onuň aslynyň täsiriniň astyna düşerdim. Eger Bagawynyň munuň ýaly erbet häsiýetiniň bardygyny öň bilen bolsam, onda men onuň bilen beýle bulaşyk işe asla gatyşmazdym. Emma syrlaryň üstüni Taňrynyň ygtyýar bermedik kişisi açyp bilmeýär.

Men bu waka barada bir topar mertebeli adamlara hat iberdim Ine, ol hatyň nusgasy şeýle:

**Bismillähir-rahmänir-rahym**

Abu Nasr Utby lakamy bilen belli bolan Muhammet bin Abdyljepbardan Yragyň beýik mertebeli kazysyna hat.

Her bir gulagyna azan aýdylan çaga ilkibaşda körsowat bolýar. Bu sebäpden onuň jylawy küpürlige aýlanmaga ýykgyn edýär. Adamlary küpürlikden Taňrynyň dogry ýoluna gaýtarmaklyk üçin gylyç bir serişde bolup durýar. Şeýle hem beýik Taňrynyň keramatly kitaby bu maksat üçin ulanylýan ýaragdyr.

Es-salam aleýkum! Her bir ýaňy dogan zat päkdir. Her bir ýyldyrymly bulut ýagynlydyr. Her bir uruş ýara salyjydyr. Rahatlygyň maýyl ediji jadysy baş aýlaýjy bir zatdyr.

Emma mundan soň (men aýdýaryn): Taňrynyň razylygyna tarap ybadat säherinde ýol ýöreýjini onuň nygmatlary dogry

ýola gönükdirýär. Taňrynyň nygmatlary bezelen aýal ýaly oňa özüni güjeňleýärler, ellerini bulap ony öz ýanlaryna çagyrýarlar. Olar şol ýerde asyrlarboýy ýatyrlar. Olar işleri rowaçlandyrmaklyga we Taňrynyň bendelerini kynçylyklardan çykaryp bagtyýar etmeklige niýetlenilendir. Bu Taňrynyň jomartlygynyň we synagynyň manysydyr. Ol nygmatlaryň gapdalynda Taňrynyň gahar-gazaby hem ýatyr. Onuň üstüne eltiji baş ýardamsyz galmagyň şumlugydyr, oňa eltiji aýak Taňrynyň nygmatlaryna şükür etmezligiň netijesidir. Küpürlik olaryň şum ykbal bilen ýoýulan ogullaryny dinden ýüz öwürmekleri sebäpli hasap soramak agzynyň gysajyna eltýär. Onsoň olar ahlagyň bozulmagynyň, ýüz öwürmekligiň, bu dünýäde biabraý bolmaklygyň we ahyretde dowzah azabyna sezewar bolmaklygyň arasynda galýarlar.

Hojaýynyň göwni ýetmese beýik wezipä bir kişini bellemeýşi ýaly, Taňrynyň razylygy gazanylmasa ol nygmatlara ýetip bolmaýar. Ol nygmatlara ýetmeklik üçin Taňrynyň halan ahlagyny özünde terbiýelemek zerur bolýar.

Haýyr-yhsanyň täsiri öýe sepilen atyryň içerä ýaýraýşy ýaly, töwerege ýaýraýar. Maslygyň öz porsusy ysyny howa ýaýradyşy ýaly, bozuk ahlak töwerekdäki adamlara ýaramaz täsirini ýaýradýar.

Ýagynly bulutlar bossanyň üstüne ýagyn ýagdyryp, onuň howasyny päkleýär we täzeleýär. Ýagyn itiň tüýüniň üstüne düşüp, ony bulaşdyrýar. Dury suw bagyň köklerini suwarýar. Emma suwuň bu işiniň netijesinde emele gelýän miwe dürli-dürli bolýar. Ol miweleriň biri ajy, biri turşy, biri ýumşak, biri gaty bolýar. Emma suw olary deň ýagdaýda suwarýar. Olaryň käbiri iýmite ýaramly, käbiri bolsa ýaramsyz bolup ýetişýär. Olaryň her birine niýetlenilen häsiýetnama ezel gününden tä kyýamat güni gelýänçä saklanýar. Eger beýik Taňry bir kişä

şum täleý kesgitlän bolsa, onuň görjegi şumluk bolar. Munuň tersine kime ýagşy täleý kesgitlenen bolsa, onda onuň görjek günleri nazy-nygmatly bolar. Şahyryň aýdyşyna görä:

Taňrynyň nygmatlarynyň aýyby ýok,
ýöne käbir adamlar olardan aýyp tapýar.
Kim olary yslama ýaradýar,
kim nebis atyn nygmat ýygmaga çapýar.

Eger azap bermeklik Taňrynyň erkine tabyn bir zat bolmadyk bolsa we haram işlerden saklanmaklyk Onuň buýrugyndan gelip çykmaýan bolsa, onda bu iki iş ygtybarsyz zatlara aýlanardy. Eger nygmata näşükür bolmaklyk üçin gazaba sezewar bolmaklyk Onuň dergähinden iberilýän bolmasa, elbetde, şükür etmeklik ýasama häsiýete eýe bolardy.

Taňrynyň sahylygy çäksiz we ulumsylykdan päkdir. Emma ynsanyň sahylygy çäkli häsiýetdir. Onuň ulumsylygy sahylygyna gapma-garşy durýar. Sahylyk ynsaplylykdyr. Ulumsylykda bolsa ynsaplylyk bolmaýar.

Bu ötegçi dünýä gahar-gazapdan doludyr. Gahar-gazap onuň öňüni ýagty jahany ümüriň baglaýşy ýaly baglaýar. Gazap bilen köp işlere ýüz urulýar. Aýdylyşyna görä:

Suwa gelen ençe haýwanlar gaplaňa aw boldy,
Çakmak daşyň uçgunyndan uly ot dünýä doldy.
Ýiti gylyç bilen ençe ýeňse damar gapyldy,
Ençe adam gazapdan soň ölüm halda tapyldy.

Adamlaryň nygmatlara kowalaşyp abraýdan düşmek we dogry ýoldan azmak nukdaýnazaryndan ýagdaýy ýaşyna görä dürli bolýar. Ýaş adamlarda bu meýil orta ýaşly we garry adamlara garanyňda güýçli bolýar.

Ýaşlyk ynsanyň ömründe gyzgalaňly bir döwür bolup geçýär. Ýaş adam heniz tejribesiz we nadan bolýar. Nebis arzuwlary we dünýäniň keýpi-sapalary onuň ünsüni özüne çekýär. Olar bu zatlaryň bu dünýäde eltjek ýagdaýy we ahyretde berjek netijesi barada az oýlanýarlar. Aý-Gün dogýar hem ýaşýar. Günler aýlara, aýlar bolsa ýyllara dolanýar. Ýaşlyk özüniň möwritini geçirýär. Ýaşlygyň näzikligi bahar howasynyň mylaýymlygy ýaly az salym dowam edýär we onuň ornuna orta ýaş gelýär.

Ýaşlyk akylsyzlygyň bir şahasydyr. Nadanlyk we bilmezlik bilen günä iş eden adam jogapkärçilige çekilmekden halasdyr. Munuň özi lalyň günä iş etmeginiň bagyşlanylşy ýaly bir zatdyr. Çünki, lalyň günä iş barada düşünjesi bolmaýar.

Emma ýaşlyk lybasyny çykaryp, ýetişenlik jilbabyny geýen adam barada näme aýdyp bolar? Ol ýigitligiň salkyn howasynyň çallygyň yssysy bilen çalşandygyny öz gözi bilen anyk gördi. Onuň sellesiniň üçden biriniň reňki soldy. Onsoň ol sellesini täzeden reňklemäge yhlas etdi. Oňa nesihat bermekligiň we onuň arkasyndan ýaşlygyň ýüküni düşürmekligiň wagty gelip ýetdi. Oňa başynda peýda bolan ak saçlara gülmeklik dälde, tersine aglamaklyk gerek. Oňa durmuş kagyzyndaky gara ýazgylary öçürmegiň wagtynyň düşendigini bilmegi lazym. Ol nadanlyk süňklerindäki gowşaklygy ylym bossanynda ýöremeklik bilen gidirmeklige yhlas siňdirmelidir. Ol oturan wagty turmaklyk üçin güýç toplamalydyr. Ol ökünmeklik kelleagyrysyny ylym bossanynda gijelerde we säherlerde gezelenç etmeklik bilen aýyrmalydyr. Ol gadamyna biabraýlyk çukuryna düşmezligini endik etdirmelidir. Ol Taňrynyň dogry ýoluna düşmeklik bilen Onuň razylygyny we söýgüsini gazanmaklyga çalyşmalydyr. Ol Taňrydan özüniň boýnundan dowzah odunyň azabyny düşürmekligi soramalydyr.

Çallyk — ýaşlygyň nadanlyk garasynyň içinden çykan, kämillik ýoluny aňladyjy ak reňkdir. Saç agaryp, nadanlygyň garasynda ejizlik tümüniň içinde galyp ömür tamamlamakdan bizi Taňrynyň özi penasynda saklasyn!

Beýik Taňry garrylygyň ejizliginde özüniň keramatly perdesini açýar, ýardam nuruny seçýär we adamlary günä kirinden päkleýär.

Abylhasan Bagawy Lugawynyň pajygaly ýagdaýda ölmegi hakykata meňzeş myş-myşlaryň ýaýramagyna sebäp boldy. Ýalan söz hakykat ýaly kabul edildi. Emma ol myş-myşlaryň hemmesi toslamady.

Eger beýik Taňry bendesini goldawsyz galdyrmaklygy islese, onda bozuklyga ýykgyn etmek derisinden başga zady galdyrmaýar. Ol Taňrynyň anyk hakykatyna şübheleňýär. Ol adamlardan diňe ýaramaz zady oýlaýar. Taňrynyň nygmatlaryna näşükür bolýar. Ol hemme işde özüni ahmal görýär. Ol nygmatlara gyzygyp, nebsinden aldanmakdan heder etmezlik bilen özüniň nebsiniň eline nähili düşendigini duýman galýar. Abylhasan Bagawynyň ömrüniň soňunda düşen ýagdaýy şeýle boldy. Aýat: «Elbetde, biz Taňrynyň mülkündediris we biz Oňa dolanyp bararys»[54].

Emir Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Abu Mansur Söbükteginiň biwagt ölümi ýürekleri sarsdyrdy, bagyrlary çişirdi, köp adamlary ýasa saldy. Gözlerden ýaşlar sil ýaly akdy. Ýüzlerde gynanç alamaty peýda boldy. Ol gitse gelmez sapara gadam basdy.

Adamlar köşge üýşüp geldiler
«Hany emir?» diýip ýatlandy.
Aýtdylar: «Emir säherde ata münüp uzak ýola atlandy».
«Hany wezir, hany hajyp?» diýip onuň ýaranlary ýoklandy.

Wezir, hajyp öňe çykdy, adamlaryň ýürekleri otlandy.
«Ol ýeke özi gitdimi?» diýip ýene sorag oklandy.
Wezir: «Atasyny soramaga gitdi» diýip aklandy.
Hajyp: «Ol gitse-gelmez sapara gitdi»
diýmek bilen çäklendi.
Gaty gamgyn boldy adamlar, üstlerine ýas ýüki ýüklendi.

* * *

Emir aýtdy: «Atam ne sebäpden bu saparda uzak saklandy?
Göresim gelip ýüregim gysdy, iki gözüm ýola diklendi.
Men salama baraýyn» diýip sapar azygyn düwüp ýüklendi.
Gusul aldy, täret aldy, taýýar boldy nejasatdan päklendi.
Ilin goýup, ýurdun taşlap, ýola çykdy, kepen bilen çäklendi.
Gapy-äpişgesiz jaýa girdi, üsti toprak bilen beklendi.
Atasynyň didaryna ýetdi, ata-ogul haky haklandy.
«Emiriň imany hemra bolsun» diýip dileg edip ýatlandy.

* * *

«Emir indi haçan geler?» diýip, ýene sorag oklandy.
Aýtdylar: «Gelmez gaýdyp emir,
Çünki, tagty onuň düýn ýykylandy.
Nahaly döwüldi, täç gaçdy, eýer agdy, bili bükülendi.
Bu jogapdan onuň takdyra janyn berendigi anyklandy.
Gözden ýaşy dökdüler, ýasyn tutup, üç, ýedi,
kyrky haklandy.
Karylar aýat okadylar, ruhy şat boldy hem rahatlandy.
Gadyr-gymmaty artdy emiriň, öňküden has gereklendi.
Jaýyň jennet bolsun, şöhratyň uzak meýdançada örklendi.

* * *

Şahyrlar özara bäsleşip, mersiýe düzmäge gyzyklandy.
Eý, biwepa dünýä! Emir näme üçin saňa gereklendi?
Adam ýuwdup aç garnyň asla doýmady,
dişiň ýene çarhlandy.
Ol gözel ahlak, mertebe,
batyrlyk bilen hemmeden parhlandy.
Duşman sary atlandy, ol söweşe gaýratlandy, ýüreklendi.
Dünýä senden bize ne peýda, ynsanyň ömri kelte çäklendi.
«Ataň tarapa git, oň halyn sora» diýip dünýä gödeklendi.
Emir atasyna sary ýöredi, yza tarap ýoly beklendi.

* * *

Soltan ýas baglady, gözýaşyn dökdi, göz göreji guraklandy.
Abylkasymyň[55] üstüne ajy ajal ençe gezek Ýüklendi,
Kaýs bin Asymyň ogly ýaş wagty ahyret
saraýyna gyraklandy.
Aly aýtdy: «Çäre ýok bu ölüme, aglap ençe ýürek ýandy».
Adam başy daşdan gaty, kim çekdi sogap-sabra derek indi.
Ölüm penjesin eziz jana urdy, göwre bölek büçeklendi.
Soltan bolsun tapawut ýok ölüme, gözi hemmä gyýaklandy.
Baý-garyp parhy ýok, gabyr içine kör adam dek iteklendi.

* * *

Ölüm beýik, berk gala girdi,
jan almagyň kasdynda ol saklandy.
Ol ömür tanapyn üzmek üçin emiriň üstüne diklendi.
Haýran galdym ölüme, bu gassap jan almak bilen eklendi.

Bu garakçy emiriň janyn çykaryp, olja edip ýüklendi.
Ruhuny uzak menzile aşyrdy, jan almakdan keýpi köklendi.
Pursat bolup, jan alşyn görkezdi, eňiji ýaly şatlandy.
Şir ýaly awuna tarap topuldy, söweşdikçe haýbatlandy.
Aramyzdan alyp gitdi ruhun, ýagşylykda ady ýatlandy.

Men wezir Şemselkufatyň gapdalynda hat-habar gatnadyjy gullugynda iki ýyla ýakyn wagt işledim. Ol meniň Soltan ýemineddöwlä ýakynlaşmagyma ýardam berdi we maňa zamananyň bu kuwwatly soltany, onuň döwleti we onuň ýaranlary barada kitap ýazmaklygymy tabşyrdy. Men Abu Nasr Muhammet bin Abdyljepbar Utby bu işe yhlas bilen girişdim we beýik Taňrynyň ýardam bermegi bilen şu görnüşde tamamladym.

Elbetde, işleriň başy we ahyry gudrat elinde bolan Taňry taryplanmaga mynasypdyr! Onuň Pygamberine, Pygamber alaýhyssalamyň neberelerine we onuň ýaranlaryna alkyşlar bolsun!

Şu nusganyň göçürilmegi günäkär bende Abdyrahym bin Hasan Talykanynyň elinde biziň ussadymyz emir Şihabeddin Muhammet bin Ahmet Munşi Nesewiniň resmi kabulhanasynda alty ýüz kyrkynjy ýylyň sapar aýynyň on bäşine[56] Ýaşgüni tamam boldy.



**Stambulyň Köprüli kitaphanasynda «1050» belgili bukjada saklanỳan nusganyň daşky sahabyndaky ỳazgy.**


بسم الله الرحمن الرحيم رب يسّر
الحمد لله الظاهر بآياته الباطن بذاته القريب برحمته البعيد
بعزّته الكريم بآلائه العظيم بكبريائه القادر فلا يمانع
والقاهر فلا ينازع والعزيز فلا يضام والمنيع فلا يرام والمليك
الذي له الأقضية والأحكام الذي تفرّد بالبقاء وتوحّد
بالعزّ والسناء واستأثر بأحاسن الأسماء ودلّ على قدرته
خلق الأرض والسماء كان ولا مكان ولا زمان ولا بنيان
ولا ملك ولا إنسان فأوجد المعدوم ابداعا وأحدث عالم الكون
انشاء واختراعا جلّ وتعالى عن احتذاء صورة واستبداع
مشورة واقتفاء رسم ومثال وافتقار الى نظر وقياس
واستدلال ففي كل ما ابدع وصنع وفطر وقدّر دليل
على انه الواحد بلا شريك ووزير والقادر بلا ظهير ونصير
والعالم بلا تبصير وتذكير والحكيم بلا روية وتفكير والحي
الذي لا يموت بيده الخير وهو على كل شيء قدير رفع السماء
عبرة للنظار وعلة للظلم والانوار وسببا للغيوث والا

**Stambulyň Köprüli kitaphanasynda «1050» belgili bukjada saklanỳan nusganyň 1-nji sahypasy.**



تم شرح اخبار السلطان يمين الدولة وامين الملة ابي القسم محمود بن سبكتكين
ومدح مقاماته في غزواته وانصاره وما يتصل بها من اخبار
ولاة الاطراف في جوار ما جمعه ابو النصر محمد بن عبد الجبار
العتبي معجز الكتاب ومحيي الآداب نور الله حفرته وبيض غرته
والحمد لله اولا وآخرا
وصلى الله على سيدنا محمد وآله وعترته الطاهرين واصحابه وسلم تسليما
على يد العبد المذنب عبد الرحيم بن الحسن الطالقاني برسم خزانة

**Stambulyň Köprüli kitaphanasynda «1050» belgili bukjada saklanỳan husganyň ahyrky çahypasy.**

## ÝEŇIŞLERE BESLENEN SOLTAN

Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy türkmenleriň bäş müň ýyllyk taryhynyň bardygyny we şol taryhy döwürlerde dünýäniň dürli künjeklerinde ululy-kiçili ýetmişden gowrak döwletleri gurandyklaryny adalatly belleýär. Beýik mertebeli Ýurtbaştutanymyz özüniň atalyk kitaplarynda şol döwletler barada ygtybarly maglumatlary berýär. Onuň kitaplary bize geçmiş mirasymyzy öwrenmekde ýol görkeziji şamçyrag bolup hyzmat edýär. Şeýle hem, Baky Beýik Serdarymyz dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşýän kitaphanalarda türkmen halkynyň geçmiş taryhyny beýan edýän müňlerçe golýazmalaryň saklanyp galandygyny nygtaýar. Sarpaly Serdarymyz öz halkyna: «Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galdyran medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, olary täzeden jana getirmeliduris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr» diýip, parasatly sözler bilen ýüzlenýär.

Beýik Serdarymyzyň tagallasy bilen Türkmenistanyň milli medeni «Miras» merkeziniň açylmagy Garaşsyz watanymyzyň medeni we ylmy durmuşynda möhüm wakalaryň biri boldy. Täze açylan merkeziň üstüne türkmeniň taryhyna, medeniýetine, edebiýatyna we ylmyň dürli ugurlaryna degişli golýazmalary ýüze çykarmak, olaryň surat nusgalaryny diýarymyza getirmek, terjime etmek we çapdan çykaryp, halkyň dykgatyna

ýetirmek ýaly derwaýys meseleler baş wezipe edilip ýüklenildi. «Miras» merkezi turuwbaşdan özüniň Beýik Serdaryň atalyk tabşyryklaryndan gelip çykýan wajyp wezipelerini berjaý etmäge çuňňur jogapkärçilik duýgusy bilen ýapyşdy. Netijede, taryhy nukdaýnazardan gysga döwrüň içinde birnäçe kitap dürli wagtlarda ýazylan golýazmalar esasynda neşir edildi. Bu ýerde Germaniýa, Eýran, Türkiýe ýaly ýurtlara ylmy saparlaryň gurnalyp, onlarça möhüm golýazmalaryň surat nusgalarynyň tapylyp, Garaşsyz hem Bitarap ýurdumyza getirilendigini aýdyp geçmek ýerliklidir.

Taryhda yslam ýüze çykandan soň, araplar gysga wagtyň içinde köp ýurtlary eýelediler we giň çäklerde yslam döwletini gurdular. Ýöne olara döwlet gurmakdan ony saklamak wezipesu has kyn düşdi. Çünki dürli ýurtlarda ýerli halklar arap agalygynyň garşysyna gozgalaňlar turuzýardylar, araplaryň ýerlerde goýan öz dikmeleri hem merkezi hökümete tabynlykdan çykmaga ymtylýardylar. Horasanda Abu Müslimiň, Suraýj bin Nasryň, Mawerannahrda Mukannanyň turuzan gozgalaňlary giň möçbere eýe boldy we araplaryň harby kuwwatynyň köküne palta urdy. Beýle ýagdaý araplary türkmenleriň ýardamyna ýüzlenmeklige mejbur etdi. Çünki ata-baba oguz ahlaklary bilen terbiýelenip gelýän türkmenler edermendiler, gaýduwsyzdylar, tiz hereket edýärdiler we söweş tilsimlerine ökdediler. Netijede, halypalygyň dürli ýerlerinde türkmen döwletleri peýda boldy. Türkmenleriň Garahanly döwleti özüniň başlangyjyny 840-njy milady ýylyndan alyp gaýdýar. 868-nji ýylda Müsürde türkmenleriň Tulunlylar begligi döreýär. Mawerannahrda Samanlylar emirligi türkmenleriň goldawyna daýanýardy. Şeýle döwletleriň biri Gaznaly türkmenleri tarapyndan esaslandyryldy we bu döwlet 916-njy ýyldan 1187-nji ýyla çenli ýaşady. Gaznaly türkmenleriniň meşhurlyk gazanan hökümdarlarynyň biri soltan Mahmyt Gaznalydyr. Sarpaly Serdarymyz onuň döwleti barada

şeýle sözleri getirýär: «Türkmenleriň gaýa taýpasyndan bolan Söbük hökümdaryň ogly Mahmyt Gaznaly musulman taryhynda uly hökümdarlaryň biri hökmünde tanalýar. Ol yslam dinini ýaýratmakda we goramakda çäksiz uly işleri bitiripdir...

Mahmyt Gaznalynyň ylma, sungata we edebiýata sahylyk bilen eden hemaýaty döwlet adamy we harby serkerde hökmünde gazanan şöhratyndan az däldir. Ol Gaznada ýokary mekdebi esaslandyrýar; onuň sahylygy üçin ajaýyp edebi zehinler (olaryň hatarynda Ferdöwsi hem bar) döreýär. Gazna şol döwürdäki ähli şäherlerden özüniň köşkleri we metjitleri, suwaryş we jemgyetçilik desgalary babatda tapawutlanýar».[57] Bu beýik soltanyň ömür ýoluny beýan edip taryhçy alymlar öz eserlerini döretdiler. Şeýle alymlaryň biri bolsa Abu Nasr Muhammet bin Abdyljepbar Utbydyr.

Abu Nasr Muhammet bin Abdyljepbar Utby 350-njy (961-nji) ýylda Reý şäherinde doguldy. Ol ýaşlygynda samanlylaryň döwletinde baş wezirlik wezipesinde işleýän daýysy Abu Japar Utbynyň ýanyna Horasana gidýär. Abu Nasr Utby daýysy ölenden soňra ilki samanlylaryň Horasandaky dikmesi Abu Aly Simjurynyň (378/989 – 383/994), soňra Horasanda sergezdanlykda ýaşan Gürgeniň häkimi Kabus bin Wuşmgiriň (389/999-njy ýyla çenli), soňra bolsa Gaznanyň häkimi emir Söbüktegini (997-nji ýylda ölen) kätibi bolup işleýär. Ol emir Söbüktegin ölenden soň, onuň ogly Ysmaýylyň kätibi bolýar. Söbüktegini ölümi Ysmaýyl bilen onuň dogany Mahmydyň arasynda Gaznanyň üstünde dawa döremegine alyp barýar. Abu Nasr Utby iki dogany ýaraşdyrmagyň hötdesinden gelýär we Ysmaýyly Gaznany Mahmyda tabşyrmaklyga yrýar. Ýazar Mahmydyň hökümdarlyk eden döwründe soltanyň ilçisi hökmünde özüniň syýasy tarapdan işeňňirligini görkezýär. Onuň köşkdäki beýik wezipesi we ýiti edebi zehini «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy» atly ajaýyp eseri döretmäge ýardam berýär. Utbynyň

köşkde ýokary gullyk wezipelerini eýelemegi onuň wakalaryň gidişinden habardar bolmagyna, resmi kagyzlar bilen içgin tanyşmagyna we onuň wakalary dogruçyl beýan etmegine mümkinçilik berdi. Ol bu kitabyny 412/1021-nji ýylda tamamlaýar we ony soltan Mahmydyň weziri Ahmet Meýmendä tabşyrýar. Abu Nasr Utbynyň bu işine soltan Mahmyt uly baha berýär we ony köşgüň aragatnaşyk gullugynyň başlygy wezipesine belleýär. Emma 413/1022-nji ýylda Abu Nasr Utby bilen Horasanyň şol wagtky häkiminiň arasynda oňuşmazlyk döreýär. Abylhasan Bagawy ony wezipesinden gyraklatmagy başarýar. Soňra Utby soltanyň ogly Mesgudyň hyzmatyna durýar.

Abu Nasr Utbynyň ölümi barada dürli maglumatlar bar. Onuň ölen wagty hakynda 413/1022, 427/1045, 436/1040 ýaly seneler görkezilýär. Biz 413/1022-nji ýyly hakykata laýyk diýip tapýarys. Çünki, ol bu ýylda kitabyny tamamlan hasaplansa hem, soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhyny tamamlamaýar. Eger ýazar 427/1036, 436/1045-njy ýyllara çenli diri gezen bolsa, onda ol diňe bir soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhyny däl, eýsem Söbükteginiň neberesiniň taryhyny tamamlaman goýmazdy.

Emir Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Söbüktegin 1021-nji ýylda aradan çykdy. Soltan ýas lybasyny geýdi. Ol agasynyň ýas günlerini tutdy. Ýas günleri agyr hem bolsa, geçip gitdi.

Abu Nasr Muhammet bin Abdyljepbar Utby Razy Nyşapury[58] şahyr soltanyň köşgünde kätiplik wezipesini alyp barýardy. Ol Şemselküfatyň tabşyrygynyň üstünde yhlas bilen işleýärdi. Onuň edebiýata ökdeligi kitabynyň çeperçiliginiň ýokary derejede bolmagyna getirdi. Ol wakalaryň beýanyny emir Abylmuzapbaryň ölümine çenli ýetiripdi.

Emma oňa beýik mertebeli Soltan Ýemineddöwle we Eminelmilläniň esaslandyran döwletiniň taryhyny ahyryna çenli beýan etmeklik miýesser bolmady. Ol 1022-nji ýylda bu ýagty jahan bilen hoşlaşmaly boldy. Her halda hem bolsa, ol döw-

rüniň şöhratly soltanynyň şahsy aýratynlyklaryny açyp görkezdi we geljekki nesiller üçin şuglasy öçmejek ajaýyp eseri ýadygärlik galdyrdy. Soltanyň ömrüniň soňky ýyllary bilen baglanyşykly wakalary beýan etmeklik, şeýle hem Utbynyň bu kitabyna şerh ýazmaklyk başga taryhçy alymlaryň paýyna düşdi. Biz olar baradaky söhbeti soňlamanyň yzynda aýdyp geçeris.

Soltan Mahmyt Gaznaly Utby şahyryň ölüminden soň, ýene sekiz ýyl ýaşady. Onuň döwleti kuwwatlylyk dagynyň çür depesine çykdy. Ol Horasany, Mawerannahry we demirgazyk Hindistany bir döwlete birikdirdi. Bu şöhratly hökümdar ýurdunyň içinde durnukly parahatlygy gazandy, şeýle hem goňşy döwletler bilen dostlukly we hoşniýetli gatnaşyklary ýola goýdy.

Bu beýik turkmen soltanynyň doly ady Yemineddöwle we Eminelmille Kähfelislam we Nyzameddöwle Abylkasym Gazy Mahmyt bin Söbüktegindir. Ol Samanogullarynyň Gaznadaky dikmesi Alp Tegin tarapyndan bazardan satyn alnan, soňra emirlige bellenen adalatly emir Nasyreddin Söbüktegin Gara Beşkem bin Gara Arslanyň ogludyr. Geljekki soltan 360-nji ýylyň 10-njy aşyr arynda (970-nji ýylyň Sanjar aýynyň 14-ünde) eneden bolýar. (Syrajeddin Juzjany «Tabakati Nasyry», Käbil. 1328, 268 s.)

Mahmyt ýaşlygyndan başlap edermenligi hem düşbüligi bilen tapawutlanýar we köp söweşlerde kakasy emir Söbüktegine ýardamçy bolýar. Oglunyň tapawutly taraplaryna emir Söbükteginiň göwni ýetýär, heniz ýigrimi bäş ýaşy dolmanka oňa emirlik derejesini berýär we ony Bust welaýatyna häkim belleýär. Şol wagtlarda emir Söbüktegin heniz Samanogullarynyň erkine garaşlydy we oňa merkezi Gazna şäheri bolan Bust, Käbil, Parwan, Gardyz etraplary degişlidi. Emir Mahmyt ýigrimi ýedi ýaşynda Gazna ýakyn ýerde ýerleşen hindi şasy Jaýpalyň hökümdarlygyna degişli bolan Lamagan welaýatyna ýöriş ed-

ýär, bu söweşde aýgytly ýeňiş gazanyp, lamagany öz erkine tabyn edýär.

Beýhakynyň «Taryh äli Söbüktegin» («Söbüktegin nebere-siniň taryhy») atly kitabynda tassyklamagyna görä, 367/987-nji ýylda ýurduň dürli ýerlerinde Samanogullarynyň hökümdarlygynyň garşysyna gozgalaňlar turýar. Samanlylaryň hökümdary Nuh bin Mansur kyn ýagdaýa düşýär. Horasanyň häkimi Abu Aly Muhammet Simjur, Hyradyň häkimi Faýyk Hassa häkimiýet üstünde özara çaknyşýarlar. Çaknyşma Faýyk Hassanyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Netijede, Faýyk Hassa Abu Aly bilen birleşýär. Türküstanyň hökümdarlarynyň biri Ilek han samanlylaryň topragyny paýlaşmak üçin dil düwüşýärler. 372/992-nji ýylda Ilek han samanylaryň merkezi bolan Buharany zabt edýär we şowsuzlyga uçrap, yza çekilýär.

Utbynyň aýtmagyna görä, Nuh bin Mansur ýardam sorap, emir Söbüktegine ýüz tutdy. Emir Söbükteginiň we onuň ogly Mahmydyň aýgytly hüjümleriniň netijesinde samanlylaryň duşmanlary 384-nji ýylyň oraza (994-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýy) aýynda ýeňlişe sezewar boldular. Bu ýeňiş mynasybetli emir Söbüktegine Nuh bin Mansur tarapyndan «Nasyreddin» («Diniň ýardamçysy»), emir Mahmyda bolsa «Seýfeddöwle» («Döwletiň gylyjy») diýen belent lakamlar dakyldy. Emir Horasanyň häkimligine geçirildi. Bu ýagdaý ataly-ogluň syýasat meýdanynda abraýynyň artmagyna getirdi. Munuň özi garaşsyz Gaznaly döwletini döretmek ugrunda ädilen ilkinji ädimdi. Beýle maglumatlary Gardyzy hem tassyklaýar. («Zeýn al-ahbar», Tähran. 1315ý. 43 s.)

Bu wakadan bir ýyl soň 385/995-nji ýylyň dört tirkeşikleriň üçünji (Magtymguly) aýynda Abu Aly Simjur bilen Faýyk elden gideren Horasandaky mülklerini yzyna gaýtaryp almaga synanyşdylar. Söweş Hyratda bolup geçdi. Simjuryň birleşen goşunlary derbi-dagyn edildi. Hyrat hem, Gardyz galasy hem

ymykly emir Seýfeddöwläniň ygtyýaryna geçdi, tutuş Horasan onuň erkine tabyn boldy. Simjur neberesiniň Horasandaky agalygynyň düýbüne palta uruldy.

Emir Nasyreddin samanlylar bilen garahanlylaryň arasyndaky oňşuksyzlygyň ýaraşyk baglaşmak bilen oňuna çözülmegine ýardam berdi. Ol bu maksat bilen 387-nji ýylyň meret (997-nji ýylyň Alp Arslan aýy) aýynda ogly Seýfeddöwle bilen Bugrajygy Buhara iberdi. Emir Nasyreddin ikinji ogly Ysma ýyly Nyşapura häkim belledi. Kakasynyň beýle kararyna emir Seýfeddöwle razy bolmady. Bu sebäpden ol goşun çekip, Nyşapura geldi we Hyratda doganoglany Bugrajyk bilen birleşdi. Emir Seýfeddöwle kakasynyň uly ogly hökmünde Gazna eýe bolmaga hukuklydygyny, Ysmaýylyň islese Balh ýa-da Horasan welaýatlaryna häkim bolup biljekdigini we hazynadan öz paýyny almagy teklip etdi. Gaznada oturan Ysmaýyl emir Seýfeddöwläniň bu teklibini kabul etdi, aman sorady we onuň erkine tabyn boldy. Netijede, emir Seýfeddöwle 388/998-nji ýylyň dört tirkeşikleriň birinjisi (nowruz) aýynda Gaznada tagta geçip oturdy. Emir ölen Nuhuň ornuna geçen ogly Abylhars Mansur bin Nuha özüne tabyn bolan ýerleri ykrar etmegini duýduryp habar bilen ilçi iberdi. Abylhars Balh, Termiz, Hyrat, Bust welaýatlarynyň, Çazna we onuň töweregindäki etraplaryň onuň erkine degişli edilýändigini mälim edýär we Nusaýa hem Abywerde Begtuzunyň häkim bellenýändigini habar berýär. Emir Seýfeddöwle ol ýerleri Begtuzunyň erkine berilmeginden närazy boldy we ol Merwe tarap ýöredi. Şol arada Abylhars dün ýäden ötdi. 389/999-njy ýylyň sapar aýynyň 12-sinde (Baýdak aýynyň 5-nde) onuň ornuna kiçi ýaşly Abylfawarys Abdylmälik bin Nuh döwlet başyna geçdi. Begtuzun bile Faýyk Abylfawarysyň tejribesizliginden peýdalanyp, täze hökümdaryň garşysyna baş göterdiler. Emir Seýfeddöwle ol ikisiniň garşysyna hüjüme geçdi. Begtuzun Mawerannahra gaçdy, Faýyk bolsa öldi.

Samanly döwletiniň nyzamyna aralaşan syýasy gowuşgynsyzlykdan bähbit arap, Ilek han Nasr bin Aly 389-njy ýylyň kanunylowwal aýynyň 10-nda (999-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 23-nde) Buhara gelip girdi we samanly neberesiniň ähli atly-abraýly adamlaryny tutup, Özkende (Oguzkende) alyp gitdi. Emir Seýfeddöwle garaşsyz hökümdara aýlandy. Juzjan, Şarystan, Horasan, Hyrat, Balh, Bust, Käbil onuň hökümdarlygyny ykrar etdi. Emir Seýfeddöwle meşhur fakyh Abu Hamyt Isferaýynyny Bagdat halypasy Kadyr billähiň ýanyna öz soltanlygyny ykrar etmegini sorap, ilçi iberdi. Halypa Kadyr billäh Emir Seýfeddöwläniň ilçisini uly şatlyk bilen garşylady, oňa halat, täç, yslam baýdagyny gönderdi we täze hökümdara «Ýemineddöwle we Eminelmille («Döwletiň sag goly we milletiň kasamy») diýen beýik lakamy dakdy. Beýik dabara bilen halaty we täji geýen soltan Mahmyt Gaznaly öz ýurdunyň şäherlerinde münberlerden Kadyr billähiň adyna hutbalary okatdyrdy. Mundan soňra onuň Seýfeddöwle lakamy galyp, «Ýemineddöwle we Eminelmille» lakamy ýörgünli boldy.

Soltan turuwbaşdan Sistana sary ýöredi. Çünki saffarylardan bolan Halaf bin Ahmet Buşanjy, onuň ogly Tahyr bolsa Kuhystany eýeläpdi. Soltanyň doganoglany Bugrajyk Tahyrdan ýeňlip, ýesir düşüpdi, Tahyr bolsa onuň başyny kesipdi.

Soltan Halaf bin Ahmediň üstüne eglenmezden hüjüm etdi, ony Asfahbat galasynda gabady we aman soramaga mejbur etdi. Soňra garahanlylaryň üstüne tabynlyk meselesi jähtden Sarahsyň häkimi Doganjyk bilen Nyşapuryň müftüsi Abu Taýýyp Saglukyny ilçl edip iberdi. Garahanlylar bilen Soltanyň arasynda baglanyşylan ýaraşyk şertnamasyna laýyklykda iki tarapyň serhedi hökmünde Jeýhun derýasy bellendi. Dostlukly gatnaşygy berkitmek maksadyny yzarlap, Soltan Ilek hanyň gyzyna öýlendi. (Ibn Hallykan, «Wefaýat al-a‘ýan» («Meşhur şahslaryň wepatlary»), Kair. 1299, 1-nji j, 392s.)

Soltan döwletiniň demirgazyk serhedinde durnuklylyk gazanandan soňra hindileriň üstüne ýöredi we bu ýöriş üçin on müň saýlama atly goşuny otuz müň pyýada esgerleri, üç ýüz pil münen urşujylary jemledi we olary Penjap welaýatynda ornaşan hindi şasy Jaýpalyň üstüne gönükdirdi. Bu söweş 392-nji ýylyň aşyr aýynyň 8-nde (1001-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 28-nde) bolup geçdi. Söweş soltanyň peýdasyna tamamlandy. Musulmanlar köp mukdarda olja aldylar, şol sanda altyn-kümüş, gymmatbaha daşlary we elli sany pili ele saldylar. Soltan Jaýpaly ölüm jezasyna höküm etdi. Onuň ornuna ogly Anandpaly belledi. Soltan uly olja, piller we ýeňiş bilen Gazna dolandy. Bu sapar ol «Gazy» («Söweşiji») lakamyny aldy.

Bu ýerde soltan Halafyň Sistanda öz garşysyna baş göterendigini eşitdi. Ol 393/1002-nji ýylda Täk galasynda gabap, ony bir zarbada boýun egdirdi we onuň mülküni ogly Abu Hafza berdi. Soltan bu aralykda garahanlylaryň elinden ujyz gutulan samanly emiri Muntasyr Abu Ybraýym Ysmaýyl bin Nuh bilen hem çaknyşmaga mejbur boldy. Abu Ybraýym özüniň toplan goşunlary bilen kä Hopasanda, kä Mawerannahrda görünýärdi we samanly häkimiýetini täzeden dikelmäge çalyşýardy. Soltan Abu Ybraýym bilen Merwiň töwereginde 1005-nji ýylda duşuşýar we onuň goşunyny derbi-dagyn edýär. Abu Ybraýym söweşde öldürilýär.

Soltan Mahmyt hindileriň üstüne üçünji gezek ýörişini 1004-nji milady ýylynyň ahyrynda Multanyň gündogarynda ýerleşen Bhatyýa welaýtyna gönükdirýär. Bu welaýatyň rajasy Beji Raý soltanyň serhetdeş etraplaryna talaňçylykly ýörişler gurnady. Şol wagt onuň özi berk bir galada gizlenýärdi. Soltan bu galany üç günläp zabt etdi we ony eýeledi. Ol köp mukdarda olja, 280 sany pili aldy we rajany ölüme höküm etdi. Soňra ýene Gazna gaýdyp geldi.

Bu gezek soltan Sistanda öz garşysyna gozgalaň turandygy hakynda habar alýar. Soltan ol ýere goşun çekip barýar we bir günlük söweşde gozgalaňçylaryň güýçlerini derbi-daçyn edýär.

Soltan Mahmydyň hindileriň üstüne dördünji gezek ýörişi 1005-nji milady ýylynyň baharynda bolup geçýär. Bu sapar ol Multanda butparazlaryň hereketini basyp ýatyrmak we ol ýerde yslam dinini ymykly ornaşdyrmak maksadyny yzarlaýar. Soltan Penjabyň geçmesi kyn ýollaryndan ötmeli doldy. Bu ýeriň hökümdary Anandpal soltanyň öz topragyndan ötmegine razyçylyk bermedi. Iki tarap çaknyşdy. Aldym-berdimli söweşlerden soň hindiler asgynladylar we soltan Kaşmire tarap ötmäge mümkinçilik gazanyp, Serendip (Seýlon) adalaryna çenli baryp ýetdi. Soltan hindi şasy Jaýpal bilen ýylda ýigrimi müň dirhem tölemek we yslamy kabul etmek barada şertnama baglaşyp, yzyna Gazna gaýtdy.

Bu wagtda, ýagny 1006-njy milady ýylynda garahanlylar kuwwatlaryny Merwerrut, Sarahs, Abywert taraplarda jemlediler. Soltanyň olaryň garşysyna iberen serkerdesi Arslan Jazyp ýeňlişe sezewar bolup, Çazna tarap çekildi. Soltan oguzlardan, halaçlardan, hindilerden  hem owganlardan düzülen elli müň esgerden ybarat bolan güýçler bilen gelip ýetdi we duşmanlaryny derbi-dagyn etdi.

Soltanyň demirgazykda söweş hereketlerine meşgul bolmagyndan peýdalanyp, hindi şasy Suhpal ýene yslamy terk edip, hindi ynançlaryna döndi. Bu ýagdaý soltany gazap atyna atlandyrdy. Gyş paslynyň möwç urmagyna garamazdan ol hindileriň üstüne bäşinji gezek ýörişe ugrap, Multanyň üsti bilen Suhpalyň paýtagty bolan Bheranyň çäkleine baryp ýetdi. Iki tarap daglaryň arasynda çaknyşdy. Suhpal dört ýüz müň dirhem hun töläp, başyny ölümden gutardy. Soltan ony zyndana taşlady. Mahmyt Gazna dolandy.

Şol ýylyň baharynda soltan ýene Hindistana gitmäge mejbur boldy. Çünki Penjabyň rajasy Anandpal başga welaýatlaryň rajalary bilen birleşip, uly goşun toplady we soltanyň garşysyna söweşe taýýarlandy. Soltan altynjy gezek hindileriň garşysyna ýörişe ugrady we hindiler bilen Waýkand şäheriniň ýakynynda duşuşdy. Soltan Nagarkof galasyny gabady. Gabaw alty gün dowam etdi. Hindileriň esasy güýçleri şu galadady. Olar erjellik bilen gorandylar. Soňunda rajalaryň arasynda agzalalyk döredi. Munuň özi Soltana galany eýlemeklige mümkinçilik berdi. Bu waka 1009-njy milady ýylynda bolup geçdi.

Soltan hindilere garşy ýedinji ýörüşini beýik söwda merkezi bolan Naraýnpur şäherine gönýkdirdi. Soltan bilen ýüzbeýüz çaknyşmadan gorkan raja ýylda oňa salgyt tölemek, esger we elli sany pil bermek şerti bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşdy.

1010-njy milady ýylynda soltan sekizinji gezek Hindistana ýöredi. Ol bu sapar Multana baryp, karmatylara agyr zarba urdy, karmatylaryň hereketine ýol berendigi üçin Suhpaly aýyplady, ony tussag edip, Gazna getirdi, Kandagardaky Gurak galasyndaky zyndana taşlady. Suhpal şol galada öldi.

Soltan 1011-nji milady ýylynda Gura ýöriş etdi. Çünki gurlular ýol kesip, talaňçylyk edýärdiler. Ol bu ýörişe Hyradyň häkimi Altyndaşy, Tusyň häkimi Arslan jazyby, kiçi ýaşly ogullary Mesgudy we Muhammedi hem aldy. Bu söweşde gurlylar ýeňildiler, olaryň baştutany ibn Sury ýesir alyndy.

Soltan mundan soňra Ilek han bilen dil düwüşme gurnan Kusdaryň emiriniň üstüne ýöredi. 402/1012-nji ýylda Soltan emiri ýeňlişe sezewar etdi we oňa köp mukdarda mal töletdi.

403/1013-nji ýylda Soltanyň garşydaşlarynyň biri Nasr bin Aly öldi. Onuň ornuna Dogan han geçdi. Dogan han Soltan bilen ylalaşyk şertnamasyny baglaşdy. Emma Ahmet bin Aly bir tarapdan Dogan hany, beýleki tarapdan bolsa Ýusup Kadyr ha-

ny Horasana garşy hereket etmäge öjükdirýärdi. Bu sebäpden 1014-nji miladyda Soltan garahanlylara tabyn bolan Samarkandyň özüne berilmegini sorap halypa Kadyr billähe ilçi iberdi. Halypa Soltanyň bu teklibine razylyk bermedi.

1014-nji milady ýylynda hindi şasy Anandpal öldi we onuň ornuna ogly Trilojanpal geçdi. Trilojanpal Kaşmir tarapa ýöräp, ýolugra Soltana degişli bolan birnäçe galany eýeledi. Munuň özi Soltanyň Hindistanyň Naradin welaýatyna tarap dokuzynjy gezek ýörişe ugramagyna sebäp boldy.

Soltanyň Hindistana onunjy saparky ýörişi Deliniň 150 km demirgazygynda ýerleşen Tanyşar şäherine boldy. Ol bu ýerde ýeňiş gazanyp, köp mukdarda hazyna hem elli sany pil olja aldy. Tanyşaryň rajasy şäheri boşadyp, gaçdy.

406/1016-njy ýylyň aňzakly gyşynda Soltan Lohkot galasyna hüjüm etdi. Ýöne Horezmde ýaýbaňlanan pitneler sebäpli Soltan hindileriň garşysyna alyp barýan urşuny wagtlaýyn yza tesdirmäge mejbur boldy.

Gürgenjiň häkimi horezmşah Abylapbas Mamun 406/1016-njy ýylda ölen dogany Alynyň ornuna geçdi. Abylapbas Soltanyň gyz dogany Çalça öýlenipdi. Ol bir tarapdan gaznalylar bilen gowy gatnaşyk saklasa hem, başga bir tarapdan Soltana tabynlykdan dynmak üçin garahanlylardan haraý isleýärdi.

Soltan Horezmde örän inçe syýasat alyp bardy. Ol garahanlylara ikitaraplaýyn hoşniýetli gatnaşyk alyp barmak üçin ilçi iberdi. Ol beýle teklip bile Hopezmşaha hem ýüzlendi. Horezmşah onuň bu teklibini ret edip, garahanlylar bilen hiç hili gatnaşygynyň ýokdygyny mälim etdi. Mahmydyň weziri Ahmet bin Hasan Meýmendiniň nesihaty bilen Mamuna Horezmde Soltanyň adyna minberlerden hutba okatdyrmak teklip edildi. Mamun bilen hutba razy bolmadyk adamlaryň arasynda gowga gopdy. Buharaly Alptegin we onuň tarapdarlary Soltanyň ilçisini öldürdiler. Soltan olardan ar almak maksady bilen Horezme

ugrap, Gürgenje gelip girdi. Hun almak üçin ganhorlary öldürildi, horezmli ýesirleri bolsa Hindistana iberildi. Soltan hajyp Altyndaşy özüniň gözegçi wekili hökmünde Horezmde galdyrdy. Özi bolsa 1018-nji milady ýylynda baharynda Hindistana gitdi we Janawç welaýatyna bardy. Bu welaýat gözeldi we abadandy. Soltan Krişnanyň watany saýylýan Muttra şäheriniň meşhur buthanasynyň baýlyklaryny we başga hem köp mukdarda zatlary olja aldy. Soňra ol Janawja ugrady. Raja Rajýanpal gaçdy. Soltan bu ýerde buthanany talady we ony harabaçylyga dönderdi. Soltan mundan soň Gazna geldi we alan oljalaryny Gaznadaky metjidi salmak üçin ulandy.

Soltan Janawçdan gaýdyp gelýärkä ýolda dagly owgan taýpalarynyň hügümine sezawar boldy. Bu sebäpden ol 1019-njy milady ýylynda baharynda owgan topragyna hüjüm etdi. Soňra Soltan derýanyň üstünden uly köpri gurup, Jeýhundan aňry Mawerannahr tarapa ötdi. Ol Ýusup Kadyr hanyň garahanlylary golastynda saklaýandygyna göz ýetirip, arkaýynlaşdy.

1020-nji milady ýylynda Soltan güýçlerini jemläp, Hindistana on üçünli saparyna ugrady. Çünki Kalynjar rajasy Ganda Rajýanpaly öldürdi, Penjabyň rajasy Triloçanpal bilen birleşip, Penjaby yzyna gaýtaryp almaga synanyşyk etdi. Soltanyň güýçleri hindiler bilen çaknyşdy. Hindiler ýeňlişe sezewar boldular. Soltan Ganda yslamy kabul etmegi teklip etdi. Ganda teklipden ýüz dönderdi we gaçdy. Gaznalylar köp ýesir, olja we 580 sany pili ele saldylar.

Soltan Hindistana on dördünji saparyny 1021-nji milady ýylynda Kaşmire çarşy ugrukdyrdy. Bu gezek Lohkot galasy zabt edildi. Öňki söweşlere Soltan bilen bilelikde gatnaşan Horasanyň sipahsalary Abylmuzapbar Nasr bin Söbüktegin bu ýerde öldi.

Mundan soň Soltan Käbiliň gündogarynda ýerleşen Kirat we Nur jülgelerinde ýerleşen «dinsizlere» garşy ýöredi. Kiratyň

häkimi soltanyň erkine tabyn boldy we musulmançylygy kabul etdi.

1022-nji milady ýylynda Soltan özünden gaçan raja Gandanyň garşysyna niýetlenen on bäşinji hindi ýörişine ugrady. Ol rajany Gwalior galasynda gabady. Dördünji gün rajanyň Soltanyň erkine tabyn bolmak we otuz bäş pil bermek şerti kabul edilmek bilen galanyň gabawy bes edildi. Soňra Soltan Kalynjar galasyny zabt etdi. Ganda köp peşgeş we üç ýüz pil berip, ýaraşyk baglaşdy. Soltan Gazna gaýtdy.

1020-nji ýyldaky Balh söweşindäki ýeňlişden soň garahanlylaryň arasyndaky oňşuksyzlyklar has ýitileşdi. Kaşgaryň häkimi Kadyr hanyň dogany Ahmet bin Hasan Ilek hanyň paýtagty Özkendi hem Ahsykesi eýeledi. Beýleki tarapdan Aly tegin seljukly Arslan bilen birleşip, Buharany basyp aldy. Bularyň maksady ýurtlarynyň çäklerini giňeltmekden ybaratdy. Kadyr hany beýik kagan diýip ykrar etmek islemäýän Ahmet bin Hasan bilen Aly tegin 1024-nji milady ýylynda onyň garşysyna birleşdiler. Olar Ahmet bin Hasany beýik kagan diýip ykrar etmek bilen Balasuguny, Hojendi, Ferganany, Özkendi oňa tabyn ýerler diýip hasapladylar. Bular beýle hereketiň üsti bilen Soltandan ýardam isleýärdiler.

Soltanyň Mawerannahra gelmegine bu ýeriň halkynyň Aly teginiň zulumyndan özüne şikaýat etmegi sebäp boldy. Ýolda Soltany Saganyýanyň emiri tabynlygyny mälim edip, uly sylag-hormat bilen garşy aldy. Aly tegin çöle tarap çekildi. Kadyr han Kaşgardan gelip, Samarkandyň ýakynynda Soltan bilen duşuşdy. Olar bu ýerde möhüm syýasy meseleleri çözdüler. Baglaşylan şertnama görä, Aly tegine degişli ýerler Kadyr hanyň ogly Muhammet bin Ýusuba berildi. Kadyr hanyň gyzy Zeýnep bilen Mahmydyň ikinji ogly Muhammede nika gyýyldy. Aly teginiň gyzlary we hazynasy Soltana getirilip berildi.

Soltan Termiz, Çaganỳan, Huttal, Kubadyỳan we Jeỳhunyň Balh sebitindäki bolan ỳerleri öz gözegçiligine aldy.

Soltan Hindistana tarap ugranda yzynda seljuklylaryň gozgalaň turuzmak meỳlini aňdy. Şonuň üçin ol seljukly serdarlaryň biri Arslany (Ysraỳyly) we onuň mertebeli adamlaryny hile bilen ỳanyna çagyryp, olary Kalynjar galasyna girew hökmünde alyp gitdi. Şol wagt Arslana bagly Mawerannahrdaky türkmenler özleriniň Horasana kabul edilmegini Soltandan haỳyş etdiler. Soltan olaryň haỳyşyny kabul etdi. Netijede, dört müň öýli türkmen maşgalalary hem mallary bilen Nusaỳyň, Abuwerdiň we Farawanyň töweregindäki suwly öri meýdanlaryna gelip ỳerleşdiler. Mikaỳylyň ogullary Togrul beg, Çagry beg, Ysraỳylyň ogullary Soltanyň Arslana eden hyýanatly hereketini unutmadylar we kalplarynda kituw saklap gezdiler. Seljuklar diňe Soltanyň ölüminden soň ogly Mesgut tagta çykan wagtynda gaznalylardan ar almaga girişdiler.

Soňra Soltan ýene Gazna gaýdyp geldi we Hindistana on altynjy ýörişine taýýarlyk görüp başlady. Hindistanyň günbatar kenarynda Katiwar ýarym adasynda Sumnat şäherinde on müňden hem artyk ýakut daşy bilen bezelen meşhur bir but bardy. Hindileriň dini düşünjelerine görä, bu but Hindistanyň ähli ýerlerinde bar bolan butlaryň hökümdarydy. Soltan bu ynanjyň düýbüne palta urmagy ýüregine düwdi we 406-njy ýylyň meret aýynyň 10-nda (1025-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 8-nde) ýola çykyp, Multanyň üstünden ötüp, Tar çölüne baryp ýetdi. Soltanyň goşuny bu çöli bir aýyň dowamynda kesip geçdi we 1026-njy milady ýylynda Sumnata bardy. Sumnatyň häkimi maşgalasyny alyp, bir adada gizlendi. Soltan uly ýeňiş gazandy. Buty dört bölege böldüler. Onuň bir bölegi Gaznadaky uly metjidiň öňünde, bir bölegi Soltanyň köşgüniň öňünde goýuldy, bir bölegi Mekgä, bir bölegi bolsa Medinä iberildi. Utby Soltanyň bu deňi-taýsyz ýeňişini döwrüň şahyrlarynyň dilewarlyk bilen

wasp edip, ajaýyp şygyrlaryny döredendiklerini aýratyn belle ýär. 1026-njy ýylyň Gurbansoltan aýynyň başlarynda Soltan Gazna gelip girdi. 1026-njy milady ýylynyň Sanjar aýynda halypa Kadyr billäh Soltany gutlap, hat iberdi we oňa «Kahfeddöwle wel-yslam» («Döwletiň we yslamyň diregi») diýen beýik lakamy dakdy. Halypanyň haty Soltana ol Balhda wagty gelip gowuşdy.

418-nji ýylyň baharynda (1027-nji ýylyň Nowruz aýynda) Soltan on ýedinji sapar Hindistana ugrady we Multana tarap ýöneldi. Multanyň hindi häkimi Çatlar bir müň dört ýüz gämi bilen deňziň içinde bir ada maşgalalary bilen baryp düşledi. Soltan ýeňil gämileri ýasap, bu ada barmagyň hem çäresini tapdy we duşmanyň güýçlerini heläkledi. Ol köp olja alyp, Gazna dolandy.

Soltanyň ömrüniň soňky ýyllary Horasan we Eýrandaky söweşlere gatnaşmak bilen geçdi. 419 (1028)-nji ýylda Bustdan Tusa, ol ýerden bolsa Farawa geldi. Ömrüniň soňky ýyllarynda Soltanyň saglygy ýaramazlaşdy. Muňa garamazdan ol tebipleriň berýän maslahatlaryny berjaý etmeýärdi we duşmanlaryna garşy barlyşyksyz göreş alyp barýardy. 1029-njy ýylyň Magtymguly aýynda Soltan Reýe gelip, rapyzylar bilen söweşdi, olaryň hazynasyny basyp aldy, Kazwin, Sawa, Zenjan, Abhar şäherlerini eýeledi. Ol işleri tertibe salyp, bu ýere ogly Mesgudy häkim belledi. Özi bolsa Nyşapura gaýtdy. Ol Balha baranda hassalygy has güýçlendi we Gazna tarap gitmäge mejbur boldy. Soltan 421-nji ýylyň dört tirkeşikleriň dördünji aýynyň 23-nde (1030-njy ýylyň Gurbansoltan aýynyň 30-nda) oturan ýerinde dünýäden ötdi.

Soltan altmyş bir ýyl ömrüniň kyrk bäş ýylyny türkmenleriň hem yslamyň bähbitlerini arap, söweş meýdanlarynda geçirdi. Onuň soltanlygy dowamly boldy we ol otuz iki ýyllap bir egne döwletini eserdeňlik bilen dolandyrdy. Soltanyň şan-şöhraty

dag aşdy we alys menzillere ýaýrady. Onuň haýbaty bolsa uzak gözýetimlerde ýaň berdi.

Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň gurnan döwleti ogly Mesguda miras galdy. Ol bolsa on bir ýyl döwletiň hökümdarlyk jylawyny berk tutdy. Onuň ömür tanapy 1041-nji ýylda üzüldi.

Birbada göräýmäge Abdyljepbar Utby bu eserinde soltan Mahmyt Gaznalynyň seljuklar bilen gatnaşygy barada hiç bir zat agzamaýan ýaly. Hakykat ýüzünde ýagdaý beýle däldir. Dogry, seljuklaryň kuwwatlanmagy, olar bilen soltanyň arasyndaky agzalalygyň ýitileşmegi we olaryň özbaşdak güýç hökmünde syýasat meýdanyna aralaşmagy ýazaryň ölüminden soňra ýüze çykýar.

Emma bu iki sany oturymly we çarwa türkmenleriň[59] arasyndaky harby gatnaşyklar heniz ýazar diri wagtynda hem bardy. «Utby bu gatnaşyk barada dil ýarmandyr» diýen tassyknamany diňe türkmen taryhynyň sahypalaryndan oňly baş alyp çykmaýan we ýazaryň kitabyny ýüzleý öwrenen adam aýdyp biler. Beýle adam şol döwrüň türkmenleriniň arasynda ýörgünli däpleriň biri bolan lakam dakmak adatyny üns merkezinden düşürýär we ýalňyş netijäni öňe sürýär. Ol munuň şeýledigine «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhyny» üns berip okasa we ony başga ygtybarly çeşmeleriň berýän maglumatlary bilen deňeşdirip görse göz ýetirer.

Şol adata görä ýaňy doglan çaga ata-enesi at dakýar. Hökümdarlar bolsa öz perzendine at dakmak üçin wezir-wekilleri, akyldarlary we ilaty geňeşe çagyrýar we dabaraly ýagdaýda oňa at goýulýar. Soltan Mahmyt Gaznalynyň «Mahmyt»[60] ady barada aýdylanda bolsa bu at, onuň kakasy Emir Abu Mansur Söbükteginiň bu däbe eýerip dakan adydyr. Çünki ata-enäniň perzendiniň önündäki borçlarynyň biri oňa ýagşy at dakmaklygydyr. Çaga ösýär, ulalýar we ýigit çykýar. Onsoň söweş meýda-

nynda özüniň gujur-gaýratyny görkezýär. Ine, şu ýerde bolsa oňa lakam dakylýar we ol özüne laýyk wezipä bellenilýär. Soltan Mahmydyň «Seýfeddöwle» lakamy Emir Razy tarapyndan kakasynyň ölüminiň öňisyrasynda 995-nji ýylda Nyşapur söweşinde görkezen edermenligi üçin dakylýar we oňa emirlik derejesi berilýär. Şu ýylda bolsa Emir Söbüktegin bakylyk saparynyň azygyny tutýar we ahyret saraýyna gadam goýýar. Kakasynyň ölüminden soň üç ýylyň dowamynda Emir Seýfeddöwle Nyşapurda hökümdarlyk edýär. Ol bu döwürde samanly neberesiniň emirleriniň garşysyna uruşýar we Hindistana on ýedi gezek ýöriş edýär. 998-nji ýylda Emir Seýfeddöwläniň ýiti gylyjynyň dynuwsyz urgusynyň astynda samanlylar neberesiniň guran döwletiniň bil oňurgasy synýar we olaryň giň ýurdunyň ygtyýary onuň goluna geçýär. Seýfeddöwle gaznalylaryň döwletiniň dörändigini yglan edýär. Ol soltanlyk derejesine göterilýär. Halypa Kadyrbilläh onuň täze döwletini ykrar edýär we oňa «Soltan Ýemineddöwle we eminelmille» diýen belent lakamy dakýar. Şu wagtdan başlap ýurduň münberlerinden onuň adyna hutba okalýar we Soltanyň ady halypanyň goýan lakamy bilen tutulyp başlaýar.

Ine, şu ýagdaýdan bihabar adam, elbetde, bir şahsyýet barada dogry netijäni çykaryp bilmez. Utbynyň bu kitabynda atlary getirilýän seljuk serdarlarynyň şahsyýetini kesgitlemek barada aýdylanda bolsa, ýagdaý edil şunuň ýalydyr.

Aýdylyşyna görä, Seljuk bin Dukagyň bäş ogly bolupdyr: Ysraýyl, Mikaýyl, Musa, Ýusup we Ýunus[61]. Onuň uly ogly Ysraýyl Ýabgy bolandan soňra Arslan Ýabgy lakamyny alýar. Biz Utbynyň adyny getirýän Arslan Baly atly serkerdesiniň Arslan Ýabgydan başga şahsdygyny aýdyp bileris. Çünki samanly neberesinden Nuh bin Mansuryň ogly Abu Ybraýym öz hajyby bolan Arslan Baluny Buhara gönderýär. Ol bu ýerde hökümdarlyk edýär we «Muntasyr» («Ýeňiji») lakamyny alýar.

Onuň garşysyna Ilek han çykýar. Muntasyr şowsuzlyga uçraýar we seljuk serdary Arslan Ýabgunyň ýanyna kömek sorap gelýär. Ol oňa goldaw bermeklige razy bolýar. Olar bilelikde Samarkandyň ýakynynda garahanly Subaşy tegini ýeňýärler. Seljuklar Ilek han bilen çaknyşýar, ondan üstün gelýär. Soňra olar oňa bu söweş üçin ökünýändiklerini aýdýarlar. Çünki olar Ilek hanyň goşun toplap, özlerini derbi-dagyn etmeklerinden howatyr edýärler. Ilek han bolsa seljuklardan gorkup, Horasana gaçyp gidýär we goşun toplap Muntasyryň üstüne barýar. Seljuk serdary Muhsin bin Tak bäş müň esger bilen garahanlylaryň tarapyna geçýär. Muntasyr Horasana gaýdyp gelýär we bu ýerde arap serkerdesi Ibn Buheýriň elinden ölýär. Bu wakalar 1003-1004-nji ýyllarda bolup geçýär. 1006-njy ýylda Muhsin bin Tak Sarahsyň ýolunda Subaşy tegin bilen çaknyşýar. Ol bu söweşde ele düşýär we iki parça edilip çapylýar. Onuň seljuk esgerleri Soltan Mahmydyň tarapyna geçýärler[62]. Abdyljepbar Utby hem seljuklar bilen baglanyşykly wakalary edil şunuň ýaly beýan edýär. Biz Arslan Baly Muntasyryň seljuklaryň bir serkerdesidigini aýdyp bileris.

Aslyýetinde çarwa seljuklar soltanyň hökümdarlyk eden ýyllaryndan has öňräk wagtlardan bäri Türküstanyň giň sähralarynda ondan-oňa göçüp-gonup ýördüler. Olar suwly öri meýdanlaryny gözläp günbatara süýşüp ugradylar we Hazar deňziniň gyrasynda, Syrderýa bilen Amyderýanyň aralygynda we Garlykda düşlediler. 985-nji miladyda Seljuk Dukak ogly olaryň agzyny birikdirdi we ömrüniň ahyrky günlerine çenli olara ýolbaşçylyk etdi.

XI asyryň 20-nji ýyllarynyň ortalarynda seljuklaryň harby kuwwaty göterilip başlady. Bu ýagdaý Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläni ynjalykdan düşürdi. Ol haýbat atmaklyk bilen seljuklary gorkuzmaklygy ýüregine düwdi we bu maksadyny amala aşyrmaklyk üçin seljuklaryň abraýly aksakgallaryny köş-

güne myhmançylyga çagyrdy. Soltan ähdiýalanlyga ýüz urdy we myhmanlary zyndana taşlamaklygy buýurdy.

Bu hyýanatçylykly eden-etdilik soltanyň oýlan netijesini bermedi, gaýtam tersine arynyň öýüne kesek oklan ýaly bir zat boldy we seljuklary gazap atyna atlanmaga iterdi. Seljuklar namys astynda galdylar. Olar soltandan ar almaklygy ýüreklerine düwdüler. Şeýlelikde, olar bilen soltanyň arasynda düýpli agzalalyk döredi we iki tarapyň gandöküşikli urşy başlamaklygyna sebäp boldy.

Seljuklar geljekdäki urşuň ýagdaýyny ýedi ölçäp, bir kesdiler. Olar soltanyň garşysyna bir-bada çykmadylar. Çünki olar soltanyň güýçli duşmandygyny ýagşy bilýärdiler. Olar il ýüzüne soltana tabyn bolan kişilerden boldular. Hakykat ýüzünde bolsa olar soltan bilen duşuşmak üçin taýýarlandylar we güýç toplaýardylar.

Iki tarapyň ilkinji çaknyşygy 1028-nji ýylda Farawa kerwensaraýynyň ýanynda bolup geçdi. Soltanyň heniz ýeňlip görmedik goşuny kynlyk bilen seljuklardan üstün geldi. Bu söweşde seljuklara Mikaýyl bin Seljuk ýolbaşçylyk etdi.

Seljuklar bu ýeňlişden soň hem soltanyň erkine tabyn bolmadylar. Çünki olaryň aksakallary zyndandan boşadylmandy we birnäçesi bolsa görkezilýän jebre çydaman amanatlaryny tabşyrypdylar. Bu ýagdaý seljuklary gorkuzmady, tersine olaryň hatarlarynyň has jebisleşmegine alyp bardy. Soltan olaryň ruhuny haýbat atmak bilen pese düşürip bilmedi. Olar indiki duşuşyga taýýarlyk görüp ugradylar. Çagry beg we Togrul beg indi ýigit çykypdylar. Soltana başdaky niýetini amala aşyrmak nesip etmedi. Çünki ol bu söweşden iki ýyl geçenden soň aradan çykdy. Onuň niýetini durmuşa geçirmek ogly Mesgudyň paýyna düşdi.

Seljuklaryň onuň bilen indiki çaknyşygy 1034-nji ýylda Nusaý şäheriniň golaýynda bolup geçdi. Mesgut Gaznalynyň serkerdelik edýän goşuny bu gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Seljuklar bu wakadan üç ýyl geçenden soňra Reýiň ýakynynda bolup geçen ýene bir söweşde ýeňiş gazandylar. Olar Togrul begi özlerine soltan saýladylar we seljuk döwletiniň dörändigini yglan etdiler. Soltan Togrul beg Nyşapury basyp aldy we ony özüniň täze döwletine paýtagt edindi. Ol 1037-nji miladyda münberlerde özüniň adyna hutba okalmagyny buýurdy.

Mesgut bin Gaznaly özüniň elden gidiren Nyşapurdaky mülküni yzyna gaýdyp almaga synanyşdy. 1039-njy milady ýylynda Dandanakan şäherçesinde iki tarapyň arasynda aýgytlaýjy söweş bolup geçdi. Togrul beg bu söweşde gaznalylaryň goşunyny derbi-dagyn etdi. Şeýlelikde, ol musulman gündogarynda iň güýçli, kuwwatly bolan goşuny ýeňdi. Apbaslylar nebere-siniň halypasy Mansur seljuklaryň döwletini ykrar etdi. Gaznalylaryň gurnan kuwwatly döwleti ýykyldy we ol Deli emirligi diýäýmeseň tutuşlygyna seljuklaryň ygtyýaryna geçdi.

Abdyljepbar Utbynyň soltan Mahmyt Gaznalynyň şahsyýetini we onuň guran döwletiniň taryhyny beýan edýän bu kitaby taryhy mowzukdan ýazylan eserleriň beýan ediliş jähtden, şol döwrüň iň ýagşysy hasaplanýar. Onda göçme manyly hem çeper sözler we kapyýaly kyssa dilewarlyk bilen ulanylýar. Munuň özi kitaba çeperçilik tarapdan bezeg berse hem, beýan edilýän wakalaryň manysyna düşünmekligi has kynlaşdyrýar. Ýagdaýyň şeýle bolmagy kitaba köp düşündirişler ýazylmagyna sebäp boldy. Olardan Ahmet bin Aly Manynyň 1147/1731-nji ýylda ýazan şerhi has rowaçlyk tapdy. Bu şerh Utbynyň kitabynyň metini bilen bilelikde Kairde 1286-njy hijride neşir edildi. Şerhleriň ene biri Kasym bin Horezminiň[63] galamyna degişlidir. Mahmyt bin Omar Nejaýy Nyşapury 709/1308-njy ýylyň gurban aýynda, Kutbeddin Şirazy bolsa 721/1321-nji ýylda öz şerhlerini tamamladylar.[64] Meşhur türk taryhçy alymy Mustapa bin Abdylla Hajy Halypanyň tassyklamagyna görä gaznaly taryhçy alym Abylfazl Beýhakynyň «Taryh äli Sebük-

tegin» («Söbüktegin neberesiniň taryhy») atly eseri örän uly kitapdyr we ol birnäçe jiltden ybaratdyr. Ol kitap bu neberäniň taryhyny giňişleýin beýan edýär.[65] Bu kitap «Beýhakynyň taryhy» ady bilen Tähranda 1939-njy we 1946-njy ýyllarda iki gezek neşir edildi. Ýeri gelende aýtsak, «Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň taryhy» 1883-nji ýylda Müsürde ilkinji gezek çap boldy. Utbynyň kitaby merwli alym Abyşşerep Jerbezakany tarapyndan 602 (1205)-nji ýylda pars diline terjime edildi. Bu terjimeden ondan soňky pars ýazarlary özleriniň taryhy eserlerini döredenlerinde peýdalandylar. Jerbazakanynyň kitabyny Reýnolds 1858-nji ýylda iňlis diline terjime edip, çapdan çykardy. Utbynyň kitabyndan rus diline bary-ýogy üç sahypa «Türkmenistanyň we türkmenleriň taryhyna degişli maglumatlar»[66] atly kitapda berilýär. Onuň türkmen diline dolulygyna terjime etmek ugrunda şu iş birinji synanyşykdyr.

Bulardan başga hem Gaznaly neberesiniň taryhy Gardyzynyň «Zeýn el-ahbar» atly kitabynda, Zahyreddin Nyşapurynyň «Seljuknama» atly kitabynda, Rawandynyň «Rahat as-sudur» atly kitabynda, ibn Esiriň «Kämil taryh» atly kitabynda, ibn Hallykanyň «Wefaýat al-a‘ýan» atly kitabynda, Syrajeddin Juzjanynyň «Tabakati Nasyry» atly kitabynda, Unsurynyň diwanynda, Ferruhynyň diwanynda we başga eserlerde beýan edilýär. Bu kitap tutuş Orta Aziýanyň 365-412 (975-1021) –nji ýyllar arasyndaky taryhyna degişli wakalary beýan edýän möhüm we ygtybarly çeşmedir.

Bu terjime Utbynyň meşhur taryhynyň Ystambulyň Köprüli kitaphanasynda 1050-nji belgilu bukjada saklanýan we 640-njy ýylyň sapar aýynyň on bäşinde (1242-njy ýylyň Alp Arslan aýynyň 14-nde) Şihabeddin Muhammet bin Ahmet Munşi Nesewiniň resmi kabulhanasynda Abdyrahym bin Hasan Talykanyny tarapyndan göçürilen surat nusgasyndan edildi. Bu kitaphanada onuň ýene bir nusgasy 1049-njy san belgili bukjada

saklanylýar. Ol nusga 703/1304-nji ýylyň jumadylahyr aýynyň ortasynda anna güni Horezmiň Gürgenç şäherinde Ala bin Muhammet Ebrar tarapyndan göçürilip tamamlanypdyr. Onuň iki nusgasyny hem biziň kowumdaşlarymyzyň göçürmekleri has ähmiýetlidir. Sözümiziň soňunda baý çeşmeleriň bolmagyna garamazdan, Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhynyň we şahsyýetiniň doly öwrenilmändigini we biziň terjimämiziň bu ugurdan ilkinji ädilen edimleriň biridigini nygtasymyz gelýär.

**Atamyrat SARYÝEW**
*Türkmenistanyň milli medeiniýet*
*«Miras» merkeziniň esasy ylmy işgäri*

## ÇYKGYTLAR

1. «Bakara» süresiniň 30-njy aýaty.
2. «Bakara» süresiniň 143-nji aýaty.
3. «Maida» süresiniň 3-nji aýaty.
4. «Bakara» süresiniň 16-njy aýaty.
5. «Haşr» süresiniň 13-nji aýaty.
6. «Hadyd» süresiniň 25-nji aýaty.
7. «Rahman» süresiniň 7-nji aýaty.
8. Ýagny, 900-nji ýyldan başlap.
9. «Toba» süresiniň 32-nji aýaty.
10. Bu ýerde Emir Ysmaýyl Samanly (892-907) göz öňünde tutulýar. Ol samanlylar neberesiniň döwletiniň düýbüni esaslandyryjydyr.
11. Utby – bu sözüň käýinje sezewar bolan adam diýen manysy hem bar.
12. Wezir – Abylhüseýin Utby.
13. Razy, ýagny wezir
14. Abylhüseýin Utby.
15. Ýagny Şemsilmagaly, Husameddöwle we Fahreddöwle.
16. Bu Horezm şalar öň Samanlylar döwletine tabyndylar. 995-nji ýylda Mamunyň ogullary Horezmi eýeleýärler we 1017-nji ýyla çenli bu ýerde hökümdarlyk edýärler. Şu ýyl bolsa, Horezmiň häkimligi Soltan Mahmyt Gaznalynyň ygtyýaryna geçýär.

17. Käbir çeşmelerde: «Emir Söbüktegin bu seneden has öňräk 975-nji ýylda aradan çykdy» diýlip maglumat berilýär. Bu kitabyň ýazary Abdyljepbar Utbynyň tassyklamagyna görä ol bu wagtdan soň, 995-nji ýylda aradan çykýar. Bu kitapda onuň ogly Mahmyt bilen bilelikde köp söweşlere gatnaşandygy beýan edilýär. Mahmyt 970-nji ýylda dogulýar. Eger onuň atasy 975-nji ýylda ölen bolsa, onda bäş ýaşly Mahmydyň söweşlere gatnaşmagy hakyky ýagdaýy aňladyp bilmez. Şeýle hem Abdyljepbar Utbynyň onuň döwürdeşidigini we ýakyn adamlarynyň biri bolandygyny göz öňünde tutup, emir Söbükteginiň ölüminiň 995-nji ýylda bolandygyny ynanaýmak galýar.

18. Rowaýata görä, hemme jynlar we döwler Süleýman pygamberiň erkinde bolupdyr. Süleýman pygamber olary Aksa metjidiniň gurluşygynda gije-gündiz işlemäge mejbur edipdir. Beýik Taňry onuň janyny alandan soň, hasasyna daýanyp duran halynda goýupdyr. Bir ýyldan soň, jynlaryň biri Süleýman pygamberiň ölendigini aňýar we ol sarygarynja onuň hasasyny içinden gemirmekligi buýurýar. Sarygarynja bu işi bitirýär. Hasa ortasyndan döwülýär we Süleýman pygamber ýüzin ýykylýar. Onuň ölendigi hemme jynlara aýan bolýar. Olar işlerini taşlap gaçýarlar we dünýäniň hemme ýerine dagaýarlar. Şahyr bu rowaýata salgylanmak bilen, Ysmaýyl bin Abbadyň ölüminden soň, göripleriň geçisiniň ýaýrandygyny nygtamaklygy isleýär.

19. Buweýhliler döwleti – X asyrda Eýranda we Yrakda hökümdarlyk eden döwlet.

20. Myzrap Buşanjy.

21. Her bir namaz «fatyhanyň» yzyna uzyn ýa-da gysga süre goşmaklyk bilen okalýar. «Fatyha» Gurhanyň birinji

süresi. Bu ýerde: «Döwletiň başsyz bolmagy, onuň heläk bolmagyna getirýär» diýen many göz öňünde tutulýar.

22. Bu ýerde iki sany kerwen diýip Faýyk bilen Begtuzunyň goşuny göz öňünde tutulýar.

23. Kalby goşunyň ortaky esasy bölüminiň ýüregidir,
Haýbaty goşunyň sag we çep taraplarynyň ganatydyr.

24. Mahmyt Gaznaly göz öňünda tutulýar.

25. «Muhammet» süresiniň 7-nji aýaty.

26. Bu ýerde oguz türkmenleri diýip seljuklar göz öňünde tutulýar.

27. Balh bilen Merwiň arasynda ýerleşýän şäher.

28. Şahyjan diýlip, esasan, Merwe düşünilýär. Ýöne bu ýerde Deýlemli kürtler göz öňünde tutulýan bolsa gerek. Sebäbi Merwde kürtler köpçülikleýin mesgen tutmandyrlar.

29. 908-nji ýylyň Ruhnama aýy.

30. Ahmet ibn Ysmaýyl 914-nji ýylyň Turkmenbaşy aýynyň 12-si gije uklap ýatyrka köşgünde öldürilýär. Şonuň üçin oňa Şehit emir diýilýär.

31. 954-nji ýylyň Alp Arslan aýynda.

32. 961-nji ýylyň Sanjar aýynyň 20-si.

33. 975-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 25-i.

34. «Hujarat» süresiniň 7-nji aýaty.

35. Onuň doly ady Abylapbas bin Tahyr ibn Zeýnep. Onuň asly Nyşapurlydyr.

36. Yslam taryhçylary ýurtlary ikä bölýärler: 1. Parahatçylyk ýurdy – yslamyň hökümdarlyk edýän ýurdy. 2. Uruş ýurdy – yslamyň resmi ýagdaýda kabul edilmedik ýurdy.

37. Halap bin Ahmediň ýanyna.

38. Şyh – ussat manyda.

39. Wasp ediji – beýik Taňry.

40. Bu görnükli syýasy işgär Aly ibn Abu Talybyň neberesindendir.

41. Bu iki şahs Hezret Alynyň neberesindendir.

42. Uç – iň ýokary nokat, apogeý. Günüň iň beýik nokatda durmagy. Sähetli, sähetsiz günler babatda alymlaryň pikiri deň gelmändir. Olaryň bir bölegi Günüň ujuny sähetli, beýleki bölegi bolsa sähetsiz hasaplapdyr. Abylfath şu ýagdaýy göz öňünde tutýar.

43. Abylhasan Muhammet ibn Abdylla Salamlynyň asly Medinat as-salamdan (Bagdatdan) bolandygy sebäpli Salamly nisbesini alýar. Ol 1022-nji ýylda ölýär.

44. Gulaç bu ýerde zira. Bir zira 0,66 metre barabar.

45. Açlyk ýyly – 1011-nji ýyl.

46. Beýan etmek bazary – kitap ýazmak käri. Ýazar bu weziriň arap diliniň täsirini pese düşürmek we pars diliniň abraýyny ýokary galdyrmak ugrunda yhlas edendigini nygtamak isleýär.

47. Bu nukdaýnazardan şol döwürde Soltan Mahmyt Gaznalynyň köşgünde işlän Abu Reýhan Birunynyň şeýle sözüni getirmek ýerlikli bolar: «Arap diline dürli ýurtlaryň dillerinden ýlymlar akyp geldi. Netijede arap dili bezeldi. Pars dili barada aýdylanda bolsa, onda ol ylym üçin däl-de, eýsem hysrowşalar baradaky ertekiler hem goşgular üçin ýaramlydyr. Men arap dili üçin hem, pars dili üçin hem gelmişekdirin. Şeýle hem bolsa meniň üçin pars dilinde aýdylan öwgüli sözden arap dilinde aýdylan paýyş söz söýgüliräkdir».

48. Janaşk – Gürgen bilen Astrabadyň arasynda ýerleşýän meşhur gala.

49. 1018-nji ýyl.

50. «Gafyr» süresiniň 51-nji aýaty.

51. Umman – bu ýerde Hindi ummany göz öňünde tutulýar.

52. Soltan Mahmyt Gaznaly diňe bir kuwwatly hökümdar bolman, eýsem öz döwrüniň iňňän sowatly adamlarynyň hem biri bolupdyr. Ol arap we pars dillerini suwara bilipdir. Muňa onuň beýik Firdöwsä pars şalarynyň taryhyny beýan edýän «Şanama» kitabyny ýazmaklygy buýurmagy we arap dilinde ýazýan şahyrlaryň bu hökümdary wasp edip ýazan goşgularynyň, şol döwrüň edebiýatynyň sahypalaryny petir bezän ýaly etmegi şaýatdyr. Galyberse hem, Soltanyň arap dilinde şerigatyň pudaklaýyn meselelerini beýan edýän «At-takrir fil-furug» («Fykh ylmynyň pudaklaýyn bölümleri boýunça hasabat») atly kitap ýazandygyny meşhur türk alymy Ysmaýyl Paşa Bagdady tassyklaýar. Hidýet al-arifin. II jilt, 401 s., Stambul 1955.

53. Abylhasan Bagawynyň Lugawy lakamy dilçi alym diýen manyny berýär.

54. «Bakara» süresiniň 156-njy aýaty. Bu aýat bir adamyň ölümi baradaky habar eşidilende okalýar.

55. Abylkasym – Kasymyň atasy. Pygamber alaýhyssalamyň lakamydyr. Bu lakamy Soltan Mahmyt Gaznaly hem göteripdir. Adat boýunça uly oglunyň adyna görä atasyna lakam berilýär. Kasym Pygamber alaýhyssalamyň uly ogludyr. Ol iki ýaşynda ölýär. Onuň Abdylla diýen ogly hem çaga wagty aradan çykýar. Onuň Ybraýym diýen ogly on aýlyk wagty aradan çykýar.

56. 1242-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 14-i.

57. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. – Aşgabat. 2001, 140-141 s.

58. Abdyljepbar Utbynyň asly Reý şäherindendir. Çünki, Reýden bolan adama «Razy» lakamy goýulýar. Onuň «Nyşapury» lakamy bu şahyryň soňra Nyşapury mesgen tutandygyny aňladýar. «Utby» lakamy bolsa, onuň neberesiniň göterýän

lakamydyr. «Abu Nasr» («Nasryň kakasy») onuň uly oglunyň adyna görä dakylypdyr. Onuň öz ady Abdyljepbardyr.

59. Bu ýerde oturymly türkmenler diýmeklik bilen Soltan Mahmyt Gaznalynyň gelip çykan taýpasy gaýy taýpasy we çarwa türkmenler diýmeklik bilen bolsa seljuklar göz öňünde tutulýar.

60. «Mahmyt» sözüniň asly «Mahmud» diýen arap sözüdir we onuň «öwülýän, taryplanýan» diýen manysy bar. Emir Abu Mansur Söbüktegin oglunyň öwgüli, taryply adam bolup ýetişmegini arzuwlap oňa beýle ady dakan bolsa gerek.

61. Faruk Sumer. Oguzlar-türkmenler. – Aşgabat, 1999.

62. Faruk Sumer. Oguzlar-türkmenler. – Aşgabat, 1999, 90-91 s.

63. 1154-nji ýylda aradan çykýar.

64. Hajy Halypa. Keşf az-Zunun, II jilt, 2052 s.

65. Hajy Halypa. Keşf az-Zunun, I jilt.

66. Материалы по истории туркмен и Туркмении. – Москва, 1939.

# SÖZLÜK WE DÜŞÜNDIRIŞLER

## – A –

Abu Şujag – batyrlaryň atasy.
Abu Ýahýa – haýanyň atasy.
Abyl ylm – ylmyň atasy.
Al-bäs-aş-şedid – uly güýç.
Anbar – hoşboý ysly madda.
Aduddöwle we täjelmille Abu Şujag – döwletiň daýanjy, milletiň täji, batyrlaryň atasy.

## – B –

Bedr söweşi – 624-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynda bolup geçýär. Oňa Pygamber alaýhyssalamyň hut özi gatnaşýar. Bu söweşde musulmanlar geljek üçin köp ähmiýeti bolan uly ýeňiş gazanýarlar.

Beýtilmal – sadakalardan we beýleki meýletin töleglerden ýygnalan emläk saklanýan döwlet hazynasy.

Beşkem – emirleriň emiri.

Brahman – gadymy hindi dini. Bu dinde hökümdar hudaý ornunda hasarlanylýar.

**– D –**

Dehkan – ýer eýeleri.

**– E –**

Eýwan Keýwany – Keýwan Saturn saýýarasy, Eýwan onuň on hemrasynyň biri. Saturnyň halkalary gün şöhlelelerini yzyna gaýtaryp täsin ýagtylanma döredýär. Bu ýagdaý şygyrýetde ony jennetiň ajaýyplyklary bilen deňeşdirmeklige sebäp bolýar.

Emir al-möminin – imanlylaryň emiri.

Ezel güni – rowaýata görä, bu gün Adam atanyň döwründe bolup geçýär. Ol günde, tä, kyýamat gününe çenli bu dünýä gelip geçjek her bir zadyň, her

bir adamyň täleýiniň ownuk meselelerine çenli öňünden ýazgyda ýazylyp goýulypdyr.

**– F –**

Fakyh – din meseleleriniň çözgüdini oňat bilýän alym.

Firdöws jenneti – jennetiň sekiz bölüminiň iň gowusy.

**– G –**

Galybbillähi – Taňrynyň emri bilen üstün çykyjy. Gazy – diniň bähbitlerini goramak üçin söweşlere gatnaşýan adam.

Gyzyl ölüm – yslam düşünjesine görä ölümiň üç görnüşi bolýar: ak ölüm, gara ölüm we gyzyl ölüm. Ak ölüm öz ajalyňa, gara ölüm boglup, gyzyl ölüm bolsa sütem görüp ölmekdir.

## – H –

Hajyp – emiriň myhmanlaryny kabul etmeklik üçin ynanylan köşk gullukçysy.

## – J –

Jilbap – araplarda erkek adamlaryň geýýän, topugyny ýapyp duran uzyn köýnegi.

Juma metjidi – her annada juma namazy okalýan metjit.

Jumadylowwal – dört tirkeşigiň üçünji aýy.

Jumadylahyr – dört tirkeşigiň ahyrky aýy.

## – K –

Kanunylowwal – Bitaraplyk aýy.

Kähfalmille –Milletiň gowagy.

Kyragat – Gurhan okamaklygyň düzgün-kadalaryny beýan edýän ylym.

Kiçi ýedigeniň iki ýyldyzy – Beta we Gamma. Bu iki ýyldyz edebiýatda meňzeşligi aňlatmak üçin ulanylýar.

Kyýas ylmy – deňeşdirip netije çykarmak ylmy.

## – M –

Manjanyk – daş atýan harby gural.

Mejdeddöwle – Döwletiň şöhraty.

Mekruh – şerigat boýunça gadagan edilen zat.

Meşaýyhlar – ahunlar.

Myrryh – Mars ýyldyzy.

Mütewelli – işleri alyp baryjy.

Müşrükler – Taňra şirk getirijiler.

Mizan – gije bilen gündiziň güýzki deňleşik wagtydyr. Ol Ruhnama aýynyň 22-nden Garaşsyzlyk aýynyň 22-ne çenli dowam edýär. Mizanda Arktikanyň sowuk howalary ýyly howa aralaşýar.

Mejdeddöwle – döwletiň buýsanjy.

Muharram – aşyr.

Muntasyr – «ýeňiji» diýen lakam. Nuh bin Mamunyň ogly Abu Ybraýymyň lakamy.

## – N –

Nasyreddöwle – döwletiň ýardamçysy.

Nasyreddin weddöwle – diniň we döwletiň ýardamçysy. Emir Söbükteginiň lakamy.

Nasyh we mansuh aýatlar – güýji ýatyrylan we hökmi çalşyrylan aýatlar.

## – P –

Pelekelmagaly – beýik asman.

## – R –

Rabygylowwal – dört tirkeşigiň birinji aýy.

Rabygyssany – dört tirkeşigiň ikinji aýy.

Rafyzylar – şaýylaryň bir akymy.

Ryzwan – jennetiň patyşasy. Bu beýtde adalatly şanyň köşgi jennete, özi bolsa jennetiň patyşasyna deňelýär.

Remezan – oraz.

## – S –

Salar – goşunbaşy, serkerde.

Seýfeddöwle – döwletiň gylyjy.

Senem – but.

Seýfeddöwle we waryseddöwle – döwletiň gylyjy we döwletiň mirasdüşeri.

Sej – kapyýaly kyssa. Edebiýatyň bu sungatynda her sözlemiň soňky bogny sazlaşmaly. Onda bogun sanyna ähmiýet berilmeýär. Sejde mana ähmiýet berilýär we köplenç ýagdaýda göçme manyly sözlerden peýdalanylýar. Gurhan bu usulda düzülipdir. Bu ýagdaý bolsa köp alymlaryň eserlerini sejde ýazmaklaryna sebäp bolupdyr. Abdyljepbar Utby hem Gurhana öýkünýär we bu kitabyny sejde ýazýar.

Sinaneddöwle – döwletiň uçly naýzasy.

## – Ş –

Şarlar – Garşystanyň patyşalary.

Şemseddöwle we kamaralmille – döwletiň güni we milletiň aýy.

Şerigat – esasy kanunlar.

Şerefeddöwle we zinalmille – döwletiň şöhraty we milletiň zynaty.

Şemselkufat – danalygyň güneşi. Bu lakam wezir Abylkasym Ahmet bin Hasan Meýmendiniň lakamydyr.

## – U –

Usturlap – asman jisimleriniň hereketine gözegçilik etmek üçin ulanylan guralyň ady.

## – Ý –

Ýabgy - beýgi, han, hökümdar, beg.

Ýaldyrak (Sirius) Alp Arslan aýynyň 12-si töwereklerinde dogýar we epgekli şemal ösýär.

Ýemineddöwle we eminelmille – döwletiň sag goly we milletiň ynamy.

# ADAM ATLARYNYŇ GÖRKEZGIJI

## – A –

**Abu Aly ibn Isa Damgany** – (992-nji ýylda aradan çykýar). Ol meşhur we görnükli döwlet işgäridir. Onuň asly Reý bilen Nyşapuryň arasynda ýerleşýän Damgan şäherindendir. Ol Buharada ýaşaýar we elli ýyllap kätiplik we beýleki wezipelerde işleýär. Ol ömrüniň ahyrynda samanlylar döwletine wezir bolýar (987-992).

**Adudedöwle** – döwletiň ýardamçysy Emir Nuh bin Mansuryň lakamlarynyň biri.

**Abylfath Aly bin Muhammet Busty Kätip** – Bust Sistan, Gazna we Hyradyň arasynda ýerleşen orta asyr şäheri Bustdan bolan Abylfath Busty bu şäherdendir. Bu şahyr 971-nji ýylda dogulýar we 1010-njy ýylda Buharada aradan çykýar.

**Abu Yshak Tegin** – 947-953-nji ýyllarda hökümdarlyk edýär.

**Abu Aly Muhammet bin Ybraýym bin Simjur –** 945-948-nji ýyllarda Nyşapurda emir bolýar.

**Abu Nuwas** – (762-813) meşhur arap şahyry.

**Abu Yshak bin Hilal Saby** – Ol 994-nji ýylda aradan çykýar.

**Adudeddöwle täjulmille Abu Yshak Tegin** – 947-953-nji ýyllarda hökümdarlyk edýär.

**Abu Mansur Abdylmälik ibn Sagalyby** – meşhur edebiýatçy we taryhçy alymdyr. Ol 961-nji ýylda Nyşapurda dogulýar we 1038-nji ýylda şol ýerde aradan çykýar.

**Arslan hajyp** – ol Seljuk Dukak oglunyň bäş oglunyň (Ysraýyl, Mikaýyl, Musa, Ýusup, Ýunus) ulusy Ysraýyldyr. Bu meşhur serkerde Arslan hajyp lakamyny soňra alýar.

**Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Söbüktegin** – Soltan Mahmyt Gaznalynyň dogany, leşgerbaşy. Ol 1021-nji ýylda ölýär.

**Abu Sagyt Ahmet ibn Şebib Şebibi** – X asyryň ahyrynda Horezmde ýaşan şahyrlaryň biri.

**Abylkasym Ysmaýyl bin Abbad** (936-995) – buweýhiler neberesiniň meşhur weziri. Onuň özi edebiýatçy hem alymdyr. Ol köşge köp alymlary we şahyrlary toplaýar, olara hemaýat edýär.

**Abu Firas ibn Sagyt ibn Hamdan Hamdany** (932-968) meşhur arap şahyry.

**Abu Tammam** – meşhur arap şahyry (805-846).

**Amr ibn Leýs** – saffarylar neberesiniň döwletini esaslandyryjy Ýakup ibn Leýsiň dogany. Ol doganynyň ornuna 879-njy ýylda tagta geçýär. Balhda emir Ysmaýyl Samanlydan ýeňilýär.

**Abu Lähep** – Muhammet pygamberiň atasy, Abdyl-muttalybyň on oglunyň biriniň ady. Pygamber alaýhyssalamyň kakasy Abdyllanyň ata bir enebaşga agasy. Ol Muhammet pygamberiň din duşmany bolýar.

**Abu Taýýyp Sähl bin Muhammet bin Süleýman bin Muhammet ibn Süleýman Sagluky** – Nyşapuryň müftisi. Bu şapygy mezhebine degişli bolan ymamyň (402 hijri /1011-njy milady ýylynda aradan çykan). Onuň «Şapygy mezhebiniň alymlary» atly eseri mälimdir.

**Adudedöwle** – Buidiler nesilşalygyndan bolan hökümdar. Ol Parsda, Huzystanda 949-983-nji ýyllarda we Yrakda 978-983-nji ýyllarda hökümdarlyk edýär. Bahauddöwle we Zyýalmille (döwletiň buýsanjy we milletiň şöhlesi) onuň ýörgünli lakamydyr.

**Abu Bekr Muhammet ibn Ýahýa** (946-njy ýylda aradan çykan) taryhçy we dilçi alym.

**Abu Taglyp** – Hamdany neberesinden bolan Nasyreddöwle Abu Muhammet Hasan ibn Hamdunyň (971-nji ýylda aradan çykan) dört oglunyň biri. Ol 971-nji ýylda atasynyň ölüminden soň Mosula häkim bolýar, soňra tutuş demirgazyk Yragy eýeleýär.

**Abu Sagyt Mesgut bin Mahmyt** – Soltan Mahmyt Gaznalynyň ogly. Ol atasy ölenden soň tagta geçýär we 1030-1041-nji ýyllar aralygynda gaznalylaryň döwletinde hökümdarlyk edýär.

**Abu Ahmet Muhammet bin Ýemineddöwle we eminelmille** – Soltan Mahmyt Gaznalynyň ogullarynyň biri.

**– B –**

**Bährem Çubin** – gelip çykyşy boýunça türki kowumlara degişli sasanlylaryň neberesinde gulluk eden meşhur serkerde. Ol özüni şa diýip yglan edýär. 591-nji ýylda sasanlylar neberesinden bolan Hysrow Perwiz ony ýeňýär. Samanlylar neberesi özleriniň aňyrsyny bu serkerdeden alyp gaýdýar.

**– E –**

**Emir Mazy** - dünýäden öten emir ýa-da merhum emir diýmeklikdir. Bu ýerde Abu Mansur Söbüktegin göz öňünde tutulýar. Ol 975-nji ýylda aradan çykýar. Emir Mazy lakamy il-

kinji gezek Ysmaýyl Samany ölenden soňra oňa dakylýar. Ysmaýyl Samany 849-njy ýylda dogulýar. 900-nji ýylda tagta geçýär, 908-nji ýylda dünýäden ötýär. Samany Samarkandyň ýakynynda ýerleşen bir obanyň adydyr. Ysmaýyl Samany Samanhudatyň ogludyr. Samanhudat bolsa Bährem Çubiniň neberesindendir. Bährem Çubin bolsa, Gumilýowyň tassyklamagyna görä parfyýalylaryň barjamly Mihran urugyndandyr.

**Emir Mazy Abu Mansur Söbüktegin** – soltan Mahmyt Gaznalynyň kakasydyr.

**«Emir mazy» («Merhum emir»)** – Abu Ybraýym Ysmaýyl ibn Ahmet Samany (900-908).

**Samanlylar neberesinden bolan emirleriň her biriniň öz lakamy bar.** Bu lakamlary bilmek gerek. Çünki, köplenç ýagdaýda emiriň ady däl-de, lakamy berilýär Olar aşakdaky emirlerdir.

**«Emir şehit» («Şehit emir»)** – Ahmet ibn Ysmaýyl Samany (908-914).

**Emir cagyt («Bagtly emir»)** – Abylhasan Nasr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl Samany (914-943).

**«Emir hamyt» («Taryply emir»)** – Abu Muhammet Nuh ibn Ahmet ibn Ysmaýyl Samany (943-944).

**«Emir raşyt» («Kämil emir»)** – Abylfawarys Abdylmelik ibn Nuh ibn Nasr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl Samany (944-961).

**«Emir sedid» («Mynasyp emir»)** – Abu Salyh Mansur ibn Nasr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl Samany (961-975).

**«Emir reşit» («Parasatly emir»)** – Abylkasym Nuh ibn Nasr ibn Mansur ibn Nuh ibn Nasr ibn Ahmet ibn Ysmaýyl Samany (975-998).

**Erdeşir Bäbek** – 224-241-nji ýyllarda hökümdarlyk edýär.

## – F –

**Fahreddöwle Aly bin Buweýh** – Deýlemiň goşunbaşysy, Buweýhiň üç oglunyň biri. Fahreddöwle Aly ibn Buweýh Pars we Huzystan welaýatlaryny basyp aldy we ol tä, ölýänçä hökümdarlyk etdi (934-949).

## – G –

**Garahanly hökümdar Bugra Harun Musa** – 992-nji ýylda Mawerannahry basyp alýar. Onuň 999-njy ýylda eden ýörişiniň netijesinde samanlylar döwleti düýpden synýar.

**Goldaýjy emir (Al-emir al-muwaýýed)** – emir Nuh bin Mansuryň lakamlarynyň biri.

## – H –

**Hasan Asgar** – Hasan bin Aly bin Abu Talybyň kiçi ogly.

**Häkim Abu Sagyt Abdyrahman bin Muhammet ibn Dost** – X asyrda Nyşapurda ýaşap geçen şahyrlaryň biri

**Husam ad-döwle** – Döwletiň gylyjy. Abylapbas Taş Hajybyň lakamy.

**Hüseýin bin Aly Merwerrudy** – bu meşhur pendili şahyr samanlylar döwrüniň görnükli syýasy işgäridir. 930-njy ýylda Buharanyň zyndanynda ölýär.

## – I –

**Ibn Mugtez Abdylla** – meşhur arap şahyry, edebiýatçy we dilçi alym. Ol 908-nji ýylda halypa bolýar we bir günden soň Muktadyryň tarapdarlary ony öldürýärler.

**Ibn Uzaýr** – Abu Muhammet Abdylla ibn Muhammet ibn Uzaýr. Ol 986-987-nji ýyllarda samanlylar döwletine wezirlik edýär.

## – K –

**Kadyr billäh** – Apbasylar neberesinden bolan halypa. Ol 991-1031-nji ýyllarda hökümdarlyk edýär.

## – M –

**Muhammet bin Apbas Abu Bekr Horezmi** – şahyr, ol meşhur amully taryhçy alym Tabarynyň aýal doganynyň ogludyr. Onuň «Risalalar diwany», «Şygyrlar diwany» we «Ýurduň adat-düzgünleri» atly eserleri mälimdir. Ol 393/1003-nji ýylda aradan çykýar.

**Mikaly** – Mikalylar neberesi XI asyryň başynda Nyşapurda höküm sürýär. Olar döwrüniň sowatly adamlarydy. Olaryň arasynda edebiýatçylar hem, emirler hem bar. Olardan has meşhurlary şulardyr: Şyh Abylapbas Ysmaýyl bin Abdylla, onuň iki ogly Raýys Abu Muhammet Abdylla we emir Abylkasym Aly, edebiýatçylar we alymlar Nasr ibn Aly we emir Abylfazl Ubeýdylla ibn Ahmet Mikaly. Abylfazl Nyşapurda emirlik edýär we ol 1045-nji ýylda aradan çykýar. Ol edebiýatçylara, şahyrlara, alymlara köp ýardam berýär we olara köşge toplaýar.

**Muhsin bin Tak** – seljuklaryň harby ýolbaşçylarynyň biridir. 1006-njy ýylda Soltan Mahmyt Hindistana ýörişe gidýär. Ilek han bu ýagdaýdan peýdalanyp, Subaşy tegini Horasana gönderýär. Ýöne Soltan Mahmyt çalt yzyna dolanýar. Şonuň üçin Subaşy tegin yzyna gaýtmaga mejbur bolýar. Sarahsyň ýolunda onuň öňüni seljuk emiri Muhsin bin Tak kesýär. Iki

tarapyň arasynda agyr söweş bolup geçýär. Muhsin bin Tak ele düşýär we ony iki parça edip öldürýärler. Onuň bäş müň atlydan ybarat topary soltanyň tarapyna geçýär we onuň hyzmatyna durýar.

**Mutanebbi** – meşhur arap şahyry (915-965).

**Mugtasym** – apbasylar neberesinden bolan halypa (833-842).

## – N –

**Nesewi nisbesi** – Nesewi munşynyň (kätibiň) aslynyň Nusaýdan bolandygyny aňladýar.

**Nuh bin Mansur bin Nasr bin Ahmet bin Ysmaýyl Samany** – 976-njy ýylda tagta çykýar. Ol samanlylar neberesiniň iň soňky hökümdarydyr. Onuň hökmirowanlygy 998-nji ýyla çenli dowam edýär.

## – P –

**Peridun** – Eýranyň pişdady nesilşalygynyň altynjy şasy. Ol kuwwatly hökümdar hökmünde tanalýar.

## – R –

**Razy Abylkasym Nuh bin Mansur** – 961-976-njy ýyllarda Buharada we Horezmde hökümdarlyk eden, samanlylar neberesinden bolan emir. Samanlylar neberesi 874-nji ýyldan 998-nji ýyla çenli hökmirowanlyk sürýär. Şu ýylda soltan Mahmyt tagta geçýär we şol wagtdan onuň döwletiniň taryhy başlanýar.

## – S –

**Soltan Mahmyt Gaznaly** – 998-nji ýylda tagta geçýär.

## – Ş –

**Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgir** – meşhur «Kowusnama» atly kitabyň ýazary, Gürgeniň emiri Keýkowus bin Isgender bin Abylhasan Kabus bin Abu Tahyr Wuşmgiriň (1069-njy ýylda aradan çykýar) atasydyr.

## – U –

**Utby** – lakamly şahslar köpdür. Bu ýerde ady agzalýan Abu Japar Utby – samanlylar döwletiniň emiri Nuh bin Mansuryň hökümdarlyk eden döwründe (976-998) işlän wezirdir. Emma Muhammet bin Abdyljepbar Abu Nasr Razy Utby bolsa başga bir şahsdyr,ol şu «Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy» atly kitabyň ýazarydyr. Ol 1028-nji ýylda aradan çykýar. Emma üçünji bir şahs barada aýdylanda bolsa, ol Asgat bin Mesgut bin Aly bin Muhammet bin Hasan Abu Ybraýym Utby Soltan Mahmyt Gaznalynyň we seljuklaryň döwletleriniň diwanlarynda kätip bolup işleýär. Ol uzak ýaşaýar (1012-1133). Onuň «Täj ar-rasaýyl» we «Dürrat at-täj» diýen eserleri mälimdir. Ol «Buharanyň taryhy» atly kitaby pars diline terjime eden şahsdyr.

## – Y –

**Yzzeddöwle Bagtyýar** – buidi neberesinden Yrakda hökümdarlyk eden emir (967-978).

## – Ý –

**Ýezit bin Muhallap** – arap serkerdesi. Ol 698-nji ýylda Horasanda häkim bolýar. Ol Horezme ýöriş edýär. Ol bu ýerden köp ýesir alýar. Ol doganlaryny we ogullaryny Horasanyň şäherlerine häkim belleýär. Ýezit bin Muhallap Jürjany iki gezek basyp alýar. Ol Gürgende 40000 adamy öldürýär. Omar ibn Abylezyz ibn Merwan halypalyga geçende ony we ogly Muhallady zyndana taşlaýar. Bu ýerde Jürjanyň halkynyň Sultarhanyň ýolbaşçylygynda Muhallabyň garşysyna alyp baran uruşlary göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

**Ýezit bin Mugawyýa bin Abu Sufýan** – 680-nji ýylda atasy Mugawyýanyň ölüminden soň hökümet başyna geçýär. Ol Hezret Alynyň iki ogly Hasan bilen Hüseýine göripçilik edýär. Olaryň ikisi hem Ýezidiň pyssy-pyjurlygy sebäpli ölýär.

**Ýemineddöwleti wel-mille** – Döwletiň sag eli we milletiň ynamy bu iki lakam soltan Mahmyt Gaznalynyň ýörgünli lakamlarydyr. Bu lakamy oňa Kadyr billäh dakýar. Ol 970-nji ýylda dogulýar we 1030-njy ýylda dünýäden ötýär.

## ÝER-ÝURT ATLARYNYŇ GÖRKEZGIJI

### – A –

**Abeskun** – Hazar deňziniň gyrasynda Gürgenden 24 parsah uzaklykda ýerleşen şäher.

**Abywert** – häzirki Kaka etrabynyň çäklerinde ýerleşen şäher.

**Afşin** – Buharada bir obanyň ady. Afşin türkleri öz aslyny Afşin handan alyp gaýdýar. Ol V asyrda ýaşap geçen şahsdyr.

**Asbahbad** – Deýlem welaýatynda bir şäher. Deňiz bilen bu şäheriň arasy 2 mile barabardyr. Bu şäheriň häkimine hem Asbahbad diýilýär.

**Astawa** – Nyşapuryň eteginde bir etrap.

### – B –

**Bag** – bu şäherçe şu wagtky Galaýmor şäherçesiniň çäklerinde ýerleşipdir.

**Bamyýan** – Balhyň, Hyratyň we Gaznanyň arasynda daglaryň içinde ýerleşýän şäher.

**Behatiýýa** – Ýakut Hamawynyň aýtmagyna görä, ol Bagdadyň obalarynyň biridir. Emma bu ýerde «Ol şäher» diýilýär. Şonuň üçin bu Behatiýýa başgadyr. Ol Hindistanda ýerleşen bolsa gerek.

**Bekrabat** – Gürgen şäheriniň iki böleginiň biri. Bu iki bölegiň arasyndan derýa geçýär.

**Biýar** – Bistam bilen Beýhakyň arasynda ýerleşýän, Kumysa degişli etrap.

**Bistam** – Nyşapura ýakyn ýerleşýän Kumys welaýatyna degişli uly şäher.

**Bozhan** – Nyşapur bilen Hyradyň arasynda ýerleşýän şäherçe.

**Bust** – Sistanyň, Gaznanyň we Hyradyň aralygynda ýerleşen bir şäher.

**Buşanj** – Hyratdan on parsah (60 km) uzaklykda jülgäniň içinde ýerleşýän şäherçe we gala.

## – D –

**Damagan** – Reý bilen Nyşapuryň arasynda ýerleşýän uly şäher.

**Daňdanakan** – Merw Şahyjandan on parsah gumuň içinde Sarahs bilen aralykda ýerleşen şäherçe.

**Demawent** – Reýiň ýakynynda ýerleşýän dag we şäher.

**Dizek** – Samarkantda bir obanyň ady.

## – E –

**Espizar** – Sistanyň Hyrat tarapynda ýerleşýän bir şäher.

**Erk** – Sistanyň merkezi Berezenj bilen Sistan şäheriniň arasynda ýerleşýär.

## – F –

**Fenek** – Samarkantdan ýarym parsah (3 km.) aralykda ýerleşýän oba.

**Firabr** – Jeýhun bilen Buharanyň arasyndaky bir şäherçe. Jeýhun bilen onuň arasy bir parsaha barabardyr. Ol häzirki Farap etrabynyň çäklerinde ýerleşipdir.

## – G –

**Garşystan** – günbatarynda Hyrat bilen, gündogarynda Gur bilen, demirgazynda Merwerrut bilen we günortasynda Gazna bilen araçäkleşýän welaýat. «Garj» dag diýmekdir. Bu sözüň asly Garjyşardyr. «Şar» patyşa diýmekdir. Sada halk oňa «Garjystan» diýýär. Onuň hökümdarlary Şar lakamyny alýar. (Ýakut Hamawy, Mugjem al-buldan, – Liwan, Beýrut 1986, IV jilt, 193 s.,).

**Gur daglary** – Hyrat bilen Gaznanyň arasynda ýerleşýär.

**Gur** – Hyrat bilen Gaznanyň arasynda ýerleşýän dag we welaýat.

## – H –

**Handrahar** – Gandagar.

**Hawas** – Mawerannahrda Aşrusine welaýatyna degişli oba.

**Hotan** – Kaşgaryň töwereginde ýerleşýän welaýat. Ol Türküstan bilen araçäkleşýär.

**Hunabize** – Nyşapura degişli Kuhystanyň ýakynynda ýerleşýän etrap.

**Huttal** – Balha degişli bolan köp şäherleri bolan giňiş etrap.

**Hutuştan** – Nişapuryň eteginde ýerleşen bir şäherçe.

**Huzystan** – Eýranyň günorta-günbatarynda ýerleşýän welaýat. Ol Yspyhan bilen araçäkleşýär.

## – I –

**Ispijap** – häzirki Çimkendiň golaýynda ýerleşen orta asyr şäheri.

**Isfaraýyn** – Jürjanyň orta ýolunda ýerleşýän Nyşapura degişli bolan şäherçe we gala.

## – J –

**Janaşyk** – Gürgen bilen Astrabadyň arasynda ýerleşýän gala.

**Jürjaniýýa** – häzirki Köneürgenç şäherçesiniň çäklerinde ýerleşen şäher. Ony Gürgen bilen çalşyrmaly däldir.

**Jürjan derýasy** – häzirki Etrek derýasy.

**Jüzjan** – Balh bilen Merwerrudyň arasynda ýerleşýän giňiş welaýatyň adydyr. Onuň esasy şäherleri: Anbar, Farýab, Kellar. Ony Jürjan bilen gatyşdyrmaly däldir.

**Jüzjanan** – Juzjan. Bu iki sözüň ikisi hem bir ýeriň adydyr. Jüzjan – Horasanda Balhyň, Merwerrudyň arasynda ýerleşýän giň welaýat.

**Juweýn** – Bistam bilen Nyşapuryň arasynda ýerleşýän giň welaýat. Onuň bilen kybla tarapdan Beýhak, demirgazyk tarapdan Jajerm serhetleşýär. Onuň esasy şäheri Azadwardyr. Horasan halky oňa Kuýan diýýär. «Juweýn» - «Kuýan» sözüniň araplaşan görnüşidir. Onuň Nyşapura iň ýakyn obasy bilen aralyk on parsahdyr.

## – K –

**Karmysyn** – Kirman şahan sözüniň araplaşan görnüşi. Hemedan bilen Hulwanyň arasynda ýerleşen şäher. Onuň Hemedan bilen arasy otuz parsahdyr.

**Kaýyn** – Nyşapur bilen Yspyhanyň arasynda ýerleşýän şäher.

**Käs** – Gürgenç (Köneürgenç) bilen ýigrimi parsah (120 km) bolan Jeýhunyň kenarynda ýerleşen uly orta asyr şäheri.

**Keş** – Gürgenden üç parsah uzaklykda dagyň içinde ýerleşýän oba. Keş bilen Käsi çalyşmaly däldir. Käs Horezmde ýerleşen şäherdir.

**Keş obasy** – Gürgenden üç parsah uzaklykda, dagyň içinde ýerleşýär.

**Kuýtan** – Köýten bolaýmagy ähtimal.

**Kumys** – Tabarystanyň daglarynda ýerleşýän obadyr şäherleri öz içine alýan welaýat. Onuň esasy şäheri bolan Damangan Reý bilen Nyşapuryň arasynda ýerleşýär.

**Kuhystan** – «Daglyk ýurt» diýmeklikdir. Bu dagyň bir ujy Hyratdan başlaýar we ol Nahawend, Burujerd, Hemedan ýaly ýerlere uzalyp gidýär. Şeýle hem Kuhystan Kirmana ýakyn şäherdir.

**Kusdar** –Gaznanyň golaýynda ýerleşýän şäher. Guzdar atly şäher hem bar, ol demirgazyk Hindistana degişlidir.

## – L –

**Lamgan** – Gaznanyň bir obasynyň ady.

## – M –

**Maýamurg** – Buhara bilen Nesefiň arasynda ýerleşýän oba.

**Mejdabat** – Hemedanyň bir obasy.

**Merwerrut** – häzirki Tagtabazar etrabynyň çäklerinde ýerleşen orta asyr şäheri.

**Multan** – Gazna tarapda Hindistana degişli welaýat. Multan şol ýerde bir şäher.

**Musa derýasy** – Bagdadyň gündogar tarapyndan akyp geçýär.

## – N –

**Nesef** – Jeýhun derýasy bilen Samarkandyň arasynda ýerleşen uly şäher.

**Nimruz** – başgaça oňa Sistan hem diýilýär. Sistan Hyradyň çägelik ýerde ýerleşýän welaýat.

## – R –

**Reýgenç** – Merwiň obalarynyň biri.

**Ruhhaj** – Käbiliň golaýynda ýerleşýän bir şäher.

**Ruwaýan** – Tabarystan daglarynda ýerleşýän uly şäher. Jeýlan bilen onuň arasy on iki parsahdyr. Ol dördünji yklymda ýerleşýär.

## – S –

**Saganyýan** – bu sözüň asly «Çaganyýan» görnüşindedir. Araplar ony «Saganyýan» görnüşinde aýdýarlar. Ol Maweran-nahryň Termez bilen bitişip duran giňiş welaýatydyr.

**Saman** – Samarkantda bir obanyň ady. Samanlylar nebe-resiniň ady bu obanyň adyndan gelip çykýar. Samanlylar öz aňyrsyny Bährem Çubin bilen baglanyşdyrýarlar. Ýakut Hama-wynyň tassyklamagyna görä: Ol – Samanhudat bin Tumgas bin Nuşrad bin Bährem Çubindir. Alymlar onuň ady barada dürli

pikirleri aýdýarlar. Samgany oňa: «Çubin» diýse, Mustagfiri «Çabin» diýýär. Fergany «Taryh» kitabynda «Samanhudat» pars dilinde «Samanylaryň patyşasy» diýmek bolýar» diýip belleýär (Ýakut Hamawy «Mugjem al-buldan» 3-nji j., 172-nji s., Beýrut-1986.) samanlylar neberesiniň döwletini esaslandyran Ysmaýyl Samanynyň atasynyň atasy Arkak Horasanda turan gozgalaňy basyp ýatyryp, Harun Reşidiň ogly Mamuna uly hyzmat görkezýär. Munuň üçin Mamun birnäçe şäheri olara berýär. Arşak Saman obasyny satyn alýar. 875-nji ýylda Ysmaýyl Samanynyň agasy tutuş Mawerannahry eýelik etmäge halypadan ygtyýar alýar. Samanlylar döwletiniň hökümdarlygy Ysmaýyl Samanydan (892-nji ýyldan) başlaýar we ol Nuh ibn Mansurda (998-nji ýylda) tamamlanýar.

**Saryýýa** – Tabarystanyň bir şäheri. Amul bilen onuň arasy 18 parsah.

**Seýhun** – Syrderýa.

**Serendip** – hindiçe «ada» diýmek. Rowaýata görä Adam atanyň jennetden kowulanda düşen ýeri. Ol Hindistanda Herkent deňzinde ýerleşýän uly adadyr, ýagny Seýlon adasy.

**Sogd** – iki Sogd bardyr. Biri esasy şäheri Samarkant bolan, beýlekisi bolsa esasy şäheri Buhara bolan Sogddyr. Debbusiýýa Samarkant welaýatyna degişli şäher.

**Sistan** – Hyratdan gündogarda 80 parsah (480 km) uzaklykda ýerleşýän bir welaýat.

**Simnan** – Reý bilen Damaganyň arasynda ýerleşýän şäherçe. Käbir alymlar ony Kumysa degişli edýärler.

## – Ş –

**Şalus** – Tabarystan daglarynda ýerleşen şäher. Onuň Reý bilen arasy sekiz parsahdyr.

## – T –

**Tabas** – oňa Tabasan hem diýilýär. Tabas – Nyşapuryň, Yspyhanyň we Kirmanyň arasynda ýerleşýän şäherdir. Tabas iki şäherden emele gelýär. Olaryň biri – Tabas Keýleki, beýlekisi bolsa Tabak Mesinan diýip atlandyrylýar.

**Tabarak dagy** – Reý şäheriniň ýakynynda Horasana gidýän ýoluň sag tarapynda ýerleşýär.

**Tabarystan** – Hazar deňziniň günortasynda ýerleşýän welaýat.

**Tabyran** – Tus şäheri iki şäherden ybaratdyr. Olaryň biri Nowkan, beýlekisi bolsa Tabyrandyr.

**Talykan** – Merwerrut bilen Balhyň arasynda ýerleşen şäher.

**Toharystan** – Horasanyň serhedinde birnäçe ýurdy öz içine alýan giň welaýat. Toharystan aşaky we ýokarky Toharystana bölünýär. Ýokarky Toharystan Balhyň gündogarynda we Jeýhun derýasynyň günbatarynda ýerleşýär. Aşaky Toharystan ýokarky Toharystanyň gündogaryndadyr. Toharystanyň uly şäherleriniň biri Talykandyr.

## – U –

**Ustunawent** – Reýiň meşhur galalarynyň biri.

**Uzkent** – Fergana welaýatynda ýerleşýän şäher.

## – Y –

**Yklym** – Musulman alymlary dünýäni ýedi yklyma bölýärler. Üçünji yklym: Gündogardan başlaýar, Hytaýyň demirgazygyndan geçýär. Hindistan, Sind, Käbil, Kirman, Sistan,

Pars, Ahwaz, Yrak, Şam, Müsür, Isgenderiýa oňa degişlidir. Dördünji yklym: ol Kaşmir daglary tarapyndan geçýär. Oňa Bellur, Burjan, Badahşan, Gur, Hyrat, Balh, Toharystan, Merw, Nyşapur, Kumys, Jürjan, Tabarystan, Reý, Kum, Kaşan, Hemedan, Kuhystan, Azerbaýjan, Mosul, Harran, Kubrus adalary, Orta ýer deňzine çenli bolan ýerler girýär. Bäşinji yklym: Kaşgar, Isifun, Zaşt, Fergana, Esbijap, Şaş, Aşrusine, Samarkant, Buhara, Horezm, Hazar deňzi, Andalus girýär we ol Orta ýer deňzinde gutarýar.

## – Z –

**Zagul** – Merwerrudyň obalarynyň biri.

## MAZMUNY

Giriş .................................................................................. 8
Abylkasym bin Nasyreddin Abu Mansur Söbükteginiň we Gündogaryň şasy, dünýäniň kalby, döwletiň sag eli we milletiň ynamy soltan Mahmyt Gaznalynyň waspynyň beýany ........... 15
Emir Abu Mansur Söbükteginiň (goý, Beýik Taňry oňa rehimdarlyk etsin!) hökümdarlyk eden wagtynyň we onuň döwletiniň beýany .......................................................... 21
Emir Abylkasym Nuh bin Mansuryň hökümdarlygynyň beýany ................................................................................ 32
Husameddöwle Abylapbas Taş Hajybyň Nyşapura ýörişiniň beýany ................................................................................ 38
Fahreddöwläniň hökümdarlygynyň we Husameddöwle Abylapbas Taşyň ömrüniň ahyrky günleriniň beýany ............ 50
Faýygyň hökmürowanlygynyň soňunyň beýany..................... 56
Bugra hanyň Buhara gelmeginiň, emir Razynyň Buharadan gitmeginiň we soňra Bugra hanyň bu ýerden gitmeginiň beýany.......................................................... 59
Bugra hanyň Buharadan gitmeginiň we emir Razynyň Buhara gelmeginiň beýany .......................................................... 62

Abylapbas Taşyň Gürgene gitmekliginiň we Abylhüseýin bin Simjuryň goşunlara baş bolmagynyň beýany ........................ 68
Abylhasan bin Simjuryň goşuna baş bolmagyndan tä onuň işlerine ogly Abu Alynyň eýelik etmegine çenli bolup geçen wakalaryň beýany ........................................................ 74
Abylkasym bin Simjuryň dogany Abu Alydan aýrylandan soňky wakalaryň beýany ........................................................ 102
Emir Seýfeddöwle we onuň dogany emir Ysmaýyl ikisiniň arasyndaky wakalaryň we Seýfeddöwläniň atasynyň mertebesine göterilmeginiň beýany ...................................... 114
Abylkasym bin Simjuryň we Begtuzunyň arasynda mundan soň bolup geçen wakalaryň beýany ............................................ 119
Ysmaýylyň Gazna galasyndan çykarylmagynyň beýany ........ 124
Möminleriň emiri Kadyr billäniň soltana «Döwletiň kasamy we milletiň ynamy» diýen lakamyny dakmagynyň beýany .......... 134
Abdylmelik bin Nuhuň Buhara gelmeginiň beýany .............. 136
Abu Ybraýym Ysmaýyl bin Nuhuň Buharadan çykyp gitmeginiň beýany ........................................................ 138
Samanlylar neberesiniň emirleriniň hökümdarlygynyň we döwletiniň Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň eline geçmegine çenli wakalaryň beýany ...................................... 152
Nasyreddin Söbükteginiň we Sistanyň häkimi Halap bin Ahmediň arasyndaky oňşuksyzlygyň beýany ........................ 154
Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgiriň ýurduna dolanmagynyň beýany ........................................................ 172
Soltan Ýemineddöwle we eminelmille bilen Ilek hanyň özara ýardam hakynda şertnama baglaşmaklarynyň beýany ........... 185

Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň Behatiýýa ýörişiniň beýany ........ 194
Multan söweşiniň beýany ........ 197
Ilek hanyň esgerleriniň derýadan ötmeginiň beýany ........ 199
Farigun neberesiniň beýany ........ 208
Möminleriň emiri Kadyr billäniň atasynyň mertebesine göterilmeginiň we onuň bilen Soltan Ýemineddöwle we eminelmilläniň arasynda bolup geçen wakalaryň beýany ........ 210
Naryn şertnamasynyň beýany ........ 218
Gur söweşiniň beýany ........ 219
Nyşapuryň açlyk çekmeginiň beýany ........ 221
Soltan Ýemineddöwle we eminelmille bilen Ilek hanyň arasynda bolup geçen wakalaryň beýany ........ 222
Kusdar söweşiniň beýany ........ 224
Iki şaryň atasy Abu Nasr Muhammet bin Reşidiň we onuň ogly Şamuhammediň wakalarynyň beýany ........ 225
Naryn söweşiniň beýany ........ 228
Tanyşyr söweşiniň beýany ........ 231
Faýygyň ýörite ygtyýarly gulamy «Amydeddöwle» lakamy bilen meşhur bolan wezir Abylapbas Fazl bin Ahmet bilen baglanşykly wakalaryň beýany ........ 232
Mertebeli şyh Abylkasym Ahmet bin Hüseýiniň wezirlik etmeginiň beýany ........ 235
Şemsilmagaly Kabus bin Wuşmgiriň ölümi we emir Mülkelmagalynyň mertebä göterilmeginiň beýany ........ 238
Mejdeddöwle Abu Talyp bin Fahreddöwläniň wakalarynyň beýany ........ 244

Bahaeddöwläniň başyndan geçiren wakalarynyň beýany ......246
Ilek hanyň soňky günleriniň beýany......................................248
Emir Abu Ahmet Muhammet bin Ýemineddöwle we eminelmilläniň wakalarynyň beýany......................................250
Horezmşa emir Abylapbas Mamun bin Mamunyň hökümdarlygynyň soňunyň we onuň mülküniň mirasdüşerleriniň başyndan geçen wakalarynyň beýany........253
Mehran we Futuh deh söweşleriniň beýany ...........................256
Gaznadaky juma metjidiniň gurulmagynyň beýany ...............262
Owgan taýpalarynyň wakalarynyň beýany..............................264
Abu Muhammet Yshak bin Muhammetşadyň we Nyşapuryň kazysy Abu Ala Sagyt bin Muhammediň wakalarynyň beýany.....................................................................................266
Serkerde emir Abylmuzapbar Nasr bin Nasyreddin Abu Mansur Söbükteginiň wakalarynyň beýany.........................................269
Soltanyň we wezir Şemselkufatyň arasynda bolup geçen wakalaryň beýany ...................................................................274
*Atamyrat Saryýew.* Ýeňişlere beslenen Soltan.......................287
Çykgytlar ..................................................................................310
Sözlük we düşündirişler ...........................................................316
Adam atlarynyň görkezgiji .......................................................322
Ýer -ýurt atlarynyň görkezgiji .............................................331

**Muhammet Utby**

# Soltan Mahmyt Gaznalynyň taryhy

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor J. Rejepowa**

Çap etmäge rugsat edildi 04.01.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-20002

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.